LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana



LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
LINE:
https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# HARRI POTTER HEM-DE JADYGÖÝÜŇ DAŞY

**(Roman)**

## JOAN ROULING

1965-nji ýylyň 31-nji iýulynda Beýik Britaniýanyň Ýeýt säherçesinde dünýä inýär.

Döredijilik ýoluna çagalyk döwründen başlaýar, alty ýaşyndaka «Towşanjyk» atly ilkinji hekaýasyny ýazýar. 1990-njy ýylda Joanda Harri Potter atly oglanjyk hakda eser ýazmak pikiri döreýär. Ol bada-bat kitabyň üstünde işläp başlaýar. Ýöne 1990-njy ýylda ejesiniň aradan çykmagy sebäpli bu kitaby tamamlamak işi uzaga çekýär. 1991-nji ýylda Joan iňlis dili mugallymy hökmünde Portugaliýa işlemäge gidýär. 1994-nji ýylda Angliýa dolanyp gelensoň, kitabyň üstünde irginsiz işläp başlaýar. «Harri Potter we jadygöýiň daşy» atly ilkinji kitaby «Blumsberi» neşirýatynda çapdan çykýar. Sanlyja hepdäniň içinde kitap okyjylar tarapyndan söýlüp okalýan eserleriň birine öwrülýär.

Joan Rouling meşhurlyga eýe bolan birinji kitabyndan soň, «Harri Potter we syrly otag» (1998 ý.), «Harri Potter we Azkabanyň bendisi» (1999 ý.), «Harri Potter we alaw» (2000 ý.), «Harri Potter we semender ordeni» (2003 ý.), «Harri Potter we jadygöý şazada» (2005 ý.) eserlerini neşir etdirýär. «Harri Potter we ajalyň peşgeşi» atly ýedinji hem jemleýji eseri 2007-nji ýylda Angliýada we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda satuwa çykýar.

Joan Rouling häzirki wagtda adamsy we üç çagasy bilen Şotlandiýada ýaşaýar.

## TERJIMEÇIDEN

Dünýä ýüzüne giňden ýaýran, esasan, ýaş okyjylaryň çäksiz söýgüsini gazanan ―Harri Potter‖ atly bu eserde gürrüň berilýän wakalar on bir ýaşy dolan Harriniň äpet Rubus Hagridiň özi hakyndaky hakykaty aýdyp bermegi hem-de onuň jadygöýlik dünýäsine aralaşmagy bilen başlanýar. Joan Rouling öz romanynda okyja adatdan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
daşary, ýöne şol hakyky durmuş bilen berk baglanyşykly bolan täsin dünýäniň işigini açýar. Eger fantastik eser bolan ―Narniý wakalary‖ özboluşly älemi, ―Ýüzükleriň hökümdary‖ eseri mistiki geçmişi suratlandyrsa, ―Harri Potter‖ däri-dermanlardyr her dürli ot-çöpler ýaly hakyky durmuşda gabat gelýän adaty zatlar bilen baglanyşykly wakalary öz içine alýar. Romanda magllar hasaplanýan ýönekeý adamlara görünmeýän gizlin köçelerdir obalar, ýeke-ýalňyz oturan köşklerdir gadymy garbanyşhanalar kitabyň täsirli, özüne çekiji bolmagyna, has gyzykly okalmagyna getirýär. Jadygöýligiňdir gözbagçylygyň mekdebi bolan Hogwartsa okamaga gelen Harri ol ýerde bagtly jadygöýler maşgalasyndan gelip çykan Ron, ýönekeý maşgaladan bolan işjanly, okamagy gowy görýän Germiona bilen dostlaşyp, her dürli täsinliklerdir kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýar. 1997-20l1-nji ýyllar aralygynda 450 million nusgalygy satylan bu kitap dünýäniň 70-e golaý diline terjime edildi. Bu gün biz çagalara we ýetginjeklere kynçylyklardan baş alyp çykmagy, dosta wepalylygy, çydainlylygy ündeýän bu kitaby türkmen okyjylaryna hem ýetirmegi makul bildik. Eseri okan her bir okyjy Harri Potter bilen bilelikde dürli täsin wakalaryň, gyzykly hadysalaryň şaýady bolar.

## 1-nji bap: DIRI GALAN OGLANJYK

Praýwet Draýw köçesiniň 4-nji jaýynyň ýaşaýjylary jenap we hanym Darsliler özleriniň ýönekeý adamdygyna diýseň guwanýardylar. Olaryň täsin, adaty bolmadyk zatlar bilen meşgullanyp ýörenini görjek gümanyň ýok. Sebäbi olar täsinlik diýlen zady manysyz hasaplaýanlardandy.

Jenap Darsli buraw guralyny ýasaýan «Grannings» edarasynyň ýolbaşçysydy. Bu murtlak adam uzyndan çişikdi, aşa semizliginden ýaňa boýny hem görnenokdy. Hanym Darsliniň welin, goňşularynyň gep-gürrüňlerini eşitjek bolup, haýatlardan üstaşyr uzadýan uzyn boýny bardy. Görşüňiz ýaly, onuň boýnunyň uzynlygy özi üçin beýle bir peýdasyz hem däldi. Darslileriň dünýädäki iň gowy oglanjyk hasaplaýan Dadli atly ogullary bardy.

Gepiň keltesi, bu maşgalanyň kem zady ýokdy, ýöne olaryň bir gizlin syry bolup, ähli zatdan beter şol syryň üstüniň açylmagyndan gorkýardylar. Sebäbi kimdir biri hanym Darsliniň uýasy hanym Potter hakda biläýse, olar çydam edip bilmezdiler. Uýalar birnäçe ýyl bäri biri-birini görmändiler. Dogrusy, hanym Darsli uýasynyň bardygyny gizleýärdi. Bu size geň bolup görünse-de görner. Ýöne ol uýasyny

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
özündenem, özüne meňzeşlerdenem düýpgöter tapawutly hasaplaýardy. Eger ol öýüne myhmançylyga dagy geläýse, goňşularynyň näme pikir etjegini göz öňüne getirende, ýüregi howlaýardy. Uýasynyň edil özüniňki ýaly kiçijik oglunyň bardygyny bilýändigine garamazdan, hanym Darsli şol oglanjygy bir gezek hem görmändi. Potterleri maşgalasyndan uzakda saklamagynyň esasy sebäpleriniň biri hem öz ogly Dadliniň şol oglanjyk bilen tanyş bolmagyny islemeýänligindedi.

Gürrüň berjek bolýan hekaýatymyz jenap hem hanym Darslileriň ýaňy daň agaryp ugran mahaly oýanan sişenbe güni başlanypdy. Ol gün gök asmanda bahym tutuş ýurtda täsin, adaty däl zatlaryň boljakdygyny habar berýän ýekeje üýtgeşiklik hem göze ilenokdy.

Işe gitmäge taýýarlanýan jenap Darsli boýunbagyny daňyp durşuna hiňlenýärdi. Hanym Darsli bolsa ýakymsyz Dadlini köşeşdirjek bolup durşuna, adamsyna bir zatlar gürrüň berýärdi. Olaryň hiç biri penjiräniň deňinden uçup geçen baýguşa üns bermedi.

Sagat dokuzyň ýarynda eline iş torbasyny alan jenap Darsli gitmezinden ozal, oglunyň ýaňagyndan tutup, ony ogşajak boldy. Ýöne bezzat Dadli öňünde goýlan süýji-kökeleri daş-töwerege zyňyşdyryp durşuna, kakasyna özüni ogşatdyrmady. Jenap Darsli «kiçijik şeýtanjyk» diýip güldi-de, öýden çykdy. Dörtlük belgisi ýazylan meýdançada duran ulagyna münüp, işine ugrady.

Diňe şol wagt ol köçäniň bir çetinde bolýan täsinlige, ýagny karta ünsli seredip duran pişige gözi düşen ýaly boldy. Ol gözlerine ynanman, şol tarapa gaýtadan bakdy. Praýwet Draýw köçesiniň bir burçunda, hakykatdan-da, bir ala pişik durdy, ýöne ol pişigiň töwereginde hiç hili karta ýokdy. «Çyranyň öçügsi ýagtysynyň edýän oýnudyr» diýip pikirlenen jenap Darsli gözlerini owkalap, gaýtadan pişige ünsli seretdi. Pişik bu gezek ýüzünde «Praýwet Draýw» diýlip ýazylgy köçe belgisini okap durdy. «Ýok, okaýan däldir, oňa ýöne seredýändir. Pişikler kartadaky ýazgylaram, köçe belgilerinem okap bilmeýär ahyryn» diýip, jenap Darsli ukudan oýanjak bolýan ýaly kellesini iki ýana yralady-da, pişik hakdaky pikirleri unutdy. Ulagyny şähere tarap sürüp barşyna, sargyt edilen köp sanly buraw gurallaryny şu gün hökman alyp gaýtmakdan başga zat hakda pikirlenmek hem islemedi.

Ýöne buraw guraly hakdaky pikirlerem bahym bir sebäbe görä unudylmaly boldy. Ýoluň her gün bolýan ulag dyknyşygynda duran jenap Darsliniň geň eginbaşly, ýagny uzyn ýektaýly birnäçe adama gözi düşen ýaly boldy. Onuň ýek ýigrendigi gülkünç eşikdäki adamlardy. «Ýaşlaryň geýýän samsyklaç geýimleri» diýip, ol başda bu adamlaryň egnindäki geýimiň häzirki döwrüň ýene bir bolgusyz eşikleri

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bolaýmagynyň mümkindigi hakynda pikirlendi. Golaýlaşdygyça olaryň köplükdigini gördi. Bu adamlar bir zatlar hakynda pyşyrdaşyp, çalt-çalt gürleşýärdiler. Käbiriniň öz pikir edişi ýaly ýaş däl-de, garrydygyny gören jenap Darsli: «Ýaşulularyň zümerret-ýaşyl reňkli ýektaý geýmegi nämekä?» diýip, gaharlanmaga başlady. Soňam: «Aý, näme etseler, şony etsinler-le» diýdi-de, ýoluny dowam etdi. «Olaryň beýle geýinmegi adamlardan pul çöplemegiň bir akmak usuly bolaýmasa?!» diýen pikir kellesine geldi «Hawa, bu hakykatdanam, şeýledir». Ýuwaş-ýuwaşdan ýoluň hereketi kadalaşdy, birsalymdan ol ýene-de buraw guraly hakdaky pikirlere gümra bolup, «Grannings» edarasynyň ulag meýdançasyna ýetdi.

Eger jenap Darsli şol gün dokuzynjy gatdaky edara jaýynda adatdakylary ýaly penjirä arkasyny öwrüp oturmadyk bolsa, onda gündiziň günortany uçup geçen baýguşlary görüp, edil häzirkisi ýaly, ünsüni bir ýere jemläp bilmezligi-de mümkindi. Beýleki adamlar yzly-yzyna uçup geçýän baýguşlary görüp, aňkarylyşyp galypdylar. Olaryň arasynda ömründe hiç wagt baýguş görmedikler hem bardy.

Baýguşlardan habarsyz jenap Darsliniň iş wagty gaty oňat geçdi. Ol köp adamlara gygyrdy, birnäçe wajyp mesele boýunça jaň edip, telefondada ýene biraz käýindi. Gysgaça aýdanymyzda, öýlänki nahar wagtyna çenli, ýagny aýaklaryny ýazmaly hem naharhana gidip, garbanmaly diýen netijä gelýänçä, keýpi gaty gowy boldy.

Ýöne naharhananyň deňine ýetende, ol ýene-de geň ýektaýly adamlara gabat geldi. Keýpiçaglygyndan nam-nyşan galmadyk jenap Darsli olara gahar bilen seretdi Näme üçindigin-ä bilenokdy welin, bu adamlary görende özüni bir hili gaty oňaýsyz duýýardy. Olar hem edil hälki gören adamlary ýaly, bir zatlar hakda pyşyrdaşýardylar. Jenap Darsli naharhanadan ullakan byzmyk alyp, edara dolanyp gelýärkä, ýaňky ýektaýlylaryň käbir gürrüňleri gulagyna degdi.

— Hawa, gaty dogry... Potterler... Men saňa eşiden zadymy aýdyp berýän... Hawa, olaryň ogly, Hani...

Bu gürrüňleri eşiden jenap Darsli gorkudan ýaňa doňup galdy. Başda pyşyrdaşýanlaryň ýanyna baryp, bir zatlar diýmek isledi, ýöne soň bu pikirinden el çekdi.

Ol dessine edara jaýyna dolandy. Kätibine birahat etmezligi tabşyryp, öýüne jaň etmek niýeti bilen telefony eline aldy. Ýöne öý telefonynyň iň soňky belgisini basyp-basmanka, pikirini üýtgedip, telefony ýene ýerinde goýdy. Murtuny towlap durşuna

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
pikire batdy. Ýok, ol biderek ýere howsala düşýär. Harri seýrek duş gelýän atlardan däl ahyryn. Harri diýen ogly bolan Potter atly başga-da maşgalalar hökrnan bardyr. Onsoňam, ömründe görmedik ýegeniniň adynyň Harridigine hem onuň doly ynamy ýokdy. Belki, onuň ady Harwidir, ýa bolmasa Harolddyr. Şonuň üçinem uýasy hakynda gürrüň gozgap, hanym Darslini alada goýup durmagyň geregi ýok. Aslynda, ol aýalyny munuň üçin günäläp hem duranok. Eger onuň özüniňem şonuň ýaly uýasy bolsady... Ýöne ýektaýly adamlaryň aýdýanlaram..

Şeýdip, pikir edip oturyşyna, ol uzakly gün ünsüni bir ýere jemläp bilmedi. Sagat bäşde edara jaýyndan çykan jenap Darsli öz pikirlerine gümra bolup, öňünden gelýän adamy görmän, onuň bilen çakyşdy. Büdenekläp, tas ýykylara gelen çepiksije adama «Bagyşlaň» diýip, ýoluny dowam etjek bolanam şoldy welin, bu adamynyň hem egninde ýektaýyň bardygyny gördi. Ýykylaýmagyň bäri ýanyndan gaýdandygyna garamazdan, ol adam häzir näme üçindir, diýseň şadyýan görünýärdi. Ol ýylgyryp, geçip barýanlaryň ünsüni çeken gyryljak sesi bilen:

— Meni alada etmäň, gadyrdan jenap. Gaýta, siz «Ady tutulmaýanyň» ahyrsoňy biziň aramyzdan gidendigine begeniň. Siziň ýaly magllar bu ajaýyp güni baýram etmelidir — diýip, köçäniň ortarasynda jenap Darslini gujaklady-da, hiç zat bolmadyk ýaly, öwrülip gidiberdi.

Düýbünden nätanyş adam tarapyndan gujaklanan jenap Darsliniň aýaklary häzir edil ýere ýelmeşen ýalydy. Onsoňam bu adam ony «magl» diýip atlandyrypdy. Içiniň ýanýan ýeri hem — jenap Darsli bu sözüň manysyny bilenokdy.

Jenap Darsli çalasynlyk bilen ulagyna mündide, şu günki görenleriniň ählisiniň gözüne görnendigine umyt edip, öýe gaýtdy. Aslynda, ol şu güne çenli göze görünmelere asla ynanmaýardy.

Dörtlük belgili meýdançada ulagyndan düşen jenap Darsliniň ýene-de irdenki ala pişige gözi düşdi. Bu ýagdaý onuň has hem keýpini gaçyrdy. Pişik indi haýatyň üstünde otyrdy. Jenap Darsli onuň hälki pişikdigini bilýärdi. Sebäbi onuň gözleriniň töwereginde birmeňzeş menekler bardy.

— Git, güm bol! — diýip, jenap Darsli pişigi kowjak boldy. Ýöne pişik ýerinden gozganjagam bolmady. Gaýta, adaty pişige mahsus däl biperwaý garaýyş bilen oňa seretdi. Jenap Darsli: «Adaty pişik özüni şeýle alyp barýarmy näme?!» diýip, onuň bolşuna haýran galdy, soň çalt ýöräp, öýüne tarap gaýtdy. Bu günki wakalary aýalyna aýtmazlyk kararyna gelip, içerik girdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hanym Darsliniň güni adatdakysy ýaly gowy geçipdi. Ol saçak başynda adamsyna goňşy hanymyň öz gyzy bilen sögüşendigi, Dadliniň bolsa täze söz öwrenendigi hakda aýdyp berdi. Jenap Darsli başardygyndan özüni rahat alyp barmaga çalyşdy. Dadli uka gidensoň, ol täzelikleri sypdyrmazlyk niýeti bilen, myhman jaýyna baryp, telewizory açdy.

«Guş gözegçileriniň ählisi baýguşlaryň bu gün özlerini gaty geň alyp barandygyny habar berýär. Gije aw awlap, gündiz uka gidýän baýguşlaryň ýüzlerçesiniň Gün dogandan ýurduň ähli ýerlerinde görlendigi barada habar berilýär. Bilermenler näme sebäpden olaryň uky wagtyny üýtgedendigine düşünmeýärler. Indi bolsa Jim Makgaffiniň berjek howa maglumatlaryny diňläliň. Jim, siziň pikiriňizçe, gije hem edil gündizki ýaly baýguş «ýagmyryna» garaşylýarmy?» diýip, habarçy täzelikleri aýdyp bereninden soň, howa maglumatlaty gullugynyň wekiline ýüzlendi.

— Ted, bu soragyňyzyň jogabyny anyk bilemok. Ýöne bu günüň täsinliginiň diňe baýguşlar bilen bagly däldigini aýdyp biljek. Kentiň, Ýorkşiriň, Dandiniň ýaşaýjylary meniň bilen jaňlaşyp, söz berlen ýagşyň deregine, süýnýän ýyldyzlaryň ýagandygyny aýtdylar. Belki, adamlar Bonfaýr gijesini wagtyndan ir belläp başlandyrlar. Ýöne, gadyrly adamlar, baýramçylyga çenli ýene iki hepde wagtyň bardygyny ýatlatmak isleýän. Howa barada aýtsam, şu gije hökman ýagyş ýagar.

Täzelikleri diňlän jenap Darsli çuňňur oýa batdy. Süýnýän ýyldyzlar, baýguşlaryň gündizine uçmagy, geň ýektaýly adamlar, Potter hakdaky pyşyrdaşmalar — bularyň ählisi, hakykatdan hem geňdi.

Jenap Darsli şu günki gören-eşiden zatlaryny aýalyna aýtsa gowy boljakdygy barada pikirlendi. Ol keýwanysyna çaý hödürledi-de:

— Petunýa, ezizim, sen soňky wagtda uýaň hakynda üýtgeşik zat eşiden-ä dälsiň? — diýip sorady.

Onuň çak edişi ýaly, aýalynyň ýüzi üýtgedi, howsalaly, şol bir wagtda-da gaharly göründi, Uýasynyň bardygyny düýbünden unutmak isleýän adam näme üçin gaharlanmasyn?! Ol:

— Ýok, hä, näme üçin soradyň? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şu gün täzeliklerde geň zatlar hakda gürrüň etdiler. Baýguşlaryň gündizine uçandygyny, ýyldyzlaryň süýnendigini... Meniň özümem birtopar gülkünç eşikli adamlary gördüm. — Onsoň?..

— Onsoňmy?! Men, belki, bu onuň... sen bilýäň-ä... onuň töweregindäkiler bilen bagly bolaýmasyn diýip pikirlendim.

Hanym Darsli onuň bu sözlerinden soň çaýdan bir owurtlady-da, ýüzüni kürşertdi. Jenap Darsli bolsa «Potter» adyny eşidendigi hakda aýtjagynam, aýtmajagynam bilmän, biraz ikirjiňlendi.

Ahyry aýtmaly diýen netijä gelip, sözüniň arasynda ýuwaşlyk bilen:

— Olaryň ogly biziň oglumyz bilen ýaşytdaşrakdymy?! diýip sorady.

— Şeýlemikä diýýän — diýip, hanym Darsli oňa biperwaý jogap berdi.

— Onuň ady nämedi? Howard dälmi?

— Ýok, onuň ady Harri. Manysyz at.

— Hawa, şeýle — diýip, bu ady eşiden jenap Darsliniň ýüregi ýerinden gozganan ýaly boldy.

Ol soň gaýdyp Harrili gürrüňi gozgamady. Ýöne düşegine geçmänkä, ýatýan jaýynyň penjiresinden ýuwaşlyk bilen daşaryk seredende hälki pişigiň häzir hem şol öňki ýerinde oturandygyny gördi. Pişik bir zada garaşýan ýaly, Praýwet Draýw köçesinden gözüni aýranokdy. Jenap Darsli pişigi synlap durşuna oýa batdy.

Bu zatlaryň ählisi, hakykatdan-da, onuň gözüne görünýärmikä? Belki, onuň gören geň zatlary Potter ýa-da onuň ene-atasy bilen baglydyr? Eger şeýle bolaýsa, muňa çydap bolarmyka?

Ol düşegine geçdi. Keýwanysy birmahal uka gidenem bolsa, jenap Darsli pikire batyp oturyşyna wagty bilen uklap bilmedi. Bu geň zatlaryň Potter bilen bagly ýeri bar bolaýanda-da, özünden, aýalyndan uzakda boljakdygy, Petunýanyň we özüniň olar hem olara meňzeşler hakda nähili pikirdedigini Potterleriň bilýändigi, bu bolup geçýän geňlikleriň özi hem Petunýa bilen bagly ýeriniň ýoklugy, bularyň özlerine hiç hili täsir

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

edip bilmejekdigi hakdaky pikirleri ony ahyrsoňy azajyk-da bolsa köşeşdirdi. Telim gezek eýläk-beýläk öwrüleninden soň uka gitdi.

Ýöne, gynansak-da, ol düýbünden ýalňyşýardy.

Jenap Darsli uklanam bolsa, köçede duran pişikde ukudan nam-nyşan ýokdy. Ol Praýwet Draýw köçesine gözlerini dikip durşuna gymyldaýynam diýenokdy. Gapdaldaky köçede gapy ýapylanda-da, depesinden iki sany baýguş uçup geçende-de pişik ýerinden gozganmady. Diňe ýarygije ünsli seredip duran ýerinde, ýagny köçäniň gyrasynda bir adam peýda bolanda biraz gorsanypdy. Bu adam birden şeýle duýdansyz peýda bolupdy welin, siz göýä ýeriň aşagyndan çykan-

dyr öýderdiňiz. Ony gören pişik guýrugyny bulaýlap, gözlerini jikgertdi.

Praýwet Draýw köçesinde entek oňa menses adam görülmändi. Uzyndan hortaňlygyna, biline ýetýän çal saçynadyr sakgalyna garasaň, onuň

örän garrydygyny çaklasaň boljakdy. Egninde uzyn, ýere degip duran açyk gyzyl reňkdäki ýektaý, aýaklarynda uly ökjeli, burny aýlawly köwüş bardy. Ýarym Aý şekilli äýneginiň aňyrsynda mawy gözleri ýalpyldaýardy. Uzyn burunyň bolsa süňki döwlen ýaly ujy egrelip durdy. Onuň ady Albus Dambldordy.

Dambldor bu köçede özüniň adyndan başlap, köwşüne deňiç gowy görülmejeginden, güler ýüz bilen garşylanmajagyndan bihabar bolarly. Ol ýektaýyndan bir zatlar gözläp, başagaý bolup durdy. Birdenem kellesini galdyryp, özüniň ähli hereketlerini synlap duran pişige seretdi. Birbada geňirgenen ýaly etse-de, soň ýylgyryp:

— Senmikäňem öýtdim-le — diýip pyşyrdady.

Ahyry ýektaýynyň içki jübüsinden häliden bäri gözleýän zadyny çykardy. Ol daşyndan kümüş çakmaga meňzeýärdi. Dambldor ony ýakdy-da, howada eýläkbeýläk galgatdy. Şol mahal golaýdaky çyralaryň biri gümpüldäp öçdi, Hereketini ýene bir gezek gaýtalady welin, ýene bir çyra öçdi. Soň köçedäki ähli çyralar öçýänçä, bu hereketini on iki gezek dagy gaýtalady. Tüm garaňkylykda bir çüňkde oturan pişigiň gözlerinden başga ýalpyldap duran zat ýokdy. Eger şu mahal kimdir biri, hatda ýiti gözli hanym Darsli hem, penjireden daşaryk seredäýse-de, köçede bolup geçýän zatlaryň hijisini hem görüp bilmezdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Dambldor öz jadyly taýajygyny öňki ýerine, ýektaýynyň jübüsine salyp, dörtlük belgili meýdança tarap gaýtdy. Pişigiň golaýyna gelip, haýatyň gapdalynda dyzyny epdi-de, biraz sesini çykarman oturdy. Soňra:

— Sizi bu ýerde görerin öýtmändim, professor Makgonagal — diýip, pişige ýüzlendi.

Dambldor oňa seredip durşuna ýylgyrdy. Ýöne pişigiň ýerinde indi agras ýüzli, gözleriniň töweregi edil pişigiňki ýaly menekli, äýnekli zenan otyrdy. Onuň egnindede bize öňden tanyş bolan zümerret reňkli ýektaý bardy. Gara saçlary yzyna ýygnalan bu aýal häzir gaty gaharly görünýärdi

— Siz meni nädip tanadyňyz? - diýip, ol Dambldordan sorady.

Dambldor:

Gadyrdan professor, men entek ömrümde siziň ýaly gahardan ýaňa dim-dik bolup oturan pişigi görmändim — diýip jogap berdi.

— Meniň ýaly uzynly gün kerpiç haýatyň üstünde otursaň, baý, gaharly bolarsyň-a.

— Beýlekiler ýaly bu şatlykly güni baýram edip biljek halyňyza, uzakly gün bärde oturaýdyňyzmy? Meniň özümem ýol boýy birgiden toý-şagalaňlary duşumdan geçirmeli boldum.

— Hawa-la, bu wagt hemme kişi şatlanýandyr. Ýöne şatlanýan mahaly biraz seresaplygy unutmasalar, gowy bolardy. Hatda magl hem bir zatlaryň bolup geçýändigini aňdy. Bu hakda täzeliklerde hem aýdyp geçdiler — diýip, professor Makgonagal içiýangynly gürledi.

Soňra Darslileriň garaňky myhman jaýynyň penjiresine ümledi-de: — Men

olaryň baýguşlar, süýnýän ýyldyzlar hakdaky gürrüňlerini eşitdim.

Hemme kişem, hatda iň bir akmak adamam töwerekde bolup geçýän zatlary görerdi. Kentdäki süýnýän ýyldyzlar bolsa Dedalas Digliň işidir. Ol hiç mahalam oýun etmegi başarmandy — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Olary günäläp oturmagam nädogrumyka diýýän. Soňky on bir ýylyň içinde şatlykly günler gaty az bolupdy.

— Bilýän-le, ýöne gündiziň günortany köçelerde ýektaýly aýlanyp, gybat urup ýörmegem bolmaz ahyryn — diýip, Makgonagal bir zat aýdar umydy bilen Dambldoryň ýüzüne seretdi. Ýöne hiç hili jogap eşitmänsoň, ýene-de sözüni dowam etdi.

— «Ady tutulmaýanyň» edil aramyzdan giden güni üstümiz açylaýsa, nähili hezillik bolardy. Dambldor, aýtsana, ol, hakykatdanam, gitdimikä?

- Hawa, gitdi. Biz munuň hakykatdygyna begenmeli. Ýogsa-da, siz limon bölejiklerini taýýarlap bilýäňizmi?

— Nämäni?

— Limon bölejiklerini. Magllaryň şekerli tagamlarynyň bir görnüşi. Men olary diýseň gowy görýän.

Ýok, bilemok! — diýip, häzir limon bölejikleriniň aladasyny etmegiň wagty däl hasaplan Makgonagal oňa nägilelik bilen jogap berdi. — Hatda «Ady tutulmaýan» gidenem bolsa...

— Gadyrly professor, siziň ýaly akylly-başly adam onuň adyny tutaýsa gowy bolardy — diýip, Dambldor onuň sözüni böldi. — Oňa «Ady tutulmaýan» diýmek, barypýatan samsyklyk ahyryn. Şu on bir ýylyň içinde adamlara onuň hakyky Woldemort adyny tutdurtjak bolup, kän dyrjaşdym.

Bu ady eşiden professor Makgonagal tisginip gitdi. Ýöne limon bölejikleri bilen başagaý bolup, onuň tisginenine üns bermedik Dambldor sözüni dowam etdi.

— Näme sebäpden adamlaryň oňa «Ady tutulmaýan» diýýändigine hiç düşünýän däldirin. Woldemort adyny aýtmakda men-ä hiç hili gorkunç zat göremok.

— Men siziň gorkmaýandygyňyzy bilýän. Ýöne siz ählimizden tapawutly. Ady tutul...wiý... Woldemortyň özem diňe sizden gorkýar ahyryn.

— Siz maňa öte ýokary baha berýäňiz. Aslynda Woldemort menden iki esse güýçli.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Siziň güýjüňiz onuňkydan artyk bolmasa kem däldir. Ýöne siz ol güýji diňe ýagşylyga ulanýarsyňyz. Siz akylly.

— Daşarynyň garaňkydygam bir gowy zat. Men hanym Pomfriniň özüm hakda öwgüli sözlerini aýdan döwründen bäri beýle gyzarmandym.

Professor Makgonagal Dambldoryň ýüzüne ýiti-ýiti seretdi-de, limon bölejikleri sebäpli arasy bölünen gürrüňi dowam etmekçi boldy.

— Edilýän gep-gürrüňler bilen deňeşdireniňde, baýguşlar dagy zat hem däl. Siz olaryň näme diýýändigini... onuň näme sebäpden ýitendigi hakda aýdýanlaryny eşitdiňizmi? — diýip, Makgonagal ahyrsoňy uzynly gün sowukda garaşmagyna sebäp bolan, ýöne bermäge çekinen sowalyny berdi.

Dambldor häzire çenli oňa zenan hökmünde-de, pişik hökmünde-de beýle ýiti nazar bilen seretmändi. Adamlar näme diýseler-de, näme aýtsalar-da, ol Dambldoryň özi tassyklaýança, bu gep-gybatlara ynanmak islemeýärdi. Ýöne süýjüleri bilen başagaý bolup duran Dambldor onuň sowalyna jogap bermäge howlukmady.

Olaryň aýdýanlary... Woldemortyň Potterleri tapmak üçin Godrigiň Hollowyna gidendigi... Lili we Jeýms Potterleriň ölendigi hakda edilýän gürrüňler hakykatmyka?

Dambldor «Hawa» diýýän şekilde başyny atdy.

Professor Makgonagalyň gözlerine ýaş aýlandy.

— Lili we Jeýms. Men muňa ynanyp bilemok... Asla ynanasym gelenok. Wah, Albus.

Dambldor onuň golaýyna süýşüp, köşeşdirmek üçin arkasyna çalaja kakyp durşuna:

— Men düşünýän. Düşünýän-le — diýip, uludan demini aldy.

Professor Makgonagal sandyraýan sesi bilen sözüni dowam etdi.

— Entegem bu hemmesi däl. Adamlar onuň Potterleriň ogly Harrini öldürmäge synanyşandygyny, ýöne oglanjygy bir sebäbe görä öldürip bilmändigini aýdýarlar. Onsoňam, men onuň Harri Potteri öldürip bilmedik pursadynda ähli güýjüni

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýitirendigini, şol sebäplem gidendigini eşitdim. Ýöne hiç kim onuň näme sebäpli güýjüni ýitirendigine düşünmeýärmişin.

Dambldor bu gezek hem baş atdy.

— Diýmek, bu hakykat-da. Ahli ýaman işlerine — birgiden adamynyň ganyna galandygyna garamazdan, ol kiçijik oglanjygy öldürip bilmändir-dä. Geň galaýmaly. Biziň ony ýok etmek üçin ýüz urmadyk ýollarymyz galmandy... Ýöne Harri nädip diri galdyka?

Dambldor:

— Biziň muny hiç haçan bilmezligimiz mümkin. Çak edäýmekden başga alajymyz ýok - diýip, onuň bu sowalyna jogap berdi.

Professor Makgonagal jübüsinden elýaglygyny çykaryp, äýneginiň aşagyndan gözýaşlaryny süpürdi.

Dambldor bolsa ýektaýyndan çykaran altyn sagadyna seredip, uludan demini aldy. Onuň elindäki ýönekeý sagat däldi On iki sany dili bolan bu sagadyň ýüzünde san belgileriniň deregine kiçijik planetalaryň şekilleri aýlanyşyp durdy.

Sagady yzyna salan Dambldor:

Hagrid gijä galdy-la?! Meniň bu ýere geljegimi size aýdanam şol bolmaly — diýip, gaharly gepledi.

— Hawa, şol aýtdy, ýöne siz bu ýere näme sebäpden gelendigiňizi welin, aýtmak isläňzok öýdýän.

— Men Harrini daýzasy bilen daýysynyň öýüne getirmäge geldim. Olar Harriniň ýeke-täk garyndaşlary.

Onuň bu sözlerine tarsa ýerinden turan professor Makgonagal:

— Siz şu ýerde ýaşaýan adamlary-ha göz öňüne tutýan dälsiňiz? — diýip, dörtlük belgili jaýy görkezip durşuna sorady. — Ýok, siz beýdip bilmersiňiz. Men olary uzynly gün synladym. Bizden edil ýer bilen gök ýaly tapawutlanýan şu iki adamdan başga kişini tapyp bolmadymy? Onsoňam olaryň ogullary gaty ýakymsyz. Şu gün ol süýji sorap, ejesine ýol boýy azar berip geldi. Harri Potter bular ýaly adamlaryň arasynda nädip ýaşar?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu onuň üçin iň bir amatly ýer. Harri biraz

ulalanda, daýysy bilen daýzasy oňa ähli zady düşündirer. Men olara hat ýazdym.

— Hat? — diýip, professor Makgonagal ýene haýata ýaplandy. — Siz näme, ähli zady bir hatda düşündirip bilerin öýdýäňizmi? Bu adamlar Harrini hiç haçan kabul etmezler. Ol rowaýata öwrülmeli oglanjyk. Gelejekde şu gün «Harri Potteriň güni» diýlip atlandyrylaýsa-da, geň galmazdym. Ol barada kitaplar ýazylar. Dünýädäki ähli çagalar Harri hakda bilerler.

— Bu aýdýanyňyz dogry — diýip, Dambldor ýarym aý şekilli äýneginiň ýokarsyndan seredip durşuna onuň bilen razylaşdy. —Onuň hekaýaty ähli oglanjyklaryň başyny aýlar. Ýöräp, gürläp bilmänkäň at gazanmak. Hiç haçan ýadyňa düşmejek zat üçin söweşsiz meşhur bolmak. Şoňa görä, siz onuň ähli zatdan uzakda bolmagynyň özi üçinem gowy boljakdygyna düşünýän bolsaňyz gerek. Hakykaty kabul etmäge taýýar bolýança, ol bizden uzakda ulalmaly.

Professor Makgonagal agzyny uludan açyp pallap durşuna:

— Hawa, siz dogry aýdýaňyz — diýip ylalaşdy. Soňam:

— Ýöne oglanjygy bu ýere kim getirýär? — diýip, göýä Dambldor Harrini geýiminde gizländir öýdýän ýaly, onuň ýektaýyna göz aýlady.

Hagrid getirýär.

— Şunuň ýaly wajyp işi Hagride ynandyňyzmy?

— Gerek bolsa, men oňa janymam ynanaryn.

— Men onuň ýüregi ýerinde däl diýemok ahbetin. Ýöne ol biraz tagaşyksyz. Onda üns.... Bu nämäniň sesi?..

Şol mahal duýdansyz ýerden gürmldi eşidildi. Olaryň ikisi hem ýokaryk seretdi. Ses barha gataldy. Gökden düşen ýaly bolup, howada äpet motosikl peýda boldy, geläge-de, olaryň gabat garşysynda ýere gondy.

Motosiklem-ä uludy welin, üstünde oturan adam onuň iki essesi dagy bardy — boýy adaty adamyňkydan has uzyn, göwresi bolsa has daýawdy. Onuň daş keşbi diýseň

tagaşyksyzdy. Bu äpet kişiniň hiç haçan darak görmedige meňzeýän bulambujar ýogyn gara saçlary, ýüzüniň köp bölegini ýapyp duran gür sakgaly bardy. Berdaşly ellerinde bolsa içine bir zat salnan ýorgan bardy.

— Hagrid — diýip, Dambldor uludan demini aldy. — Ahyry geldiňmi? Bu motosikli nireden aldyň?

— Jenap, men muny Sirius Blekden wagtlaýyn ulanmaga aldym — diýip, äpet adam seresaplylyk bilen motosildinden düşdi.

— Hiç hili kynçylyga duşmadyň dälmi?

- Ýok, jenap. Öý tutuşlaýyn diýen ýaly ýumrulypdyr. Magllar üýşmänkä maňa Harrini ol ýerden alyp gaýtmak başartdy. Bristolyň üstünden uçup barýarkam, ol uka gitdi, Dambldor we professor Makgonagal ýorganyň içine boýunlaryny uzatdylar. Ol ýerde bir oglanjyk süýji ukuda ýatyrdy. Onuň maňlaýyna düşüp duran gara saçynyň aşagynda ýyldyrym şekilindäki ýara yzy görünýärdi.

Professor Makgonagal:

- Bu şolmy? — diýip, pyşyrdap diýen ýaly sorady.

Dambldor:

— Hawa. Ýöne bu ýara yzy onda ömürlik galar — diýip jogap berdi.

— Sen ony aýryp bilmezmiň, Dambldor?

Men bir zat edip biläýenimde-de, ony aýyrmazdym. Bu ýaranyň bir gün oňa peýdasy deger. Meniňem çep dyzymda edil London metrosynyň kartasyna meňzeş ýara yzy bar. Bolýar, Hagrid, getir ony bärik diýip, Dambldor bäbegi eline aldy. Onuň Darsleriň öýüne tarap öwrülenem şoldy welin, Hagrid:

— Men... men onuň bilen sagbollaşyp bilerinmi? — diýip, äpet kellesini Harriniň üstüne egdide, ony ogşady. Birdenem edil ýaralanan it ýaly uwlap başlady.

— Çüşş-ş! Ýuwaş bol! Sen magllary oýararsyň — diýip, Makgonagal süýem barmagyny dodagynyň üstüne ýetirdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bagyşlaň! — diýip, Hagrid jübüsinden çykaran elýaglygy bilen ýüzüni ýapyp, aglamaga başlady. — Men saklanyp bilemok. Lili bilen Jeýms ýogaldy. Görgüli Harri bolsa magllaryň arasynda ýaşamaly boldy.

— Wah, düşünýän-le. Bu bolup geçen zatlaryň ählisi menem gynandyrýar. Ýöne gaýrat et, özüňi ele aljak bol. Ýogsam töwerekdäkileri oýararsyň — diýip, professor Makgonagal ony köşeşdirmäge çalyşdy.

Dambldor eýýäm pessejik haýatdan ätläp, gapa tarap gaýdypdy. Ol ýorgana dolanan Harrini emaý bilen gapynyň öňünde ýatyrdy-da, ýektaýyndan çykaran hatyny ýorganyň içine saldy. Soňra garaşyp duran ýoldaşlarynyň ýanyna dolanyp geldi. Olaryň üçüsi hem kiçijik ýorgana birsellem mähir bilen seredip durdy. Oňa seredip durka, Hagridiň eginleri titreýärdi, professor Makgonagal gözlerini gyrpyldadyp durdy, Dambldoryň bolsa mydama ýaldyraýan gözleriniň yşygy şu mahal öçen ýalydy.

— Hawa, işimiz-ä bitirdik. Indi bu ýerden gidäýsegem bolýar. Ýörüň, bizem baýramçylyga goşulalyň — diýip, Dambldor ahyrsoňy ýanyndakylara ýüzlendi.

— Hawa, dogry aýdýaňyz — diýip, Hagrid gyryljak ses bilen jogap berdi. — Menem gidip, Siriusyň motosiklini gaýtaraýyn. Professor Makgonagal, professor Dambldor, gijäňiz rahat bolsun!

Hagrid motosikline münüp, ony işledeninden soň, asmana göterildi-de, tümlüge siňip gitdi.

— Ýene görüşýänçäk! — diýip, Dambldor häzir hem gözüne ýaş aýlap duran professor Makgonagala sagbollaşýan şekilde baş atdy. Soň yzyna öwrülip, köçäniň gyrasy bilen ýöräp gaýtdy. Ýöne öwrüme ýetende birden saklandy-da, ýektaýyndan kümüş çaýylan jadyly taýajygyny çykaryp, howada eýläk-beýläk galgatdy. Şol pursatda köçe çyralarynyň on ikisi hem ýanyp, öňküsi ýaly Praýwet Draýw köçesini ýagtylandyrdy. Bu bolsa köçäniň beýleki tarapynda ýöräp barýan pişigi ätiýaçly hereket etmäge mejbur etdi.

Dambldor ýene iň soňky gezek dördünji jaýyň gapysynyň öňünde ýorganyna basyrylyp ýatan oglanjyga tarap seretdi,

— Ýene görüşýänçäk, hoş, Harri! — diýip pyşyrdady-da, ýektaýyny galgadyp, göz açyp-ýumasy salymda gaýyp boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şol pursat assaja şemal täsinlikleriň iň bir garaşylmaýan ýeri bolan Praýwet Draýw köçesiniň gök aýmançalaryny sypalap geçdi. Harri Potter bir eljagazy bilen haty ýapyp, ýorganynyň içinde beýlesine agdaryldy. Süýji ukuda ýatan bu oglanjyk häzir özüniň üýtgeşik adamdygyndanam, tanymaldygyndanam, ýene birki sagatdan süýtden boşan çüýşeleri daşaryk çykarjak bolup gapyny açjak daýzasynyň çirkin sesi zerarly oýanjakdygyndanam, birnäçe hepdäniň dowamynda öz çykany Dadliniň ony çümmüklejekdiginden, dürtgelejekdiginden, edil şu pursat ýurduň iň bir gizlin ýerlerinde ýygnanyşan adamlaryň «Harri Potteriň şanyna! Diri galan oglanjygyň saglygyna!» diýşip, bada göterýändiginden bihabardy.

## 2-nji bap: ÝITIRIM BOLAN AÝNA

Darslileriň ir bilen oýanyp, ýegenini gapynyň öňünde tapanlaryndan bäri eýýäm on ýyla golaý wagt geçipdi. Bu wagta çenli Praýwet Draýw köçesinde hiç hili üýtgeşiklik bolmady. Gün edil öňküsi ýaly kiçiräk baglaryň depesinde gömerdide, Darslileriň dörtlük belgili gapylaryna ýagty saçyp, ýuwaşlyk bilen jenap Darsliniň baýguşlar hakdaky täzelikleri diňlän gününden bäri düýbünden üýtgemedik myhman jaýyna süýşerdi. Diňe buhary pejiň tekjesiniň üstünde goýlan suratlar şol günden bäri näçeräk wagtyň geçendigini görkezýärdi On ýyl mundan ozal bu tekjede kellesi alamula papaklyja, gyzyl topjagaza meňzäp duran oglanjygyň suratlary duran bolsa, indi bu ýerde gür sary saçly uzyn oglanyň öz ilkinji tigrini sürşi, aýlanýan hiňňildikde uçuşy, kakasy bilen kompýuterde oýun oýnaýşy, ejesiniň ony ogşap, gujaklap durşy şekillendirilen suratlar bardy. Emma bu öýde ýene bir oglanjygyň ýaşaýandygyny habar berýän ýekeje-de alamat ýokdy.

Harri Potter entegem şol öýde ýaşaýardy, häzir ol süýji ukuda ýatyrdy. Ýöne eýýäm oýanan Petunýa daýzasynyň çirkin sesi zerarly onuň ukusy uzaga çekmedi.

Tur! Häziriň özünde tur!

Harri ýalpa gözüni açdy.

— Tur diýdim saňa! — diýip, daýzasy ýene gapyny kakdy.

Harri onuň aşhana dolanandygyny, pejiň üstünde sajy goýup, bir zatlar bişirip başlandygyny eşitdi . Arkan ýatyp, uçýan motosikl hakda ýap-ýaňy gören düýşüni ýadyna salmaga çalyşdy. Bu düýşi ol öňem gören ýalydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Daýzasy ýene gapynyň aňyrsynda peýda boldy.

— Sen henizem turmadyňmy?

— Turdum diýen ýaly.

— Çaltrak tur. Bişip duran kakmaja seret. Özem ýakaýmagyn. Dadliniň doglan gününde ähli zat kemçiliksiz bolmalydyr.

Harri bir zatlar samrady.

— Näme diýdiň? — diýip, daýzasy ýene gapyny kakdy.

— Hiç zat, hiç zat.

Ol nädip bu gün Dadliniň doglan günüdigini unutdyka? Harri ýuwaşlyk bilen düşeginden turup, joraplaryny gözledi. Ahyry düşeginiň aşagyndan tapdy-da, bir taýynyň üstünde aýlanyp ýören möýi kakyşdyryp, aýagyna geýdi. Harri munuň ýaly ýagdaýa öwrenişipdi. Sebäbi basgançaklaryň aşagynda ýerleşýän geýim saklanýan ammarça mydama möýden doludy. Bu ammarça onuň ýatýan ýeridi.

Ol geýnip, aşhana bardy. Stoluň töweregi Dadliniň sowgatlaryndanýaňa hyryndykyndy. Daşyndan garanyňda, Dadlä täze kompýuter, ýene bir telewizor hem-de tigir sowgat berlen ýalydy. Çümmüklemegi gowy görse-de, hereket etmegi halamaýan çişik Dadlä tigriň nämä gerekdigi Harri üçin düşnüksizdi. Dadli ejizleri urmagy gowy görýärdi, esasy ýumruk ýassygam Harridi, ýöne aşa semizligi köplenç Harriniň yzyndan ýetmäge päsgel bererdi.

Harri elmydama öz ýaşyndan has hor hem kiçi görünýärdi. Bu onuň ammarçada ýaşaýandygyndanam bolmagy mümkindi, ýöne munuň esasy sebäbi Harriniň hemişe özünden dört esse daýaw Dadliniň köne eşiklerini geýýänligindedi.

Harriniň inçe ýüzi, bogun-bogun dyzlary, gara saçy, açyk mawy gözleri hem-de Dadliniň burnuna pitiklemelerinden ýaňa döwlüp, soň ýelmeç ýelmenip bejerilen tegelek äýnegi bardy.

Harri öz daş keşbindäki ýekeje zady gowy görýärdi, ol hem maňlaýyndaky ýyldyrym şekilli ýara yzy. Bu ýara yzy onda özüni bileli bäri bardy, onuň dil açyp, daýzasyna beren ilkinji sowaly hem maňlaýyna bu ýara yzynyň nädip düşendigi hakda bolupdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şonda daýzasy:

— Bu ýara yzy eneň-ataň aradan çykmagyna sebäp bolan ulag çaknyşygyndan soň galypdyr. Indi menden zat sorama — diýip jogap beripdi,

Sowal bermezlik Darslileriň parahat durmuşynyň birinji kanunydy.

Harri tabakdaky kakmajy agdaryşdyryp durka aşhana giren Wernon daýysy her günki endigine görä:

— Saçyňy dara! — diýip, oňa azgyryldy.

Hepdede bir gezek diýen ýaly Wernon daýysy okap oturan gazetiniň üstünden seredip, Harriniň saçynyň gysgaldylmalydygyny aýdardy. Dogrudan-da, synplaryndaky ähli oglanjyklaryň içinde iň ösgün saçlysy Harridi. Ýöne kiçeldeniňde-de, kiçeltmäniňde-de, barybir, onuň saçlary mydama bulaşykdy.

Harri ýumurtga çakyp durka, ýüzi edil kakasynyňky ýaly gyzaryp, kiçijik gözleri bolsa ýaşaryp duran, gysga boýunly, uly kellesinde endigan ösýän gür, sary saçly Dadli ejesi bilen içerik girdi

Petunýa daýzasy köplenç Dadliniň kiçijik perişdä meňzeýändigini aýtsa, Harri onuň ötürme saçly doňza meňzäp durandygyny aýdardy.

Sowgatlardan ýaňa aşhananyň içinde eýläk-beýläk ýöremek kyn hem bolsa, Harri etli-ýumurtgaly tarelkalary stolda goýuşdyrdy. Dadli bolsa sowgatlaryny sanamaga başlady. Ýöne birden onuň ýüzi has-da gyzaryp, ejesine hem kakasyna seretdi.

— Otuz altymy? Geçen ýylkydan iki sowgat kem.

— Ýöne, balam, sen Marj daýzaň sowgadyny sanamadyň ahyryn. Ol, hanha, ýüzüne «Ejeňden hem kakaňdan» diýlip ýazylan ullakan gutynyň aşagynda dur.

Bolýar, otuz ýedi. Şonda-da biri ýetenok — diýende, Dadliniň ýüzi öňküsinden-de gyzardy.

Muny gören Harri naharyny çalasynlyk bilen iýmäge başlady. Sebäbi Dadliniň gahary gelende stoly agdaraýmak gylygy bardy.

Petunýa daýzasy hem howpuň golaýlaşýandygyny aňan bolarly, ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Häzir gezelenje gidenimizde, men saňa ýene iki sany sowgat alyp beräýerin. Bolýarmy, tyňkyjam? Ýene iki sany artykmaç sowgat. Şeýtsek bolarmy? — diýip, çalt-çalt gürledi.

Dadli agyr bir meseläni çözjek bolýan ýaly, biraz pikirlenip durdy.

Ahyrsoňy pessaý ses bilen:

— Diýmek, meň otuz, otuz... — diýdi,

— Otuz dokuz, meniň balajygym — diýip, Petunýa daýza onuň sözüni soňlady.

— Hä, onda bolýar — diýip, ejesiniň teklibinden soň biraz köşeşen Dadli haşlap aşak oturdyda, golaýdaky gutularyň birini eline aldy.

— Kiçijik şeýtanjyk, edil kakasy ýaly bolup, ilki bilen, iň gymmat zada ýapyşýandyr — diýip, Wernon daýy Dadliniň saçyny sypalady.

Edil şol wagt telefon jyňňyrdady. Harri Wernon daýysy bilen Dadliniň tigriň, wideokameranyň, pultly uçaryň, on alty sany kompýuter oýnunyň hem-de altyn sagadynyň daşyna oralan kagyzlary ýyrtyşdyryşyny synlap durka, Petunýa daýzasy telefona jogap bermäge gitdi. Ýöne ol, näme üçindir, aşhana aladaly hem gaharly dolanyp geldi.

— Habarlar-a gowy däl, Wernon. Hanym Fig aýagyny döwdüripdir. Şu wagt jaň edip, oňa gözgulak bolup bilmejegini aýtdy — diýip, ol Harrä tarap ümledi.

Onuň aýdanlaryna Dadli gözlerini petreden bolsa, Harriniň ýüregi böküp gitdi. Her ýyl daýzasy bilen daýysy doglan gününde Dadlini hem onuň dostuny oýun seýilgähine, gamburger garbanyşhanasyna we kinoteatra alyp giderdiler. Her gezek hem Harrini iki köçe aňyrda ýaşaýan hanym Fig atly garry aýalyň öýünde goýardylar. Ol kelemiň ysy gelip duran şol öýi hiç halamazdy. Hanym Fig hem her gezek ony häzire çenli saklan pişikleriniň ählisiniň suratlaryny görmäge mejbur ederdi.

— Indi näme ederis? — diýip, Harriniň çaklaýşy ýaly, Petunýa daýzasy adamsyndan sorady.

Harri hanym Figiň aýagyny döwdürendigine gynanmalydygyny bilýärdi. Ýöne Tibli, Garjagaz, jenap Penje, Tafti atly pişikleriň suratlaryny görmejekdigi ýadyna düşende, begenenini duýman galdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Biz ony alyp galmagy Marjdan haýyş edip bilerdik — diýip, Wernon daýysy teklip etdi.

— Ýok, ol oglanjygy ýigrenýär ahyryn — diýip, Petunýa daýzasy jogap berdi.

Darsliler mydama Harri öýde ýok ýaly ýa-da hiç zada düşünmeýän ýaly, ol hakda islänlerini aýdardylar.

— Ady nämed-äýt şoň, seň bir joraň bar-da?! Hä, Iwonna! Şoňa goýup gitsek näme?

— Ol Maýorkada dynç alyp ýör.

— Siz meni öýde goýup gitseňizem bolardy — diýip, Harri özi bilen razylaşarlar diýen umyt bilen teklip etdi. Onuň telewizorda islän zadyny görüp, ýa bolmasa Dadliniň kompýuterinde oýun oýnasy gelýärdi.

Emma Petunýa daýzasy oňa ýüzüni edil häzir turşy limon ýuwudan ýaly kürşerdip seretdi.

— Sen näme, «Maňa öýi ýumurmaga mümkinçilik ber» diýýäňmi?

Harriniň:

— Men öýi ýaraýasym ýog-a — diýip, jogap berendigine garamazdan, ony diňlänem, eşidenem bolmady.

— Belki, biz ony ýanymyz bilen haýwanat bagyna äkidip, ulagda goýup gideris — diýip, Petunýa daýzasy ýuwaşlyk bilen adamsyna ýüzlendi.

— Men ýaňyja alan täze ulagymda onuň ýeke özüni goýup gidip bilmen...

Şol wagt Dadli çirkin-çirkin gygyryp, aglamaga başlady. Ol ýalandan aglaýardy. Çyny bilen aglanyndan bäri ep-esli ýyl geçen bolsa gerek. Ol ýöne ýüzüni kürşerdip, pesräk bagyryp aglamaga dursa, ejesiniň islän zadyny etjekdigini bilýärdi.

Aglamasana, balam, Dadli janym. Ejeň hiç kime seň doglan günüňi bulamaga ýol bermez — diýdi-de, Petunýa daýza gollaryny gerip, çişik ogluny gujaklady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men onuň ý-ý-ýanymyz bilen g-g-gitmegini islä-ämok. Ol mydama ähli zady zaýalaýa-ar — diýip, Dadli ýalandan aglap, gygyryp durşuna, ejesiniň gollarynyň arasyndan Harrä tarap seretdi-de, içýakgyç ýylgyrdy.

Edil şol wagt gapy kakyldy.

— Eý, Hudaý, olar geldiler — diýip, Petunýa daýza gapa ylgady. Az salymdan Dadliniň iň gowy dosty Pirs Polkis öz ejesi bilen içerik girdi. Syçanyňky ýaly süýri, bigörk ýüzli Pirs dosty Dadli oglanjyklary uranda, olaryň ellerini saklap berýänleriň biridi. Dadli olary görüp, ýalan agysyny goýdy.

Bir ýarym sagatdan soň, bagtynyň çüwendigine ynanyp bilmeýän Harri Darslileriň ulagynyň yzky oturgyjynda Dadli hem Pirs bilen oturyp, ömründe ilkinji gezek haýwanat bagyna barýardy. Daýzasy bilen daýysy ony öz ýanlary bilen haýwanat bagyna äkidäýmekden başga alaçlarynyň ýokdugyna düşünipdiler. Ýöne öýden çykmankalar, Wernon daýysy ony bir gyra çekdi-de, ullakan gyzyl ýüzüni Harriniň ýüzüne golaýlaşdyryp:

— Duýduryan, oglanjyk, näme bolsa bolaýsyn, tapawudy ýok, eger ýekeje gezek bolgusyz hereket edäýseň, Täze ýyla çenli ammarçadan çykman oturarsyň — diýdi.

Harri:

— Meniň erbetlik etmek niýetim ýok. Çynymy aýdýan... — diýip, söz bersede, Wernon daýysy hemişekisi ýaly onuň aýdanlaryna ynanmady.

Aslynda seretseň, esasy mesele köplenç Harriniň töwereginde geň zatlaryň bolup geçýänligindedi. Darslilere ol geňlikleri özüniň etmeýändigini aýdanyň biderekdi.

Bir gezek Harriniň hemişekisi ýaly dellekhanadan saçyny asla kiçeltmedik ýaly dolanyp gelmeginden halys bizar bolan Petunýa daýzasy gaýçysyny alyp, onuň maňlaýyndaky ýara yzyny ýapar ýaly alyn saçyndan başga ähli saçyny düýbünden gyrkyşdyrdy welin, ol edil kel adama meňzedi duruberdi . Dadliniň şol gezekki hezil edip gülmegi, ozal hem döwük äýnegi we köne-küşül eşikleri üçin öz üstünden gülünýän Harrä gaty agyr degdi.

Uzynly gije ertir nädip mekdebe gitjekdigi barada aladalanyp, wagty bilen uklap bilmedik Harri irden turup, aýna seredende saçynyň edil öňküsi ýaly ösendigini görüp haýran galdy. Daýzasydyr daýysyna saçynyň nädip beýle tiz ösendigine özüniňem akyl

ýetirip bilmeýändigini düşündirmäge çalyşsa-da, munuň üçin bir hepdeläp geýim saklanýan jaýda oturmaly boldy.

Başga bir gezek bolsa, Petunýa daýzasy Dadliniň könelip giden melewşe nokatly, betnyşan goňur jempirini Harrä geýdirjek boldy. Ýöne daýzasy jempiri geýdirmäge synanyşdygyça, ol şonça-da kiçelýän ýalydy. Ahyry ol Harrä däl-de, kiçiräk gurjaga boljak derejede kiçeldi. Bolsa-da, Petunýa daýzasynyň «jempir ýuwlansoň girendir» diýip pikir etmegi bilen, Harri jezalandyrylman galypdy.

Ýene bir gezek mekdep aşhanasynyň üçegine münendigi üçin, Harri uly kynçylyga sezewar bolupdy. Dadli bilen dostlary hemişekisi ýaly, özüni urjak bolup kowalaýan mahaly, duýdansyz ýerden uçup, üçegiň üstüne galmagy Harrini haýran galdyrypdy. Şonuň üçin mekdep direktory Harriniň jaýlara dyrmaşýandygyna arz edip Darslilere hat ýazypdy. Harri ammarça salyp, daşyndan gulplan daýysyna diňe bir gezek, mekdebiň hapadanynyň golaýynda bökendigini aýdyp, günäsiniň ýokdugyny düşündirmäge eden synanyşygam netijesizdi. Böken wagty Harrini ýel göterendir diýip çaklaýmakdan başga alaç galmandy.

Ýöne bu gün ähli zat gülala-güllükdi. Mekdepde ýa ammarçada, ýa bolmasa hanym Figiň kelemiň ysy aňkap duran myhman jaýynda wagt geçireniňden, Dadli hem Pirs bilen gezim edeniň müň esse gowudy.

Ulagyny sürüp barşyna Wernon daýysy bir zatlar hakda aýalyna zeýrenip başlady. Aslynda işgärleri, Harri, ýygnak, Harri, bank, Harri hem başga zatlar hakda zeýrenmek onuň gowy görýän pişesidi. Ýöne bu gün ol näme üçindir motosikller hakda zeýrenýärdi.

— Warryldaşyp, halys ýürege düşýärler. Haý, bihepbeler! — diýip, motosiklleriň biriniň özlerinden ozup geçenine gaharlanan Wernon daýysy käýindi.

Gören täsin düýşi ýadyna düşen Harri:

— Men gije düýşümde uçýan motosikl gördüm — diýdi.

Onuň bu sözlerini eşidip, öňündäki ulagy kakmakdan maşynyny zordan sowan Wernon daýysy oturan ýerinden, doňzuňky ýaly, ullakan, murtly kellesini yza öwürdi-de:

Motosikller uçmaýar — diýip, Harrä azgyryldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Dadli bilen Pirs jykyrdaşdylar.

Harri:

— Menem olaryň uçmaýandygyny bilýän. Ýöne men gören düýşümi aýdyp bermek isledim — diýip jogap berdi.

Ol Darslileriň ýanynda öz düýşi hakda söz açandygyna ökündi. Olar sorag bermekden hem beter, iň bärkisi, düýşde ýa-da multfilmlerde bolup geçýän täsinlikler hakda gürrüň edilse-de halamaýardylar. Sebäbi Harriniň kellesinde howply pikirleriň peýda bolmagyndan gorkýardylar.

Güneşli dynç gününde maşgala bolup gelen adamlardan ýaňa haýwanat bagy hyryn-dykyndy. Darsliler girelgede Dadli bilen Pirse şokoladly buzgaýmak satyn aldylar, Harrini bir gyra çekip ýetişmänkäler, buzgaýmak satýan zenanyň ýylgyryp, ondan näme isleýändigini sorandygy sebäpli, Harrä-de limon tagamly buzgaýmak alyp bermeli boldular. Saçynyň reňki başga diýäýmeseň, edil Dadlä meňzäp duran bir gorillanyň kellesini gaşaýşyny synlap durşuna, Harri elindäki buzgaýmagyny ýalap, onuň tagamynyň gaty bir erbet hem däldigi hakda pikirlenýärdi.

Ol ömründe ilkinji gezek özüni şeýle bagtly saýýardy. Dadli hem Pirsiň öýlänki nahar wagtyna çenli haýwanlary synlamakdan ýadap, hemişeki gowy göryän pişelerine — ýene kowalamaga başlaýmagyndan howatyrlanan Harri olardan yzrakda ýöräp, seresap bolmagy unutmaýardy. Haýwanat bagynyň restoranynda garbanyp otyrkalar, Dadli öz buzgaýmagynyň azdygyny aýdyp, gahardan ýaňa gyzaryp başlanda, oňa täzesini alyp beren Wernon daýysy Dadliniň iýmän goýan buzgaýmagyny Harrä iýmäge rugsat berdi. Harri bu ajaýyp günüň uzagrak dowam etmegini isledi.

Iýip-içip bolansoňlar, olar ýylanlary synlamaga gitdiler. Ýylanlaryň saklanýan jaýynyň içi garaňky hem salkyndy. Diwaryň ýüzündäki hatar aýnalaryň aňyrsynda, daşlaryň hem agaçlaryň arasynda her dürli alakadyr ýylanlar süýrenişip ýördi. Dadli bilen Pirs hatda adamlary hem mynjyradyp biljek uly we ýogyn zäherli ýylanlary görmek islediler. Dadli tiz wagtda kakasynyň ulagynyň daşyndan azyndan iki gezek dagy aýlanyp, ony mynjyradyp biläýjek iň uly ýylany tapdy. Ýöne ýylan diýseň tutuksy görünýärdi. Dogrusy, ol uklap ýatyrdy.

Dadli ýüzüni aýna degrip, ýylanyň gözleriňi gamaşdyryp barýan derisini synlap durşuna:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ony ýerinden turar ýaly et — diýip, kakasyna buýurdy.

Wernon daýy barmaklary bilen aýnany kakdy. Emma ýylan gymyldajagam bolmady.

Dadli:

— Ýene kak! — diýip gygyrdy.

Wernon daýy aýnany ýumrugy bilen kakdy. Ýylan bu gezegem oýanmady.

— Bu-la ýürekgysgynç-laý — diýip, Dadli aýnanyň öňünden aýtyldy.

Harri uzynly gün aýnany kakyp, arkaýyn ýaşamaga gün bermeýän adamlardan başga ýoldaşy bolmadyk bu ýylan ýekelige çydaman ölen bolaýmasyn diýen pikir bilen, ony ünsli synlady. Öz ýanyndan: «Şu jaýyň içindäki ähli adamlara tomaşa bolanyňdan-a, günde diňe Petunýa daýzam gapysyny kakýan ammarçada ýatypturanyňam gowy bolsa gerek» diýip pikirlendi.

Ýylan birden gözüni açdy. Ol Harriniň kellesiniň deňine ýetýänçä haýaljykdan, gaty haýaljykdan kellesini galdyrdy-da, gözüni gypdy.

Harri haýran galdy. Töweregine nazar aýlady. Hiç kimiň seretmeýändigine göz ýetirensoň, Harri hem ýylana bakyp, gözüni gypdy.

Ýylanyň Wernon daýa hem Dadlä tarap ümleýşi, «Bular ýaly adamlary men günde kän görýän» diýýän ýalydy.

Harri:

— Düşünýän-le. Seniň durmuşyň ýürekgysgynç bolsa gerek?! — diýip, aýnanyň aňyrsyndan pyşyrdady.

Ol öz sözlerini ýylan eşidendir öýtmändi. Ýöne ol. «Hawa» diýýän şekilde baş atdy.

Harri:

— Seniň aslyň nireden? — diýip sorady.

Ýylan guýrugy bilen aýnanyň gapdalyndaky «Braziliýa boasy» diýen ýazgyny görkezdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri ýazgyny okap:

Ol ýeri gowudymy? — diýip sorady.

Ýylan ýene ýazgyny görkezdi. Ol ýerde: «Ýylan haýwanat bagynda ýetişdirilen» diýlip ýazylgydy. »

— Diýmek, sen hiç haçan Braziliýada bolup görmänsiň-dä?!

Ýylan razylaşýan şekilde ýene baş atdy. Ýöne duýdansyz ýerden çykan gykylyk olaryň ikisiniň hem zähresini ýardy.

— Dadli, jenap Darsli, bu ýylanyň edýän hereketlerine seretseňizläň!

Dadli ylgap gelşine:

— Aýryl ýoldan! — diýip, Harrini bir gyra itip goýberdi, Harri badyny saklap bilmän, gaty ýere patlap düşdi. Şondan soňky wakalar göz açyp ýumasy salymda bolup geçipdi. Ýaňam ýüzlerini aýna degrip duran Dadli bilen Pirs, sähel salymyň içinde gorkudan ýaňa gygyryşyp, arkanlygyna ýykyldylar. Kellesini galdyran Harri boa ýylanynyň daşyny gabap duran aýnanyň nirädir bir ýere ýitirim bolandygyny, ýylanyň bolsa ýuwaşlyk bilen süýrenip ýere düşendigini görüp, içini çekdi. Äpet ýylandan gorkan adamlar ala-goh bolşup, gapa tarap ylgaşdylar.

Harri öz deňinden geçip barýan ýylanyň hyşşyldaýan ses bilen «Men Braziliýa gitjek. S-s-sag bol, amigo!» diýenini aýyl-saýyl eşitdi.

Ýylanlar öýüniň gözegçisi:

— Aýna... aýna niräýitirim boldy? - diýip, nämäniň nämedigine düşünip bilmän haýran galdy.

Haýwanat bagynyň eýesi ötünç sorap durşuna, Petunýa daýza öz eli bilen süýjüli çaý taýýarlap berýärdi. Pirs bilen Dadli henizem gorkudan aýňalyp bilmän, titreşip, bir zatlar samraşyp otyrdylar. Ýylan olaryň deňinden geçip barýarka, guýrugy bilen Dadliniň aýagyna bary-ýogy ýuwaşja kakandygyny Harri görüpdi, emma Wernon daýysynyň ulagyna münenlerinde, Dadli ýylanyň aýagyndan çakandygyny, Pirs bolsa onuň özüni bogjak bolandygyny aýdyp, ant içip, awy ýalaýardylar. Harri üçin iň erbet ýeri hem, biraz köşeşensoň, Pirsiň: «Harri ýylan bilen gürleşip durdy. Şeýle dälmi, Harri?» diýmegi boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Pirsi sag-aman öýüne eltýänçä sesini çykarmadyk Wernon daýysy, öýe gelenlerinden soň:

Bar, git... ýeriňe... Şu gün... saňa... nahar ýok! — diýip, gahardan ýaňa zordan gürledi. Ol agyr göwresini oturgyja goýberdi Petunýa daýzasy köşeşer ýaly oňa ullakan bulgurda brendi içgisini getirip berdi.

Harri elinde sagadynyň ýoklugyndan erbet kösenýärdi. Sebäbi ol Darslileriň ählisiniň uka gidendigine doly göz ýetirmese, biraz garbanmak üçin aşhana barmaga milt edip biljek däldi.

Ene-atasy ulag heläkçiliginde wepat bolaly bäri Darslileriň maşgalasynda ýaşap ýörenine on ýyl doldy. Bu on ýylyň içinde onuň görmedik kynçylygy ýokdy.

Ene-atasy heläk bolanda özüniň olaryň ýanynda bolandygy ýa bolmandygy onuň asla ýadyna düşenokdy. Ýöne ammarçasynda birnäçe sagatlap pikirlenip ýatýan mahallary Harriniň göz öňünde birden gözüňi gamaşdyryp barýan gök ýagtylyk janlanýan bolsa, başga wagt maňlaýyny ýakyp barýan ýiti agyry onuň tutuş bedenine ýaýrap giderdi.

Her gezek bu ýagdaý ulag heläkçiligi bilen bagly bolaýmasyn diýen netijä gelse-de, bu ýagtylygyň nireden peýda bolýandygyna asla düşünenokdy. Harri ejesi bilen kakasynyň daş keşbini hiç ýadyna salyp bilenokdy. Daýzasy bilen daýysam olar hakda hiç zat aýdyp berenokdylar. Olara bu barada sowal bermegem bolanokdy. Öýüň içinde Harriniň ejesi bilen kakasynyň suratam ýokdy.

Harri kiçiräkkä hemişe nähilidir bir zadyň özüni bu ýerlerden alyp gitjekdigi hakda düýş görerdi. Ýöne ol düýşler hiç hakykata öwrülmedi, Darsliler onuň ýeke-täk maşgalasy bolup galdy. Ýöne kämahal köçeden geçip barýan adamlar oňa özüni tanaýan ýaly bolup görnerdi (mümkin, ol munuň şeýle bolmagyny isleýändir). Özem olar gaty täsin adamlardy. Bir gezek kiçijik melewşe papakly bir adam Petunýa daýzasy hem Dadli bilen dükanda aýlanyp ýörkä, oňa seredip, başyny egdi. Harri Petunýa daýzasyndan: «Siz bu adamy tanaýaňyzmy?» diýip soranda, Petunýa daýzasy hiç zat satyn alman, oglanlary alyp, dükandan alňasap çykyp gaýtdy. Bir günem awtobusda otyrka, durşuna ýaşyl geýnen bir aýal oňa elini galgatdy. Ertesi gün köçeden ýöräp barýarka, uzyn ýektaýly bir kel adam onuň bilen elleşip salamlaşdy-da, hiç zat aýtman gidiberdi. Iň täsin ýeri hem, olaryň şol bada gürümjürüm bolýanlygydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Mekdepde Harriniň dosty ýokdy. Okuwçylaryň ählisi Dadliniň tirkeşýän toparynyň köne-küşül eşikli, döwük äýnekli Harri Potteri halamaýandygyny bilýärdi. Olaryň hiç haýsysy hem bu topara garşy çykmaga milt edip bilmeýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## 3-nji bap: KIMDEN GELÝÄNI NÄBELLI BOLMADYK HATLAR

Äpet boa ýylanynyň daşyny gabaýan aýnanyň ýitirim bolany sebäpli, Harri ömründe ilkinji gezek şeýle uzak möhlete jezalandyryldy. Oňa ammarçadan çykmaga rugsat berilýänçä, tomus dynç alyş möwsümi ýetip geldi. Dadli eýýäm özüniň täze wideokamerasyny, pultly uçaryny döwüpdi, tigrini sürmäge synanyşan ilkinji gününde bolsa, pişege daýanyp, köçeden geçip barýan hanym Figi kakypdy.

Mekdepde okuwyň tamamlanandygyna garamazdan, günde diýen ýaly Dadlilere gelip-gidýän oglanlardan Harrä gün ýokdy. Pirs, Dennis, Malkolm, Gordon dagy hem daýaw we akmakdy welin, bu topara ýolbaşçylyk edýän Dadli olardan beter daýaw hem has akmakdy. Onuň toparyndakylaryň ählisi-de «Harrini urmak» atly oýna höwesekdi.

Şol sebäpli hem Harri gününiň aglaba bölegini öýden daşrakda aýlanyp, tomusky dynç alyş döwri tamamlanandan soň, azajyk hem bolsa umyt şöhlesini döredýän ýöriteleşdirilen mekdepde okuwa başlajakdygy hakda pikirlenip geçirýärdi. Pirs Polkis bilen Dadli öň Wernon daýysynyň okap bilim alan Smeltings hususy mekdebine kabul edilendigi sebäpli, Harri sentýabr aýyndan ýerli Stounwol Haý mekdebine ilkinji gezek Dadlisiz ýeke özi gatnap başlamalydy.

— Stounwol mekdebinde okuwçylaryň kellesini hajathananyň deşigine dykýarmyşlar. Öňünden taýýarlanmak isläňokmy? — diýip, Dadli onuň üstünden güljek boldy.

Harri:

— Ýok, sag bol! Görgüli hajathananyň ýapbaşyk deşiklerine seniň kelläň ýaly ýürekbulanjy zatlar sokulýan däldir-le. Aý, bu çişikligiňden ýaňa kelläňem sygmaz. Eger sokaýsaň, görgüli hajathana dykylyp gider — diýdi-de, Dadli öz sözleriniň manysyna düşünmänkä, ol ýerden ökjesini göterdi.

Iýul günleriniň birinde Petunýa daýzasy Harrini hanym Fige goýdy-da, Dadlini alyp, Smeltings mekdebiniň ýörite okuw eşigini satyn almak üçin Londona gitdi. Bu gün öňkülerinden has mylaýym görünýän hanym Fig öýünde saklaýan pişikleriniň yzyndan kowalap, aýagyny döwdüren eken. Şonuň üçinem ol pişiklerini edil öňküleri ýaly gowy görmeýän ýalydy. Möhletiniň geçenine birnäçe ýyl bolan ýaly, tagamy örän üýtgän şokolad kökesini eline tutduran hanym Fig Harrä telewizor görmäge rugsat berdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şol gün agşamara Dadli ýokary hilli täze mekdep eşigini görkezmek üçin myhman jaýynda öýdäkileriň öňünde eýläk-beýläk ýöredi.

Smeltings mekdebinde okaýan oglanlaryň okuw eşigi art etegi biraz uzyn goýy gyzyl penjekden, mämişi köýnekden, ýapbaşyk sypal şlýapadan, şeýle hem mugallymlary ýok mahaly okuwçylaryň biri-birini saýgylamak üçin ulanýan inçejik taýajygyndan ybaratdy. Mekdep ýolbaşçylarynda birek-biregi saýgylamagyň gelejekde okuwçylara peýdasynyň degmegi mümkin diýlen düşünje bardy. Dadliniň täze mekdep eşigine seredip durşuna, Wernon daýy munuň iň bir guwandyryjy pursatdygyny aýtsa, Petunýa daýza Dadlijiginiň şeýle gelşiklidigini, onuň eýýäm ullakan oglan bolup ýetişendigine ynanyp bilmeýändigini nygtap, gözüne ýaş aýlapdy. Gülmän zordan saklanýan Harri welin, sesini çykarman durdy. Onuň gülmejek bolup, berk gysyp duran dişleri döwülere geldi.

Ertesi irden ertirlik edinmek üçin aşhana giren Harri erbet bir zadyň ysyny aldy. Ys gelýän tarapa göz aýlanda, demir legeniň içindäki hapa suwda ýüzüp ýören esgä meňzeş bir zady gördi.

— Bu näme? — diýip, ol daýzasyndan sorady.

Harri özüne sorag bermäge milt etse, gahardan ýaňa dodaklary titräp ugraýan daýzasy:

— Bu seniň täze okuw eşigiň — diýip, gazaply jogap berdi.

Legeniň içine gaýtadan göz aýlan Harri:

— Hä, şeýlemi? Men okuw eşikleriniň beýle öl bolmalydygyny bilmeýärdim — diýdi.

— Akmak bolma! — diýip, Petunýa daýzasy azgyryldy. — Men Dadliniň köne eşiklerini gök reňke boýajak bolup, häliden bäri başagaý bolup otyryn. Taýýar bolansoň, seň okuw eşigiňe meňzär duruberer.

Harri beýle bolmajagyny bilse-de, daýzasyna jogap gaýtarmagyň manysyzdygyna düşünip, sesini çykarmady.

Ol stoluň başyna geçensoň, Stounwol Haý mekdebiniň ilkinji okuw gününde könelip giden pil derisini geýen ýaly, özüniň gülkünç görünjekdigi hakda pikir etmezlige çalyşdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Aşhana giren Dadli bilen Wernon daýysy Harriniň täze okuw eşiginden gelýän ysa çydaman burunlaryny tutdular. Wernon daýysy hemişekisi ýaly gazetlerini açsa, Dadli indi ýanyndan aýyrmaýan Smeltings taýagyny patladyp, stoluň üstünde goýdy.

Edil şol wagt olar gapynyň poçta deşiginden hat oklanandygyny eşitdiler.

Wernon daýy gazetden ünsüni sowup, Dadlä «Haty alyp gel» diýdi.

Ýöne Dadli:

— Goý, Harri getirsin! — diýip, haty alyp gelmekden boýun gaçyrdy.

Onda Wernon daýy:

— Haty getir, Harri! — diýdi.

— Goý, Dadli getirsin! — diýip, Harri Dadliniň aýdanlaryny gaýtalady.

Halys gahary gelen Wernon daýy:

— Dadli, eliňdäki taýagyň bilen ony bir gezek ýelmesene! — diýdi.

Taýakdan sowlup ýetişen Harri haty almaga gitdi. Gapynyň öňündäki halyçanyň üstünde üç zat, ýagny Wernon daýysynyň Waýt adasynda dynç alyp ýören uýasynyň iberen suratly gutlag haty, töleg hatyna meňzäp duran goňur bukja hem-de Harriniň adyna iberilen hat ýatyrdy.

Hatlary ýerden galdyryp, öz adyna iberilen bukjany gören Harriniň ýüregi agzyndan çykara geldi. Şu wagta çenli oňa hiç kim hat ýazmandy. Hiç hili garyndaşy ýa-da dosty bolmadyk adama kim hat ýazsyn diýsene?! Kitaplaryň yzyna getirilmegini talap edip, hat iberendirler diýjek bolsaňam, ol hiç wagt kitaphanadan kitabam-a almandy. Ýöne, nähili bolanda-da, hatyň daşynda anyk özüne iberilendigini görkezýän ýazgy bardy.

«Jenap Harri Pottere.

Basgançagyň aşagyndaky ammarça.

4 j, Praýwet Draýw köç».

Sarymtyl kagyzdan ýasalyp, ýüzündäki salgysy zümerret-ýaşyl syýa bilen ýazylan, hiç hili möhür basylmadyk bukja galyňdy we daşyndan göräýmäge agyrdy.

Titreýän elleri bilen bukjany eýläk-beýläk öwrüp durşuna, Harri onuň agzynyň gaplaň, bürgüt, torsuk we baş «H» harpynyň daşyna aýlanan ýylan şekilleri basylan mum bilen ýelmenendigini gördi.

Ol Wernon daýysynyň:

— Basymrak bolsana-how! — diýen sesine tisginip gitdi. — Näme işläp dursuň o taýda, ýa-da hatyň içinde bombanyň bardygyny-ýokdugyny barlaýaňmy? — diýip, Wernon daýysy syrtardy.

Onuň aýdan degişmesine özünden başga gülen bolmady.

Harri hatdan gözüni aýyrman gelşine aşhana dolandy. Wernon daýysyna bukja bilen suratly haty berdi-de, ýerinde oturyp, ýuwaşlyk bilen sarymtyl bukjany açmaga durdy.

Töleg hatyna elinem uzatmadyk Wernon daýysy, göni gutlag hatyny okamaga başlady.

— Marj ýarawsyzmyş. Ol bir ýokmaz deňiz önümin-ä iýipdir — diýip, ol Petunýa daýza aýtdy.

Birden Dadli:

— Kaka, Harriniň elinde bir zad-a bar — diýdi.

Harriniň edil daşynyň bukjasy ýaly galyň, sarymtyl kagyza ýazylan hatyň gatyny açanam şoldy welin, Wernon daýysy ony elinden kakyp aldy.

— Bu meň hatym — diýip, Harri haty yzyna aljak boldy.

— Saňa kim hat ibersin-äý? — diýip, Wernon daýysy haty bir eli bilen silkip açdy-da, ony okamaga durdy. Näme üçindir, onuň ýüzi edil ýolyşygyň çyralary ýaly bir gyzaryp, bir ýaşyl reňke boýalýardy. Ýüzüniň reňkiniň üýtgemesi ep-esli wagtlap dowam etdi. Bir salymdan onuň ýüzi açyk ýaşyl reňke geçdi.

— P-P-Petunýa! — diýip, ol erbet gorkan adam ýaly peltekledi.

Dadli haty almaga synanyşdy, ýöne kakasy ony ýokarda saklap duransoň, boýy ýetmedi.

Haty garbap alan Petunýa daýza onuň birinji setirini okanda, tas özünden gidipdi.

Ol boguk ses bilen:

— Wernon! Eý, Hudaý, Wernon! — diýip samrady-da, adamsyna seretdi. Olar biri-birine seredişip durşuna, Harri bilen Dadliniň häzir hem otagdadygyny unudan ýalydy. Özüniň ünsden düşürilmegine öwrenişmedik Dadli Smeltings taýagy bilen kakasynyň kellesine ýelmedi-de:

— Meniň haty okasym gelýär — diýip gygyrdy.

— Meň hatymy seň okasyň gelýärmi? — diýip, Harri hem ondan kem galman sesine bat berdi.

— Ikiňizem güm boluň şu ýerden — diýip, Wernon daýy haty bukja saldy.

Ýöne Harri ýerinden gymyldaýynam diýmedi. Gaýtam:

— Men hatymyň yzyna gaýtarylmagyny isleýän — diýip gygyrdy.

Dadli:

— Haty maňa görkez! — diýip talap etdi.

— Ýok boluň! — diýip azgyrylan Wernon daýy olaryň ikisiniňem ýakasyndan tutup, südenekledip, aşhanadan çykardy-da, gapyny gümpüldedip ýapyp goýberdi,

Harri bilen Dadliniň bilesigelijiligi ýetjek derejesine ýetdi. Açar salynýan deşikden kim ýşyklamaly diýlen sözsüz jedelde Dadli ýeňdi. Harri bolsa ýüzin ýatdyda, äýnegini gaçyrara getirip, gapynyň aşagyndan jyklap, diňlemäge durdy.

Ol Petunýa daýzasynyň sesini sandyradyp gürleýänini eşitdi.

— Wernon, jaý belgisine seretsene. Olar onuň ýatýan ýerini nädip bilýärkä? Öýe gözegçilik edýän bolaýmasynlar?!

— Kim bilýär. Belki, gözegçilik edýändirler, belki, yzymyza-da düşýändirler?

— Indi näme edeli, Wernon? Belki, bir hat ýazyp, özümiziň...

— Ýok. Ýok, biz hiç zat jogap bermeris. Hawa, şeýtsek dogry bolar — diýip, Wernon daýy aşhanada ikiýana gatnap ýörşüne jogap berdi — Ýöne...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men olardan biriniňem öz öýümizde ýaşamagyny islämok. Ony içerik salanymyzda, ähli zady unudarys - diýip, biri-birimize söz beripdik.

Şol gün giçlik işden dolanyp geleninden soň, Wernon daýy ömründe entek etmedik zadyny etdi . Harriniň geýim saklanýan jaýyna bardy.

Harri gapydan sygman duran daýysyny gören badyna:

— Hany hatym? Maňa kim ýazypdyr? — diýip sorady.

— Hiç kim. Ol haty saňa ýalňyşyp iberipdirler. Men ony ýakdym.

— Ýok, siz ýalňyşýaňyz! Haty hut maňa iberipdirler. Onuň ýüzünde «Basgançagyň aşagyndaky ammarça» diýen ýazgy bardy — diýip, Harri gaharly gepledi,

— Ýuwaş bol! — diýip gygyran daýysynyň egnine iki sany möý gaçdy. Ol uludan demini alyp, zordan ýylgyrdy.

— Harri, seniň ammarçaň barada aýtsak, daýzaň ikimiz pikirlenişip, bu ýeriň indi gaty dar bolýandygy üçin, seni Dadliniň ikinji otagyna göçürmeli diýen netijä geldik.

— Näme üçin?

— Sorag berme! — diýip, daýysy azgyryldy.

— Goşlaryňy al-da, häziriň özünde ýokaryk gal.

Darslileriň dört sany ýatylýan otagy bolup, olaryň biri Wernon daýy bilen Petunýa daýza, biri bolsa myhmanlara niýetlenendi. Galan ikisiniň birinde Dadli döwlen ýa-da köpden bäri oýnamaýan oýunjaklaryny saklasa, beýlekisinde özi bolýardy. Geýim saklanýan ammarçadaky zatlaryny täze otagyna daşamak üçin Harrä diňe bir gezek ýokaryk galmak ýeterlik boldy. Krowatynda oturyp, daş-töweregine göz aýlan Harri bu otagdaky ähli zatlaryň döwükdigini gördi. Otagyň bir burçunda Dadliniň goňşularynyň güjükleriniň üstünden sürüp geçen oýunjak tankynyň üstünde satyn alnanyna ýaňy bir aý hem bolmadyk wideokamerasy goýlan bolsa, beýleki çüňkde gowy görýän gepleşiginiň görkezilmedik güni aýagy bilen depip döwen telewizory we Dadliniň öň okuw döwri hakyky ok-ýaýa çalşan baýguşynyň kapasasy durdy. Ok-ýaýam Dadli üstünde oturyp ýemşerdensoň, bu otagyň içine oklanypdyr. Diňe

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
tekjeleriň üstünde timarlanyp goýlan kitaplar bitindi, Dadli ýekeje gezegem olaryň gatyny açmandyr.

Birinji gatdan Dadliniň:

— Näme üçin meniň otagymy Harrä berdiňiz? Goý, ol häziriň özünde otagymdan çyksyn — diýip, ejesine gygyrýan sesini eşiden Harri uludan demini aldy. Ol edil düýn hem şu otag üçin ähli zatdan geçmäge taýýardy. Ýöne bu gün Harri bu otagda bolanyndan eli hatly öz geýim saklanýan ammarçasynda galanyny kem görenokdy.

Ertesi irden ertirlik naharynyň başynda hiç kimden ses çykmady. Gykylyklap, kakasyny Smeltings taýagy bilen ýelmändigine, ýalandan syrkaw bolandygyna, ejesini depip, pyşdylyny öýüň üçegine oklandygyna garamazdan, otagyny yzyna alyp bilmedik Dadli biri-birine sowuk nazar bilen seredişýän ene-atasyna gaharlanyp, çym-gyzyl bolup oturan bolsa, Harri düýnki gün edil şu wagtlar haty ýerden galdyran badyna açyp okamandygyna ökünip otyrdy.

Hat gatnadyjynyň hatlary getirendigini eşiden badyna, Harrä mylaýym görünmäge çalyşýan Wernon daýy olary alyp gelmäge Dadlini iberdi. Ýol boýy elindäki Smeltings taýagy bilen zatlary ýykyp-ýumruşdyran Dadli:

— Ýene Harrä hat gelipdir. Jenap Harri Potter. Jaýdaky iň kiçi otag. Praýwet Draýw köç, 4 j — diýip batly gygyrdy.

Onuň aýdanlaryny eşideninden Wernon daýy içini çekip, tarsa ýerinden turdyda, ylgap birinji gata düşdi. Harri hem onuň yzyndan galmady. Ýöne elini berk gysyp duran Dadliden haty bada-bat alaýmak Wernon daýa başartmady. Harri hem boýnundan ýapyşyp duransoň, ol Harrinem, Dadlinem itip ýykmaly boldy. Garaz, her kim Smeltings taýagy bilen urlup, biraz kakylyp-depilensoň, Wernon daýy eli hatly haş-haşlap zordan ýerinden galdy.

Demini dürsäp bilmän durşuna:

— Harri, bar ammarçaňa... wiý... öz otagyňa sümül! — diýip, Harrä gygyrdy. — Dadli, bar, senem git... ýöne idilije git!

Harri otagynda eýläk-beýläk gatnap ýörşüne oýa batdy. Diýmek, kimdir biri onuň indi geýim saklanýan ammarçada däl-de, şu otagda bolýandygyndan, birinji

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

hatam almandygyndan habarly. Beýle bolsa, ol özüne hat ibermegini bes etmez. Harri eýtmeli-beýtmeli, garaz, indiki geljek haty hökman alyp okaýmalydy.

Ol otagyň içinden tapyp, bejeren sagadyny ir sagat alta gurdy. Ertesi sagat jyňňyrdan mahaly, Harri derrew düwmesini basyp, onuň sesini öçürdi-de, Darslileri oýandyrmaz ýaly, çyralaryň ýekejesini hem ýakman, ýuwaşlyk bilen birinji gata düşdi.

Praýwet Draýw köçesinde garaşyp, hat gatnadyjydan haty ilkinji bolup almakçydy. Zalyň içi bilen ýöräp barşyna Harriniň ýüregi agzyndan çykaýjak ýalydy.

Birden ullakan, ýumşak, janly bir zada aýagy degen Harri ziňkildäp gitdi. Çyrany ýakyp, bu ýumşak ullakan zadyň gapynyň öňünde düşege bürenip ýatan Wernon daýysynyň kellesidigini gördi. Ol Harri hem haty ilki aljak bolar öýtmedik bolarly. Wernon daýy Harrä bir ýarym sagatlap gygyranyndan soň, oňa aşhana gidip çaý taýýarlamagy tabşyrdy.

Niýeti paşmadyk Harri zordan ýöräp, aşhana ýöneldi. Ähli zady taýýarlap, gapynyň ýanyna dolanyp gelende, şol ýerde oturan daýysynyň edil dyzynyň üstüne üç sany hatyň gaýyp düşendigini gördi.

— Men... — diýip, Harri agzyny açyp ýetişmänkä, Wernon daýysy hatyň üçüsini hem onuň gözüniň öňünde jyrym-jyrym etdi

Şol gün işe gitmedik Wernon daýy hat oklanýan deşigi çüýläp durşuna:

— Olar haty oklamaga ýer tapmasalar, hat getirmegini bes ederler — diýip, Petunýa daýza düşündirdi.

— Bu oňuna bolarmyka beri, Wernon?!

— Olaryň beýnisiniň işleýşi meniňkidenem, seniňkidenem düýbünden tapawutlanýar — diýip, Petunýanyň getiren kökesini saklap duran eli bilen çüý kakmaga synanyşýan Wernon daýy janygyp gepledi.

Anna güni Harrä on ikiden gowrak hat geldi. Gapydaky hat oklanýan deşik çüýlenensoň, hatlaryň birnäçesi gapynyň aşagyndaky yşdan, galanlary bolsa birinji gatdaky hammamyň kiçeňräk penjiresinden oklanypdy.

Wernon daýy ertesi günem işe gitmedi. Gelen hatlaryň ählisini ýakansoň, ol çekiçdir çüý alyp, hiç kim daşaryk çykmaz ýaly esasy işigem, yzky gapylaryň ikisinem çüýläp çykdy. Özem şol gün çala bir ses eşitse, tisgindi durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şenbe güni Darslileriň ýagdaýy has hem agyrlaşdy. Harrä iberilen ýigrimi dört hatyň ýigrimi dördüsi hem nämäniň nämedigine düşünip bilmedik süýt satyjynyň myhman jaýynyň penjiresinden Petunýa daýza uzadan ýigrimi dört ýumurtgasynyň içinden çykdy. Wernon daýy poçtanyň işgärlerine jaň edip käýänden soň, zeýrenmek üçin gürleşere adam gözläp, belgiler depderçesiniň sahypalaryny agdaryşdyryp otyrka, Petunýa daýza içi hatly ýumurtgalary aldygyna pejiň içine oklaşdyrýardy.

— Kim seniň bilen beýle gürleşesi gelýärkä? — diýip, Dadli Harriden haýran galmak bilen sorady.

Ýekşenbe güni irden ertirlik naharynyň başyna geçen Wernon daýy ýarawsyz, ýadaw ýaly görünse-de, özüni örän şähdaçyk alyp barýardy.

Ol marmeladlary gazetiň üstüne düzüşdirip oturyşyna:

— Ýekşenbe günleri hat gatnadylmaýar. Şonuň üçin bu gün hiç hili hat gelmez — diýip, şadyýan ýylgyrdy.

Onuň bu sözleri aýdaryna mähetdel nämedir bir zat aşhananyň turbasyndan bat bilen wazlap çykdy-da, Wernon daýynyň kellesine patlap degdi. Soňra kyrka golaý hat edil tüpeňden goýberilýän dek buhar pejinden düzüm-düzüm bolup atylyp çykdy. Darsliler kellelerini tutup, aşak eglen bolsalar, Harri hatlaryň birini aljak bolup ýokaryk bökdi.

— Aşhanadan çykyň, baryňyz çykyň! — diýip gygyran Wernon daýysy Harriniň ýeňsesinden tutdy-da, ony zala tarap südenekledip goýberdi. Onuň yz ýany bilen ellerini ýüzlerine tutup, Petunýa daýza bilen Dadli işikden çykan badyna Wernon daýy aşhananyň gapysyny bat bilen ýapdy. Ýöne aşhana düşýän hatlaryň häzir hem yzynyň kesilmeýändigi gapynyň aňyrsyndanam eşidilip durdy.

— Indi bolaýdy — diýip, aşhanadan çykan Wernon daýy aljyrap murtuny ýolmalaşdyryp durşuna arkaýyn gürlemäge çalyşdy. — Ähliňiz bäş minutdan şu ýerde boluň! Biz gidýäs. Ýanyňyz bilen diňe gerek bolaýjak zatlary alyň. Hiç hili soragam bermäň.

Murtunyň ýarysy goparylan halda ol şeýle bir aýylganç görünýärdi welin, hiç kim oňa «ýok» diýibem bilmedi. Eýýäm on minutdan olaryň ählisi Wernon daýynyň uly ýola tarap diýseň ýokary tizlik bilen sürüp barýan ulagynyň içinde otyrdylar. Öz telewizory bilen kompýuterini torbasyna sygdyrjak bolup, biderek wagt ýitirendigi üçin, kakasy tarapyndan bir gezek mazalyja şapbat iýen Dadli yzky oturgyçda aglap, şumjaryp otyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olaryň eýýäm ep-esli ýol geçendigine garamazdan, Wernon daýy ulagy ýekeje gezek hem saklamady. Hatda Petunýa daýza-da käwagtlar ulagyny yza öwrüp, bir salym garşy tarapa sürýän, «Olary ýok et, ýok et olary» diýip, pyşyrdap gaýtalaýan adamsyndan özleriniň nirä barýandygyny soramaga milt edip bilmedi.

Wernon daýy ulagy hatda biraz garbanmak üçin hem saklamady. Garaňky gatlyşyp ugranda Dadli şu gün ömrüniň iň erbet günüdigini, özüniň öler ýaly açdygyny, eýýäm bäş sany gepleşigem sypdyrandygyny aýdyp, zeýrenmäge başlady. Kompýuterinde başga planetaly gelmişegi ýok etmän öýden çykmaýan Dadli näme üçin zeýrenmesin diýsene?!

Wernon daýy ahyry ullakan bir şäheriň çetinde ýerleşýän horaşaja myhmanhananyň ýanynda ulagyny saklady. Dadli bilen Harri ýakymsyz ysly düşek düşelen bir krowatda ýatmaly boldular. Hor çekip ýatan Dadliniň bireýýäm uka gidendigine garamazdan, Harri penjire tekjesinde oturyşyna, köçeden geçip barýan ulaglaryň ýagtysyna göz dikip, bolup geçýän zatlar hakda pikirlenip, uzakly gijesini uklaman geçirdi.

Ertesi irden ertirlik naharynda olar üstüne pomidor kesilip goýlan, bireýýäm heňläp giden çörek iýdiler. Ýaňy bir ertirlik edinip boldum etdilerem welin, stoluň gapdalynda myhmanhananyň iş dolandyryjysy peýda boldy.

Ol:

— Bagyşlaň, siziň araňyzda Harri Potter atlyňyz barmy? Eger bar bolsa, onuň adyna hat geldi. Şunuň ýaly hatyň gapynyň öňünde ýüzüsi dagy bar — diýip, elindäki haty ýokaryk galdyrdy. Stoluň başynda oturanlaryň hemmesi hatyň ýüzündäki gök syýa bilen ýazylan ýazgyny gördi.

«Jenap Harri Potter 17

ot.

Demirýol myhmanhanasy Kokworz

obasy».

Harri haty aljak bolup, elini uzadan badyna Wernon daýy onuň goluna kakyp goýberdi. Alasarmyk ýagdaýda galan iş dolandyryjy zenan olara aňkarylyp seretdi.

Wernon daýy:

— Getiriň, haty maňa beräýiň — diýip ýerinden galdy-da, zenanyň yzyna düşüp gitdi.

— Öýe gaýtsak gowy bolmazmy?! — diýip, Petunýa daýza gaýtadan ýola düşenlerine ep-esli wagt geçeninden soň, çekine-çekine adamsyna ýüzlendi, Onuň nirä gidip barýandygyny özünden başga bilýän ýokdy. Tokaýyň içi bilen gaýdan Wernon daýy ulagdan düşdi-de, töweregine göz aýlady. Soňra kellesini ýaýkap, ulagyna dolandy, ony gaýtadan işletdi. Bu hereketini ol sürlen ekin meýdanynyň edil ortarasynda-da, asma köpriniň üstünde-de, ulag saklanýan köp gatly duralganyň iň ýokary gatynda-da gaýtalady.

Şol gün asman bulutlydy.

Kenarýakada ulagyny saklan Wernon daýy maşynda oturanlaryň daşyndan gulplap, bir ýerlerik gürüm-jürüm bolansoň, Dadli:

— Kakam halys aklyny ýitiripdir öýdýän?! — diýip, ejesine ýüzlendi.

Edil şol wagt deprek kakylýan ýaly ulagyň depesini tykyrdadyp, ýagyş ýagmaga başlady.

Dadli:

— Bu gün duşenbe. Agşam Äpet Gumberto multfilmini görkezerler. Şu wagt telewizorly ýerde bolsadyk — diýip aglamjyrap başlady.

Harri oýa batdy. Diýmek, bu gün duşenbe-dä?! Telewizoryň öňünden aýrylmaýan Dadli şu günüň duşenbedigini aýdýan bolsa, diýmek, şeýledir. Ertir bolsa sişenbe — onuň doglan güni.

Hawa, ertir Harriniň on bir ýaşy dolmaly. Aslynda onuň doglan günleriniň hiç haýsysy hem ýatda galar ýaly gyzykly geçmändi. Geçen ýyl Dadli oňa asgyç bilen kakasynyň joraplarynyň birini sowgat beripdi. Ýöne nähili bolanda-da, her gün on bir ýaşalanok ahyryn.

Wernon daýy ahyrsoňy yzyna dolanyp geldi. Birnäçe gün bäri keýpsiz Wernon daýy häzir diýseň şadyýan görünýärdi. Özem onuň elinde kiçiräk bir torba bardy. Torbany görüp, Petunýa daýzanyň: «Eliňdäkini nireden aldyň?» diýen sowalyna jogap bermegiň deregine:

— Men gaty gowy ýer tapdym. Ähliňiz ulagdan düşüň. Ýörüň! — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýylyjak ulagdan düşensoňlar, sowuk howadan ýaňa olaryň ini jümşüldäp gitdi. Wernon daýy elini deňze tarap uzadanda, kenardan biraz aňyrrakda, ullakan gaýanyň üstünde gurlan juda tagaşyksyz külbä gözleri düşdi, Onuň gaýanyň üstünde haçan gurlandygy belli däldi welin, içinde telewizoryň ýokdug-a anykdy.

— Şu gün gaý turjakmyş — diýip, begençli seslenen Wernon daýy elini çarpdy. — Şu jenap bize gaýygyny bermäge razylaşdy.

Edil şol wagt olaryň ýanyna dişsiz bir adam agsaklap geldi-de, it ýylgyryşyny edip, könelip giden kürekli gaýygy görkezdi.

Wernon daýy:

— Men azyk-suwlugam aldym. Hemmämiz gaýyga müneliň! — diýdi.

Gaýygyň üsti diýseň sowukdy. Tolkun atýan deňiz suwy üstlerine syçraýardy, ýagyş damjalary olaryň ýakalaryndan girýärdi, sowuk şemal ýüzlerini ýalap geçýärdi. Ahyry gaýanyň düýbüne gelip ýetenlerinde, Wernon daýy ýykylyp-sürşüp, olary yzyna düşürip, külbä tarap gaýtdy.

Deňiz otlarynyň ysy gelip duran, bary-ýogy iki otagly bu külbäniň diwar deşiklerinden sowuk şemal sygyryp girýärdi. Buhar peçde ýylynar ýaly ýekeje-de odun ýokdy. Garaz, külbäniň içi görer ýaly däldi.

Wernon daýynyň: «Azyk-suwiugam aldym» diýýäni bary-ýogy dört gap çipsi bilen dört sany banan bolup çykdy. Ol çipsiniň gaplaryny ulanyp, ot ýakmaga synanyşdy. Ýöne olar ýanmagyň deregine mürşerip tüsseledi.

— Hany, indem hat getirişlerini göreliň-dä!

— diýip, diýseň keýpiçag gürlän Wernon daýy deňizde gaý turýan mahaly hiç kim bu ýere hat getirip bilmez diýip pikir edýärdi. Harriniň öz ýanyndan onuň bilen razylaşandygyna garamazdan, bu pikir ony düýbünden begendirmedi.

Garaňky düşen badyna aýdylyşy ýaly gaý turdy. Gazaply deňiz tolkunlary bat bilen gaýa urlup, külbäniň diwarlaryna syçraýardy, sowuk şemal könelişip giden penjireleri sarsdyryp gidýärdi Petunýa daýza beýleki otagdan iki sany düşekçe tapyp, köne diwanyň üstüne ýazdy-da, Dadli üçin ýatmaga ýer taýýarlap berdi. Wernon daýy bilen Petunýa daýza beýleki otagdaky krowata geçdiler. Harri bolsa oňaýlyrak ýer tapynyp, şol ýerde gyşaryp, örän ýuka, diýseň könelişip giden mata böleginiň aşagynda düýrülip ýatmaly boldy.

Gitdigiçe beterleşýän gaýdan ýaňa, Harriniň gözüne uky gelmedi. Açlyga, sowuga çydaman ýatyşyna, ol beýlesine agdarypdy. Dadliniň horruldysy ýarygije başlanan gök gümmürdisiniň sesi bilen goşulyşyp gitdi, Dadliniň ýatan diwanynyň bir gyrasyndan agan eliniň semiz goşaryndaky sagadyna gözi düşen Harri öz on bir ýaşynyň dolmagyna on minutyň galandygyny gördi. Harri her bir jykgyldysynda doglan gününi ýakynlaşdyrýan sagada gözüni dikip ýatyşyna, ertir özüniň doglan günüdiginiň Darslileriň ýadyna düşjekdigi ýa-da düşmejekdigi, özüne hat ýazýan adamyň şu wagt nirededigi hakdaky oýlanmalara berildi.

On bir ýaşynyň dolmagyna eýýäm bäş minut galypdy. Edil şol wagt Harri daşarda bir zadyň şatyrdandygyny eşitdi. Ol bükülip ýatyşyna, üstlerinden üçegiň gaýdaýmagyndan gorkdy. Ýöne şeýle bolaýanda, ol biraz ýylynyb-a bilerdi. Doglan gününe dört minut galanda, «Öýe dolanyp baranymyzda, belki, öýüň içi hatlardan doly bolar hem maňa olardan birini gizlinlikde almak başardar» diýip pikirlendi.

On bir ýaşynyň dolmagyna bary-ýogy üç minut galdy.

Harri: «Tolkunlar gaýanyň ýüzüne urunýarmyka?» diýip diňşirgendi. Doglan gününe iki minut galanda ol: «Bu gülkünç şatyrdy nämäniň sesikä? Deňze daş bölekleri togarlanyp gaýdýan bolaýmasyn?!» diýip oýlandy.

Onuň doglan gününe bary-ýogy bir minut galdy, otuz sekunt, ýigrimi dokuz sekunt. Belki, ol biraz ýaňkalaşmak üçin Dadlini oýarar. Üç sekunt galdy, iki, bir.

Gümp!

Duýdansyz gümpüldä külbe sarsyp gitdi. Tarsa ýerinden turan Harri gapa aňkarylyp seretdi. Şol pursat daşarda kimdir biri içerik girmäge rugsat sorap gapyny kakypdy.

## 4-nji bap: AÇARLARYŇ GÖZEGÇISI

Gümp!

Gapy ýene kakyldy. Goha oýanyp, entek ukudan açylyp ýetişmedik Dadli alasarmyk ýagdaýda: «Hany meniň topum?» diýip samrady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gapy ýene bat bilen kakyldy. Ylgap otaga giren Wernon daýynyň elindäki sapançasyny görüp, onuň hälki torbasynyň içindäki zadyň nämedigine diňe indi düşündiler.

Ol gele-gelmäne:

— Kimsiň? Kimem bolsaň duýduryan, meň elimde ýaragym bardyr! — diýip gygyrdy.

Onuň bu sözleri aýdanyna mähetdel düňküldi birbada galan ýaly bolsa-da, birden işik bat bilen depildi-de, gapy petlesinden sypyp, ala-şakyrdy bolup, aşak gaýtdy.

Işikde dünýäde iň äpet adam peýda boldy. Onuň ýüzüni tutuş diýen ýaly hüžžerip duran uzyn sakgal tutup durdy. Muňa garamazdan, onuň tüýlek ýüzünde ýylpyldap duran gözlerini saýgarsa boljakdy.

Äpet adam iki eplenip, içerik giren badyna ýerde ýatan gapyny galdyrdy-da, ony öňki ýerine oturtdy. Bu wagta çenli gomuň sesem biraz ýatyşypdy. Gapyny ýerine goýansoň, külbäniň içindäkilere göz aýlan Äpet:

— Men uzak ýoldan ýadap geldim. Maňa bir käse çaý hödürläp bilermisiňiz? — diýip, gorkudan ýaňa doňan Dadliniň oturan diwanyna ýakynlaşdy.

Soňra:

— Tur ýeriňden, çişik — diýip, oňa azgyryldy.

Dadli süýşenekläp, Wernon daýynyň ýeňsesinde gizlenen ejesine tarap okduryldy.

— O-ho, Harri! — diýen Äpediň rehimsiz, gaharly ýüzüne garan Harri onuň gözleriniň begençden ýaňa uçganaklap durandygyny gördi.

— Seni soňky gezek göremde kiçijik çagajykdyň. Hawa, ýüz keşbiň kakaňka meňzese-de, gözleriň edil ejeňki ýaly.

Ol bu sözleri aýdyp-aýtmanka, Wernon daýy:

— Şu ýerden häziriň özünde gitmegiňizi talap edýän. Kim size gapyny döwmäge, içerik girmäge rugsat berdi?! — diýip, gytyljak ses bilen gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gapylsana, Darsli — diýip, Äpet oturan ýerinden uzanyp, Wernon daýynyň sapançasyny elinden kakyp aldy-da, ony oýnawaç ýaly ikä bölüp, bir burça zyňyp goýberdi.

Wernon daýy depesinden basylan syçan ýaly geň ses çykardy.

Darslilere arkasyny öwren Äpet:

— Hawa, Harri, doglan günüň gutly bolsun! Men saňa tortjagaz getirdim. Bilmän üstünde oturdymam welin, onda-da diýseň tagamlydyr — diýip, eginbaşynyň içki jübüsinden biraz ýemşeren tort gutusyny çykardy. Titreýän elleri bilen gutynyň agzyny açan Harri onuň içindäki «Doglan günüň gutly bolsun, Harri» diýen ýazgyly, şokoladly torty gördi.

«Sag boluň!» diýmek üçin kellesini galdyrandygyna garamazdan:

— Siz kim bolarsyňyz? — diýen sözleriň nädip agzyndan çykandygyny duýman galdy.

— Ýogsa-da, men saňa kimdigimi aýtmandyrynam. Men Hogwartsyň hem-de onuň açarlarynyň gözegçisi — diýip, ol mähnet eli bilen Harriniň çepiksije elini gysdy.

— Meň çaýly meseläm nähili boldy? Gapdalyndan çaý bolmasa, tortuň tagamy bolmaz — diýen Äpediň nazary içinde mürşeren çipsi gaplaryndan başga ýekeje-de odun bolmadyk buhar pejinde saklandy. Soň ol gaharly hüňňürdedi-de, buhary pejine ýakynlaşdy. Onuň näme edendigini görüb-ä bilmediler welin, birden buhary pejiň içinde alawlap ot ýanyp başlady. Pejiň ýylysy otagyň içine-de, Harriniň tutuş süňňüne-de ýaýrap gitdi. Ol özüni edil ýylyja suwa çümüp çykan ýaly duýdy.

Agramyna zordan çydaýan diwanyň üstünde gaýtadan oturan Äpet geýiminiň jübüsinden her dürli zatlary: mis gazanjygy, bir topbak myssaryp giden büzmeçleri, kebap çişlerini, çäýnekdir gyrasy ýemşeren birnäçe kürüşgäni, sary reňkli suwuklyk guýlan bir çüýşäni çykardy-da, onuň bokurdagyny özüniň giň agzyna sokup, çaý goýmazdan ozal bir gezek owurtlady. Tiz wagtdan gyzaryp ugran büzmeçleriň jazlaýan sesi hem ýakymly ysy külbäniň içine ýaýrap gitdi. Onuň nahar bilen güýmenip duran wagty oturanlaryň hiç haýsysyndan ses çykmady. Diňe çişlere düzlüp bişirilen büzmeçleri aýryşdyran mahaly, Dadli ýuwdunyp ýerinden gozgandy.

Wernon daýy:

— Onuň elinden ýekeje zadam alaýmagyn, Dadli - diýip çasly gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Äpet:

— Alada etme, Darsli! Ogluňy mundan artyk semredip bolmaz — diýip güldide, büzmeçleri Harrä uzatdy. Gaty ajygan Harri häzir ömründe beýle tagamly nahar iýip görmedik ýalydy.

Ýöne ol entegem Äpetden gözüni aýryp bilenokdy. Ahyry özüne hiç zat düşündirilmejegine göz ýetiren Harri:

— Bagyşlaň, siz kim bolarsyňyz? — diýip, Äpede ýüzlendi.

Ol çaýdan owurtlap, eliniň tersi bilen agzyny  süpürdi-de:

— Hemmeleriň atlandyryşy ýaly, maňa Hagrid diýip ýüzlenip bilersiň. Onsoňam, hälki aýdyşym ýaly, men Hogwartsyň açarlarynyň gözegçisi. Hogwarts hakda-da sen ähli zatlary bilýänsiň.

— Ýok, men-ä hiç zat bilemok.

Hagridiň özüne gözlerini petredip seredendigini gören Harri oňa:

— Bagyşlaň! — diýdi.

— Näme? Men seni bagyşlamalymy? — diýen Hagrid gorkudan ýaňa ýere giräýjek-giräýjek bolýan Darslilere gaharly seretdi.

— Bu ýerde bagyşlanmaly adamlar sen däl, olar. Men seniň iberilýän hatlary almaýandygyňdan habarly bolsam-da, Hogwarts hakda hiç zat bilmeýänsiň öýtmeýärdim. Sen hiç haçan ejeň bilen kakaň onça zatlary nireden öwrenendigi hakda pikirlenmediňmi?

Harri:

— Nähili zatlary? — diýip sorady.

— Nähili zatlary diýýäňmi? Sen biraz garaş hany — diýen Hagridiň gahary ýetjek derejesine ýetdi. Ol külbäni ýumurarly görünýän äpet göwresini silkip, hut häzir başarsalar diwaryň içine siňip gitmäge taýýar bolan Darslilere seretdi-de:

— Siz «Bu oglanjyk hiç zat bilenok» diýjek bolýaňyzmy?! — diýip azgyryldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onuň bu sözlerine Harri öz ýanyndan «Bu öte geçmek bolýar» diýip pikirlendi. Her zat-da bolsa, ol mekdepde okady ahyryn. Onuň bahalaram erbet däldi.

— Meniňem käbir bilýän zatlarym bar, matematikadanam, beýleki derslerdenem başym çykýar.

Hagrid jogap bermegiň deregine oňa tarap elini salgady-da:

— Seň biziň dünýämiz hakda, seniň, meniň we öz eneň-ataň dünýäsi hakda bilýän zadyň barmy?! — diýip sorady.

— O nähili dünýä?

Hagrid gahardan ýaňa ýarylarly göründi.

— Darsli!

Ýüzi duw-ak bolan Wernon daýy bir zatlar samrady.

Hagrid:

— Ýöne sen öz eneň-ataň hakda, olaryň tanymal adamlar bolandygy hakda hökman biläýmeli ahyryn — diýip, Harriniň ýüzüne çiňňerildi.

— Näme? Ýöne, meň enem-atam tanymal adamlar däldi ahyryn?

— Diýmek, sen hiç zat bileňok-da? — diýip, ol Harrä geň galyp seredip durşuna, barmaklary bilen saçyny daraklady. — Sen öz kimdigiňden beri habaryň barmy?

— Bes et indi! Sen oglana mundan başga hiç zat aýtmarsyň — diýip, birden dil açan Wernon daýy gygyrdy.

Şol wagt Wernon daýynyň ýerinde başga bir towşanýüregräk adam bolanda, Hagridiň gazaply bakyşlaryndan ýaňa dilini ýuwudardy.

— Sen hiç zat aýtmansyň, hatda Dambldoryň onuň üçin goýup giden haty barada-da dil ýarmansyň. Darsli, men Dambldoryň hat goýup gidendigini öz gözüm bilen gördüm ahyryn. Sen bolsa şunça ýylyň dowamynda ondan ähli zady gizläp saklapsyň — diýende, onuň sesi gahardan ýaňa sandyrap gitdi.

— Ol menden nämäni gizläpdir? — diýip, Harri bilesigelijilik bilen sorady.

Şol pursat Wernon daýy:

— Ýok, hiç zat gürleme. Men saňa geplemegi gadagan edýän — diýip, howsala düşen bolsa, Petunýa daýza gorkudan ýaňa içini çekdi.

— Sesiňiz çykmasyn! — diýip, Hagrid olara tarap elini galgadyp goýberdi. Soň Harrä seredip:

— Sen jadygöý — diýdi.

Külbäniň içine ümsümlik aralaşdy. Häzir diňe tolkun atýan deňiz bilen ýeliň sykylygy eşidilýärdi.

Harri:

— Näme? — diýip, gözlerini petretdi.

— Hakykatdanam, sen jadygöý — diýip, Hagrid ýene-de agramyna zordan çydaýan diwanyň üstünde oturdy. — Özi hem gaty güýçli jadygöý. Öň eneň-atańam saňa jadygöýligi biraz öwredipdi. Onsoňam, seňki ýaly enesi-atasy bolan adam jadygöý bolman, başga kim bolsun diýsene?! Me, al, indi hatyňam okaýsaň boljak.

Harri ahyry ýüzüne «Jenap Harri Potter, Pol, Gaýanyň ýüzündäki külbe, Deňiz» diýlip ýazylan sarymtyk bukjany eline aldy. Bukjadan haty çykardy-da, okamaga durdy:

«HOGWARTS ADYNDAKY JADYGÖÝLIK WE GÖZBAGÇYLYK MEKDEBI

Müdir: ALBUS DAMBLDOR.

(Merlin ordenli, birinji we ýokary derejeli, öňdebaryjy jadygöý, Uly Magistr, Jadygöýleriň konfederasiýasy) Gadyrly jenap Potter!

Biz siziň Hogwarts adyndaky jadygöýlik we gözbagçylyk mekdebine kabul edilendigiňizi habar berýäris. Hatyň ýany bilen gerek bolan kitaplaryň hem okuw esbaplarynyň sanawyny iberýäris.

Okuw l-nji sentýabrda baslanýar. Sizden iň soňky senä, ýagny 3-nji iýula çenli baýguşy ibermegiňizi haýyş edýäris. Hormat bilen,

Minerwa Makgonagal, müdiriň orunbasary».

Kellesinde dörän sansyz soraglaryň haýsysyndan başlajagyny bilmedik Harri: — «Baýguşy ibermegiňizi haýyş edýäris» diýilmegi nämäni aňladýar? — diýip sorady.

— Ýatladanyň gowy bolaýdy — diýip, Hagrid daýaw aty hem agdaryp biljek güýç bilen maňlaýyna kakdy-da, eginbaşynyň içki jübüsinden diri, hakyky, özem biraz tagaşyksyz görünýän baýguşy hem-de kiçiräjik kagyz bölegini çykardy. Ol dilini dişläp, kagyz böleginiň ýüzüne bir zatlar ýazyp başlady. Harrä onuň ýazan ýazgysyny ýokardan aşaklygyna okamak başartdy.

«Gadyrly professor Dambldor ,

Harrä hat gowşuryldy. Ertir ony gerek zatlaryny satyn almaga äkitjek. Howa gaty ýaramaz. Siziň ýagdaýlaryňyz gowudyr diýip umyt edýän.

Hagrid».

Elindäki kagyz bölegini birnäçe gat edip eplän Hagrid baýguşyň ýanyna golaýlaşdy-da, haty çokjasyna gysdyryp, ony gomlaryň içine oklap goýberdi, Soňra ol göýä telefonda gürleşip gelen ýaly, öňki ýerine geçip oturdy. Onuň bu hereketlerine haýran galmakdan ýaňa Harri agzyny açyp otyrdy.

— Hawa, onsoň men nämäniň gürrüňini edýärdim? — diýip, Hagridiň hälki gürrüňiniň yzyny dowam etdirjek bolanam şoldy welin, henizem gahardan ýaňa ýüzi çym-gyzyl bolup duran Wernon daýy olara ýakynlaşdy-da:

— Ol hiç ýere gitmez — diýdi.

— Seniň ýaly magl ony saklap biler öýdýäňmi?

— Magl diýdigiň näme bolýar? — diýen Harri gyzyklanyp sorady.

— Adaty adamlary biz magl diýip atlandyrýas. Gynansak-da, sen magl adyna iň bir mynasyp adamlaryň arasynda ulalmaly bolduň.

— Biz Harrini öýümize salanymyzda ondaky bidereklikleriň ählisini ýok etmek hakda özümize söz beripdik. Şol sözümizde tapyljakdygymyza şek-şübhäň bolmasyn. Oň jadygöý bolaýşyny?! — diýip, Wernon daýy janyýangynly gepledi.

Daýysynyň sözlerine geň galan Harri:

— Diýmek, siz meniň jadygöýdigimi bilýän ekeniňiz-dä? — diýip soran badyna:

— Elbetde, bilýärdik — diýip, gaharly geplän Petunýa daýza gürrüňe goşuldy. — Sen öz ejeňe meňzemän, başga kime meňzejek diýsene?! Meň gadyrdan uýajygymam edil seňki ýaly okuwa çakylyk hatyny alyp, şol mekdebe gidipdi. Ol öýe diňe dynç alyş günlerinde eli dürli-dümen oýunjakly dolanyp gelerdi, kürüşgeleri syçana öwrerdi. Maşgalamyzda diňe men onuň aldawçydygyny bilýärdim. Ýöne ejem bilen kakam üçin ol Lili jandy. «Lili eýle, Lili beýle» diýşip, ahyrsoňy öz maşgalalarynda-da jadygöýiň peýda bolandygyna guwanardylar...

Birden geplemesini goýup, uludan demini alan Petunýa daýza häzir göýä köpden bäri gizlin saklap, aýdyp bilmedik zatlaryny aýdyp, içini sowadan ýaly görünýärdi.

Soňra ol:

— Uýajygym mekdepde Pottere duşdy-da, oňa durmuşa çykyp, başga bir şähere göçüp gitdi. Onsoň sen peýda bolduň. Men seňem edil ejeň ýaly, geň, kemakyl boljagyňy bilýärdim. Soňra uýajygym kimdir biri tarapyndan öldürildi-de, seni biziň başymyza taşlap gitdi — diýdi.

Daýzasynyň aýdanlaryna ýüzi agaryp, dili tutulan Harri özünde gürlemäge güýç tapansoň:

— Öldürildi? Hany, siz maňa ejemiň ulag heläkçiliginde wepat bolandygyny aýdypdyňyz-a?! — diýdi.

— Ulag heläkçiligindemi? — diýip, Hagrid tarsa ýerinden galdy welin, Darsliler gorkularyna burça dykylyşdylar. — Heý-de, Lili bilen Jeýms Potterleriň ölümine adaty ulag heläkçiligi sebäp bolup bilermi? Bu bolup bilmejek zat ahyryn. Ýer ýüzüniň ähli çagalary ony tanaýarkalar, näme üçin Harri Potter özüniň kimdigini bilenok?!

Bilesigelijiligi ýetjek derejesine ýeten Harri:

— Hä, näme boldy? Näme üçin siz beýle diýýäňiz? — diýip, janygyp sorady.

Gahary ýatyşansoň, Hagrid gussaly gepledi:

— Men beýle zatlara garaşmandym. Dambldor bärik gaýtmazymdan ozal, seni tapanymda käbir kynçylyklaryň ýüze çykaýmagynyň mümkindigini aýdypdy. Ýöne men beýle kyn ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolaryn öýtmändim. Saňa ähli hakykaty menden eşitmek dogrumy ýa dälmi, biljek däl, ýöne sen hiç zatdan habarsyz halyňa Hogwartsa gidip bilmersiň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soňra Darslilere gahar bilen sereden Hagrid:

— Men saňa hemme zad-a aýdyp biljek däl welin, esasy bilmeli zatlaryňy aýdyp bereýin — diýdi-de, diwanyň üstünde ornaşyp, ýanyp duran oda birsellem seredip oturanyndan soň, sözüni dowam etdi:

— Bu waka bir adamdan başlanypdy. Onuň kimdigini welin, senden başga ähli kişi bilýärmikä diýýän. Onuň ady...

— Kim ol?

— Men-ä başarsam, onuň adyny tutmajak bolýan. Aslynda, hiç kimem onuň adyny tutanok.

— Näme üçin?

— Sebäbi adamlar häzir hem ondan gorkup ýaşaýarlar. Wah, saňa nädip düşündirsemkäm? Öň erbetlikde ýakasyny tanadan bir jadygöý bardy. Ol şeýle bir erbet işler edýärdi welin, göz öňüne-de getirer ýaly däl. Onuň adyna bolsa... — diýip, Hagrid ýuwdundy, ýöne soň ýeke söz hem aýdyp bilmedi Onuň kösenip durşuny gören Harri:

— Belki, sen onuň adyny maňa ýazyp berersiň?! — diýip teklip etdi. — Wah, men onuň adynyň ýazylyşynam bilemok-da. Ýeri bolýar-da, Waldemort — diýip, onuň adyny aýdanda Hagrid sandyrap gitdi, — Onuň adyny maňa indi bir aýtdyrmaweri. Şol jadygöý ýigrimi ýyl mundan ozal öz tarapdarlaryny gözläp başlady. Özi-de işi oňuna boldy. Käbir jadygöýler gorkularyna, käbirleri bolsa onuň gün-günden möwjeýän güýjüniň bir bölegine eýe bolmak isläp, yzyna eýerdiler. Başymyza gara günler inipdi, Harri. Kime ynanyp, kim bilen dostlaşjagyňy biler ýaly däldi. Töwerekde göz öňüne getirip bolmajak erbetlikler bolup geçýärdi. Onuň tarapdarlary bolsa gitdigiçe köpelýärdi. Özüne garşy gidýänleriň ählisini gynap öldürensoň, jadygöýler gorkularyna onuň yzyna eýererdiler. Ýeke-täk howpsuz ýer — Hogwartsdy. Ol Dambldordan çekinensoň, mekdebe aralaşmaga milt edip bilmändi. Seň ejeň bilen kakaň meniň tanaýan jadygöýlerimiň içinde iň güýçlüleridi. Ikisem öz döwründe mekdebiň iň ökde okuwçylary bolupdy. Geň ýeri hem, Ady tutulmaýanyň eneň-ataňy has öňräkden öz tarapyna çekmäge synanyşmanlygyndady. Belki olaryň Dambldora has ýakyndygyny hem hiç haçan gara güýçleri kabul etmejekdigini bilendir.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne soň ol öňki pikirini üýtgedip, eneňi-ataňy öz tarapyna geçmäge göwnedip bilerin öýtdümi ýa olary aradan aýyrmak isledimi, belli däl. Garaz, bir bilýän zadymyz, onuň on ýyl mundan ozal maşgalaňyzyň ýaşan ýerine, Hellouwin obasyna barandygy. Sen ol wagtlar ýaňy bir ýaşlyja çagajykdyň. Ol siziň öýüňize geldi-de...

Hagridiň bokurdagy doldy. Ol jübüsinden kirden ýaňa gatap giden elýaglygyny çykardy-da, burnuny süpürdi.

— Bagyşla ! Bolup geçen wakalary ýatlamak maňa gaty agyr degýär. Seň eneň-ataň şeýle mylakatly, gowy adamlardy. Gynansak-da, Ady tutulmaýan olaryň ikisini hem öldürdi. Soňam, belki, yz-sor goýmagy halamaýandygy ýa adam öldürmegi gowy görýändigi üçindir, biljek däl, ol senem öldüijek boldy. Ýöne, başarmady. Sen öň haçanam bolsa bir wagt öz maňlaýyňdaky ýara yzynyň nähili peýda bolandygy hakda oýlanypmydyň?! Ol ýöne-möne ýara yzy däl, ol seň eneňataňy öldüren ýaramaz güýjüň saňa-da galtaşandygynyň alamaty. Şol ýaramaz güýjüň özüňe täsir edip bilmändigi sebäplem sen tanymal, Harri. Sebäbi ol kimdir birini öldürmegi ýüregine düwdümi, şol adama onuň gazabyndan aman sypmak ýokdy. Ol Makkinonlar, Bounsler, Prewetler ýaly, öz döwrüniň iň saýlama jadygöýlerini öldüripdi. Ýöne sen kiçijik çaga halyňa diri galmagy başardyň.

Ol gürrüňini soňlan badyna Harriniň göwnüne bolmasa, gözüniň öňünde birden gök ýagtylyk lowurdap giden ýaly boldy, birdenem ömründe ilkinji gezek sowuk, iniňi jümşüldiji gülki sesi gulagyna eşidilen ýaly boldy.

Oňa gussaly seredip duran Hagrid:

— Dambldoryň tabşyrygy bilen, seni ýykan-ýumran bolan öýüňizden alyp gaýdan meň özüm. Soňam seni şularyň arasyna...

— Samsyk gürrüňler — diýip, Wernon daýy gygyrdy.

Darslileri düýbünden unudan Harri daýysynyň sesine tisginip gitdi. Wernon daýynyň batyrlygy gaýdyp gelen bolarly, ol ýumruklaryny berk düwüp, Harriniň ýüzüne çiňňerildi:

— Oglanjyk, meni gowuja diňle. Sende düşündirip bolmajak bir täsinligiň bardygyna çyndan ynanýan. Ýöne oňatja şarpyk seni bu keseliňden bahym açar. Eneň-ataň barada aýdanymda bolsa, olaram meň öň gören iň bir geň adamlarymdy. Durmuşda olar ýaly adamlar az bolsa, gowy bolardy. Olar jadygöýler bilen iş salşyp,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
öz başlaryna bela satyn aldylar. Men hemişe-de bu zatlaryň gowulyga eltmejegini bilýärdim.

Şol pursat diwandan tarsa galan Hagrid eginbaşyndan melewşe saýawanyny çykardy-da, ony Wernon daýa gezäp, kasam edýän ýaly:

— Duýduryan, Darsli. Eger ýene ýekeje artykmaç söz aýdaýsaň... — diýip herreldi.

Äpediň özüni saýawan bilen saýgylaýmagyndan gorkup, batyrlygy ýene gürüm-jürüm bolan Wernon daýy sesini çykarman, öňki ýerine geçip oturdy.

— Buýa bolaýdy — diýip, uludan demini alan Hagrid diwanda oturdy. Ýöne bu gezek onuň agramyna çydamadyk köne diwanyň aýaklary döwüldi-de, ýere çökdi.

Kellesinde müňlerçe sowal dörän Harri:

— Soň Wol...bagyşlaň, Ady tutulmaýana näme boldy?

— Gaty gowy sowal, Harri. Ol gaýyp boldy. Onuň seni öldürmäge synanyşan güni ýitirim bolmagy seni hasam tanymal etdi. Güýjüniň möwç alan mahaly gaýyp bolmagy diýseň geň zat. Käbirleri onuň wepat bolandygyny aýdýarlar. Ýöne men-ä muňa ynanamok. Adamkärçilikden nam-nyşan galmadyk kişi nähili ölsün diýsene?! Käbirleri bolsa, onuň bir ýerlerde gizlenip, öz wagtyny peýläp ýatandygyny aýdýarlar. Ýöne men muňa-da ynanamok. Onuň yzyna eýerenleriň köpüsi ýene biziň tarapymyza geçdi, käbirlerem ukudan açylan ýaly boldy. Ady tutulmaýan yzyna dolanyp geläýse, olara nämeleriň boljakdygyny göz öňüne-de getirip bilemok.
Biziňkileriň köpüsi onuň häzirem biziň dünýämizdedigini, ýöne güýjüniň göreşerden gowşakdygyny aýdýarlar. Onuň ýok bolmagy, Harri, diňe seň bilen bagly. Şol gije onuň garaşmadyk bir zady-ha bolup geçdi. Ýöne näme bolandygyny biljek däl. Muny hiç kimem bilenok. Ýöne sendäki bir güýç onuň ýoguna ýandy.

Sözüni soňlan Hagrid Harrä gussaly seretdi. Ýöne Harri özüne buýsanmagyň, guwanmagyň deregine, bu ýerde bir ýalňyşlyk bolaýmasyn diýip pikirlendi. Ondanam bir jadygöý bolarmy?! Bu nähili beýle bolýar?! Ol tutuş ömrüni Dadliniň ýumrugyna çydap, Petunýa daýzasynyň hem Wernon daýynyň kemsitmelerini çekip ýaşady ahbetin. Ol jadygöý bolsa, her gezek geýim saklanýan ammarça salyp, daşyndan gulplaýan daýysy bilen daýzasyny gurbaga öwrüp bilerdi ahbetin. Eger ol öň zalym jadygöýleriň birini ýok etmegi başaran bolsa, näme üçin Dadli ondan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

güýçli gaýtawul görmän özüni mydama pökgi ýaly depip ýör.

Ol:

— Hagrid, siz ýalňyşýan bolaýmaň? Mendenem jadygöý bolarmy?! — diýdi.

— Sen jadygöý dälmi? Gaharly ýa gussaly wagtyň geň ýa täsin zatlar bolup geçmedimi näme? — diýip, Hagrid ýylgyrdy.

Göreçlerini ýanyp duran oda diken Harri oýa batdy. Daýzasy bilen daýysynyň gaharyny getiren geň ahwallaryň, ýagny Dadliniň toparynyň özüni kowalan mahaly üçegiň üstünde peýda bolmagy, saçy gyrkylan halda okuwa nähili gitjekdigi hakda alada edip otyrka, saçynyň düýbünden gyrkylmadyk ýaly ösmegi, iň soňky gezek bolsa, Dadliniň kakyp geçen wagty özi bilmezden aryny almagy, ählisi, hakykatdanam, gaharly ýa gussaly wagty bolupdy.

Şeýle pikirleri kellesinde aýlan Harri Hagride ýylgyryp seredende, onuňam özüne bakyp, ýylgyryp durandygyny gördi.

— Gördüň dälmi?! Harri Potter jadygöý bolman, başga kim jadygöý bolsun?! Sen Hogwartsda-da meşhur jadygöýleriň biri bolarsyň.

Ýöne söweşsiz boýun bolmak islemedik Wernon daýy:

— Ol Stounwol Haý mekdebinden başga hiç ýere-de gitmez. Özem munuň üçin maňa minnetdar bolar. Olaryň bir topar biderek kitaplaryň hem taýajyklaryň haýsylarynyň gerekdigini ýazyp iberen hatlaryny menem okadym — diýip gygyrdy.

— Eger Harri gitmek islese, seniň ýaly magl onuň öňüne böwet bolup bilmez. Görüň-le muny, ol Lili we Jeýms Potterleriň ogluny goýberjek dälmişin. Seň aklyň bir ýerindemi?! Ony eýýäm doglan gününden başlap, bütin dünýä tanady. Ol dünýäniň iň saýlama jadygöýlik mekdebinde ýedi ýyl okansoň, düýbünden başga adam bolup bu ýere dolanyp geler. Onsoňam, Harri özi ýaly oglan-gyzlaryň arasynda okap, mekdebiň müdiri, baştutan jadygöýleriň biri Albus Dambldoryň...

— Men jadygöýligi öwredýän haýsydyr bir aklyndan azaşan goja pul tölemerin — diýip, bar sesi bilen gygyran Wernon daýy bu gezek öte geçipdi.

Eline saýawanyny alyp, ony Wernon daýynyň kellesine gönükdiren Hagrid:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hiç haçan, hiç wagt meň ýanymda Albus Dambldory kemsitjek bolaýmagyn — diýdi-de, saýawanyny howada eýläk-beýläk galgatdy. Şol pursat Dadli saýawandan çykan melewşe ýagtylyk sebäpli dörän agyrysyna çydaman, dyza çöküp, otagyň içinde eýläk-beýläk emedekläp başlady. Oňa tarap öwrülip sereden Harri onuň balagynyň ýyrtygyndan doňuz guýrugynyň çykyp durandygyny gördi.

Gaharly gygyryp, Petunýa daýzasy bilen Dadlini beýleki otaga çekeleýän Wernon daýy olara iň soňky gezek ýigrençden doly gözleri bilen bakdyda, gapyny bat bilen ýapdy.

Hagrid sakgalyny sypalap, saýawanyna seretdi.

— Gaharymy getirseler şeýle bolaýýar-da. Ony doňza öwürmekçidim welin, edil isleýşim ýaly bolmady. Barybir, onuň doňuzdan tapawudam ýok. Diňe guýruk ýetenokdy.

Soňra ol Harrä köpmanyly seretdi-de:

— Ýaňky wakany Hogwartsa baraňda, hiç kime aýtmasaň gaty minnetdar bolardym. Aslynda maňa jadygöýlik bilen meşgullanmak gadagan edildi. Seni yzarlap, haty gowşuryp bilerim ýaly azajyk jadygöýlik etmäge rugsat berenleri üçin, men bu işi boýun aldym.

— Näme üçin saňa jadygöýlik bilen meşgullanmak gadagan?

— Menem öň Hogwartsda okaýardym. Ýöne okuwymyň üçünji ýylynda okuwdan çykaryldym. Olar meniň taýajygymy ikä böldüler. Ýöne Dambldor meni aw guşlaryna gözegçi hökmünde Hogwartsda alyp galdy. Ol gaty gowy adam.

— Näme üçin seni okuwdan çykardylar?

Hagrid onuň bu sowalyna jogap bermegiň deregine batly gürläp:

— Wagtam indi gaty giç. Ertir ikimiziň etmeli işlerimizem köpdür. Şähere gidip, saňa zerur kitaplary, beýleki gerek-ýarak zatlary satyn almaly— diýdi.

Soň eginbaşyny çykardy-da:

— Muny aşagyňa ýazyp bilersiň. Ýöne birden jüýgüldäp başlaýsa, gorkmagyn — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## 5-nji bap: GYÝARAK AÝLANYP GIDÝÄN KÖÇEJIK

Harri ertesi irden oýananda Günüň eýýäm asmana galanyny bilse-de, wagty bilen gözüni açasy gelmedi.

— Men düýş görendirin. Hagrid atly äpediň gelip, özümiň jadygöýler mekdebine kabul edilenimi aýtmagy — bularyň ählisi düýşümdir. Häzir gözümi açsam özümiň öýde, geýim saklanýan ammarçamdadygyma göz ýetirerin — diýip, ol öz ýanyndan gaýtalady durdy.

Birden bat bilen kakylýan tyrkyldy eşidildi,

«Petunýa daýzam ýene-de gapyny kakýar-ow» diýip oýlanan Harriň ýüregine iňňe sanjylan ýaly boldy. Ýöne ol şonda-da gözüni açmady. Sebäbi hälki düýş şeýle bir ajaýypdy.

«Tyrk, tyrk, tyrk».

— Bolýar, turýan — diýip, hüňürdäp Harri kellesini galdyrdy.

Şol pursat Hagridiň üstüne ýapan agyr eginbaşy agyp gitdi. Daşarda Gün ýagty saçyp durdy. Düýnki tupandan nam-nyşan galmandy. Ol Hagridiň aýagy döwlen diwanyň üstünde uklap ýatanyny, agzy gazetli baýguşyň içerik girmek üçin çokçasy bilen penjiräniň aýnasyny tyrkyldadyp duranyny görende begenjinden ýaňa uçaýjak boldy. Harri ýeňillik bilen ýerinden galyp, penjiräniň golaýyna bardy-da, ony açdy. Pasyrdap içerik giren baýguş çokjasyndaky gazeti gyşaryp ýatan Hagridiň kellesine taşlap goýberdi. Ýöne Hagrid gymyldaýynam diýmedi. Baýguş ýere gonan badyna näme üçindir, Hagridiň eginbaşyna topuldy.

— Beýtme! — diýip, Harri ony kowjak boldy. Ýöne ol şonda-da çokjasy bilen eginbaşy çekelemesini dowam etdi.

Ahyry näme etjegini bilmedik Harri:

— Hagrid, baýguş geldi — diýip, ony oýarmaly boldy.

— Onuň hakyny ber — diýip, Hagrid ýatan ýerinden buýurdy.

— Näme?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gazet getireni üçin hakynyň tölenmegini isleýär. Eginbaşymyň jübülerine seredişdir.

Hagridiň eginbaşy matadan däl-de, bölek-bölek jübülerden tikilen ýalydy. Olary dörüp durşuna, Harri bir düzüm açar, uzyn ýüp, birnäçe demir topjagaz, narpyzly kemput, kagyza dolanan çaý... ahyrsoňam bir gysym geň şekilli şaýlyklary çykardy.

— Oňa bäş sany knut ber! — diýip, Hagrid oýaly-ukuly gepledi.

— Knutmy?

— Kiçijik mis şaýlyklardan ber!

Harri mis şaýlyklaryň bäş sanysyny sanap aldy-da, baýguşyň uzadan aýagyna daňylgy haltajyga saldy. Hakyny alansoň, ol açyk penjireden çykyp, uçup gitdi .

Agzyny giňden açyp pallan Hagrid ýerinden galdy.

— Harri, biz bahym ýola düşsek gowy bolar. Bu gün etmeli işlerimiz gaty köp. Londona gidip, okuw üçin gerek zatlary satyn almaly.

Elindäki jadyly şaýlyklary synlap duran Harriniň kellesinde dörän pikir onuň ähli keýpiniň üstüne suw sepilen ýaly etdi.

— Hagrid!

Özi ýaly äpet ädiklerini geýip oturyşyna ol:

— Hä, näme? — diýdi.

— Meň pulum ýok ahyryn. Wernon daýymyňam gije näme diýendigini özüň eşitdiň. Ol meň jadygöýligi öwrenmegim üçin pul bermez.

— Sen hiç zady alada etme — diýip, Hagrid kellesini gaşady. — Eneň-ataň seni pulsuz goýup gidendir öýdýäňmi?

— Ýöne olaň öýleri ýumrulan bolsa...

— Olar pullaryny öýde saklamandylar ahyryn, ýigit. Şonuň üçinem jadygöýleriň Gringot banky biziň birinji duralgamyz bolar. Gitmänkäk büzmeçlerden garbak-gurbak edinäý. Olar entegem ýylyjadyr. Maňa-da doglan günüňe getirilen tortdan hödür etseň, garşy bolup durmazdym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Jadygöýleriňem banky barmy?

— Diňe biri bar. Olam goblinler tarapyndan ýöredilýän Gringot banky.

Gulaklaryna ynanyp bilmedik Harri elindäki büzmeji ýere gaçyranyny duýmady.

— Goblinlermi?

— Hawa, goblinler. Ogurlyk dagy edäýjek bolsaň, aklyňdan azaşdygyň. Men saňa bir zat aýdaýyn, Harri. Goblinler bilen hiç haçan iş salyşmagyn! Gymmatly zatlaryňy aýap saklamak üçin iň bir amatly ýer Gringotdyr. Elbetde, Hogwartsdan soň. Aslynda, men, barybir, Gringota barmalydym. Dambldor Hogwarts bilen bagly bir iş tabşyrdy — diýip, Hagrid döşüni gaýşartdy. — Seni, onsoňam Gringotdan käbir zatlary alyp gaýtmak ýaly wajyp işleri elmydama maňa tabşyrýar. Sebäbi ol maňa ynanýar. Hemme zatlaryňy alyşdyrdyň dälmi?! Ýör, onda!

Harri onuň yzyna düşdi. Asmanyň ýüzi açykdy, Günüň şöhlesi deňze düşüp, öwşün atýardy.

Wernon daýynyň düýnki hakyna alan gaýygy öňki ýerinde durdy. Tupan zerarly onuň içi suwdan dolup gidipdir.

— Sen bu ýere näme bilen geldiň? — diýip, Harri ýene bir gaýyk görmek maksady bilen daştöweregine göz aýlady.

— Uçup geldim.

— Uçup?!

— Hawa, uçup. Ýöne biz yzymyza şu gaýykda gideris. Seni tapamsoň, jagygöýlikden peýdalanmak bolanok.

Hagrid we onuň uçuşyny göz öňüne getirmäge çalyşýan Harri gaýyga mündi.

— Bir tarapdan, gaýygy küreklemek meň üçin utanç — diýip, Hagrid oňa köpmanyly garaýyş bilen seretdi. — Eger gaýygyň tizligini biraz artdyrsam, bu hakda Hogwartsdakylaryň hiç birine aýtmarsyň gerek?!

Onuň jadylaýşyny ölemen görmek isleýän Harri:

— Ýok, aýtman — diýip jogap berdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hagrid melewşe saýawanyny çykaryp, iki gezek gaýygyň gyrasyna kakdy. Gaýyk şol bada uly tizlik bilen kenara tarap ýüzüp başlady.

— Gringotda ogurlyk etseň, näme üçin akylyňdan azaşýaň? — diýip, Harri häliden bäri soraýyn diýip duran sowalyny berdi

— Dogalar, jadylar sebäp bolýar. Eşidişime görä, bu bankyň wajyp seýflerini aždarhalar goraýarmyş. Onsoňam Gringot Londonyň aşagynda, metrolardanam ýüzlerçe mil çuňlukda ýerleşýär. Ogurlyk etmek başardaýsa-da, yzyňa ýoluňy tapman açlykdan ölersiň — diýip, Hagrid gazetiň gatlaryny agdaryşdyryp durşuna jogap berdi.

Hagrid «Gündelik öňden görmeler» (Deýli Profet) gazetini okasa, Harri onuň aýdanlary hakda oýa batdy. Ol gazet okaýan adamlaryň özlerine azar berilse halamaýandygyny Wernon daýysyndan eşidipdi. Ýöne şonda-da kellesinde müňlerçe sowal dörän Harrä sessiz oturmak diýseň kyn düşýärdi.

Hagrid:

— Jadygöýlik ministrligi hemişekisi ýaly ähli zady kynlaşdyrýar — diýip, hüňürdedi-de, gazetiň sahypasyny agdardy.

— Jadygöýligiň ministrligem barmy? — diýip, özüne erk edip bilmedik Harri ahyrsoňy sowal berdi.

— Elbetde, bar. Olar başda Dambldoryň ministr bolmagyny isläpdi. Ýöne ol Hogwartsy taşlap gitmäge göwnemedi. Şol sebäplem bu wezipä Kornelius Fadj eýe boldy. Özem barypýatan bisowatdyr. Günde irden Dambldordan maslahat sorap, oňa baýguşdan hat baryny iberýär.

— Jadygöýlik ministrligi näme iş edýär? — Olaryň esasy wezipesi ýurduň aşagynda hem üstünde jadygöýleriň saklanyp galanyny magllardan gizlinlikde saklamakdyr.

— Näme üçin?

— Näme üçin diýýäňmi? Içigaragalmyş Harri? Adamlar biziň bardygymyzy biläýse, ähli meselelerini jadygöýligiň kömegi bilen çözmek islär. Şonuň üçinem jadygöýler hakda hiç kim hiç zat bilmese gowy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şol pursat gaýyk kenara gelip ýetdi. Hagrid gazetini eplänsoň, olar daşdan ýasalan köçä aýak basdy.

Şäherçäniň içi bilen demir ýol menziline barýarkalar, ötegçiler Hagride aňkarylyşyp seredişýärdi. Ýöne Harri olary günäläbem biljek däldi. Sebäbi ol adaty adamlardan diňe birki esse uzyn bolman, adaty zatlara hem barmagyny çommaldyp, «Gördüňmi, Harri? Şu magllaryň tapmajak zatlary ýog-ow!» diýip, ala-goh edýärdi.

— Hagrid! — diýip, ondan galmajak bolup ylgap diýen ýaly ýöreýän Harri haş-haşlap gepledi.

— Sen «Gringotda aždarhalar bar» diýdiňmi?

— Şeý-ä diýýärler. Wah, meniňem bir aždarham bolsady.

— Seň, dogrudanam, aždarha edinesiň gelýärmi?

— Çagalygymdan bäri şoň arzuwynda. Ynhada, geldik.

Demir ýol menziline gelensoňlar, özüniň atlandyryşy ýaly «magl pullaryna» düşünmeýän Hagrid ýene bäş minutdan Londona ugrajak otla petek satyn alar ýaly olary Harrä uzatdy.

Otlynyň içinde adamlar iki oturgyjy eýeläp, göçme sirkiň çadyryna meňzeş ýiti sary reňkli bir zady örmäge başlan Hagride öňkülerden hem beter aňkarylyşdylar.

— Hatyň ýanyňdamy, Harri? — diýip, Hagrid halkalary sanap durşuna sorady.

Harri jübüsinden bukjany çykardy.

— Gaty gowy. Onuň içinde saňa okuwa gerek bolan zatlaryň sanawy bardyr.

Ol düýnki gije okalman galan ikinji bir haty bukjadan çykardy.

HOGWARTS ADYNDAKY JADYGÖÝLIK WE GÖZBAGÇYLYK MEKDEBI

OKUW EŞIGI:

Birinji ýyl okuwçylaryndan talap edilýär:

1. Üç sany gündelik eşigi (gara ýektaý)

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

2. Bir sany gündelik geýiljek papak (ýokaryk çürelip gidýän gara papak)

3. Bir jübüt ellik (aždarhanyň derisinden ýa-da şoňa meňzeş derilerden tikilen bolmaly)

4. Gyşda geýiljek papakly eginbaş (matasy gara, syrmasy sary)

Geýimleriň ählisinde adyňyzyň ýazylgy bolmagyny haýyş edýäris.

OKUW KITAPLARY:

Okuwçylaryň ählisinde şu kitaplaryň bir nusgasy bolmalydyr:

Adaty gözbagçylyk kitaby (birinji synp), Miranda Goşawk

Jadygöýligiň taryhy, Batilda Bagşot

Jadygöýligiň nazaryýeti, Adalbert Wafling

Başlangyç synplar üçin keşp üýtgetmek boýunça gollanma, Emerik Switç

Müň sany jadyly otlar we kömelekler, Fillida Spora

Jadyly melhemler we däri-dermanlar, Arsenius Žigger

Fantastiki närseler we olary tapmagyň ýollary, Nýuwt Skamandr

Gara güýçler: özüňi goramak boýunça gollanma, Kwentin Trimbl BEÝLEKI

GEREK ESBAPLAR:

1 jadyly taýajyk.

1 gazanjyk (galaýydan ýasalan, ululygy 2 diametr). tejribehanada

ulanylýan aýna we kristal çüýşeler toplumy.

1 teleskop terezi we kiçijik agram ölçeýji

terezi daşlary.

Okuwçylar şeýle hem ýanlary bilen baýguş, pişik ýa gurbaga getirip biler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Birinji ýyl okuwçylarynyň ene-atalaryna sübse satyn almaga rugsat berilmeýänini ýene bir gezek ýatlatmak isleýäris.

Harri gerek zatlaryň sanawyny okap bolansoň:

— Bular ýaly zatlary Londonda satyn alyp bolýarmy, näme? — diýip, geň galyp sorady.

Hagrid:

— Nirä barmalydygyny bilseň, elbetde, satyn alyp bolýar — diýip, jogap berdi.

Harriniň Londona ilkinji gezek gelip görşüdi. Ýöne nirä barmalydygyny bilýän Hagrid hem bu ýerlere adaty usul bilen gelip görmedik ýalydy. Ol metro gireninde petek germewine ilişip galýardy. Ol oturgyçlaryň kiçidigini, otlynyň tizliginiň bolsa gaty haýaldygyny aýdyp, bogazyna sygdygyndan gygyryp arz edýärdi.

Iki gyrasy hatar dükanlardan hem-de eýläk-beýläk haýdaşyp barýan adamlardan ýaňa hyryn-dykyn bolup duran köçä eltýän köne eskalator bilen ýokaryk galyp barýarkalar, Hagrid:

— Bu magllar jadysyz nähili ýaşaýarka? — diýip zeýrendi.

Hagrid şeýle äpetdi welin, adamlary itişdirip, arkaýyn ýöräp barýardy. Harrä diňe onuň yzyna eýermek galýardy. Kitapdyr saz dükanlarynyň, gamburger garbanyşhanalarynyň, kinoteatrlaryň deňinden geçendigine garamazdan, olar ýeke gezek hem jadyly taýajyk satyn alyp boljak dükana gabat gelmedi. Adaty adamlardan doly bolan bu adaty köçäniň ýüzlerçe mil çuňlugynda, hakykatdan hem, jadyly pullar gizlengimikä? Bu ýerde, hakykatdan hem, doga kitaplary, uçýan sübseler satylýarmyka? Belki, bu zatlaryň ählisi Darslileriň bularyň üstünden gülmek üçin guran ullakan oýnudyr. Eger Harri olaryň düýbünden oýna düşünmeýändigini bilmeýän bolsady, onda şeýle pikir etse-de ederdi. Ýöne Hagridiň aýdýan zatlarynyň ählisiniň hakykatdan daş düşýänine garamazdan, häzir oňa tüýs ýürekden ynanasy gelýärdi.

— Ynha, geldik — diýip, Hagrid birden saklandy.

— «Döwük gazan» meýhanasy. Bu diýseň belli ýer.

Onuň görkezen ýerinde çaklaňja, horaşaja meýhana bardy. Eger Hagrid oňa tarap ümlemedik bolsa, onda Harri bu ýerde meýhananyň duranyny asla görmezdi. Haýdaşyp barýan adamlar hem «Döwük gazany» düýbünden görmeýän ýaly, oňa tarap seretmän

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

geçýärdi. Olaryň nazary kitap dükanyndan soň, göni aýdym-saz dükanynda saklanýardy.

Harriniň göwnüne bolmasa, bu ýerini özünden we Hagridden başga hiç kim görmeýän ýalydy. Bu ahwal hakda sorap ýetişmänkä, Hagrid onuň elinden çekip, içerik saldy.

Içiniň garaňkydygyna, tertipsizdigine seretseň, bu meýhana gelimli-gidimli ýere meňzänokdy. Jaýyň bir burçunda birnäçe garry zenan şerri şerabyny içip otyrdy. Olaryň biri çilim çekýärdi. Ullakan papakly kiçijik bir adam bolsa kokos hozuna meňzäp duran içgi paýlaýan kel kelleli dişsiz adam bilen bir zatlar hakda gürleşýärdi. Olaryň işikde peýda bolanyna mähetdel, meýhananyň içindäki goh birden ýatdy. Oturanlaryň ählisi Hagridi tanaýan bolarly, oňa tarap ellerini salgap ýylgyryşdylar. Içgi paýlaýan adam bolsa elini kürüşgä uzadyp:

— Adatdakylar ýalymy, Hagrid? — diýip sorady.

Hagrid:

— Ýok, bolmaz, Tom. Bu gün men Hogwartsyň tabşyran ýörite işi bilen geldim — diýip, tutuş göwresini sarsdyran güýç bilen Harriniň egnine kakyp goýberdi.

— Eý, Hudaý, bu... bu şolmy? — diýip, içgi paýlaýan adam Harriniň ýüzüne çiňerilip seretdi.

Onuň bu sözleri aýdanyna mähetdel meýhananyň içine dym-dyrslyk aralaşdy.

Gözlerime ynanyp bilemok. Harri Potter... sizi... meýhanamyzda görmek biziň üçin uly abraý diýip, pyşyrdan içgi paýlaýan adam ylgaşlap diýen ýaly, Harriniň ýakynyna geldi. Soňra gözlerine ýaş aýlap, onuň elini gysdy.

— Hoş geldiňiz, jenap Potter! Hoş geldiňiz!

Näme diýjegini bilmedik Harri duran ýerinde doňup galypdy. Oturanlaryň ählisi onuň ýüzüne aňkarylyp seredýärdi. Burçda oturan garry zenanlaryň biri elindäki çiliminiň sönenine garamazdan, häzir hem ony sorup otyrdy. Hagrid bolsa sesini çykarman ýylgyryp durdy.

Birdenem meýhananyň içindäkileriň ählisi güpürdeşip ýerlerinden galdylar-da, ýeke-ýekeden Harriniň elini gysyp başlady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Meniň adym Doris Krokford, jenap Potter. Ahyry sizi görýänime ynanyp bilemok.

— Men size şeýle bir buýsanýan, jenap Potter, şeýle bir buýsanýan.

— Elmydama siziň eliňizi gysyp görmek isläpdim. Wah, begenjimden ýaňa dilim tutulýar.

— Men şeýle bir bagtly, jenap Potter. Näme diýjegimem bilemok. Meniň adym Digl Dedalas Digl.

Aljyrap, papagyny ýere gaçyran Dedalas Digliň ýüzüne siňe sereden Harri:

— Men sizi öňem bir ýerde görüpdim. Dükandakam, maňa eliňizi galgadypdyňyz — diýdi.

— Ol meni ýadyndan çykarmandyr — diýip, Dedalas Digl monça bolup töweregindäkilere göz aýlady. — Onuň aýdanlaryny eşitdiňizmi? Harri Potter meni ýadyndan çykarmandyr.

El gysyşmalar ýene birsalym dowam etdi. Doris Krokfordyň ýeke özi Harriniň elini gysmak üçin telim gezek gatnandyr.

Solgun ýüzli bir ýaş ýigit üýşüp duran märekäni itekläp diýen ýaly çekineçekine olaryň ýanyna geldi. Onuň bir gözi gyrp-gyrp edip durdy.

Hagrid:

— Professor Kwirrel! Harri, professor Kwirrel Hogwartsda saňa bilim berjek mugallymlaryň biri — diýip, onuň bilen tanyşdyrdy.

Harriň elini garbap alan professor Kwirrel peltekläp:

— P-P-Potter. S-sizi g-görýänime diýseň ş-şat — diýdi.

— Siz haýsy jadygöýligi öwredýäňiz, professor Kwirrel?

— G-gara güýçlerden g-goranmagy öwredýän — diýip, göwünli-göwünsiz jogap beren professor Kwirrel bu hakda gürrüň etmek islemeýän ýaly göründi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— S-size g-gerekli zat d-däl, ş-şeýle gerek P-Potter? O-okuwa g-gerek bolan äähli espablary e-edinersiziň d-diýip umyt edýän. M-meniň özüm h-hem w-wampirler h-hakda kitap s-satyn almaly.

Professor Kwirreliň nämedir bir zatdan öler ýaly gorkany görnüp durdy.

Olaryň gürrüňi uzaga çekmedi. Sebäbi meýhananyň içindäkileriň ählisi Harri Potter bilen gürrüňdeş bolasy gelýärdi.

Hagridiň sesini beýgeldip, bazardan almaly zatlarynyň köpdügini, şonuň üçinem häziriň özünde gitmelidigini aýdýança, el gysyşmalar ýene-de on minutlap dagy dowam etdi.

Doris Krokford gaýta-gaýta elini gysyp, hoşlaşansoň, Hagrid ony daşyna diwar aýlanan, içinde haşal otlardan we birnäçe hapadandan başga hiç zat bolmadyk howla alyp gaýtdy.

— Gördüň dälmi?! Seniň tanymaldygyňy aýtdym ahyryn. Hatda professor Kwirrelem seni görüp, peltekläp başlady. Aslynda, ol elmydama-da peltekleýär — diýip, Hagrid Harriniň ýüzüne ýylgytyp seretdi.

— Ol özüni hemişe ýaňky ýaly alyp barýarmy?

— Hawa, görgülijik, aslynda gaty akylly adam. Kitap okamakdan halys ýadap, bir ýyllyk tejribe edinmäge gitmezinden ozal ýagdaýlary gowudy. Adamlar onuň Gara tokaýda wampirlere, jadygöý kempirlere gabat gelip, bir betbagtlyga duçar bolanyny aýdýar. Şondan bäri ol indi öz okuwçylaryndanam, hatda öz okadýan dersindenem gorkýar. Hany meniň saýawanym?

«Wampirler, jadygöý kempirler, bu nähili beýle bolýar?» diýip, pikirlenen Harriniň başy aýlanyp gitdi.

Hagrid bolsa bu mahal diwaryň ýüzündäki kerpiçleri sanap durdy,

Üçüsi ýokardan, ikisi gapdaldan. Hany, yza süýş, Harri — diýip, ol saýawanynyň ujy bilen üç gezek diwara kakdy.

Onuň kakan kerpiji ýerinden gozganyp, eplendi-de, edil ortarasynda kiçiräk deşik peýda boldy. Ol gitdigiçe ulalyp, gyýarak aýlanyp gidýän köçä açylýan ullakan geçelgä öwrüldi. Bu geçelge Hagrid üçin hem geçer ýaly ýeterlik giňdi.

Hagrid:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gyýalap gidýän köçä hoş geldiň! — diýip, haýran galmakdan ýaňa aňkarylyp galan Harrä ýylgyryp seretdi.

Geçelgeden geçen batlaryna yzyna gaňrylyp sereden Harri onuň ýapylyp, diwaryň gaýtadan peýda bolanyny görüp galdy.

Golaýdaky dükanlaryň birinde Günüň şöhlesine ýalpyldap duran gazanlar hatara goýlupdy. Dükanyň depesinde bolsa «Ähli ululykdaky, mis, bürünç, galaýy, kümüşden ýasalan, çaklaň gazanlar» diýlip ýazylan bildiriş asylgy durdy.

Hagrid:

— Senem bulardan birini edinmeli bolarsyň. Ýöne biz ilki puluňy alyp gaýdaly — diýdi.

Şol pursat iki gözüniň deregine azyndan sekiz gözüniň bolmagyny arzuw eden Harri ähli zady: dükanlary, dükanlaryň daşyndaky harytlary, satyjylary görjek bolup, aldygyna töweregine göz aýlaýardy. Dermanhananyň daşynda duran bir daýaw zenan geçip barýan adamlara kellesini ýaýkap: «Ähli kişi aklyndan azaşypdyr» diýip gaýtalasa, garaňky dükandan «Durmuşyň ähli pursatlary üçin boz, har gulak, meýdan, polýar hem paşşyk baýguşlar‖ diýen gyryk ses eşidilýärdi.

Harri öz ýaşlaryndaky birnäçe oglanyň dükanyň aýnasyna kellelerini diräp, bir sübsäni synlap duranyny gördi.

Harri olaryň biriniň:

— Seretsene, täze Nimbus 2000. Sübseleriň iň gaty tizliklisi — diýenini eşitdi.

Bu köçede ýektaýlardyr teleskoplar, Harriniň ilkinji gezek görýän geň kümüş enjamlary satylýan dürli dükanlar bardy. Ol şu wagta çenli aýnalary jadyly kitaplar, däri-dermanly çüýşeler, aý globuslary bilen bezelen dükanlary görmändi.

— Ynha-da, Gringot — diýip, Hagrid birden aýak çekdi.

Olar dükanlaryň üstüne abanyp duran gar ýaly ap-ak binanyň öňünde saklandy. Onuň solup giden bürünç gapysynyň agzynda bolsa gyrmyzy altyn reňkli ýörite geýimde...

Harri öz gözlerine ynanyp bilmedi.

— Hawa, ol, hakykatdanam, goblin — diýip, Hagrid mermer basgançakdan ýokaryk galyp barýarkalar aýtdy. Geçisakgally, garaýagyz gobli niň eliniňdir aýagynyň barmaklary gaty uzyndy. Goblin olara baş atyp, içerik girmäge mürehet etdi Olar indi kümüş gapynyň öňündedi. Onuň ýüzünde oýulyp ýazylan şeýle ýazgy bardy:

Bet pyglyň bar bolsa, sakla ýadyňda,

Şu gapydan girip, bize erişme Göz

gyzdyrsaň kesekiniň zadyna,

Bizden hiç wagt gowulyga garaşma.

Özgäň zadyn ogurlamak isleseň, Ýerzemine

hemişelik düşersiň.

Biziň öwdümize gulak asmasaň,

Baýlyga däl, betbagtlyga duşarsyň.

Hagrid:

— Gördüň dälmi?! Diňe akmak kişi bu ýerden ogurlyk etmäge çalşar — diýdi.

Iki sany goblin kümüş gapyny açyp berensoň, olar giň mermer jaýa girdi. Bu ýerde uzyn stoluň aňyrsynda beýik oturgyjyň üstünde ýüzlerçe goblin depderçelere ýazgy ýazyp, bürünç terezilerde teňňeleri çekip, ulaldyjy aýnalaryň kömegi bilen her dürli gymmatbaha daşlary barlagdan geçirip otyrdy. Bu jaýdaky gapylaram sansyzsajaksyzdy welin, adamlary eýläk-beýläk ugradyp ýören goblinler hem sanardan has kändi.

— Ertiriňiz haýyrly bolsun! Biz Harri Potteriň seýfinden pul almaga geldik — diýip, Hagrid häzir müşderisi bolmadyk goblinleriň birine ýüzlendi.

— Sizde onuň açary barmy, jenap?

Hawa, bir ýerlerde bolmaly — diýip, jübülerini dörüşdirip başlan Hagrid gobliniň hasap depderçesiniň üstüne heňläp giden it iýmini döküşdirdi. Goblin ýigrenç bilen ýüzüni çytdy. Şol pursat Harri gapdaldaky ýene bir gobliniň ýanyp duran köze meňzeş lagyl daşlaryny terezide çekip durandygyny gördi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ynha, tapdym — diýip, Hagrid jübüleriniň birinden kiçijik altyn açar çykardy.

Goblin açary eline alyp, ony ünsli gözden geçirdi.

— Ähli zat ýerbe-ýer ýaly.

Hagrid öňe omzap, gobline tarap biraz ýakynlaşdy-da:

— Mende şeýle hem Dambldordan iberilen hat bar. Ol ýedi ýüz on üçünji seýfde gizlengi zat bilen bagly. Onuň nämediginem özüňiz bilýänsiňiz — diýip, haty uzatdy.

Goblin haty üns bilen okady-da:

— Bolýar — diýip, haty yzyna gowşurdy. — Men sizi iki seýfe-de alyp gider ýaly birini tapaýyn. Grifuk!

«Grifuk» diýlip, ady tutulan goblinleriň biri olaryň ýanyna geldi.

Hagrid hälki çykaran it iýmleriniň ählisini çalasynlykbilenjübüsine saldy. Olarjaýyň içindäki sansyz-sajaksyz gapylaryň birine tarap ýönelen Grifugyň yzyna düşdi

Harri:

— Ýedi ýüz on üçünji seýfdäki «Nämedigini bilýäňiz» diýen zadyň nämedi? — diýip, gyzyklanyp Hagridden sorady.

— Soragyňa jogap berip biljek däl. Bu mesele Hogwarts bilen bagly gizlin syr. Dambldor bu işi maňa ynanansoň tabşyrdy. Eger aýdaýsam, işimi ýitiräýmegim mümkin.

Grifuk olara gapyny açyp berdi Ýöne ýene bir mermer jaýy görerin öýden Harri özleriniň maşgallar bilen ýagtylandyrylan daşdan ýasalan darajyk geçelgededigine göz ýetirip, haýran galdy. Edil ortarasyndan demirýol seplemleri çekilen bu geçelge göni aşak gaýdýardy. Grifuk sykylyk çaldy. Onuň sykylygyndan soň, ýanlaryna bir kiçeňräk wagon geldi. Hagride onuň üstüne münmek ^ ýeňil düşmedi. Ählisi içinde ýerleşensoň, wagon,, jyk ýerinden gozgandy.

ö"

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Wagonjyk sansyz-sajaksyz öwrüm etdi. Harri < öz ýanyndan: «Çepe, saga, soň çepe, üç geçelgäň « ortakysy, ýene saga, soň ýene çepe» diýip, her öwrümi ýatda saklamaga

synanyşdy. Ýöne bu iş oňa başartmady. Grifugyň arkaýyn oturyşyna seretseň, wagonjygyň özi nirä barmalydygyny bilýän ýalydy.

Ýüzüne urýan sowuk şemal gitdigiçe güýçlense-de, Harri gözüni ýumman otyrdy. Birden geçelgäniň soňunda ýalyn alawlap giden ýaly boldy. «Ol ýerde aždarha bar bolaýmasyn!» diýip pikirlenen Harriniň şol tarapa ünsli seredenine garamazdan, uly tizlik bilen barýan wagonyň eýýäm gowagyň depesinden asylyşyp duran stalagtitli hem sömelişip duran stalagmitli ýerasty kölden geçip, has çuňluga gireni sebäpli, hiç bir zat görüp ýetişmedi.

— Men şu stalagmit bilen stalagtitiň arasyndaky tapawuda hiç düşünip bilemok — diýip, Harri öňe okdurylyp barýan wagonjygyň şakyrdyly gohunyň içinde Hagrid eşider ýaly gygyryp gepledi.

Ol:

— Stalagmit sözünde «m» sesi bar— diýip jogap berdi.

Soňra:

— Gaýrat et-de, şu wagt menden hiç zat sorama. Özümi diýseň erbet duýýan — diýip, hakykatdan hem, ýüzi gögerip giden Hagrid sözüniň üstüni ýetirdi.

Wagonjyk ahyry kiçiräk gapynyň öňünde saklandy. Hagrid onuň üstünden düşensoň, aýaklaryna ysgyn gelýänçä, birsellem diwara ýaplanyp durdy.

Grifuk seýfiň gapysyny açan badyna ýüzlerine gök tüsse urlup gitdi. Tüsse aýrylansoň, Harri haýran galmakdan ýaňa içini çekdi. Seýfiň içi altyn, kümüş teňňelerdir mis knutlardan doludy.

Hagrid:

— Bularyň ählisi seniňki — diýip ýylgyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bularyň ählisi özüniňki, ynanar ýaly däl. Elmydama onuň artykmaç ýük bolýandygyny aýdyp, zeýrenýän Darsliler bu hakda hiç zat bilmeýän bolarly. Ýogsa ony göz açyp-ýumasy salymda hiç zatsyz goýardylar. Ýöne şu wagta çenli Londonyň ýüzlerçe mil çuňlugynda şunça baýlygynyň barlygyna asla ynanar ýaly däldi.

Hagrid oňa teňňeleriň bir bölegini torbasyna salmaga kömekleşip durşuna:

— Gyzyl teňňeler galleon diýip atlandyrylýar. Kümüş şaýylaryň on ýedi sanysy bir galleona, t> knutlaryň ýigrimi dokuz sanysy bolsa bir şaýa deňdir. Düşündiň gerek? Boldy indi, şular birki ýarymýyllygyňa ýeter. Galanyny seň üçin aýap saklarys — diýip düşündirdi.

Soňra ol:

— Indi ýedi ýüz on üçünji seýfe baraýalyň. Onsoňam biraz haýalrak gidip bilmerismi? — diýip, Grifuga ýüzlendi.

Grifuk:

— Biz diňe belli bir tizlikde gidýäs — diýip jogap berdi.

Wagonjyk olary has uly tizlikde öňküden hem has aşaklygyna gidýän ýol bilen äkitdi. Ýüzlerine urýan şemal her bir duýdansyz öwrümde gitdigiçe sowaýan ýalydy. Ýerasty uçudyň deňinden geçenlerinde, Harri onuň tüm garaňky düýbünde nämäniň bardygyny görjek bolup egildi. Ýöne Hagrid oňa bir zatlar diýip käýindi-de, ýakasyndan tutup, yzyna çekdi.

Ýedi ýüz on üçünji seýfiň açar sokulýan deşigi ýokdy.

— Yza çekiliň — diýip, gopbamsy geplän Grifuk uzyn barmaklarynyň birini gapa sürtenine mähetdel, işik gözden gaýyp boldy.

— Eger Gringot goblinlerinden başga biri edil meň edişim ýaly gapyny açmakçy bolaýsa, gapy ony sorup, otagyň içine salar-da, gaýdyp hiç haçan çykarmaz.
Elbetde, gapyny diňe özümiz açyp berip bilýäris.

Harri:

— Otagyň içine kimdir biriniň düşüp-düşmänini näçe wagtdan barlap durýaňyz? — diýip, bilesigelijilik bilen sorady.

— On ýyldan bir gezek — diýip, goblin ýaňsyiy ýyigyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

«Diýmek, bu ýokary derejeli seýfiň içinde nähilidir bir üýtgeşik zat saklanýan bolmaly» diýip pikirlenen Harri gymmatbahaly şaý-sepleri görmek niýeti bilen boýnuny süýndürdi. Başda boş ýaly görünse-de, soň ol seýfiň içinde daşyna goňur kagyz dolanan kiçijik bukjanyň duranyny gördi.

Ony eline alyp, eginbaşynyň içki jübüleriniň birine salan Hagrid:

— Ýörüň indi, şol içigaragalan wagonjyga müneliň. Harri, ýolda menden hiç zat soraýmagyn. Agzymy ýumup otursam, ählimiz üçinem gowy bolarmyka diýýän — diýdi.

Harri bukjanyň içinde nämäniň bardygyny ölemen bilesi gelse-de, sesini çykarmady.

Wagonjygyň ýene bir uly tizlikli bat almasyndan soň, olaryň ikisi hem Gringot bankynyň daşyna gelip düşüp, Günüň ýagtysyna gözlerini süzüşip durdular. Torbasyny puldan dolduran Harri «Söwdany haýsy dükandan başlasamkam?!» diýip pikirlenýärdi. Bir galleonda näçeräk funtuň bardygyny bilmese-de, ol häzir jübüsiniň ömründe ilkinji gezek Dadliniňkiden has köp pulludygyny anyk bilip durdy.

— Belki, biz okuw eşigini satyn almakdan başlarys — diýip, teklip eden Hagrid «Hanym Melkinden dürli çäreler üçin geýimler» diýen ýazgyly dükana tarap gözüni ümledi.

Soňra:

— Harri, «Döwük gazana» gidip, biraz bokurdagymy ölläp gelsem, garşy bolmarsyň-a. Gringot wagonjyklaryny men şeýle bir ýigrenýän — diýdi.

Hagridiň häzir hem ugrunyň ýokdugy gömüp durdy. Şonuň üçin Harri hanym Melkiniň dükanyna ýeke özi girmeli boldy.

Hanym Melkin ýüzi ýylgyryp duran gysga boýly, egni melewşe-gülgüne geýimli jadygöý aýal eken.

Harri agzyny açyp-açmanka ol:

— Hogwarts, şeýle dälmi? — diýip, sorady. — Geçiber, seň ýaly ýene bir oglan özüne eşigini deňäp durandyr.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Dükanyň ol ujunda solgundan süýri ýüzli bir oglan kiçiräk oturgyçda dik durdy. Ýene bir jadygöý aýal bolsa aldygyna onuň egnindäki ýektaýynyň iki gyrasyny berkidişdirýärdi. Harrini hem şol oglanyň gapdalyndaky oturgyçlaryň birine mündüren hanym Melkin onuň egnine uzyn ýektaýlaryň birini atdy-da, göwresine laýykbolan uzynlygy saýlap alansoň, epinini iňňeläp başlady.

Oglan:

— Salam! — diýip, Harri bilen salamlaşdy. — Senem Hogwartsa okuwa barýarmyň9

— Hawa.

— Kakam gapdaldaky dükandan okuw kitaplarymy, ejem bolsa ýokarky dükanlaryň birinden jadyly taýajyk satyn alýar — diýip, ýaňky oglanjyk ýüregedüşgünç sesi bilen gürrüňini dowam etdirdi. Ol burnuna salyp gürleýärdi. — Soňam olara uçýan sübse aldyrtjak. Näme üçin birinji ýyl okuwçylaryna sübse edinmek bolmaýanyna hiç düşünýän däldirin. Eýdip-beýdip kakama sübseden birini aldyrdyp, okuwa eltmegiň bir usulyny tapyp bilermikäm diýýän.

Harrä Dadlini ýatladýan bu oglan:

— Sende sübse barmy? — diýip, Harriden sorady.

Harri:

— Ýok — diýip jogap berdi.

— Kwiddiç oýnuny oýnap görüpmidiň?

— Ýok — diýen Harri «Kwiddiç nämekä?» diýip pikirlendi.

— Men-ä oýnaýan. Kakam meni öz düşjek öýüm üçin «Kwiddiç oýnuny» oýnamaga almasalar, uly ýalňyşlyk goýberdikleri bolar — diýýär. Menem kakam bilen razylaşýan. Sen haýsy öýde boljagyňy bilýäňmi?

Özüni git-gide akmak saýyp başlan Harri:

— Ýok — diýip jogap berdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aslynda, okuwa barýança, hiç kim haýsy öýe düşjegini bilmeýär. Ýöne men-ä Slizerinde bolaryn. Maşgalamyzdakylaryň ählisi Slizerini tamamlady. Hafflpatfda dagy ýerleşdiräýseler, okuwy taşlarmykam diýýän. Sen nähili pikir edýäň?

— Hmm — edip oňan Harri oňa has oňaýly jogap berip bilmeýänine gynandy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men-ä... oňa bir seretsene — diýip, birden ol dükanyň köçä bakyp duran penjiresine tarap ümledi. Penjiräniň aňyrsynda elindäki iki sany buzgaýmagy görkezip, içerik girip bilmeýänini düşündiren Hagrid özüne seredip ýylgyryp durdy.

— Onuň ady Hagrid — diýip, Harri ilkinji gezek oglanyň bilmeýän zadyny bilýänine monça bolup jogap berdi. — Ol Hogwartsda işleýär.

— Hä, ol hakda eşidipdim. Hogwartsda hyzmatkär bolup işleýär öýdýän, şeýle dälmi?

— Ýok, ol gözegçi — diýip, jogap gaýtaran Harri bu oglany halamaýanyny kem-kemden duýup başlady.

— Hawa-la, şeýledir. Men onuň ýabany adamlar ýaly mekdebiň golaýyndaky külbede ýaşaýanyny, içgini gowy görýänini eşidipdim. Özem köplenç jadygöýlik bilen meşgullanjak bolup, ýatýan düşegini ýakýarmyşyn.

Harri:

— Ol gaty gowy adam — diýip, sowukganly gepledi.

— Şeýlemi? — diýip, oglan gopbamsy ýylgyrdy. — Sen näme üçin onuň bilen geldiň? Eneň-ataň nirede?

— Olar öldi — diýip, Harri iki sözde jogap berdi. Onuň bu oglan bilen iç döküşmek niýeti ýokdy.

Oglanyň:

— Bagyşla — diýenine garamazdan, onuň sesinde duýgudaşlykdan nam-nyşan ýokdy. — Olar biziň özümiziňkilerdenmidi, hä?

— Ejem-ä jadygöý aýaldy, kakamam jadygöýdi. Eger şony göz öňünde tutýan bolsaň, hawa.

— Kesekilere Hogwartsda okamaga rugsat bermeli däl, şeýle gerek?! Olar düýbünden bize meňzänok. Hakyky jadygöýleriň terbiýesini almadyk kişi, nädip bize meňzesin diýsene?! Göz öňüne getirip gör, olaryň köpüsi çakylyk hatyny alýança, Üogwarts hakda düýbünden hiç zat bilmeýärmişin. Men bu mekdebe diňe aňyrsy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

jadygöýlerden gaýdýan kişiler kabul edilmelimikä diýýän. Ýogsa-da, seň famüiýaň näme?

Onuň sowalyna jogap berip ýetişmänkä hanym Melkin:

Ynha, boldy — diýdi.

Gürrüňleriniň arasynyň kesilendigine düýbünden gynanmadyk Harri oturgyçdan düşdi.

— Bolýar onda, Hogwartsda görşeris — diýip, myňňyldap gürleýän oglan onuň bilen hoşlaşdy.

Harri Hagridiň özüne satyn alyp beren üstüne hoz owuntygy sepilen şokoladly hem malinaly doňdurmasyny iýip, sesini çykarman ýöräp barýardy.

Hagrid:

— Näme boldy? — diýip sorady.

— Hiç zat — diýip, Harri ýalan sözledi

Olar kagyzdyr ýelek satyn almak üçin dükana sowuldy. Ýazdygyňça reňkini üýtgedýän bir çüýşe syýa satyn alansoň Harriniň azajyk hem bolsa keýpi açyldy.

Dükandan çykyp barýarkalar, Harri:

— Hagrid, Kwiddiç diýmek näme bolýar? — diýip sorady.

— Içigaragalan, her gezek seň diýseň az zat bilýäniňi unudaýýan. Heýem, Kwiddiç hakda bilmän bolarmy?!

— Özümi öňküdenem beter ýaramaz duýmaga » mejbur etmesene — diýen Harri oňa hanym Mel= kiniň dükanynda gürrüňdeş bolan oglany hakda aýdyp berdi.

— ... Ol şeýle hem magl maşgalasyndan gelip çykan adamlaryň bu ýere okuwa kabul edilmeli a däldigi hakda aýtdy.

— Ýöne sen magl maşgalasyndan däl ahyryn. Ol oglan seniň kimdigiňi bilen bolsady. Ene-atasy, hakykatdan hem, jadygöý bolsa, seniň adyňy hökman biläýmeli. «Döwük gazana» baraňda, ol ýerdäki adamlaryň özüňi nähili garşylandygyny gördüň

ahyryn. Onsoňam bu hakda ol näme bilýär diýsene. Meň ömrümde gören iň ökde jadygöýlerimiň köpüsi magl neslinden gelip çykanlar bolupdy. Seň ejeň bolsa munuň aýdyň mysaly. Onuň nähili jigisiniň bardygyna-da seret.

— Kwiddiç diýmek näme onsoň?!

Bu biziň sportumyz, jadyly sportumyz. Magllaryň sokker oýny ýaly bir zat. Uçýan taýajygyň kömegi bilen howada oýnalýan bu oýny hemme kişi gowy görýär. Onuň dört sany topy bar. Maňa bu oýnuň düzgünlerini düşündirmek kyn.

— Slizerin we Hafflpaff näme?

— Ol okuw öýleri. Hogwarts dört öýe bölünýär. Köp kişi Hafflpaffy öýleriň içinde iň gowşagy diýip hasaplaýar...

Harri:

— Görde dumber, men-ä Hafflpaffdadyryn — diýip, keýpsiz gepledi.

— Slizerinde okanyňdan Hafflpaffda okanyň müň esse gowudyr. Bu öýde okanlaryň gara güýji kabul etmedigi ýokdur. Ady tutulmaýanam şolaryň biridir — diýip, Hagrid gaşyny çytdy.

— Wol... bagyşla, Ady tutlmaýanam Hogwartsda okadymy?

— Ençeme ýyl mundan ozal okapdy.

Olar üçege çenli beýgelip gidýän tekjeleri köçä düşelýän şalmanyň ululygyndaky gaýyş jiltli, suratly gutlag hatlarynyň ululygyndaky ýüpek jiltli, syrly nyşanlar ýazylan, hatda käbirleriniň içine hiç zat ýazylmadyk her dürli kitap bilen dolup duran Floriş we Botl atly dükandan gerekli okuw kitaplaryny satyn aldy. Ömründe ýeke gezek kitabyň gatyny açyp görmedik Dadli hem bu kitaplary ölemen okamak islärdi. Hagrid professor Windiktas Wiridýanyň «Gargyşlar we gargyşlara garşy gargyşlar» (Iň soňky jeza usullary bilen dostlaryňy haýran et, duşmanlaryňy bolsa weýran et: saçyň düşmegi, aýagyň titremegi, diliň tutulmagy) atly kitabyny Harriniň elinden zordan çekeläp aldy.

— Dadli üçin gargyş gözläýjekdim-dä.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Erbet pikir-ä däl, ýöne aýratyn ýagdaýlar bolaýmasa magl dünýäsinde jadygöýlik ulanmak gadagan. Onsoňam köp okap, gerek derejä ýetmeseň, jadylardyr gargyşlardan peýdalanyp bilmersiň.

Şeýle hem Hagrid oňa tutuşlygyna altyn çaýylan gazan satyn almaga rugsat bermedi (Sanawda galaýydan edilen bolmaly diýlip ýazylgydy). Ýöne onuň deregine däri-dermanlary çekmek üçin gerek bolan gowy terezi hem eplenýän bürünç teleskop satyn aldylar. Soňra olar porsan ýumurtganyň, çüýrän kelemiň garyndysyndan, ýaňa içiniň aňkap duranyna garamazdan öz däri-dermanlary, ot-çöpleri bilen geleni haýran

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
edýän dermanhana geldi. Ýerde bir hili suwuklyk bilen doldurylan çelekler, tekjelerde her dürli otly, guradylan kökli, dürli reňdäki külli çüýşeler goýlandy, üçekden bolsaýelek bogdajyklar, desse-desse edip daňylan gyýyklar, gyşyk dyrnaklar asylgydy. Hagrid satyjydan onuň üçin esasy däri-dermanlaryň düzüm bölekleriniň toplumyny sorap durka, Harriniň özi biriniň bahasy ýigrimi bir galleona durýan atyň kümüş buýnuzyny, bir gysymy bäş knuta barabar ýalpyldap duran owadanja tomzak gözlerini synlady.

Dermanhanadan çykyp, gerek zatlaryň sanawyna gaýtadan göz gezdiren Hagrid

— Diňe jadyly taýajygy alaýmak galypdyr. Wiý, onsoňam men doglan günüňe sowgat alyp bermedim ahyryn — diýdi

— Hökman däl-le — diýen Harriniň utanjyndan ýaňa ýüzi gyzaryp gitdi

— Hökman däldigini menem bilýän. Saňa bir haýwanjyk satyn alyp bereýin. Gowy pikir, şeýle dälmi?! Gurbaga gerek däl, olar birmahal isleg bildirmeden galdy. Biderek üstüňden güldüreniň bolar. Pişikleri bolsa meň özüm halamok, olar üsgülewügimi tutdurýar. Saňa gowusy baýguş alyp bereýin. Hemme çagalar baýguş edinmek isleýär. Onsoňam olar örän peýdaly. Hat hem beýleki zatlary gatnadyp berýär.

Birsalymdan olar «Her dürli baýguşlar» diýlen ýazgyly, baýguşlaryň pasyrdysy eşidilip, gözleriniň ýalpyldysy görnüp gidýän garaňky dükandan çykdy. Harriniň elinde kellesini ganatlarynyň arasynda gizläp süýji uka giden gar ýaly ap-ak owadan baýguşly kapasa bardy. Harri professor Kwirrel ýaly sakawlap, aldygyna Hagride «Sag bolsun» aýdýardy.

Hagrid:

— Gaýdyp, muny agzama — diýip, gödegräk gürledi. — Darslilerden kän sowgat alyp görmänsiň öýdýän. Indi diňe Olliwander galdy. Olliwander jadyly taýajyklaiym satylýan ýeke-täk ýeridir. Saňa bolsa onuň iň gowusy gerek.

Jadyly taýajyk edinmek Harriniň häliden bäri isläp duran zadydy.

Gapysynyň ýokarsynda «Olliwanderler: miladydan öňki 382 ýyldan bäri iň gowy taýajyklaryň ýasaýjylary» diýen ýazgysy soýlup ugran bu dükanyň içi dar hem gömüksizdi. Tozan basyp giden penjiräniň aňyrsynda bolsa könelişen gülgüne ýassygyň üstünde taýajyk goýlandy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olaryň içerik girenine mähetdel jaňjagazyň sesi ýaňlanyp gitdi. Darajyk dükanyň içinde Hagridiň üstünde oturan oturgyjyndan başga hiç zat ýokdy. Özüni berk tertip-düzgünli kitaphana gelen ýaly duýan Harri kellesinde dörän müňlerçe sowaly ýuwudyp, üçege çenli tertipleşdirilip goýlan inçejik gutujyklara göz aýlady. Nähilidir bir sebäbe görä onuň ini tikenekläp gitdi. Sessizlik gurşap alan, tozan basan bu dükanyň içi hem jadygöýlikden doly ýalydy.

— Salam! — diýip, duýdansyz çykan sese Harri tisginip gitdi. Hagrid hem tisginen bolarly. Sebäbi güýçli şatyrdy sesi eşidilip gitdi. Hagrid tarsa ýerinden galdy.

Ýüzi solgun, gözleri otagyň tümlüginde edil Aý ýaly ýaldyrap duran bir goja olaryň alnynda peýda boldy.

— Salam! — diýip, Harri onuň bilen çekinjeň salamlaşdy.

— Hawa-la, sizi ýakynda görjegimi bilýärdim. Harri Potter! Siziň gözleriňiz edil ejeňiziňkä meňzäp dur. Onuň hem bu dükana gelip, ilkinji jadyly taýajygyny satyn alşy edil şu günki ýaly ýadymda. On dýuým çärýek, söwütden ýasalan batly taýajykdy. Jadygöýlik üçin diýseň oňaýlydy.

Bu sözleri aýdan Jenap Olliwander Harriniň golaýjagyna gelip durdy. Harri gojanyň içiňden geçip barýan kümüşsöw gözlerini ýekeje gezek hem bolsa gyrpmagyny isledi.

— Siziň kakaňyz bolsa gyzyl agaçdan ýasalan taýajygy saýlady. On bir dýuým. Beýlekilerden güýçli, keşp üýtgetmek üçin diýseň amatly. Men: «Kakaňyz taýajygy saýlady» diýýän welin, hakykatda, taýajygyň özi jadygöýi saýlaýandyr.

Jenap Olliwander Harrä şeýle bir ýakynlaşdy welin, burunlary biri-birine degerli göründi. Harri onuň ümürli gözlerinde öz keşbini gördi.

— Bu hakda aýtsam welin... — diýip, jenap Olliwander özüniň uzyndan ak barmagy bilen Harriniň maňlaýyndaky ýyldyrym şekilli ýarasyny elledi.

— Gynansak-da, bu ýarany döreden taýajygy hem özümiň on ýarym dýuýma satanymy aýtmaly boljak — diýip, ol mylakatly gepledi. Tis agajyndan ýasalan. Gaty kuwwatly taýajyk, gaty kuwwatly, özem ýalňyş ellerde... Wah, men onuň bu dünýäde döretjek erbetliklerini bilen bolsadym...

Kellesini ýaýkap, Harriden gözüni aýran goja Hagridiň hem dükandadygyny gördi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Rubus! Rubus Hagrid! Seni ýene görýänime diýseň şat. Seniň taýajygyň dub agajyndan ýasalandy. On alty dýuým. Özem bükülýärdi, şeýle dälmi?

— Hawa, şeýledi, jenap, şeýledi.

— Gaty gowy taýajykdy. Okuwdan çykarylaňda, ony ikä böläýdiler öýdýän — diýip, jenap Olliwander yzgytsyz äheňde sorady.

— E... hawa... şeýtdiler... hawa — diýip jogap beren Hagrid ýaýdanjyrap beýleki aýagyna agram saldy.

Soň ýylgyrdy-da:

— Şol bölejikleri häzir hem saklap ýörün — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Jenap Olliwander:

— Olary ulanaňok gerek? — diýip, garaşylmadyk sowal berdi.

«Ýok, jenap» diýip, jogap gaýtaran Hagridiň goltugyndaky saýawanyny berk gysandygyny Harri gördi.

— Hm-m! — edip, jenap Olliwander Hagride siňe seretdi. — Bolýar, jenap Potter. Hany, men bir göreýin.

Ol jübüsinden ölçeg ýüpüni çykardy.

— Siziň taýajyk tutýan eliňiz haýsy?

— E-e, men saglakaý.

— Hany, eliňizi uzadyň! Boldy.

Jenap Olliwander Harriniň egninden barmagynyň ujuna çenli, tirseginden goşaryna çenli, dyzyndan goltugyna çenli ölçedi. Ol hatda Harriniň kellesiniň töwereginiň ölçegini hem aldy.

Jenap Olliwander ölçeg alyp durşuna:

— Olliwander taýajygy bir buýnuzly atyň ýalyny, semender guşunyň ýelegini hem aždarhanyň damaryny öz içine alýan jadyly düzümden ybaratdyr. Her bir semender guşunyň, buýnuzly atyň, aždarhanyň biri-birine meňzemeýşi ýaly,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olliwander taýajyklary hem biri-birinden tapawutlydyr. Şonuň üçinem başga biriniň taýajygyny ulanyp eden jadygöýligiň hijisi oňuna bolmaz — diýdi.

Harri birden ölçeg ýüpüniň öz burun deşikleriniň arasyny özbaşdak ölçeýänini, jenap Olliwanderiň bolsa tekjelerden gutujyklary düşürişdirip duranyny gördi.

Ol:

— Boldy — diýip gygyrdy. Edil şol wagt ölçeg ýüpi patlap ýere düşdi.

— Ynha, jenap Potter şuny barlap görüň. Buk agajyndan we aždarhanyň damaryndan ýasalan. Dokuz dýuým. Örän owadan, berk. Eliňize alyň-da, howada galgadyň.

Özüni akmak ýaly duýan Harri aýdylyşy kimin taýajygy howada galgatdy. Ýöne jenap Olliwander ony şol bada yzyna aldy.

— Kerkaw agajydyr semender guşunyň ýeleginden ýasalan jadyly taýajyk. Ýedi dýuým. Örän çalasyn. Hany, şunam barlap görüň.

Harri bu taýajygam barlady. Ýöne ony ýokaryk galdyryp-galdyrmanka, jenap Olliwander taýajygy elinden garbap aldy.

— Ýok, ýok. Ynha, bu bolsa gara agaçdan we bir buýnuzly atyň ýalyndan ýasalan. Sekiz ýarym dýuým. Alyň-alyň, barlaň.

Harri barlady durdy, barlady durdy. Ýöne ol jenap Olliwanderiň näme isleýänine hiç düşünip bilmedi. Örülen oturgyjyň üstünde goýlan taýajyklar depe bolup gidipdi. Ýöne jenap Olliwanderiň näçe köp guty çykarsa, şonça-da keýpi kökelýän ýalydy.

— Üýtgeşik müşderi, şeýle dälmi?! Alada etmäň, biz size laýyk taýajygy hökman taparys. Şu ýerlerde bolmaly. Hä, bumy?! Näme üçin bolmasyn?! Täsin sazlaşyk. Inçe ýaprakly agaçdan we semenderiň ýeleginden ýasalan. On bir dýuým. Ajaýyp hem ýumşak.

Taýajygy eline alan Harri birden barmaklarynda ýylylyk duýdy. Taýajygy ýokaryk galdyrdy-da, tozanly howany kesip geçer ýaly zarp bilen batly aşak goýberdi. Şol pursat taýajygyň ujundan, edil feýerwerk ýaly bolup, diwarlaryň ýüzünde tans edýän gyzyl we ýaşyl uçgunjyklaryň akymy atylyp çykdy.

Hagrid elini çarpan bolsa, jenap Olliwander:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Berekella! Hakykatdanam, ajaýyp! Hawa, hawa. Örän geň, gaty geň — diýip, joşgunly gygyrdy.

Ol Harriniň taýajygyny gutusyna salyp, daşyna goňur kagyz orap durka-da: «Örän geň, gaty geň» diýip gaýtalady durdy.

Harri:

— Bagyşlaň, ýöne näme geň? — diýip gyzyklanypdy.

Jenap Olliwander solgun ýüzüni Harrä tarap öwürdi.

— Her bir satan taýajygym elmydama meň ýadymda. Ýeleginden seň ýaňky taýajygyň ýasalan şol bir semender guşunyň ýene bir ýeleginden başga bir taýajyk ýasaldy. Şu taýajygyň doganynyň, hawa, hawa, hut doganynyň maňlaýyňyzdaky ýarany peşgeş beren mahaly, onuň sizi saýlamagy diýseň geň.

Harri ýuwdundy.

— On üç ýarym dýuým. Tis agajyndan ýasalan. Bolup geçýän käbir zatlara düşünmek köplenç gaty kyn. Hälki aýdyşym ýaly, taýajygyň özi jadygöýi saýlaýar. Jenap Potter, sizden beýik işlere garaşyp bolarmyka diýýän. Sebäbi Ady tutulmaýan şol ýaramaz, hakykatdanam, beýik işler bitiripdi.

Gojanyň bu sözlerine Harriniň ini tikenekläp gitdi. Onuň jenap Olliwanderi halanyna ynamy ýokdy. Harri taýajyk üçin ýedi sany gyzyl galleon tölänsoň, jenap Olliwander baş egip, olary hormat bilen ugratdy.

Olar gelişleri ýaly, gyýalap gidýän darajyk köçeden diwaryňdyr «Döwük gazanyň» üsti bilen yzlaryna dolanyp geleninde Gün eýýäm ýarty göwresini gizläp ýetişipdi. Harri ýol boýy sesini çykarmady. Ol hatda metroda adamlaryň öz täsin düwünçeklerinedir dyzynda uklap ýatan baýguşyna aňkarylyp seredişlerine hem üns bermedi, özi äkidýän basgançakdan ýokaryk galýarkalaram, Paddington demir ýol menzilinden çykyp gelýärkälerem, ýeke agyz gürlemedi. Diňe Hagrid egnine kakan mahaly niredediklerine düşünip galdy.

— Otly gelýänçä, garbanmaga biraz wagtymyz bar — diýen Hagrid oňa gamburger satyn alyp berdi.

Olar plastik oturgyçda oturyp, iýip-içdiler. Aldygyna töweregine göz aýlaýan Harrä ähli zat ýat ýaly göründi.

— Özüňi duýşuň gowumy? Gaty ýuwaşadyň-la, Harri? — diýip, Hagrid aladalanyp sorady.

Ömründe ilkinji gezek ýatdan çykmajak doglan gününiň bolanyna garamazdan, gamburgerini çeýnäp oturyşyna, Harriniň nähili duýgulary başdan geçirýänini düşündirip biljegine ynamy ýokdy.

— Her kim maňa üýtgeşik adamdyr öýdýär — diýip, Harri ahyrsoňy söze başlady. — «Döwük gazandaky» adamlaryň ählisem, professor Kwirrelem, jenap Olliwanderem şeýle pikir edýär. Ýöne men jadygöýlik hakda hiç zat bilemok ahyryn. Onsoň olar meň beýik işler bitirjegime nädip ynanyp bilýärler?! Tanymaldygyma garamazdan, özümiň näme üçin tanymaldygymam bilemok. Men Wol... Bagyşla, ejemdir kakamyň wepat bolan gijesi nämeleriň bolanam meň ýadyma düşenok.

Hagrid oňa tarap egildi. Onuň bulam-bujar sakgalynyňdyr gaşynyň aňyrsynda örän ýakymly ýylgyryş peýda boldy.

— Hiç zady alada etme, Harri. Seň jadygöýligi çalt öwrenjegiňi men bilýän. Onsoňam her kim ähli zady Hogwartsa gelip öwrenýär ahyryn. Hemme zat gowy bolar. Esasy zat şu bolşuňdan üýtgemejek bol. Men saňa kyn düşýänini bilýän. Beýlekilerden tapawutlanýan sen ýaly adamlara elmydama-da kyn düşýär. Ýöne sen Hogwartsda ýatdan çykmajak günleri başdan geçirersiň. Men-ä şindem ol ýerde gaty gowy ýaşaýan.

Hagrid Harrini yzyna — Darslilere äkitjek otla goşlaryny ýerleşdirmäge kömekleşensoň, onuň eline bukja tutdurdy.

— Me, Hogwartsa çenli petegiň. Birinji sentýabr. Kings Kros. Ählisi petegiňde ýazylandyr. Darsliler bilen mesele ýüze çykaýsa, baýguşyňdan maňa hat iberäýgin. Ol meni nähili tapmalydygyny biler. Görüşýänçäk sag bol, Harri!

Otly ýerinden gozgandy. Hagridden gözüni aýrasy gelmedik Harri ýerinden turup, kellesini penjirä ýaplady. Ýöne ol gözüni gyrpdy welin, şol pursat Hagrid gözden gaýyp boldy.

## 6-njy bap: DOKUZ HEM DÖRTDEN ÜÇ PLATFORMASY

Harriniň Darsliler bilen geçiren soňky aýy diýseň ýürekgysgynç boldy. Darsliler indi ondan şeýle bir çekinýärdiler welin, hatda onuň bilen bir otagda galmaga-da gorkýardylar. Petunýa daýzasy bilen Wernon daýysy bolsa oňa gygyryp, öýüň işlerini

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
etdirmek, geýim saklanýan ammara salyp, daşyndan gulplamak ýaly gylyklaryny goýupdylar. Hakykatda, olar Harri bilen asla gürleşenokdylar. Hem gorka, hem gahara berlen Darsliler özlerini göýä Harri şol öýde ýaşamaýan ýaly alyp barýardylar.

Bu ýagdaý başda begendiren hem bolsa, soňabaka Harriniň ýüregine düşüp başlady.

Şonuň üçin hem Harri Hedwig diýip atlandyran täze baýguş ýoldaşy bilen gününiň köp bölegini öz otagynda geçirýärdi. Ol Hedwig diýen ada «Jadygöýligiň taryhy» atly okuw kitabynda gabat gelipdi. Okuw kitaplary diýseň gyzyklydy. Ol her gün diýen ýaly ýary gijä çenli ýatman okaýardy. Petunýa daýzasynyň onuň otagyna gelmeýänem bir gowy zat. Sebäbi Hedwig açyk penjireden girip-çykyp, öli syçanlary getirer durardy. Birinji sentýabra sabyrsyzlyk bilen garaşýan Harri gije düşegine geçmezinden ozal, aýyň günleri ýazylgy kagyz bölejikleriniň her gün birini diwaryň ýüzüne ýelmeýärdi.

Awgust aýynyň soňky gününde daýzasydyr daýysyndan Kings Kros demir ýol menziline äkitmeklerini haýyş etse gowy boljakdygy hakda oýlanan Harri, olaryň telewizorda gepleşik görüp oturan myhman jaýyna geldi. Özüniň otaga girendigini bildirmek niýeti bilen «Ähm-ühm» edenine mähetdel, Harrini gören Dadli bogazyny ýyrtyp gygyryp, otagdan çykyp gitdi.

— E-e, Wernon daýy!

Wernon daýy «Diňleýän» diýen manyda ardynjyrady.

— Neme, men ertir Hogwartsa gitmek üçin Kings Kros demir ýol menziline barmalydym welin...

Wernon daýy bir zatlar diýip düşnüksiz hüňürdedi.

— Siz meni äkidip bilmermisiňiz?

Harri ýene hüňürdiden başga zat eşitmedi. Ol daýysynyň bu hereketini «bolýar» diýen manyda kabul etdi.

— Sag boluň!

Onuň öz otagyna dolanmak üçin yzyna öwrülenem şoldy welin, Wernon daýy:

— Näme, jadygöýlik mekdebine indi otluda gidilýärmi? Jadyly halylaryň ählisinden gyzgan çykdymy, hä? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri sesini çykarmady.

— Aslynda seň şol mekdebiň nirede ýerleşýär?

Mekdebiň nirede ýerleşýändigini özüniňem bilmeýändigi ilkinji gezek ýadyna düşen Harri:

— Bilemok — diýip jogap gaýtardy.

Harri jübüsinden Hagridiň beren petegini çykaryp, onuň ýüzündäki ýazgylara göz aýlady.

— Men diňe sagat on birde dokuz hem dörtden üç platformasyndan ugraýan otla münmelidigimi bilýän.

Daýysydyr daýzasy onuň ýüzüne aňkarylyşyp seretdiler.

— Näçinji platforma diýdiň?

— Dokuz hem dörtden üç.

Wernon daýy:

— Sen nähili biderek zatlar aýdýaň?! Demir ýol menzilinde dokuz hem dörtden üç platformasy ýok ahyryn — diýip, oňa azgyryldy.

— Ýöne meň petegimde şeýle ýazylan.

— Olar akylyndan azaşan adamlar. Entek birsalym tagapyl et, munuň şeýledigine özüňem göz ýetirersiň. Bolýar, biz seni Kings Kros demir ýol menziline çenli äkideris. Ertir, barybir, Londona gitmeli. Ýogsa, seň üçin men gylymam gymyldatjak däl.

Dartgynlylygy aradan aýyrmak islän Harri:

— Siz näme üçin Londona gidýäňiz? — diýip sorady.

— Dadlini hassahana äkidip, Smeltings mekdebine gitmänkä, oň gyrmyzy guýrugyny aýyrtdyrjak — diýen Wernon daýy hüňürdedi.

Ertesi irden aljyraňňylygyndan hem begenjinden ýaňa sagat bäşde oýanyp, soňam oňly uklap bilmedik Harri düşeginden galdy. Demir ýol menziline jadygöýleriň ýektaýynda gitmek islemän, «Otluda çalşyrynaryn-da» diýen pikir bilen ol jinsisini

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
geýdi. «Ýatdan çykaran zadym bar bolaýmasyn» diýip, gerek bolan zatlaryň sanawyny gaýtadan gözden geçirdi, Hedwigiň gözenegini gulplapgulplamandygyny barlady. Soňra ol Darslileriň oýanaryna garaşyp, eýläk-beýläk ýöräp başlady. Iki sagatdan soň, Harriniň agyr goşy Wernon daýynyň ulagyna ýüklenildi. Petunýa daýza onuň gapdalynda oturan Dadli bilen bir zatlar hakda gürleşeninden soň, olar ýola düşdüler.

Sagat onuň ýary töwereklerinde Kings Kros demir ýol menziline geldiler. Wernon daýy onuň goşlaryny arabajyga ýükledi-de, demir ýol menziline tarap sürdi. Harri daýysynyň bu hereketine diýseň begendi. Ýöne Wernon daýy birden saklandy. Soňam it ýylgyryşyny edip:

— Ynha-da, geldik, ýigit. Platforma dokuz hem platforma on. Seň münmeli ýeriň şu ikisiniň aralygynda bolmaly. Ýöne görşüň ýaly, ol entek gurlup ýetişmändir — diýende, Harri özüniň biderek ýere begenendigine düşündi.

Aslynda, gojanyň aýdýanlarynyň jany ýok däldi. Sebäbi bir platformanyň ýokarsynda «dokuzlyk» belgisi bolsa, beýleki plarformanyň ýokarsynda «onluk» belgisi bardy. Olaryň aralygynda bolsa hiç zat ýokdy.

— Okuwyňda üstünlikler arzuw edýän! — diýip, Wernon daýy has hem içýakgyç ýylgyrdy. Soňam hiç zat diýmän ýöräp gidiberdi. Harri yzyna gaňrylyp seredende Darslileriň ulagynyň ýerinden gozganandygyny, olaryň üçüsiniňem hezil edip gülüşýändiklerini gördi. Näme etjegini bilmän töweregine garanjaklap galan Harriniň agzy gurap gitdi. Ol şonsuzam Hedwig sebäpli özüne ýylgyryp seredýän adamlaryň ünsüni çekip başlapdy. Ahyrsoňy özüni gyzyklandyrýan zady birinden soramaly diýen netijä gelen Harri geçip barýan gözegçini saklady, ýöne onuň ýanynda dokuz hem dörtden üç platformasyny agzamady-da, diňe Hogwarts barada sorady. Gözegçi Hogwarts hakda hiç zat eşitmändigini aýtdy. Hogwartsyň ýurduň haýsy böleginde ýerleşýändigi hakda beren sowalynyň jogapsyz galmagy bolsa onuň gaharyny getirdi. Gözegçi Harrä akylyndan azaşanyň biridir öýtdümi, nämemi, onuň ýüzüne çiňerilip seretdi. Halys umytdan düşen Harri indi haýsy otlynyň sagat on birde ugraýandygyny sorady. Ýöne gözegçi şol wagtda hiç hili otlynyň ugramaýandygyny aýtdy-da, käbir adamlaryň biderek wagtyny alýandygy hakda bir zatlar samrap, Harriniň ýanyndan aýryldy. Ol indi umytdan düşmejek bolup elde baryny edýärdi. Gelip-gidýän otlularyň wagty ýazylgy jedweliň ýokarsyndaky ullakan sagada görä, onuň Hogwartsa äkidýän otla münüp ýetişmegi üçin bary-ýogy on minuty galypdy. Ýöne otlyny nähili tapjagyny bilmeýän Harri eli agyr goşly, jübüsi bir topar jadyly şaýlykly, ullakan baýguşly demir ýol menziliniň ortarasynda sazanaklap, näme etjegini bilmän durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Belki, Hagrid gyýarak aýlanyp gidýän darajyk köçä düşmek üçin çep tarapdan üçünji kerpijiň kakylyşy ýaly, edilmeli käbir zatlary aýtmagy unudandyr. Ol: «Ýa bolmasa, dokuzynjy we onunjy platformalaryň aralygyndaky ýol peteklerini deşýän gysaçlary ýeke-ýekeden jadyly taýajygym bilen kakyşdyraýsammykam?!» diýip pikirlendi.

Şol pursat onuň yz ýanyndan birnäçe adam geçip gitdi. Harri olaryň:

— Bu ýeri magllardan doludyr — diýendigini eşitdi.

Ol yzyna öwrülende, bu sözleri aýdanyň dört sany çypar saçly oglanlar bilen gürleşip barýan daýaw aýaldygyny gördi. Olaryň dördüsi hem edil Harriniňki ýaly baýguşly arabajygy itekläp barýardylar.

Ýüregi çatlara gelen Harri olaryň yzyna düşdi. Olar bir sebäp bilen saklananlarynda, gürrüňlerini eşider ýaly, golaýraklaryna baryp durdy.

Oglanlaryň ejesi:

— Platformanyň belgisi näçedi? — diýip sorady.

— Dokuz hem dörtden üç — diýip, ejesiniň elinden tutup duran çypar saçlyja gyzjagaz jogap berdi.

— Eje, menem olar bilen gidäýin-dä?!

— Ýok, seň entek ýaşyň ýetenok, gyzym. Ýuwaş bol indi. Persi, sen birinji bolup gidäý.

Oglanlaryň iň ulusy dokuzynjy we onunjy platforma tarap ýöräp başlady. Hiç zady sypdyrmak islemedik Harri olara seredip durşuna, ýeke gezegem gözüni gypmady. Ýöne ýaňky oglanyň iki platformany bölýän diwara ýakynlaşanam şoldy welin, syýahatçylaryň bir topary ara düşdi. Olaryň iň soňkusy aradan aýrylýança, oglan hem birden zym uçan ýaly boldy.

Daýaw aýal:

— Fred, indi seň gezegiň — diýdi.

— Men Fred däl-de, Jorj. Eje, ýene bize oglumam diýýäň. Meň Jorjdugymy welin bileňok.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bagyşla, balam!

Oýun etdim. Men Fred — diýip, soň ol ylgap başlady. Ekiztaýy onuň yzyndan: «Bahym bol!» diýip gygyrdy. Fred ekiztaýynyň sözlerine eýeren bolmaly. Sebäbi ol hem, dogany ýaly, gözden duýdansyz gaýyp boldy. Ýöne bu oňa nädip başartdyka?

Indi üçünji oglan ýöräp başlady. Onuň diwara ýakynlaşanam şoldy welin, edil beýlekiler ýaly, ol hem gürüm-jürüm boldy.

Ýöne seredip durmagyň manysyzdygyna düşünen Harri ýaňky aýalyň ýanyna bardy-da:

— Bagyşlaň! — diýip, oňa ýüzlendi.

— Salam, balam! Näme, senem Ron ýaly Hogwartsa ilkinji gezek gidýäňmi? — diýip, ol ogullarynyň kiçisine tarap ümledi. Onuň inçeden uzyn gollarydyr aýaklary, öňe çykyp duran uzyn bumy bardy.

Harri:

— Hawa — diýip jogap berdi. — Ýöne men... men nädip....

— Nädip platforma barmalydygyny bileňokmy? — diýip, aýal onuň sözüni alyp göterdi.

Harri «hawa» diýen manyda baş atdy.

— Hiç zady alada etme. Seň bar etmeli zadyň dokuzynjy hem onunjy platformanyň aralygyndaky diwara tarap ýöremek. Ýöne saklanmagyn. Esasy zat — diwar bilen kaklyşaryn öýdüp gorkmagyn. Birden gorksaň, ýöreme-de, ylgaý. Hany bol, sen Rondan öňürti git.

— E-e, bolýar — diýip, Harri arabajygyny diwara tarap öwürdi. Diwar gaty berk görünýärdi. Ol ýöräp başlady. Geçip barýan adamlar aýagyna çolaşsalar-da, badyny gowşatman, ädimlerini ýygjamlatdy. Soňam: «Birden diwar bilen çaknyşaýsam näme?! Gowy-ha bolmaz» diýip pikirlendi-de, arabajygyny bar güýji bilen itip, ylgamaga başlady. Diwar bolsa barha ýakynlaşýardy. Onuň indi bat bilen öňe zyrmyldap barýan arabajygyny saklamaga güýji ýetjek däldi. Ol diwara ýetdi diýen ýaly. Diwar bilen bir ädim aralykda çaknyşyga taýýar bolan Harri gözüni ýumdy. Ýöne näme üçindir hiç hili çaknyşyk bolmady. Ol ylgawyny dowam etdirdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri gözüni açanda platformanyň edil gapdalynda gyrmyzy tüsseli, içi özi ýaly oglan-gyzlardan ýaňa hyň berýän, ýokarsynda «Hogwarts ekspres, sag. 11:00» diýen belgili otlyny, yzyna gaňrylanda bolsa, hälki diwaryň deregine «Platforma dokuz hem dörtden üç» ýazgyly geçelgäni gördi.

Burugsap duran otlynyň töweregi wagyrdaşyp duran adamlardan, eýledebeýlede aýlanyşyp ýören dürli reňkdäki pişiklerden, demir gözenekleriniň aňyrsynda biri-birleri bilen hümmüldeşýän baýguşlardan doludy.

Öňdäki wagonlaryň ählisi diýen ýaly öz ýakynlary bilen hoşlaşmak üçin penjireden aslyşyp, ýer üçin dawalaşýan okuwçylardan dolupdy.

Harri boşrak wagon tapmak niýeti bilen arabajygyny aşaklygyna sürüp başlady. Ol: «Ene, men ýene gurbagamy ýitirdim» diýen oglanyň deňinden geçip gidende, bir garry zenanyň:

— Wah, Newil — diýendigini eşitdi.

Ýene bir buýra saçly oglanyň daşyny bir topar okuwçy gurşap alypdy. Olar aldygyna: «Bizem göreli-le, Li! Bol, görkezsene!» diýişýärdiler.

Ýaňky oglan gutynyň gapagyny açanda, uzyn, tüýlek aýagyny çykaran nämedir bir zada olar uly ses edip gygyryşdylar.

Harri otlynyň soňky wagonlarynyň birinde boş kupe gabat gelýänçä ýöredi. Ol Hedwigi içerik salansoň, arabajygyny hem otla ýerleşdirmäge synanyşdy. Ýöne her gezek oňa arabajygy ýerden az-kem galdyrmak başartsa-da, eliniň agyrysyna çydaman, ýene ýerde goýmaly bolýardy.

— Kömek gerekmi? — diýip, hälki çypar saçly ekizleriň biri ondan sorady.

— Gerek — diýen Harri haş-haş edip, zordan gürledi.

— Heý, Fred, bärik gel!

Ekizleriň kömegi bilen Harriniň goşy ahyry wagona ýerleşdirildi.

Ol:

— Minnetdar! — diýip, gözüne düşüp duran saçlaryny yzyna gaýtardy.

Birden ekizleriň biri:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu näme? — diýip, onuň ýyldyrym şekilli ýara yzyna barmagyny çommaldyp sorady.

Ekizleriň beýlekisi:

Eý, Hudaý! — diýdi. — Sen ol-a dälsiň?

Ekizleriň birinjisi:

— Hawa, şol — diýdi.

Soňra ol:

— Sen şol oglan-a dälsiň-dä? — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Harri:

— Haýsy oglan? — diýip, geňirgenip sorady.

— Harri Potter? — diýip, olaryň ikisem birbada gürledi.

— Hawa, şol, ýagny şol oglan men.

Ekizleriň ikisi hem onuň ýüzüne aňkarylyşyp seretdiler. Harri utanjyndan ýaňa ýere giräýjek boldy.

Birden otlynyň açyk gapysyndan:

— Fred, Jorj, nirede siz? — diýen ses eşidildi.

Harriniň arkasyndan agyr ýük aýrylan ýaly boldy.

— Barýas, eje.

Olar Harrä ýene bir gezek ünsli seretdiler-de, otludan düşdüler.

Harri platformada duran çypar saçly maşgalany synlap, olaryň gürrüňlerini eşidip biler ýaly, penjiräniň golaýynda oturdy.

Ejeleri elýaglygyny çykaryp:

— Ron, seň bumuňda bir zad-a bar — diýdi-de, yza-yza çekilen körpe ogluny tutup, onuň bumuny süpürmäge durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Goýbersene, eje! — diýen Rona ejesiniň elinden sypmak başartdy.

— Waý, Ronni janyň bumunda hapajyk bar — diýip, ekizleriň biri içýakgyç ýylgyrdy.

Ron:

— Gapylsana! — diýip, gaharly gürledi.

Ejeleri:

— Persi hany? — diýip sorady.

— Hanha, gelýär.

Oglanlaryň iň ulusy aňyrdan ylgaşlap geldi. Ol eýýäm uzyn Hogwarts ýektaýyny geýen eken. Harri onuň döşünde «P» ýazgyly kümüş belginiň bardygyny gördi.

Ol gele-gelmäne:

— Eje, ýanyňyzda uzak durup biljek däl. Men gözegçilere degişli iň öňdäki iki wagonyň birinde bolaryn — diýdi.

— Wiý, Persi, sen indi toparbaşy bolduňmy? Näme üçin bize hiç zat aýtmadyň? — diýip, ekizleriň biri gözlerini tegeläp gürledi.

— Beý diýme. Onuň bu barada bir zatlar aýdandygy ýadyma düşýär. Bir gezek aýdypdy öýdýän — diýip, ekizleriň beýlekisi doganynyň degişmesini alyp göterdi.

— Ýok-how, iki gezek...

— Her minutda...

— Tutuş tomus...

— Aý, gapylsaňyzlaň! — diýip, toparbaşy Persi olara azgyryldy.

Ekizleriň biri:

— Näme üçin Persä täze ýektaý berildikä? — diýdi.

— Sebäbi ol indi toparbaşy boldy — diýip, ejeleri uly ogluna çäksiz guwanç bilen seretdi. — Bolýar, balam. Işiňde üstünlik arzuw edýän! Barmaly ýeriňe ýeteňde, baýguşdan maňa hökman hat ibergin!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol Persiniň ýaňagyndan ogşap, gitmäge rugsat berensoň, ekizlere seretdi.

— Siziň ikiňiz özüňizi gaty gowy alyp baryň! Eger maňa: «Siziň oglanlaryňyz hajathanany çogdurypdyr» diýip hat geläýse...

— Gaty gowy pikir, eje! Sag bol!

— Men oýun edemok. Rona-da göz-gulak boluň!

Alada etme, eje. Biziň ýanymyzdaka, Ronni jana hiç zat bolmaz.

Ron:

— Gapylyň! — diýip azgyryldy. Ol ekizler bilen boýdaşdy, bumunyň sydyrdyp süpürilen ýeri bolsa häzir hem gyzaryp durdy.

— Wiý, eje, edil ýaňyja otluda kimi görenimizi bil-dä.

Harri olara görünmez ýaly derrew yza çekildi.

— Häli, demir ýol menzilinde biziň golaýymyzda duran gara saçlyja oglan ýadyňa düşýärmi? Şol oglanyň kimdigini bilýäňmi?

— Kim?

— Harri Potter.

Harri ejesiniň elinden tutup duran gyzjagazyň:

— Eje, otla münüp, menem ony görüp geläýin-dä! Goýberäý-dä, eje! — diýendigini eşitdi.

— Sen ony eýýäm gördüň, Jinni. Onsoňam görgüli oglanjyk haýwanat bagynda synlamaga goýlan haýwan däl ahyryn. Fred, şol oglanjygyň, hakykatdan hem, Harridigini nireden bilýäň?

— Özüm soradym. Onuň maňlaýyndaky ýyldyrym şekilli ýara yzynam öz gözlerim bilen gördüm.

— Wah, görgüli oglanjyk. Onuň demir ýol menziline ýeke özüniň gelşini geňem gördüm-le. Menden platforma nädip barmalydygyny sorady. Salykatly oglanjyk eken.

— Ady tutulmaýanyň keşbi ýadyna düşýärmikä?

Oglunyň bu sözlerine ejesiniň ýüzi hyrsyzlandy.

— Fred, ondan bu hakda soramagy gadagan edýän. Soramaga milt edäýmegin. Okuwynyň ilkinji gününde oňa bolup geçen zatlary ýatladyp durmak gerek däl.

— Bolýar-la eje, gaharlanmasana.

Şol pursat otlynyň zoguldysy eşidildi.

Ejeleri:

— Çalt boluň! — diýeninden, oglanlaryň üçüsi hem otla mündi. Olar, ejeleri soňky gezek ogşar ýaly, penjireden aşak egildiler. Gyz jigileri aglap başlady.

— Aglamasana, Jinni. Biz saňa baýguş baryny ibereris.

— Biz saňa Hogwarts hajathanasynyň oturgyjyny ibereris.

— Jorj!

— Oýun edýän-le, eje.

Otly ýerinden gozgandy. Harri olaryň ejesiniň elini galgadandygyny, jigisiniň bolsa hem gülüp, hem aglap otly bat alýança ylgandygyny, soň ejesiniň ýanyna dolanyp, onuň hem elini galgadandygyny gördi.

Harri eneli-gyzy gözden ýitýänçäler synlady.

Otly uly tizlikde öýleriň deňinden geçip barýardy. Öňünde nämeleriň garaşýandygyny bilmese-de, yzda galan zatlardan has gowy boljakdygy hakda pikirlenen Harriniň tutuş süňňüni begenç duýgusy gaplap aldy.

Kupäniň gapysy açylyp, ýaňky çypar saçly oglanlaryň iň körpesi içerik girdi.

— Şu ýeri boşmuka? — diýip, ol Harriniň gabat garşysyndaky oturgyjy görkezdi. — Beýleki ýerleriň ählisi eýeli görünýär.

Harri «hawa» diýen äheňde baş atansoň, ol ýaňky boş ýere geçip oturdy. Çypar saçly oglan başda özüne göz aýlan hem bolsa, soň seretmeýän kişilerden bolup, penjireden daşaryny synlady. Harri onuň burnundaky şol tegmiliň häzir hem garalyp durandygyny gördi.

— Eý, Ron — diýip, gapynyň aňyrsynda ekizler peýda boldular.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Biz-ä, otlynyň orta gürpündäki wagonlaryň birine baryp gelmekçi. Li Jordanyň ullakan tarantulasy[1] barmyşyn.

— Şeýlemi? — diýip, Ron göwünli-göwünsiz gepledi.

Ekizleriň biri:

Harri, biz seni özümiz bilen tanyşdyrmadyk ahyryn. Fred we Jorj Wizli. Bu bolsa biziň jigimiz Ron. Ýene görüşýänçäk, sag bol! — diýdi.

Harri bilen Ron:

— Sag bol! — diýişdiler.

Ekizler kupäniň gapysyny ýapdylar.

Ron:

— Sen, hakykatdanam, Harri Pottermi? — diýip, häliden bäri özüni gyzyklandyrýan sowalyny berdi.

Ol baş atdy.

— Nätdiň-aý?! Men Fred bilen Jorj dagy oýun edýändir öýtdüm. Onsoň sende, hakykatdanam... — diýip, ol Harriniň maňlaýyny görkezdi.

Harri maňlaýyndaky ýyldyrym şekilli ýarasy görner ýaly, saçyny yza gaňyrdy.

— Diýmek, Ady agzalmaýan, hakykatdanam, seň maňlaýyňda...

— Hawa. Ýöne meň hiç zat ýadyma düşenok.

— Ýekeje zadam ýadyňa düşenokmy?! — diýip, Ron bilesigelijilikli sorady.

— Ýaşyl ýagtylykdan başga hiç zat ýadyma düşenok.

— Baý-bow — diýen Ron birnäçe wagtlap Harrini synlap oturdy. Soň hem bolup oturyşyny gelşiksiz hasapladymy, nämemi, ondan gözüni aýryp, penjirä seretdi.

Harri:

[1] Tarantula – ýylanyň bir görnüşi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Maşgalaňyzdakylaryň bary jadygöými? — diýip, Ronuň özünden gyzyklanyp soraýşy ýaly, bilesigelijilik bilen oňa ýüzlendi.

— E-e, hawa, şeýlemikä diýýän. Ejemiň bir hasapçy ýegeni bar öýdýän. Ýöne biz hiç haçan ol hakda gürleşemzok.

— Onda sen eýýäm jady baryny öwrenensiň?

Wizliler darajyk köçede solgun ýüzli oglanjygyň gürrüň beren jadygöý maşgalalaryndan biri bolmalydy.

Ron:

— Men seň magllaryň arasynda ýaşandygyňy eşitdim. Olar nähili adamlar, hä?! — diýip sorady.

— Gaty erbet adamlar. Elbetde, hemmesine beýle diýip bolmaz. Ýöne meň daýymdyr daýzam hem ýegenim, gürrüňsiz, erbet adamlar. Olaryň ýerine meňem seňki ýaly, üç sany jadygöý doganym bolsady.

— Bäş sany. Men olaryň altynjysy — diýen Ron näme üçindir gaýgyly göründi. Soň ol sözüni dowam etdi:

— Men maşgalamyzda Hogwartsa gidýänleriň altynjysy. Sen görelde alynjak doganlarymyň bardygyny aýdyp bilersiň. Bil bilen Çarli ikisi eýýäm özbaşdak ýaşap başladylar. Bil mekdebiň iň ökde okuwçysy bolan bolsa, Çarli kwiddiç toparynyň ekabyr okuwçysy boldy. Persem indi toparbaşy. Fred bilen Jorj baran ýerlerini ýykanýumran edip ýörendiklerine garamazdan, gaty gowy okaýarlar. Hemme kişi olary şähdaçyk görýär. Indi olar meňem edil doganlarym ýaly, öňdebaryjylaryň biri bolmagymy isleýärler. Maňa beýtmek başardaýanda-da, hiç kim meň bu başamygymy üýtgeşik zat hökmünde kabul etmez. Sebäbi bu zatlaryň ählisi öň edilipdi. Bäş sany doganyň bolsa, köne zatlardan gözüň açylmaz eken. Maňa Biliň öň geýen ýektaýyny, Çarliň köne taýajygyny, Persiň bolsa garry syçanyny berdiler.

Ron elini jübüsine sokdy-da, ol ýerden süýji ukuda ýatan semiz çal syçan çykardy.

— Ynha, munuň ady Skabbers. Ol barypýatan ýalta syçan. Haçan görseň uklap ýatandyr, oýanaýynam diýenok. Kakam Persä toparbaşy bolany üçin baýguş alyp berdi. Maňa bolsa täze zat alyp bermäge güýçleri ýetm.., ýagny Skabbersi berdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ron gereginden artykmaç gürländirin öýden bolarly, onuň gulagy gyzaryp gitdi. Ol ýene penjireden daşaryny synlamaga durdy.

Harri öz ýanyndan: «Baýguş satyn almaga güýjüň ýetmezliginde utanar ýaly zat ýok ahyryn» diýip pikirlendi. Onuň özünde-hä bir aý mundan ozal ýeke şaýam ýokdy.

Ol soň Rona özüniň elmydama Dadliniň köne eşiklerini geýendigini, ömründe ýeke gezegem idili sowgat almandygyny aýdyp berdi. Bu onuň azajyk hem bolsa keýpini göterdi.

— ...Hagridiň özi gelip maňa ähli zady aýdyp berýänçä, jadygöýdigimdenem, enem-atamdyr Waldemortdanam habarym ýokdy.

Ron gözüni tegeläp, içini çekdi.

Harri:

— Näme boldy? — diýdi.

— Sen Ady tutulmaýanyň adyny tutduňmy? — diýen Ron hem geň galyp, hem aladalanyp sorady.

— Men seniň, ýagny hemme adamlaryň...

— Onuň adyny tutmak bilen batyr görünjek bolamok. Men hiç wagt onuň adynyň tutulmaly däldigini bilmändim. Näme diýjek bolýanyma düşünýänsiň-le. Meň entek öwrenmeli zadym diýseň köp. Gör-de duruber... — diýip, ol şu ýerde özüni köpden bäri biynjalyk edýän pikirini dile getirdi. — Gör-de duruber, ynha, men synpda iň yzagalak okuwçylaryň biri bolaryn.

— Ýok, beý diýme. Bu mekdebe magl maşgalasyndan okamaga gelýänler diýseň köp. Ýöne muňa garamazdan, olar gaty tiz öwrenýärler.

Ron bilen Harri gürrüňe gyzyp, otlynyň Londondan çykandygyny hem bilmän galdylar. Otly sygyrdyr goýunlardan doly çemenzarlygyň içi bilen gidip barýardy. Olar göm-gök meýdany, darajyk köçeleri synlap, birsalym sessiz oturdylar.

Sagat on ikiniň ýary töwereklerinde gapynyň aňyrsyndan kimdir biriniň çasly sesi eşidildi. Ýüzi düwürtikli, ýylgyryp duran aýal kupäniň gapysyny açdy-da:

— Bir zatlar satyn almak isleýäňizmi, balalarym?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— diýip sorady.

Ertirden bäri agzyna ýeke döwüm çörek almadyk Harri derrew ýerinden galdy. «Ýanym bilen sandwiç alyp gaýtdym» diýen Ronuň bolsa ýene gulaklary gyzardy. Harri gapydan çykdy.

Harri Darsliler bilen ýaşaýarka, hiç haçan süýjiköke satyn alyp görmändi. Häzir welin onuň jübüsi islän şokoladyny almaga ýetjek gyzyl, kümüş şaýlyklardan doludy. Arman, bu aýal şokolad satmaýan eken. Ýöne oňa derek Betti Botuň dürli tagamly un nohudy, Drubluň iň gowy çişýän sakgyjy, gurbaga şokoladlary, kädi süýjüleri, gazan kökeleri, Likýoris jadyly taýajyklary hem ömründe ilkinji gezek görýän ýene-de köpsanly süýji-kökeleri bardy.

Olaryň ählisinden dadyp görmek islän Harri hersinden birnäçesini aldy-da, satyjy aýala on bir sany kümüş sikl bilen ýedi sany mis knut töledi.

Satyn alan bir topar süýji-kökelerini kupä salyp, boş oturgyçlaryň üstüne ýerleşdiren Harrä aňkarylyp seredýän Ron:

— Gaty ajygypsyň öýdýän — diýdi.

— Açlygymdan ýaňa ölüp barýan — diýip, Harri kädi süýjüsine agyz urdy.

Ron daşyna kagyz dolanan bir zat çykardy. Kagyzyň içinde dört sany sandwiç bar eken. Ol sandwijiň birini eline aldy.

— Ejem meniň gaýnadylan eti halamaýandygymy elmydama ýatdan çykarýarda.

— Gel, çalşaly — diýip, Harri süýjüleriň birini uzatdy. — Me, al.

— Muny senem halamarsyň. Ejem biziň bäşimiz bilen başagaý bolup, hiç zada ýetişip bilenok.

— Me, alsana, arkaýyn iýiber.

Şu wagta çenli paýlaşar ýaly zady, hatda dosty hem bolmadyk Harrä Ron bilen süýji-kökelerini paýlaşmak diýseň ýakymly boldy.

Olar süýji-köke iýip oturyşlaryna sandwiji düýbünden unudypdylar.

Harri gurbaga şokoladlaryny eline aldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu näme? Hakyky gurbaga däl gerek?

Harri indi hiç bir zady geň görüp duranokdy.

Ron:

— Ýok — diýip jogap berdi. — Içinden suratam çykýandyr. Mende Agrippina ýok.

— Näme ýok diýdiň?

— Wiý, hawa-la, sen bilýänem dälsiň. Adatça gurbaga şokoladlarynyň içinden jadygöýlerdir gözbagçylaryň suratlary çykýar. Isleseň, olary ýygnabam bilersiň. Men eýýäm bäş ýüz sanysyny ýygnadym. Ýöne mende entegem Agrippinanyň hem Ptolomeýiň suraty ýok.

Harri gurbaga şokoladynyň gabygyny aýyrdy-da, içinden karty çykardy. Onuň ýüzünde ýarym aý şekilli äýnekli, ujy towlanyp duran burunly, çal saçly, gür sakgally adamyň şekili, onuň edil aşagynda bolsa Albus Dambldor diýen ýazgy bardy.

— Diýmek, bu Dambldor-da?!

— Şu wagtda çenli Dambldor hakda hiç zat eşitmedim bir diýme. Gurbagalaryň birini alsam bolýarmy? Belki, içinden Agrippinanyň suraty çykar. Sag bol!

Suraty beýlesine öwren Harriniň onuň arka ýüzündäki ýazga gözi düşdi.

«Albus Dambldor

Albus Dambldor häzirki wagtda Hogwartsyň müdiridir. Ol şu döwrüň öňdebaryjy jadygöýi hasaplanýar. Ol, esasan hem, 1945-nji ýylda gara jadygöý Grindelwaldy ýeňendigi, aždarhanyň ganyny ulanmagyň on iki usulyny tapandygy hem-de öz kärdeşi Nikolas Flamel bilen bilelikde alhimiýa ugrunda bitiren ägirt uly işleri arkaly tanymaldyr. Professor Dambldor aýdym diňlemegi, bowling oýnamagy gowy görýär».

Suraty ýüz tarapyna öwren Harri, Dambldoryň ýüz-keşbiniň gürüm-jürüm bolandygyny görüp, haýran galdy.

— Hany ol?!

— Näme, ol uzynly gün şol bir ýerde durar öýtdüňmi? Birsalymdan soň yzyna dolanyp geler. Wah, ýene Morgana çykdy. Mende munuň alty sanysy bar. Me, sen alaý. Belki, olary ýygnap başlarsyň.

Ron açylmadyk gurbaga şokoladlaryna dümtünip oturdy.

Harri:

— Arkaýyn iýiber — diýip, olary Ronuň öňüne süýşürişdirdi. — Magl dünýäsinde suratdaky adamlar hiç gymyldamaýar.

— Nätdiň-äý! Olar, dogrudanam, gymyldanoklarmy?

Harri suratdaky Dambldoryň ýüz-keşbiniň yzyna gaýdyp gelendigini, onuň özüne seredip ýylgyrandygyny gördi. Rona tanymal jadygöýleriň suratlaryny synlamak däl-de, gurbagalary iýmek has gyzykly ýalydy. Harri welin olardan gözüni aýryp bilenokdy. Birsalymdan soň onuň elinde diňe bir Dambldoryň, Morgananyň suratlary däl, eýsem, Wudkrofltly Hengistiň, Alberika Granýonyň, Sirsiň, Parakelsasyň, Merliniň suratlary peýda boldy. Ol bumuny gaşap duran Druid Kliodnadan zordan gözüni aýyrdy-da, Betti Botuň dürli tagamly un nohudynyň gabygyny aýyrmaga durdy.

— Bulary iýeňde, gaty seresap bolgun. Olaryň «Dürli tagamly» diýdigi, her hilisi... ýagny olaryň içinde şokolad, narpyz, marmelad ýaly gowy tagamlysam, ysmanak, öýken, garyn-içege ýaly erbet tagamlysam bolaýýar. Jon bir gezek ýürekbulanjysynam iýendigini aýdypdy — diýip, Ron gök reňkli nohudy aldy-da, onuň ujundan dişläp gördi.

— Ýürekbulanjydygyny. Gördüň dälmi? Ösüntgiler.

Dürli tagamly nohudy iýmek olar üçin diýseň gyzykly boldy. Harrä köýdürilen çörejik, kokos, bişirilen nohut, ýertudana, ot, kofe, balyk tagamly nohutlar gabat geldi. Ol hatda Ronuň iýmäge bogny ysmadyk üýtgeşik çal reňkli nohutjygyndanam dadyp gördi. Bu nohut burç tagamly bolup çykdy.

Otluk meýdany yzda goýup, öňe okdurylyp barýan otly gür tokaýlygyň, tolkun atýan derýanyňdyr göm-gök baýyrlaryň deňinden geçip barýardy.

Birden kupäniň gapysy kakylyp, Harriniň dokuz hem dörtden üç platformada deňinden geçen şol tegelek ýüzli oglanjyk aglamjyrap içerik girdi.

— Bagyşlaň, siz meň gurbagamy gören-ä dälsiňiz?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olaryň «ýok» diýen manyda kellelerini ýaýkanlaryna mähetdel, ol:

— Men ony ýitirdim. Näme üçin ol elmydama menden gaçyp gidýär? — diýip, uly sesi bilen möňňürip aglamaga başlady.

Harri:

— Gurbagaň hökman yzyna dolanyp geler — diýip, ony köşeşdirjek boldy.

— Bolýar-da... eger birden göräýseňiz...

Soň ol çykyp gitdi.

Ol kupeden çykan badyna Ron:

— Men onuň näme üçin beýle alada galýandygyna düşünip bilemok — diýip gürrüňe başlady. — Eger meň gurbagam bolan bolsady, ony özüm her edip, hesip edip ýitirjek bolardym. Aslynda-ha Skabbersli halyma, meň gürlärligimem ýok.

Syçan häzir hem Ronuň dyzynyň üstünde süýji ukuda ýatyrdy.

— Men-ä şu birden ölse-de, öleninem bilmezmikäm diýýän. Men düýn, azajyk hem bolsa gelşigine getirjek bolup, onuň tüýüni saraltmaga synanyşdym. Ýöne jady ugruna bolmady. Men saňa häzir jadylaýşymy görkezeýin? — diýip, ol torbasyny dörüşdirdide, birnäçe ýeri ýonulan, ujundan bolsa ýylpyldyly bir zat sallanyp duran, halys könelişip giden taýajygy çykardy.

— Bir buýnuzly atyň ýaly çykjak bolup dur. Bolýar onda.

Onuň jadyly taýajygyny ýokaryk galdyranam şoldy welin, gapyda ýene-de hälki gurbagasyny ýitiren oglan peýda boldy. Ýöne bu gezek onuň ýeke özi däldi, ýanynda täzeje Hogwarts ýektaýyny geýen bir gyzjagaz bardy.

— Şu golaýda gurbaga gören-ä dälsiňiz? Newil gurbagasyny ýitiripdir — diýip, gür goňur saçly, iki alyn dişi has uzyn bolan bu gyzjagaz dogumly gürledi.

Ronuň:

— Biz oňa görmändigimizi hälem aýdypdyk — diýip, jogap berendigine garamazdan, gyzjagaz onuň ýeke sözüne-de gulak gabartmady.

Gaýtam Ronuň elindäki jadyly taýajygyna seredip:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Näme jadygöýlik etjek bolýaňmy? Menem göräýeýin — diýdi-de, boş oturgyja geçip oturyberdi.

Özüne ynamsyz görünýän Ron:

— Bor — diýdi.

Soň «ähm-ühm» edip:

— Gün şöhlesi, lýutikler, şalfeý, goý, şu biderek syçanyň tüýi sary reňke öwrülsin! — diýen jadyly sözleri aýdyp çüfläge-de, taýajygyny iki ýana galgatsa-da, Skabbers şol çal reňkliligine hem semizligine galdy.

Gyzjagaz:

— Seniň bu aýdanlaryň jadyly sözlerdigine ynamyň barmy? Görşüň ýaly, gowy jad-a däl eken. Menem tejribe üçin käbir ýönekeýje jadylary synap gördüm. Ählisem ugruna boldy. Ejemdir kakamyň hiç haýsysam jadygöý däl. Şonuň üçinem jadygöýlik mekdebine çakylyk hatyny almak meniň üçin garaşylmadyk zat boldy. Ýöne men gaty begendim. Hogwarts öňdebaryjy jadygöýlik mekdebi ahyryn. Men okuw kitaplarymyň ählisini ýatdan öwrendim. Öwrenen zatlarym şu wagtlykça ýeterlik bolarmyka diýýän. Aslynda-ha meniň adym Germiona Greýnjer. Siz kim bolarsyňyz? — diýip, çalt-çalt gürledi.

Ronuň ýüzüne sereden Harri, onuň gözüni tegeläp durşundan, özi ýaly hiç zat öwrenmändigine düşündi. Bu bolsa Harrini biraz arkaýynlaşdyrdy.

— Men Ron Wizli.

— Harri Potter.

— Sen, hakykatdanam, Harri Pottermi? — diýip, Germiona onuň ýüzüne çiňerildi. — Okuw kitaplaryndan sen hakda-da köp zatlar öwrendim. Has çuňňur öwrenip bilerim ýaly goşmaça kitaplaram satyn aldym. «Häzirki zaman jadygöýliginiň taryhy», «Gara güýçleriň galkynmagy we pese düşmegi», «XX asyryň beýik gözbagçylyk wakalary» atly kitaplarda sen hakda-da aýdylyp geçilýär.

Harri:

— Şeýlemi? — diýip geň galdy.

— Eý, Hudaý! Sen bu hakda hiç zat bileňokmydyň? Men-ä seň ýeriňde bolsam, özüm hakda ýazylan kitaplaryň ählisini tapardym. Siz haýsy öýde okajagyňyz hakda pikirlendiňizmi? Men-ä soraşdyryp-idämsoň, Griffindory saýladym. Aýdyşlaryna görä, öýleriň iň gowusymyş. Dambldoryň özem şol öýde okapdyr. Ýöne Rowenklowa düşsemem erbet bolmazmyka diýýän. Bolýar-da, men gidip, Newiliň gurbagasyny gözleşeýin. Siziň ikiňizem eşikleriňizi çalşyrynsaňyz gowy bolar. Barmaly ýerimize tiz wagtdan ýeterismikäk diýýän — diýdi-de, Germiona gurbagasyny ýitiren oglanjygy yzyna düşürip, kupeden çykdy.

— Nirä düşsemem ýaňky gyz bilen bir ýerde okamaly bolmaýyn — diýip, Ron taýajygyny torbasyna saldy. — Biderek jadyly sözler ekeni. Jorj öwredipdi welin, aldan bolarly.

Harri:

— Doganlaryň haýsy öýde okaýar? — diýip sorady.

— Griffindor — diýen Ronuň ýüzi ýene-de gamaşdy. — Ejem bilen kakamam şol öýi gutardy. Eger menem Griffindora düşmesem, olaryň näme diýjegini bilemok. Rowenklowam erbet däl welin, Slizerinde ýerleşdirmeseler bolýar.

— Bu Wol, ýagny Ady tutulmaýanyň gutaran öýi dälmi?

— Hawa — diýip, Ron keýpsiz halda oturgyja ýaplandy.

— Bilýäňmi, şu Skabbersiň murtjagazlarynyň ujy biraz saralan ýaly — diýip, Harri gürrüňi başga ýana sowmak isledi. — Onsoň, okuwy gutaran doganlaryň näme işleýärler?

Harriniň jadygöýleriň okuwy gutaransoň, näme bilen meşgullanýandyklary hakda köpden bäri bilesi gelýärdi.

— Çarli Rumyniýada aždarhalary öwrenýär. Bil bolsa Afrikada Gringotlylar üçin bir zatlar-a edýär. Ýogsa-da, Gringotda bolup geçen soňky wakalar hakynda eşitdiňmi? Bu barada «Deýli Profet» gazetinde habar berildi, ýöne sen magllar bilen ýaşap, ol gazetden edinibem bilýän dälsiň. Kimdir biri ýokary derejede goragly seýfden ogurlyk etmäge synanyşypdyr.

Oňa aňkarylyp sereden Harri:

— Şeýlemi? Ogrulara näme bolupdyr? — diýip sorady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hiç zadam bolmandyr. Şonuň üçin bu ogurlyk uly goh turuzdy-da. Olary tutup bilmändirler. Kakam-a munuň aňyrsynda güýçli gara jadygöýiň eli bardyr diýýär. Yiten zat ýok öýdýän, bu bolsa gaty geň. Şunuň ýaly wakalar bolup geçende, aňyrsynda Ady tutulmaýan bardyr öýdüp hemme kişi gorkýar.

Bu täzelikler Harrini oýlanmaga mejbur etdi. Onuň her gezek Ady tutulmaýan agzalanda näme üçindir ini tikenekläp gidýärdi. Bu onuň jadygöýlik dünýäsine ýaňy aýak basanlygyndan bolmagy-da mümkin. Ýöne Woldemort diýlip onuň hakyky ady tutulsa, has oňaýly bolaýjak ýalydy.

Ron:

— Sen haýsy kwiddiç toparyny gowy görýäň? — diýip sorady.

— E-e, men-ä hijisinem bilemok — diýip, Harri boýun aldy.

— Bu oýnuň dünýädäki iň bir gowy oýundygyna bahym senem göz ýetirersiň — diýip, Ron oýunda ulanylýan dört top, oýunçylaryň durmaly ýerleri, doganlary bilen bilelikde görmäge giden ady belli oýunlary, pul tapsa satyn almak isleýän sübsesi barada aýdyp berdi. Onuň Harrä ýaňy bir oýnuň tärlerini düşündirip başlanam şoldy welin, kupäniň gapysy ýene açyldy.

Ýöne bu gezek gapyny açanlar gurbagasyny ýitiren Newil bilen Germiona Greýnjer däldi. Içerik üç sany oglan girdi. Olaryň biriniň hanym Melkiniň dükanynda gürrüňdeş bolan solgun ýüzli oglandygyny Harri gören badyna tanady. Ol bu gezek Harrä gyýarak aýlanyp gidýän köçedäki bolşundan has gyzyklanma bilen seredýärdi.

— Aýdylýan dogrumyka? Otludakylaryň ählisi Harri Potteriň şu kupede oturandygyny aýdýar. Diýmek, şol sen-dä?! — diýip, ol Harriniň ýüzüne çiňerilip seretdi.

— Hawa, men — diýen Harri onuň iki gapdalynda edil goragçylary ýaly bolup duran daýaw, ýüzleri gaty gaharly görünýän oglanlara seretdi.

Onuň nirä seredýändigini gören solgun ýüzli oglan:

— Bu Krab, bu bolsa Goýl — diýdi. — Meniň adym Malfoý, Drako Malfoý. Onuň bu sözlerine Ron pyňkyryp goýberdi. Drako Malfoý onuň ýüzüne gaharly seretdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Adymy gülkünç görýäňmi? Seň kimdigiň-ä sorabam oturjak däl. Kakam maňa Wizlileriň ählisiniň çypar saçlydygyny, ýüzleriniň meneklidigini, ekläp bilmeýän bir topar çagalarynyň bardygyny aýdypdy.

Soň ol Harrä seretdi.

— Sen bahym jadygöý maşgalalarynyň hem biri-birlerinden tapawutlanýandygyna göz ýetirersiň. Özüňe ýalňyş dostlary edinmek islemersiň diýip umyt edýän. Bu meselede men saňa kömek edip bilerdim — diýip, ol elini uzatdy.

— Dostlaşmak üçin kimiň gowudygyny ýa gowy däldigini meniň özüm bilerin. Sag bol! — diýip jogap gaýtaran Harri onuň elini gysmady.

Ýüzi gyzarmasa-da, ýaňaklaryna melewşe reňk çaýylan Drako Malfoý:

— Men seň ýeriňde gaty seresap bolardym, Potter — diýip arkaýyn gepledi. — Biraz salykatlylygyňy saklamasaň, eneň-ataň yzyna eýermeli bolarsyň. Olaram edil seň ýaly, özleri üçin nämäniň gowudygyny bilmändiler. Wizliler hem Hagrid ýaly akmak kişiler bilen tirkeşseň, olaryň akmaklygy saňa-da geçer.

Onuň bu sözlerine Ron bilen Harri tarsa ýerinden galdylar.

Ýüzi edil saçy ýaly çym gyzyl bolan Ron:

— Ýaňky aýdanlaryňy ýene bir gezek gaýtala hany — diýip gaharly gepledi.

— O-o-o, bular biziň bilen uruşmakçy bolýan ýaly-la? — diýip, Malfoý göwnüýetmezçilikli ýylgyrdy.

Özlerinden iki esse daýaw Krabdyr Goýldan heder etmän durmasa-da, Harri:

— Häziriň özünde şu ýerden gitmeseňiz... — diýip, batyrgaý gürledi.

— Ýöne biziň-ä entek gidesimiz gelenok, şeýle dälmi, oglanlar?! Biz ähli süýji-kökelerimizi iýip gutardyk welin, sizde entegem biraz galan ýaly-la.

Ronuň gurbaga şokoladyna elini uzadan Goýly saklajak bolup öňe süýşenem şoldy welin, ol çirkin gygyrdy.

Skabbers Goýluň barmagyndan kiçijik dişlerini berk geçirip, ony goýbermän aslyşyp durdy. Goýl barmagyndaky syçan bilen iki ýana towlanyp başlanda Malfoýdyr Krab gorkup, yza çekildiler. Ahyry Skabbersiň sypyp, aýna patlap degenine mähetdel,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

olaryň üçüsi üç ýerden ylgaşlap, gygyryşyp gaçyp gitdiler. Olar süýjüleriň arasynda başga-da syçan bardyr öýden bolarly.

Olaryň yz ýany bilen içerik giren Germiona Greýnjer kupäniň içinde dargap ýatan süýji gabyklaryny görüp:

— Näme boldy? — diýip sorady.

— Ol almytyny aldy — diýip, Ron syçanyň guýrugyndan tutup, ýokaryk galdyrdy.

Soň Skabbersi ünsli synlady-da:

— Aý, ýok, ynanar ýaly däl, ol ýene uka gidipdir — diýdi.

Syçan, hakykatdan, hem süýji ukuda ýatyrdy.

Ron:

— Sen Malfoýa öňem gabat gelipmidiň? — diýdi.

Harri gyýarak aýlanyp gidýän darajyk köçede

Malfoýa nädip duşandygy hakda oňa aýdyp berdi.

— Men olaryň maşgalasy barada gaty köp zat eşitdim. Ady tutulmaýan ýitirim bolansoň, biziň tarapymyza geçenleriň ilkinjisimiş. Adamlar olaryň jadylanandygyny aýdýar welin, kakam-a ynananok. Ol: «Malfoýyň kakasy gara güýji jadysyzam kabul etjek adamlardan» diýýär — diýip, Ron Malfoýyň maşgalasy barada gürrüň berdi.

Soň ol Germiona seretdi.

— Sen bu ýerde näme işleýäň?

— Siz bahym eşikleriňizi çalşyrsaňyz gowy bolar. Men şu wagt sürüjiniň ýanyndan gelýän. Ol biziň ýetip gelýändigimizi aýtdy. Siz näme uruşdyňyzmy? Eger urşan bolsaňyz, mekdebe ýetmänkäk, başyňyza bela satyn alarsyňyz.

— Biz däl-de, Skabbers uruşdy — diýip, Ron gaharly seretdi. — Belki, eşigimizi çalşyrýançak, daşyna çykarsyň, hä?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bolýar, men okuwçylar eýläk-beýläk ylgaşyp, özlerini edil çaga ýaly alyp baransoňlar, bärik geläýdim — diýip, Germiona hondan bärsiräp gepledi. — Onsoňam burnuňda hapa bardygyndan habaryň barmy?!

Ron kupeden çykan Germiona gaşyny çytyp seretdi. Harri penjireden daşaryny synlady. Howa eýýäm garaňkyrapdyr. Ýöne muňa garamazdan, şapagyň gyrmyzy ýagtysyna tokaýlygy, daglary aç-açan saýgaryp bolýardy. Otlynyň tizligi kemkemden ýuwaşap başlady.

Ron bilen Harri jemperlerini çykaryp, uzyn gara ýektaýlaryny geýdiler. Ronuňky özüne biraz gysga bolansoň, ýektaýynyň aşagyndan balagy gömüp durdy.

Şol wagt: «Bäş minutdan Hogwartsa ýetýäs. Goşlaryňyzy otluda goýup gitmegiňizi haýyş edýäs. Olar mekdebe aýratynlykda äkidiler» diýen kimdir biriniň sesi otlynyň içinde ýaňlanyp gitdi.

Aljyraňňylygyndan ýaňa Harriniň içi towlap başlan bolsa, Ronuň menekli ýüzi diýseň solgun göründi. Olar galanja süýjülerini jübülerine dykyşdyryp, dälizde üýşüp duran okuwçylara goşulyşdylar.

Badyny gowşadan otly ahyry saklandy. Okuwçylar gapynyň agzyna dyklyşyp, kiçijik, garaňky platforma düşüp başladylar. Harriniň gijäniň salkyn howasyna ini tikenekläp gitdi. Birden olaryň depesinde iki ýana yranyp duran çyra peýda boldy. Şol pursat Harri özüne tanyş sesi eşitdi.

— Birinji ýyl okuwçylary bärik süýşüň. Ýagdaýlaryň gowumy, Harri?

Deňiz ýaly owsun atyp duran sansyz-sajaksyz kelleleriň üstünden Hagridiň ýylgyryp duran tüýlek ýüzi göründi.

— Hany, boluň, meň yzyma düşüň! Başga-da birinji ýyl okuwçylary barmy? Seresap ýöräň. Birinji ýyl okuwçylary, meň yzyma düşüň!

Olar südenekleşip ýokarlygyna gidýän ýodajygy yzarlap, Hagridiň yzy bilen ýöräp başladylar. Ýodajygyň iki tarapy şeýle bir garaňkydy welin, Harri öz ýanyndan: «Bu ýerlerde gür agaçlar ösýän bolaýmasa» diýip pikirlendi. Gurbagasyny ýitirip ýören Newiliň kämahal burnuny çekişi eşidilýär diýäýmeseň, hiç kimden ses çykanokdy.

— Siz häzir ömrüňizde ilkinji gezek Hogwartsy görersiňiz — diýip, Hagrid egnaşyr gepledi. — Ynha, şu ýerden öwrüm etsek bolany.

Şol pursat hemmeler «Hiýh-de-hiýh!» bolşup içlerini çekdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Birden darajyk ýoda ullakan gara kölüň kenaryna çykdy. Kölüň beýleki tarapyndaky beýik dagyň depesinde, ýagty penjireleri asmanda ýalpyldaşýan ýyldyzlardan hiç hili tapawudy bolmadyk köşk seleňläp gömüp durdy.

— Bir gaýyga dört adamdan artyk münmeli däldir — diýip, Hagrid kölüň ýakasyndaky gaýyklara elini uzadyp aýtdy.

Harridir Ronuň ýerleşen gaýygyna Germionadyr Newil hem mündi.

Ýeke özi bir gaýygy eýelän Hagridiň:

— Hemmeler gaýyga mündülermi? Bolýar onda, öňe! — diýip, gygyranyna mähetdel gaýyklaryň ählisi birden aýna ýaly dup-dury suwuň ýüzünde hereket edip başladylar.

Kellelerini ýokaryk galdyryp, köşge aňkarylyşyp seredişýän okuwçylaryň hiç birinden hem ses çykmady. Gaýyklar daga ýakynlaşdygyça köşk olara has beýik bolup göründi.

Birinji gaýyk daga ýetende, Hagrid:

— Kelläňizi aşak egiň — diýip gygyrdy.

Olaryň kellelerini aşak egenine mähetdel gaýyklar

leýlisaçyň şahalarynyň aňyrsynda gizlenen dag köweginiň içine yzly-yzyna girip gitdiler. Olar ýerasty deňiz duralgasyna meňzeş kenara gelip ýetýänçäler, köşgüň göni düýbüne eltäýmegi mümkin ýaly görünýän garaňky geçelgäniň içi bilen ýüzdüler.

Okuwçylar düşensoň, gaýyklary gözden geçiren Hagrid:

— O-ho, sen bu ýerde näme işleýäň? Bu seň gurbagaňmy? — diýdi.

— Trewor! — diýip, şatlykly gygyran Newil gurbaga tarap elini uzatdy.

Soňra olar Hagridiň çyrasynyň ýagtysyna daş basgançaklar bilen ýokaryk galyp başladylar hemde ahyrsoňy köşgüň öňündäki otluk meýdança çykdylar.

— Hemmäňiz şu ýerde dälmi?! Eý, sen, ýene gurbagaňy ýitirmediň gerek? — diýen Hagrid äpet elini galdyrdy-da, köşgüň gapysyny üç gezek kakdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# 7-nji bap: SAÝLAÝJY PAPAK

Birden köşgüň gapysy açyldy. Gapyda gara saçly, zümerret gök ýektaýly jadygöý aýal peýda boldy. Onuň agras ýüzüni gören Harri öz ýanyndan «Bu-la özüne söz gaýtardýan däldir» diýip pikirlendi.

Hagrid:

— Birinji ýyl okuwçylary — diýip, yzynda hümerlenişip duran okuwçylary görkezdi.

— Sag boluň, Hagrid! Olary özüm içerik salaryn — diýip, ol gapyny giňden açdy. Däliziň içi şeýle bir giňdi welin, bu ýerde Darsleriň tutuş öýi hem ýerleşjekdi. Daş diwarynyň ýüzünde edil Gringotdaky ýaly, içerini ýagtylandyryp duran ýagtylyk beriji alawlar — maşgallar oturdylan bolsa, jaýyň ortarasynda ýokarky gatlara äkidýän ajaýyp mermer basgançagy bardy. Üçek şeýle bir beýikdi welin, onuň gutarýan ýeri hem gömenokdy.

Olar professor Makgonagalyň yzyna düşdüler. Harrä sag tarapdaky gapylaryň birinden ýüzlerçe adamynyň wagyrdysy eşidildi. Mekdep okuwçylarynyň ählisi eýýäm şol ýere ýygnanan bolmaly. Ýöne professor Makgonagal olary darajyk otaga getirdi. Içerik giren okuwçylar töwereklerine garanjaklaşyp, biri-birlerine dykylyşyp durdular.

— Hogwartsa hoş geldiňiz! — diýip, professor Makgonagal söze başlady. — Täze okuw ýylyna bagyşlanyp geçirilýän dabara az salymdan başlanjakdyr. Ýöne uly zalda ýerleriňize geçip oturmankaňyz, dürli öýlere bölünersiňiz. Bölünişik siziň üçin wajyp pursatlaryň biridir. Haýsy öýe düşseňiz, şol ýeri hem bärde okaýan döwrüňiz edil öz maşgalaňyz ýaly bolar. Öz öýüňizdäki okuwçylar bilen sapak geçersiňiz, öz öýüňiziň umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşarsyňyz, boş wagtlaryňyzy öz öýüňiziň umumy otagynda geçirersiňiz. Griffindor, Hafflpaff, Rowenklow hem Slizerin atly dört sany öý bolup, olaryň hersiniň öz aýratyn taryhy bardyr. Bu öýleriň dördüsinde hem öz döwründe öňdebaryjy jadygöýler ýetişendirler. Okuwdaky başamyklaryňyz siziň bahaňyzy artdyrar, islendik bidüzgünçiligiňiz bolsa bahaňyzy kemelder. Ýylyň soňunda iň ýokary bahaly öý ýörite kubok bilen sylaglanar. Bu kuboga eýe bolmak uly abraýdyr. Men siziň her biriňiz öz düşjek öýüňize uly abraý getirersiňiz diýip umyt edýän. Öýlere bölmek çäresi ýene birki minutdan mekdebiň öňünde geçer. Oňa çenli üst-başyňyzy oňaryşdyryň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Professor Makgonagalyň gözi Newiliň çep gulagynyň aşagynda iliklenen ýektaýynda, Ronuň tegmilli burnunda eglendi. Muny gören Harri çalasynlyk bilen saçyny düzetmäge durdy.

— Sizi çagyrmaly wagty yzyňyzdan gelerin. Oňa çenli bolsa, goh-galmagalsyz garaşyň — diýip, ol otagdan çykyp gitdi.

Harri:

— Olar nähili usul bilen bizi öýlere bölmekçikä? — diýip, Rondan sorady.

— Nähilidir bir synag arkalymyşyn. Fred: «Sizi, baý, awundyrarlar-a» diýipdi welin, men-ä oýun etdimikä öýdýän.

Harriniň ýüregi agzyndan çykara geldi. Synag barmyş? Ýöne ol hiç hili jadyny bilmeýän halyna, tutuş mekdebiň öňünde nähili çykyş ederkä? Ol beýle zatlara garaşmandy. Harri aladalanyp, töweregine seredende, beýlekileriň hem özi ýaly aljyraşyp durandygyny gördi. Haýsysyny ulanmaly boljagy hakda aladalanyp, öwrenen ähli doga-jadylaryny ýatdan çykarmaz ýaly, pyşyrdap gaýtalaýan Germiona Greýnjerden başga hiç kimden ses çykanokdy. Harri onuň sesini eşitmejek bolup jan etdi. Ol mekdep mugallymynyň ötürme saçyny nähilidir bir usul bilen gök reňke üýtgedendigi hakdaky mekdep şikaýatnamasyny Darslilere äkitmeli bolanda-da şu wagtkysy ýaly gorkmandy. Harri gapydan gözüni aýryp bilmedi. Sebäbi professor Makgonagal islendik wagt gelip, ony betbagtçylygyň boljak ýerine äkidip biljekdi.

Birdenem onuň tisginip gitmegine, ýeňse tarapyndaky birnäçe okuwçylaryň bolsa çirkin gygyryşmagyna sebäp bolan bir ahwalat ýüze çykdy.

— Bu-da nämäniň?..

Harridir deň-duşlary içlerini çekdiler. Arka tarapdaky diwarda ýigrimä golaý ruh peýda boldy. Zümerret ak keşpli, gözden ýitip barýan ýaly görünýän, birinji ýyl okuwçylaryna üns bermän, otagyň içi bilen uçup barýan bu ruhlar öz aralarynda jedelleşýän ýalydylar. Kiçijikden pökgüje, ruhana meňzeş ruhlaryň biri beýlekilere aldygyna bir zatlar düşündirýärdi.

— Bagyşlamaly hem unutmaly. Men-ä oňa ýene bir mümkinçilik bermelimikäk diýýän...

— Gadyrdan Fraýar! Biz şu wagta çenli Piwse geçirimlilik etmedikmi näme?! Ol biziň ählimizi ýüzügara edýär. Onsoňam ol hakykatda ruham däl ahyryn. Meň aýtjak

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bolýan zadym... siz bu ýerde näme işleýäňiz? — diýen, güberip duran epini bolan dar balakly, boýny ýogyn žaboly ruhuň birinji ýyl okuwçylaryna birdenkä gözi düşdi.

Olaryň hiç birinden ses çykmady.

— Täze okuwçylar — diýip, ýylgyran pökgüje Fraýar olaryň deregine jogap berdi. — Öýlere bölünjek bolýaňyzmy?

Okuwçylaryň käbiri baş atdylar.

Fraýar:

— Siz Hafflpaff öýüne düşersiňiz diýip umyt edýän. Bilýäňizmi, bu meň okan öýüm — diýdi.

Birdenkä:

— Tiz boluň! — diýen çasly ses ýaňlanyp gitdi.

— Öýlere bölme çäresi başlanýar.

Professor Makgonagal yzyna dolanyp gelipdi. Ruhlaryň ählisi ýeke-ýekeden garşydaky diwara siňip, gözden gaýyp boldular.

Professor Makgonagal:

— Hany, hatara düzüliň! Meň yzymdan galmaň! — diýip, birinji ýyl okuwçylaryna görkezme berdi.

Aýagy zordan diýenini edýän Harri täsin duýgulary başdan geçirip, hatarda çäge reňk saçly oglanyň yzynda, Ronuň bolsa öňünde duransoň, okuwçylaryň ählisi otagdan çykdylar hem-de ýene girelgä gaýdyp gelip, iki gatly gapydan Uly Jaýa girdiler.

Harri ömründe beýle täsin, ajaýyp jaýy görmändi. Jaýyň içini howada galgap duran müňlerçe şemler ýagtylandyrýardy. Jaýda dört sany stol bardy. Olaryň başynda okuwçylar otyrdy. Jaýyň aňry çetinde goýlan stoluň başynda mugallymlar ýerleşipdi. Stollaryň ählisine bezeg hökmünde altyn gap-gaçlar goýlupdyr. Professor Makgonagal okuwçylary mugallymlaryň oturan stolunyň golaýyna getirdi. Olaryň ýeňse tarapynda mugallymlar, gabat garşylarynda bolsa okuwçylar otyrdylar. Özlerine garap duran nätanyş ýüzler şemleriň ýagtysyna öçügsi şöhle saçýan çyralara meňzeýärdi. Jaýyň her ýerinde duran ruhlar kümüşsöw reňkde öwşün atýardylar. Harri aňkarylyşyp bakýan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

nazarlardan nazaryny sowmak üçin ýüzüni ýokaryk galdyranda, ýalpyldaşyp duran sansyz ýyldyzly gara mahmal üçegi gördi.

Ol Germionanyň:

— «Hogwartsyň taryhy» diýen kitapda üçegiň jady arkaly hakyky asmana meňzedilendigi hakda okapdym — diýip pyşyrdandygyny eşitdi.

Uly Jaýyň, hakykatdan-da, üçeginiň bardygyna, bu görünýän sansyz ýyldyzlarynyňam hakyky däldigine ynanar ýaly däldi.

Professor Makgonagal birinji ýyl okuwçylarynyň öňünde oturgyjy getirip goýanda üçekden gözüni aýran Harri ol oturgyjyň üstünde jadygöýiň ýygyrt atyp giden, ýüzi hapa tegmillerden doly, ujy inçelip gidýän köne papagynyň durandygyny gördi. Petunýa daýzasy munuň ýaly papagy öýe salmaga asla rugsat bermezdi.

Harri: «Belki olar biziň bu papakdan towşan çykarmagymyzy isleýändirler» diýip pikirlendi. Oturanlaryň ählisiniň papaga üns bilen aňkarylyşyp seredýändiklerinden çen tutsaň, onuň çaklamasy dogry ýalydy. Harri hem beýlekiler ýaly papaga ünsli seretdi. Jaýyň içine bir pursat ümsümlik aralaşdy. Birdenkä ýaňky papak epilip-ýazyldy-da, etegindäki tikini hakyky agyz ýaly giňden açylyp, aýdym aýtmaga başlady.

Eger maňa: «Bigörk» diýip baksaňyz, Ýalňyşýaňyz, size çynym aýdaýyn.

Menden has akylly papak tapsaňyz,

Söz berýärin, öz-özümi ýuwdaryn. Gazanjygňyz bolup biler tegmilli, Papaklarňyz bolsa örän arassa.

Öýlere men bölýän, Hogwartsa belli, Özgelerden belentde men köp esse.

Men saýlaýjy papak, sözlämok çaklap,

Edýän pikirlerňiz başarýan duýup.

Okamaly ýerňiz aýdaryn hökman, Şonuň

üçin meni görüň siz geýip.

Eger Griffindora düşen bolsaňyz,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Mert siz, edermen siz, gahrymansyňyz,

Eger-de siz HafflpafFda galsaňyz,

Dogruçyl, wepaly, mähribansyňyz.

Düşseňiz pähimli Rowenklowa Diýmek, ylmy söýýänsiňiz ýürekden.

Zehinli kişi siz, syrdaş kitaba,

Dostlar taparsyňyz birek-birekden, Slizerinde-de bardyr çyn dostlar Her kişä, her zada biperwaý deýin,

Gorkmaň, alyň meni, başyňyza geýiň. Ynamdar ellerde alyň siz sapak, Ellem

ýok, ýöne men akylly papak.

Papak aýdymyny tamamlan badyna hemmeler onuň öwgüsini ýetirip, çapak çaldylar.

Papak dört stoluň dördüsiniň başyndakylara-da baş egensoň, gürlemedem, gymyldamadam.

Ron:

— Diýmek, biz bu papagy ýöne geýip göräýmeli ekenik-dä?! — diýip, Harriniň gulagyna pyşyrdady.

— Wah, Frede duşsam bolýar, menden gowuja almytyny alar. Ol maňa trolliler bilen uruşmaly boljagymyzy aýdypdy.

Harri onuň bu sözlerine ýylgyrdy.

Hawa, jadyly papagy geýmek, jadygöýlik görkezmekden has ýeňildi. Ýöne olar papagy hiç kimiň özlerine seretmeýän mahaly geýseler, nähili gowy bolardy. Bu papak ondan göýä köp zat isleýän ýalydy. Harri şol pursatda özüni batyram duýmady, akyllam. Eger papagyň ýüregi bulanýanlar üçin göz öňünde tutýan ýörite öýi bar bolsady, onda Harri, gürrüňsiz, göni şol öýe düşerdi.

Professor Makgonagal eli uzyn kagyzly öňe çykdy.

— Kimiň adyny tutsam, şu oturgyçda oturyp, papagy kellesine geýer. Abbot Hanna.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýaňaklary gyzaryp duran, çypar saçly, gulpaklyja gyzjagaz hatardan çykdy-da, kellesine papagy geýip, oturgyjyň üstünde oturdy. Papak onuň ýüzüniň ýarysyny diýen ýaly ýapypdy. Jaýyň içine bir pursat dymyşlyk aralaşdy.

Birdenem papak:

— Hafflpaff— diýip gygyrdy.

Sag tarapdaky stoluň başynda oturan okuwçylar HafflpafF öýüniň täze agzasyny sykylyklaşyp, el çarpyşyp garşyladylar.

— Bownz Sýuzanna.

Papak ýene:

— Hafflpaff— diýip gygyrdy.

Sýuzanna Hannanyň gapdalyna geçip oturdy.

— But Terri.

— Rowenklow.

Bu gezek çep tarapdan ikinji stoluň başynda oturan okuwçylar el çarpyşdylar. Rowenklowlaryň käbiri öz öýleriniň täze agzasy Terriniň elini gysmak üçin ýerlerinden galdylar.

— Broklhörst Mendi.

Ol hem Rowenklowa düşdi. Brawn Lawnder bolsa Grifflndora düşenleriň ilkinjisi boldy. Çep tarapdaky stoluň başynda oturan okuwçylaryň ählisi diýen ýaly el çarpyşyp, ýerlerinden turdy. Harri olaryň arasynda Ronuň ekiz doganlarynyň pişik ýaly myýawlaşyp durandyklaryny gördi.

Balstrad Millisent welin, Slizerine düşdi. Slizerinler hakda her dürli ýakymsyz gürrüňler eşidendigindenem bolmagy mümkin, näme üçindir, bu öýdäki okuwçylaryň ählisi Harriniň gözüne ýakymsyz göründi. Ol indi özüni, hakykatdan hem, oňaýsyz duýup başlady. Okuwçylaryň öýlere bölünişini synlap duran Harriniň şol pursat başlangyç mekdepde okaýarka, bedenterbiýe sapagynda toparlara bölünişleri ýadyna düşdi. Ol elmydama iň soňkularyň biri bolup saýlanylýardy. Bu onuň başamyksyz okuwçydygyndan däl-de, ähli kişiniň Dadlä gowy görünjek bolup şeýdýändikleri sebäplidi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Finç-Felçliý Jastin.

— Hafflpaff.

Harri papagyň kämahal bir okuwçynyň haýsy öýe düşýändigini bada-bat aýtsa, başga bir okuwçyda biraz säginýändigine üns berdi. Finnigan Simus atly saçy altynsow reňkli oglanyň Grifflndora düşýändigi aýdylýança, ol oturgyçda bir minutlap dagy oturmaly boldy.

— Greýnjer Germiona.

Germiona ady agzalan badyna zöwwe ýerinden galdy-da, ylgap baryp oturgyçda oturdy we papagy garbap alyp, ony kellesine geýdi.

Papak:

— Griffindor — diýip gygyrdy.

Ron gaharly hüňürdedi.

Aljyraýan her bir adamda howsalaly pikirleriň döreýşi ýaly, Harriniň hem aňynda gorkuly pikirler peýda boldy. Birden ol düýbünden saýlanmasa, ýa bolmasa professor Makgonagalyň bu ýerde bir ýalňyşlygyň ýüze çykandygyny, onuň otly bilen yzyna gaýtsa gowy boljakdygyny aýdýança, Harri ýüzüniň ýarysyny örtjek papagy geýip birnäçe ýyllap oturmaly bolaýsa näme?!

— Newil Loňbottam — diýip, elmydama gurbagasyny ýitirip ýören oglanyň ady agzaldy. Ýöne ol oturgyja ýetip-ýetmänkä ýüzinligine ýykyldy. Newil oturgyçda uzak oturmaly boldy. Papagyň ahyry: «Griffindor» diýip gygyranyna mähetdel, ony kellesinden çykarman, şol öýe degişli stola tarap gaýdan Newil soň başgaby Makdug Moraga gowşurmak üçin gülki sesleriniň astynda yzyna dolanmaly boldy.

Gezegi ýetende oturgyçda oturan Malfoýyň kellesine degip-degmänkä papagyň: «Slizerin» diýmegi bilen arzuwy hasyl boldy.

Ol özünden göwnühoş ýagdaýda dostlary Krabadyr Goýla goşuldy. Öýlere bölünmeli okuwçylaryň sany indi beýle bir köp däldi. Professor Makgonagal Munuň, Nottuň, Parkinsonyň, ekiz gyzlar Patilleriň, Salli Annanyň, ahyry hem Harri Potteriň adyny tutdy.

Onuň öňe çykanyna mähetdel, oturanlaryň ählisi pyşyrdaşyp başladylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— «Potter» diýdimi?

— Harri Pottermi?

Papak ýüzüniň ýarysyny ýapmanka, Harri okuwçylaryň özüni synlajak bolup, boýunlaryny süýndürip seredişýändiklerini görüp ýetişdi. Soňra onuň gözüniň öňüni garaňkylyk gurşap aldy. Ol garaşdy.

Birdenem gulagynyň düýbünde:

— H-mm — diýen ses eşidilip gitdi. — Kyn, gaty kyn. Siz gaty gaýratly oglan bolmaly. Ýatkeşligiňizem erbet däl. Sizde başarnyk bar. Hawa... Sizde özüňizi ykrar etdirmäge çäksiz isleg bar. Ynha, bu diýseň gyzykly. Sizi haýsy öýde ýerleşdirsemkäm?!

Oturgyjyň iki gyrasyny berk tutan Harri içinden:

— Slizerin bir bolmasyn, Slizerin bir bolmasyn — diýip gaýtalady.

— Slizerin bolmasyn diýýäňmi?! — diýip, papak sözüni dowam etdirdi. — Ynamyň barmy? Sen beýik jadygöý bolup bilersiň. Ähli zat seniň kelläňde. Slizerin beýiklige eltýän ýolda saňa kömek eder. Ýokmy? Isläňokmy? Beýle bolsa, goý onda, Griffindor bolsun.

Harri papagyň aýdan iň soňky sözüniň jaýyň içine ýaňlanyp gidendigini eşitdi. Papagy çykaran Harriniň aýaklary titreýärdi. Ol zordan diýen ýaly Griffindorlaryň oturan stoluna bardy. Harri özüniň saýlanandygyna we Slizerine ýerleşdirilmändigine şeýle bir begenýärdi welin, ol hatda özi üçin çalynýan çapaklaryň öňkülerden has batly ýaňlanandygyna-da üns bermedi. Ekizler Wizli: «Potter bizde, Potter bizde» diýip gygyryşsalar, toparbaşy Persi ýerinden turup, onuň elini gysdy. Ol häli hem gören boýny ýogyn žaboly ruhuň gabat garşysynda oturdy. Onuň: «Täze öýüňe hoş geldiň!» diýen şekilde arkasyna kakmagy Harriniň sowuk suwa çümüp çykan ýaly inini tikenekledip gitdi.

Ol bu ýerden Baş styluň başynda oturanlary arkaýyn synlap bilýärdi. Stoluň çetinde oňa seredip, elini galgadan Hagrid otyrdy. Harri hem oňa ýylgyryp seretdi. Stoluň edil ortarasynda ullakan altyn oturgyçda Albus Dambldor otyrdy. Harri onuň kimdigini otluda iýen gurbaga şokoladynyň içinden çykan suratdan tanapdy. Onuň kümüş sakgaly, edil ruhlar ýaly, ýagty saçýardy. Harriniň «Döwük gazanda» gabat gelen, elmydama aljyraňňy görünýän professor Kwirrele gözi düşdi. Ol özüniň ullakan gyzylymtyl sellesinde diýseň geň görünýärdi.

Pikirlerinden aýňalan Harri bary-ýogy iki okuwçynyň saýlanman galandygyny gördi.

— Tomas Din.

Rondan has uzyn bolan bu garaýagyz oglan hem Harri ýaly Griffindor stolunyň başyna geçip oturdy.

Törpin Liza Rowenklowa düşensoň, ýüzüniň reňki solup, gözüniň içi gögerip giden Ronuň hem gezegi ýetdi. Harriniň stoluň aşagynda orta we süýem barmaklaryny birleşdirenine mähetdel, papak: «Griffindor» diýip gygyrdy. Harri beýlekiler bilen bilelikde gapdalyndaky oturgyja özüni oklan Ron üçin çapak çaldy.

Iň soňky okuwçy Zabini Blez Slizerine saýlananda, Persi Wizli: «Berekella, Ron» diýip, jigisiniň öwgüsini ýetirdi.

Professor Makgonagal okuwçylaryň atlary ýazylgy, ýalpyldap duran kagyzy togarlady-da, saýlaw papagyny ýygnady.

Öňündäki altyn gaba göz aýlan Harriniň açlygyndan ýaňa içi eljuk diýýärdi. Onuň kädi süýjüsini iýeni bäri göýä birnäçe ýyl geçen ýalydy.

Ýerinden galyp, giňden gollaryny gereninden soň, Albus Dambldor, okuwçylaryň ählisini şu ýerde görmekden başga hiç zat özüni bagtly edip bilmejek ýaly, olara ýylgyryp seretdi.

— Hogwartsa hoş geldiňiz! Sizi täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn! Dabaramyza başlamazymyzdan ozal, birnäçe söz aýtmakçy. Ynha-da, şol sözler: akmaklyk, geňlik, içgoş! Sag boluň! — diýdi-de, ol ýene ýerine geçdi.

Oturanlaryň ählisi çapak çalşyp, ýylgyryşdylar. Harri bolsa güljeginem, gülmejeginem bilmedi.

— Onuň akyly bir ýerindemi? — diýip, ol Persiden sorady.

— Ýok, ol akmak däl-de, geniý, tutuş dünýäde iň öňdebaryjy jadygöý. Ýöne biraz dälişgerägem diýseň boljak. Ýeralmasyny iýjekmi, Harri?

Edil ýaňyja-da boş gap-gaçlardan başga hiç zat bolmadyk stoluň üstünde birden dürli-dümen iýmitleriň peýda bolandygyny gören Harri agzyny açyp galdy. Onuň öňünde gowy görýän naharlarynyň ählisi: gowrulan hem kakadylan jüýje, doňuz, goýun etleri, byzmyklar, sygyr etinden taýýarlanan dürli naharlar, gaýnadylan hem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

gowrulan ýeralma, çipsiler, ýorkşir pudingi , nohut, käşir, pomidor goýaltmasy, narpyz kemputlary bardy.

Darsliler özüni aç saklamadyk hem bolsa, Harri hiç haçan doýa-gana naharlanyp bilmändi. Dadli ýüregi bulansa-da, Harriniň gowy görýän naharlaryny elinden alyp, özi iýerdi. Ol öz tabagyna burçdan başga ähli zatdan biraz guýuşdyryp, naharlanmaga başlady.

Harriniň gowrulan eti kesişini synlap oturan žaboly ruh:

— Daşyndan gaty tagamly görünýär — diýdi.

— Sen, näme, hiç zat iýeňokmy?..

— Men eýýäm dört ýüz ýyla golaý wagt bäri hiç zat iýemok. Aslynda maňa iýmitlenmegem zerur däl. Onda-da kämahal göwnüm isleýär-dä. Bagyşlaň, men size özümi tanyşdyrmadymam ahyryn. Ser Nikolas dö Mimsi-Porpington hemişe siziň hyzmatyňyza taýyn. Men Griffindor binasynyň ruhy.

Birden Ron:

— Men siziň kimdigiňizi bilýän — diýdi. — Doganlarym siz hakda aýdyp beripdiler. Siz Kellesize Golaý Nik!

— Meni Ser Nikolas dö Mimsi diýip atlandyrsaňyz, şat bolardym — diýip, ruh gaharly gepledi.

Ýöne çäge reňk saçly Simus Finnigan:

— Kellesize golaý diýdiňmi? Näme üçin kellesiz däl-de, kellesize golaý? — diýip, onuň sözüni böldi.

Ser Nikolas gürrüňiň öz isleýşiçe dowam etmejegini aňan bolarly, birden gaharlanyp:

— Ynha, şunuň üçin — diýdi-de, çep gulagyndan çekip goýberdi. Şol pursat onuň kellesi tutuşlygyna diýen ýaly egnine agyp gitdi.

Kimdir bir-ä ony kellesiz goýmak isläpdir. Ýöne dolulygyna kesip aýyrmak welin başartmandyr.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olaryň haýran galmakdan ýaňa aňkarylyşyp galandyklaryny görüp, tüýs ýürekden begenen Kellesize Golaý Nik kellesini gaýtadan boýnunyň üstünde ýerleşdirdi-de:

— Flawa, täze Griffindorlar — diýip, sözüni dowam etdirdi. — Bu ýyl öýleriň arasyndaky bäsleşikde ýeňiş gazanmaga kömek edersiňiz diýip umyt edýän. Griffindorlar beýle uzak wagtlap ýeňişsiz galmandy. Slizerinler eýýäm bassyr alty ýyl bäri ýeňiji bolup gelýärler. Ganly Baronyň bolşuna-da soňky döwür çydar ýaly däl. Ol Slizerin öýüniň ruhy.

Slizerinleriň stoluna göz aýlan Harri ol ýerde gözüniň garasy bolmadyk solgun ýüzli, tutuşlygyna kümüş gana boýalan geýimli eýmenç ruhuň edil Malfoýyň gapdalynda oturandygyny gördi. Ruh Malfoýyň ýanynda oturandygyndan göwnühoş bolsa-da, Malfoý öz goňşusyndan närazy görünýärdi.

— Näme üçin onuň eşigi gandan doluka? — diýip, Simus gyzyklanyp sorady.

Kellesize Golaý Nik:

— Men ondan bu barada hiç haçan soramandym —

diýip jogap berdi.

Hemmeler gamyny doýransoň, iýilmän galan naharlaryň ählisi gözden gaýyp boldy. Stoluň üstünde başdaky ýaly ýalpyldap duran gap-gaçlardan başga hiç zat galmady. Birsalymdan soň, olaryň öňünde her dürli tagamly buzgaýmaklar, almaly piroglar, üç gatly tortlar, şokoladly eklerler , bally kökeler, trýufeller , ýertudana, žele, tüwili pudingler ýaly süýji tagamlar peýda boldy.

Harri üç gatly şekernandan garbanyp otyrka, gürrüň olaryň maşgalalaryna syrygdy.

— Men-ä ýarym magl. Kakam hakyky magl. Ejem oňa durmuşa çykýança, özüniň jadygöýdigini aýtmandyr. Bu täzelik kakam üçin garaşylmadyk urgy bolupdyr — diýip, Simus özi hakda gürrüň berdi.

Olar Simusyň bu sözlerine hezil edip gülüşdiler.

Ron:

— Newil, senem özüň hakda bize bir zatlar aýdyp ber-dä! — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Meni enem ösdürip ýetişdirdi. Olam jadygöý. Ýöne garyndaşlarym köp wagtlap men hakyky magldyryn öýdüpdirler. Garry daýym Eljiň menden azajyk hem bolsa jadygöýlik alamatyny tapjak bolup baş urmadyk zady ýok. Ol bir gezek meni Blekpul pirse itekläp goýberdi. Men şonda tas gark bolupdym. Garaz, sekiz ýaşaýançam, hiç hili täsin, geň zat bolmady. Garry daýym Elji myhmançylyga gelende, meň aýagymdan saklap, penjireden aşaklygyna sallady. Garry daýzam Enid oňa merenga hödür edende, ol bilmän aýagymy goýberdi. Ýöne men ýere patlap düşmegiň deregine, ýene yzyma penjirä gaýdyp geldim. Olar şeýle bir begendiler. Enem özüniň bagtlydygyny aýdyp aglady. Mekdebe kabul edilendigimi aýdan mahalym olaryň ýüzlerini bir görsediňiz. Olar, mende bu ýerde okar ýaly, ýeterlik jady ýokdur öýdüpdirler. Garry daýym okuwa girendigim mynasybetli maňa gurbaga satyn alyp berdi.

Harriniň sag tarapynda Persi Wizli bilen Germiona geçiljek dersler hakda özara gürleşýärdiler:

— Sapaklar çalt başlanar diýip umyt edýän. Sebäbi öwrenmeli zatlar diýseň köp. Men, esasanam, keşp üýtgetmek, ýagny bir zady başga bir zada öwürmek bilen gyzyklanýan, özem gaty kyn sapakdyr, şeýle gerek?

— Siz entek ýönekeý zatlardan başlarsyňyz, otluçöpleri sapaga öwürmek, ýene şuňa meňzeşler...

Gamyny doýransoň, meýmiräp başlan Harri ýenede Baş stola göz aýlady. Ol Hagridiň ullakan kürüşgesindäki içgiden owurtlap oturandygyny, professor Makgonagalyň professor Dambldor bilen, kellesi geň selleli professor Kwirreliň bolsa gür gara saçly, ujy towlanyp duran burunly, bugdaýreňk ýüzli bir mugallym bilen gürleşýändiklerini gördi.

Birdenem bumunyň ujy towlanyp duran mugallym Kwirreliň sellesiniň üstünden ýiti nazar bilen Harriniň gözleriniň içine seretdi. Harriniň maňlaýyndaky ýara yzynda duýdansyz ýiti agyry peýda boldy.

— Eý-wäk — diýip, Harri maňlaýyny sypalady.

Persi:

— Näme boldy? — diýip sorady.

— Hiç zat.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Agyry bahym geçenem bolsa, Harrä mugallymyň nazaryndan dörän duýgulardan saplanmak birbada ýeňil düşmedi. Harriniň göwnüne bolmasa, bu mugallym özüni düýbünden halamaýan ýalydy.

— Professor Kwirreliň ýanynda oturan mugallym kim? — diýip, ol Persiden sorady.

— Sen eýýäm professor Kwirreli tanaýaňmy? Gapdalynda professor Sneýp otyrka, onuň beýle aljyraňňylygyny geňem görmeli däl. Professor Sneýp däridermanlardan sapak berýär. Ýöne ol bu ugurdan okadýandygyndan närazy. Ähli kişi onuň professor Kwirreliň ýerini eýelemek isleýändigini aýdýar. Sneýp gara güýçler barada gaty köp zat bilýär.

Harri Sneýpi birsalym synlap oturdy, emma soň professor oňa tarap ýeke gezek hem göz aýlamady.

Ahyry süýjüli tagamlar hem gözden gaýyp boldy. Professor Dambldor ýerinden turdy. Jaýyň içine ümsümlik aralaşdy. Ol: «Ähm-ühm» etdi.

— Ähliňiz iýip-içip bolan bolsaňyz, maňa ýene birki agyz söz aýtmaga rugsat ediň. Täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen size aýdylmaly käbir duýduryşlar bar. Birinji ýyl okuwçylarynyň ählisine mekdep meýdançasynda ýerleşýän tokaýa barmak gadagan edilendir, ulurak synpdaky okuwçylaryň käbirleri hem bu hakda ýatdan çykarmasalar gowy bolardy — diýen Dambldoryň ýaldyrap duran gözleri ekiz Wizlilere gönükdi.

— Şeýle hem, gözegçi jenap Filç size geçelgelerde arakesme wagtynda jadygöýlik bilen meşgullanmagyň bolmaýandygyny ýatlatmagymy haýyş etdi. Kwiddiç oýny boýunça taýýarlyk işleri indiki hepde başlanar. Bu oýna gatnaşmak isleýän adam bar bolsa, hanym Huça ýüzlenip biler. Şeýle hem, ajalyňyza suwsamadyk bolsaňyz, üçünji gatyň sag tarapyna barmaly däldigini men size duýdurýaryn.

Harri onuň soňky sözlerine güldi. Ýöne ondan başga gülen adam bolmady.

Harri:

— Ol oýun edýän-ä däldir? — diýip, Persiden pyşyrdap sorady.

— Mümkin — diýip, Persi gaşlaryny çytdy. — Adatça, ol haýsydyr bir ýerik näme üçin barmaly däldiginiň sebäbini düşündirýär. Tokaýa näme üçin barmaly däldigini hemme kişi bilýär, ol ýerde howply jandarlar köp. Dambldor üçünji gata näme

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
üçin barmaly däldigini soň iň bolmanda bize, ýagny toparbaşylara düşündirermikä diýýän.

— Indi bolsa, düşeklerimize geçmezimizden ozal, mekdep aýdymyny aýdalyň — diýen Dambldor sesini beýgeldip gepledi.

Harri Dambldoryň bu sözlerinden soň, käbir mugallymlaryň ýylgyryp duran ýüzleriniň hyrsyzlanandygyny gördi.

Dambldor edil uçup gitjek guş ýaly taýajygyny galgatdy. Onuň ujundan ýokaryk göterilip, edil ýylan ýaly towlanyp-towlanyp, öz-özünden harplara öwrülen uzyn altyn ýüp çykdy.

Dambldoryň:

— Her kim öz islän heňinde aýdyp biler. Hany, başladyk — diýenine mähetdel, oturanlaryň ählisi bogazyna sygdygyndan gygyryp, aýdym aýtmaga başladylar.

— Hogwarts, Hogwarts, Hoggi Warti Hogwarts,

Eger kel bolsagam, bolsagam garry,

Hatda ýaş bolsak-da aýagy egri,

Hemme zat gerekli aňymyz üçin.

Biziň üçin islendik zat peýdaly, Kellämizde

şuwlap ýel ösýär neçüýn?!

Beýnimizde siňek wyzlaýan ýaly.

Kem galmarys, ediň elden gelenin,

Elmydama köp bilmekde göwnümiz,

Unudanmyz ýatlat, öwret bileniň,

Okamakdan ýadaýança beýnimiz.

Bu aýdymy her kim dürli wagtda tamamlady. Ahyry jaýyň içinde diňe haýaljak äheňde aýdym aýdýan ekiz Wizlileriň sesleri eşidildi. Dambldor başda olara dirižorlyk etdi, soňam aýdym tamamlanan badyna hemme kişiden batly çapak çaldy. — Wah,

şirin aýdym — diýip, Dambldor gözlerini eli bilen ýapyp gürledi. — Jadylaryň iň jadylysy. Indi bolsa düşeklerimize geçmeli wagt ýetdi. Hany, çaltrak boluň!

Griffindor öýüniň birinji ýyl okuwçylary Persiniň yzyna düşüp, mähelläniň içi bilen Uly Jaýdan çykansoňlar, mermer basgançakdan ýokaryk galdylar. Harriniň aýaklary ýene-de diýen etmän başlady. Ýöne bu gezek munuň sebäbi aljyramadan däldi-de, gaty ýadawdygy hem-de häzir gamynyň göjek ýalydygy üçindi. Onuň şeýle bir ukusy tutýardy welin, ol hatda portretdäki adamlaryň özlerine tarap ümläp, bir zatlar pyşyrdaşýandyklaryna-da, Persiniň özlerini iki gezek dagy hereket edýän tutularyň aňyrsyndaky gizlengi geçelgelerden alyp gidendigine-de üns bermedi. Olar pallaşyp, yraň-daraň ýöräp ýene-de birnäçe basgançakdan ýokaryk galmaly boldular. Harriniň: «Ýene näçeräk ýöremelikä?» diýip, pikir edenem şoldy welin, birden olary yzyna düşürip barýan Persi aýak çekdi.

Olaryň edil öňünde bir topar taýaklar howada galgaşyp durdy. Persi bir ädim öňe süýşdi welin, taýaklar bat bilen oňa tarap gaýtdylar.

Persi:

— Piws — diýip, birinji ýyl okuwçylaryna seredip pyşyrdady. — Poltergeýst.

Gözegçi bu gezek sesine bat berip gepledi:

— Piws, özüňi görkez!

Birdenem kimdir biriniň şardan howa goýberilende çykýan sese meňzeş gödek, güýçli sesi ýaňlanyp gitdi.

— Meniň Ganly Baronyň ýanyna gitmegimi isleýäňmi?

Birden gümpüldi sesi eşidildi. Şol pursat eli taýakly, gözleriniň içi garalyp giden, ullakan agyzly, aýaklaryny epläp, howada galgap duran kiçijik, çepiksizje adam olaryň öňünde peýda boldy.

Ol:

— U-u-u-uh! — edip dilini çykardy-da, gahar bilen dodaklaryny ýalady.

Soňra:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Birinji ýyl okuwçyjyklarymy?! Baý, hezil ederis-ä! — diýdi-de, edil ýylanyň sesine meňzedip olara tarap hyşşyldap goýberdi. Zähresi ýarylan okuwçylar yza-yza tesdiler.

— Ýok bol, Piws, ýogsa-da häzir Barony çagyraryn. Oýun edemok, gaharymy getirseň, oňa seň bolşuňy aýdyp bererin — diýip, Persi azgyryldy.

Gahar bilen dilini çykaran Piws elindäki taýagy Newiliň kellesine tarap zyňdyda, gözden gaýyp boldy. Okuwçylar onuň geçelgede hatar edip goýlan harby geýimlerini şakyrdadyp uçup gidendigini eşidip galdylar.

Ýoluny dowam etdiren Persi yzyna düşüp gelýän okuwçylara:

— Piwsden ägä boluň. Ol diňe Ganly Barondan gorkýandyr. Piws biz ýaly toparbaşylar-a diňlänogam — diýip düşündirdi. — Ynha, geldik.

Geçelgäniň gutarýan ýerinde gülgüne köýnekli Dolmuş Aýalyň suraty asylgy durdy.

Ol:

— Paroly aýdyň — diýip, Persä ýüzlendi.

Persiniň:

— Kaput Drakonis — diýip, jogap berenine mähetdel, geçelgäni açmak üçin surat bir gyra süýşdi. Olaryň ählisi içerik girdi. Şol aralykda Newiliň aýagy geçelgäniň bir ýerine ilişdi. Olar Griffindor öýüniň ýumşak oturgyçlar goýlan, rahat umumy otagynda peýda boldular.

Persi gyzlary olaryň umumy ýaşaýyş jaýyna açylýan işikden salan bolsa, oglanlary başga bir gapydan içerik saldy. Olar aýlawly basgançakdan ýokaryk galyp, Hogwartsyň sansyz-sajaksyz binalarynyň birine geldiler.

Jaýyň içinde dört tarapy sütünli, daşyna gyzyl reňkli tutular tutulan bäş sany krowat bardy. Olaryň goşlary eýýäm getirilipdir. Gürrüň etmäge-de ýagdaýlary bolman, okuwçylar ýatýan eşiklerini geýip, düşeklerine geçdiler.

— Naharlar gaty tagamly eken, şeýle gerek?! — diýip, Ron tutynyň aňyrsyndan Harrä ýüzlendi. — Ýok bol, Skabbers! Düşegimi çeýnäp ýürege düşdüňle.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri üç gatly şekemandan dadyp görendigini ýa görmändigini Rondan soramak isländigine garamazdan, gaty ýadawdygy sebäpli bada-bat uka gitdi.

Harriniň aşa köp iýen bolmagy mümkin, sebäbi ol täsin düýş gördi. Harriniň kellesinde professor Kwirreliň sellesi bardy. Selle aldygyna onuň Slizerine geçmelidigini, ykbalynyň bu öý bilen baglanyşyklydygyny düşündirýärdi. Harri Slizerinde okamak islemeýändigini aýdyp, oňa garşy çykdygyça, barha kellesine agram düşýärdi. Ol kellesine berk ýapyşan selläni çykarmaga synanyşsa-da, bu oňa başartmady. Şeýle hem selläni aýryp bilmän başagaý bolup durşuna hezil edinip, üstünden gülýän Malfoý onuň düýşüne giripdi. Birdenkä, Malfoý ujy towlanyp duran burunly Sneýp mugallyma öwrüldi. Ýöne onuň gülküsi has batly hem sowuk çykdy. Duýdansyz peýda bolan gök ýagtylyga Harri titräp, gara der bolup ukudan oýandy.

Ol soň ýorganyna bürenip, gaýtadan uka gitdi. Harri ertesi irden oýananda, özüniň gijeki gören düýşüni düýbünden unudypdy.

## 8-nji bap: DÄRI-DERMANLARYŇ USSADY

— Hanha, seretsene!

— Hany?

— Çypar saçly, uzyn boýly oglanyň ýanynda.

— Äýneklimi?

— Onuň ýüz-keşbi nähili?

— Maňlaýyndaky ýara yzyny gördüňmi?

Ertesi irden umumy ýaşaýyş jaýyndan çykaryna mähetdel, Harri özi hakdaky pyşyrdylary eşitdi durdy. Okuw otaglarynyň daşynda hümerlenişip duran okuwçylaryň käbiri ony görjek bolup daraklygyna galsa, käbirleri edil ýaňyja deňinden geçip giden hem bolsa ony gowy synlamak niýeti bilen ýene yza dolanýardylar. Olaryň özüni beýle alyp barmagy Harrä okuw otagyny tapmaga päsgel berýärdi.

Hogwartsyň käte giňelip, käte daralyp gidýän, birden aşaklygyna inýän ýa-da ýokarlygyna galýan, anna günleri düýbünden başga tarapa äkidýän 142 sany basgançagy bolup, olaryň käbiri kämahallar ýöräp barýarkaň gaýyp bolýardy. Şeýle

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýagdaýda böküp ýetişmegi unutmaly däldi. Bu ýerde haýyş etmeseň ýa-da belli bir ýerine kakmasaň, düýbünden açylmaýan, adaty diwar ýaly emeli gapylar hem bardy. Nämäniň nirededigini ýatda saklamak diýseň kyn düşýärdi. Töwerekdäki ähli zat dynuwsyz gymyldaýardy. Portretlerdäki adamlar biri-birleriniňkä myhmançylyga giderdiler. Harri harby eginbaşlaryň hem gezelenje gidýändigine güwä geçip biljekdi.

Ruhlardanam peýda ýokdy. Gaýtam açyp bilmeýän gapyňdan çykyşyp gaharyňy getirýärdiler.

Diňe Kellesize Golaý Nik elmydama dogry gapyny görkezmäge höwesekdi. Piws Poltergeýstiň welin, esasanam, derse gijä galyp barýarkaň gabat geläýseň, bir özi iki sany ýapyk gapyça ýa-da ugruny üýtgedýän basgançaklarça bardy. Onuň hapa atylýan gutulary kelläňe geýdirmek, hek böleklerini zyňmak, bildirmän yzyňdan gelip burmuňy gysmak, «Burmuňy galdyr» diýip, ala-goh edip gygyryp, aýagyň aşagyndaky halyçany çekip almak ýaly gylyklary bardy.

Eger-de Piwsden ýaman biri bar bolsa, ol hem gözegçi Argus Filçdi. Garridir Ron okuwlarynyň ilkinji gününde onuň gaharyny getirip ýetişipdiler. Olar bilmän üçünji gatdaky barmasy gadagan edilen geçelgäniň gapysyny açjak bolup başagaý bolup durkalar üstlerinden gelen Filç azaşandyklaryna ynanman, gapyny bilgeşleýin açmaga synanyşýandyklaryny, şonuň üçin hem ýerzemine saljakdygyny aýdyp, olary alyp gitmäge häzirlenende, gapdallaryndan geçip barýan professor Kwirrel Harri bilen Ronuň dadyna ýetişipdi.

Filçiň tozan reňkli, hor, edil özüniňki ýaly gözleri hanasyndan çykaýjak bolup duran hanym Norris atly pişigi bardy. Şol pişigiň ýeke özi geçelgelere gözegçilik ederdi. Onuň gözüniň alnynda gadagan edilen ýere ýekeje ädim ädäýseň mawlap, sähel salymdan şol ýerde peýda bolýan Filçi çagyrardy. Filç mekdebiň gizlin geçelgelerini hemmelerden oňat bilýärdi hem-de ruhlar ýaly duýdansyz peýda bolmagy başarýardy. Ýek ýigrendikleri Filç bolan okuwçylaryň köpüsiniň arzuwy onuň pişigini gowuja ýençmekdi.

Okuw otaglaryna eýdip-beýdip zordan aşansoňlar, dersler başlanardy. Harri okuwynyň eýýäm ilkinji gününde taýajygyny eýläk-beýläk galgatmagyň ýa-da jadyly sözleri aýtmagyň hakyky jadygöýlik üçin ýeterlik däldigine düşündi. Bu sungaty ele almak üçin köp der dökmeli ekeni.

Olar her duşenbe güni giç agşamlaryna teleskopyň kömegi bilen ýyldyzlary synlaýardylar, olaryň atlandyrylyşyny öwrenýärdiler hem-de planetalaryň hereketine gözegçilik edýärdiler. Hepdede üç gezek köşgüň arka tarapynda ýerleşýän şitilhanalara

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
baryp, çepiksizje professor Sprut bilen gerbologiýany, ýagny her dürli täsin ösümlikleredir kömeleklere ideg edilişini, olaryň nirelerde nähili ulanylyşyny öwrenýärdiler.

«Jadygöýligiň taryhy» dersi ruh tarapyndan okadylýan ýeke-täk ders bolup, sapaklaryň iň ýürekgysgynjydy. Professor Bins günleriň bir güni mugallymlaryň otagyndaky buhar pejiň golaýynda uklap, ertesi günem bedenini terk edip sapagyny okatmaga gidende halys tapdan düşen garry eken. Okuwçylar depderlerine Emerik Gazaplynyňdyr Urik Täsiniň atlaryny hem doglan ýyllaryny çalşyp, ýalňyş ýazýarkalar, Bins hor çekip ýatmagyny dowam etdirýärdi.

Jadygöýligi öwredýän kiçijik boýly professor Flitwik bolsa kafedranyň aňyrsyndan okuwçylary görüp biler ýaly, bir topar kitaplaryň üstüne münmeli bolýardy. Professor Flitwik özleri bilen geçen ilkinji dersinde okuwçylaryň sapaga gatnaşygyny barlajak bolup, olaryň atlaryny aýdyp durka, Harriniň adyna ýetende birden içini çekip, gözden gaýyp bolupdy.

Professor Makgonagal beýleki mugallymlardan düýpgöter tapawutlanýardy. Harri öz ýanyndan «Gaňryşyna gitmeli mugallym-a däl» diýip, pikirlenip ýalňyşmandy. Okuwçylar ýerlerine geçip-geçmänkä, talabediji, akylly professor Makgonagal:

— Keşp üýtgetmek Hogwartsda öwrediljek jadygöýligiň iň bir howplusy hem çylşyrymlysydyr. Meniň dersimde bidüzgünçilik etjek islendik kişi okuw otagyndan çykarylar, gaýdybam hiç haçan şu derse gatnaşyp bilmez — diýip, ilkinji sapagynda okadýan dersi hakda giriş sözlerini aýdansoň, stoluny doňza, doňzy ýene-de stola öwrüp görkezipdi.

Onuň görkezen jadysyndan täsirlenip işe girişmäge howlugan okuwçylar her dürli goş-golamlary haýwanlara öwürmäge özlerine rugsat berilýänçä, köp wagtyň gerek boljakdygyna gaty tiz düşündiler. Köpsanly çylşyrymly bellikleri depderlerine ýazyp alansoňlar, özlerine bir-birden paýlanyp berlen otluçöpi sapaga öwürmäge synanyşyp başladylar. Dersiň soňunda diňe Germiona Greýnjere otluçöpüň keşbini azajyk hem bolsa üýtgetmek başartdy. Professor Makgonagal otluçöpi eline alyp, onuň nähili kümüşsöw reňke boýalandygyny ujunyň bolsa inçelendigini görkezip, Germiona Greýnjere seredip ýylgyrdy. Professor Makgonagaly ýylgyrdaýmak ýeňilýelpaý iş däldi.

Her kim professor Kwirreliň okadýan «Gara güýçlerden goranmak» dersine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Ýöne okuwçylara sarymsagyň ysyndan ýaňa aňkap

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
duran okuw otagynda sapaga ýürekden ýapyşmak kynrak düşdi. Onuň sarymsaklary yslandyrmak bilen, Rumyniýada gabat gelen, günleriň bir güni yzyndan geläýmekleri mümkin bolan, öz ölemen gorkýan wampirlerinden goranýandygy hakda gürrüň ederdiler. Professor Kwirreliň sellesi, öz aýdyşy ýaly, howply zombini ýok edendigi üçin Afrikanyň şazadasy tarapyndan minnetdarlyk hökmünde sowgat berlipdir. Ýöne okuwçylar onuň bu gürrüňine gatybir ynanyp baranokdylar. Sebäbi bir gezek Simus Finnigan zombini ýok edişi hakda gürrüň bermegini sorap ýalbaranda, professor Kwirreliň ýüzi boz-ýaz bolup, howa hakda gürrüň bermäge başlapdy. Onsoňam onuň sellesinden ýakymsyz ys gelýärdi. Wizliler ol nirä gitse, hemişe ätiýajy elden bermän, sellesiniň içinem sarymsakdan doldurýandygyny aýdýardylar.

Öz deň-duşlaryndan gaty yza galmaýanyna göz ýetiren Harri ýeňillik bilen dem aldy. Mekdepden çakylyk gelýänçä, edil özi ýaly jadygöýdiginden habarsyz magl maşgalasyndan gelip çykan okuwçylaryň hem öwrenmeli zatlary ummasyzdy welin, Ron ýaly jadygöýleriň maşgalasyndan gelip çykan, kän bir bilýän zady bolmadyk okuwçylaryň hem öwrenmeli zady köpdi.

Anna güni Harridir Ron üçin wajyp günleriň birine öwrüldi. Şol gün ahyrsoňy olara ertirlik edinmek üçin Uly Jaýa azaşman barmak başartdy.

Harri naharyna şeker sepeläp oturyşyna:

— Bu gün bizde nähili dersler bar? — diýip, Rondan sorady.

— Slizerinler bilen däri-dermanlar sapagyny goşulyşyp okaýas. Sneýp — Slizerin öýüniň baştutany. Aýdyşlaryna görä, ol bu öýde okaýan okuwçylary gowy görýärmişin. Bu günki dersimiz aýdylýan gürrüňleriň dogrudygyny ýa dogry däldigini görkezer.

Harri:

— Professor Makgonagalam bizi edil şonuň ýaly gowy görsedi — diýdi.

Professor Makgonagal Griffindor öýüniň baştutanydy, ýöne bu oňa düýn öz baştutanlyk edýän öýüniň okuwçylaryna birgiden ýumuşlary tabşyrmaga päsgel bermändi.

Soňra hat gatnadyjy baýguşlar geldiler. Bu ýagdaýa häzir az-kem öwrenişendigine garamazdan, eýesini tapýança eýläk-beýläk uçup, soňam bukjany eýesine oklaýan ýüzlerçe baýguşyň duýdansyz ýerden Uly Jaýa dökülmegi ilkinji gezek ertirligini edinip oturan Harriniň zähresini ýarara getiripdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hedwig oňa şu wagtda çenli hiç zat getirmändi. Ol kämahal beýleki mekdep baýguşlary bilen bilelikde baýguş saklanýan ýere uklamaga gitmezinden ozal ýanyna uçup gelerdi-de, gulagyndan çekelärdi, soňam şekernandan biraz garbanyp giderdi.

Ýöne bu gün irden ol şekerli hem bally gabyň aralygyna gondy-da, Harriniň gabynyň içine hat oklap goýberdi.

Harri haty derrew açdy. Hatda aşakdaky ýazgy bardy:

«Gadyrdan Harri!

Men seniň anna güni boşdugyňy bilýän. Şonuň üçinem sagat üçlere golaý, belki, meniňkä myhmançylyga gelip, çaýjagaz içip gidersiň?!

Okuwyň ilkinji hepdesinde bolup geçen täzelikleri aýdyp berersiň. Hedwigden jogap ibergin.

Hagrid».

Ronuň hat ýazýan ýelegini alan Harri, hatyň arka ýüzüne: «Uly höwes bilen bararyn. Görüşýänçäk!» diýip ýazdy-da, ony Hedwige berip, baýguşyny uçuryp goýberdi.

Harriniň Hagridiňkä myhmançylyga gitjegem bir gowy zat, sebäbi däridermanlar sapagy onuň ömrüniň iň ýaramaz pursatlarynyň birine öwrüldi.

Täze okuw ýylynyň başlanmagyna bagyşlanyp geçirilen dabarada Harrä professor Sneýp özüni düýbünden halamadyk ýaly göründi. Ýöne bu gün welin, ol özüniň ýalňyşandygyna düşündi. Sebäbi professor Sneýp özüni ýöne bir halamazlyk bilen çäklenmän, eýsem, diýseň ýigrenýän eken.

Däri-dermanlar boýunça sapak binalaryň biriniň aşagynda ýerleşýän ýerzeminde geçdi. Bu ýer Esasy köşgüň içindenem sowukdy hem-de spirtli gaplara salnyp goýlan bir topar bisypat jandarlary hasap etmäniňde-de, iniňi tikenekledýärdi.

Sneýp, edil Flitwik ýaly, okuwçylaryň sanawyna göz gezdireninden soň, derse başlady. Ol hem Flitwik ýaly, Harriniň adyna ýetende sägindi:

— Hä, Harri Potter! Biziň täze ýyldyzymyz.

Drako Malfoý, onuň dostlary Krabdyr Goýl ellerini agyzlaryna ýetirip jykyrdaşdylar. Sneýp okuwçylaryň ählisiniň okuw otagyndadygyna göz ýetirensoň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

başyny galdyrdy. Onuň gözleriniň edil Hagridiňki ýaly garadygyna garamazdan, göreçlerinde mähirden nam-nyşan ýokdy. Ol gözler sowukdy, boşdy, iki sany garaňky guýyny ýatladýardy.

— Biz bu ýere däri-dermanlary ýasamak ylmynyň inçe syrlaryny, takyk sungatyny öwrenmek üçin ýygnandyk — diýip söze başlan professor Sneýpiň, pyşyrdap diýen ýaly gürleýändigine garamazdan, her bir sözüni aýyl-saýyl eşitmek bolýardy. Professor Sneýp hem professor Makgonagal ýaly, okuwçylary hiç bir kynçylyksyz özüni diňledip bilýän mugallymlardandy.

— Taýajygy galgadyp oturmagyň zerurlygynyň ýokdugy sebäpli, bu ylmy jadygöýligiň bir gömüşi hökmünde kabul etmänem bilersiňiz. Men siziň käbiriňiziň ýuwaşjadan gaýnap, tüsseläp duran gazanyň gözelligine, adamynyň on iki süňňüne aralaşyp, akylyny haýran edýän, duýgularyny oýarýan suwuklygyň güýjüne düşünersiňizem öýdemok... Eger-de siz meniň köplenç iş salyşmaly bolýan ýene-de bir kellesiz, akmak okuwçylarym bolmasaňyz, size beýikligi çüýşä gaplamagyň, tapylgysyz güýji taýýarlamagyň, hatda ölümi hem togtatmagyň inçe syrlaryny öwrederin.

Onuň bu sözlerinden soň otagyň içine dymyşlyk aralaşdy. Harridir Ron gaşlaryny çytyşyp, biri-birlerine seredişdiler. Germiona Greýnjer oturgyjynyň gyrajygynda oturyşyna häzir özüniň kellesiz, akmak däldigini subut edip bilmeýändigine tüýs ýürekden gynanýan ýalydy.

Birden Sneýp:

— Potter! — Eger men asfodeýanyň kök tozuny ýowşanyň şiresi bilen garsam, näme emele geler? — diýip, garaşylmadyk sowal berdi.

«Nämäniň kök tozuny nämäniň şiresi bilen garsam?» diýip, alasarmyk ýagdaýda galan Harri özi ýaly gözlerini tegeläp oturan Rona seretdi.

Bu soragyň berlenine mähetdel, Germionanyň eli ýokaryk galdy.

Harri:

— Bilemok, jenap! — diýip jogap berdi.

Sneýp emini bir ýerde saklap bilmän ýylgyrdy.

— Dük-dük, tanymallyk — bu hiç zat.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol Germionanyň elini ýokaryk galdyryp durandygyna üns hem bermedi.

— Gel, ikimiz ýene bir gezek synanyşaly. Potter, eger men saňa bezuary tap diýsem, nireden gözlärsiň?

Germiona ýene-de elini şeýle bir batly galdyrdy welin, onuň goly göwresinden aýrylyp gidibererli göründi. Harriniň welin bezuaryň nähili zatdygyndan düýbünden habary ýokdy. Ol gülküden ýaňa titreşip oturan Malfoýa, Kraba hem Goýla seretmezlige çalyşdy.

— Bilemok, jenap!

— Diýmek, sen bu ýere gelmeziňden ozal, kitabyň gatynam açmansyň-da, hä, Potter?!

Harri başyny galdyryp mugallymynyň göni gözüniň içine seretdi. Ol Darslilerde kitaplaryň ählisini birlaý okap çykypdy, ýöne mugallym «Bir müň sany jadyly otlar hem kömelekler» kitabyny ýatdan öwrener öýtdümikä?!

Professor Sneýp Germionanyň iki ýana galgap duran eline ýene-de ähmiýet bermedi.

— Potter, oýmakgül bilen möjek agzynyň tapawudy näme?

Onuň bu soragyna Germiona elini tas üçege ýetirip diýen ýaly galdyryp, tarsa ýerinden turdy.

Harri:

— Bilemok — diýip, pessaý ses bilen jogap berdi.

— Germiona welin bilýän ýaly, bu soragyň jogabyny ondan sorasaň näder?! — diýip, mugallym ýaňsylaýan şekilde gepledi.

Okuwçylaryň käbiri pyňkyryp goýberdi. Harri Simusyň özüne seredip, gözüni gypandygyny görüp ýetişdi. Ýöne bu Sneýpiň has-da gaharyny getirdi.

Ol:

— Otur ýeriňde — diýip, Germiona azgyryldy. — Eger bilmeýän bolsaň, gowuja diňle, asfodeýanyň hem ýowşanyň garyndysyndan «Diri ölüleriň içgisi» atlandyrylýan güýçli uky dermanyny taýýarlap bolýar. Bezuar geçiniň aşgazanyndan alynýan daş

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolup, köp awudan halas edýär. Oýmakgül bilen möjek agzy hakda aýtsak, olaryň ikisi hem birmeňzeş ösümlik, şeýle hem ol akonit ady bilen tanalýar.
Düşnükli dälmi? Näme üçin hiç kim hiç zat belläp alanok?

Her kim kagyzynydyr ýelegini eline alyp ýazmaga başlady.

Okuwçylara birlaý göz aýlan professor Sneýp:

— Potteriň edepsizligi sebäpli, Griffindor öýünden bäş bal aýyrýan — diýdi.

Däri-dermanlar sapagynyň dowamynda-da Griffindorlaryň ýagdaýy gowulaşmagyň deregine has ýaramazlaşdy. Sneýp olary iki-ikiden toparlara bölüp, ýanygy bejerýän ýönekeý dermany taýýarlamagy tabşyrdy. Ol özüniň uzyn ýektaýyny galgadyp, okuwçylaryň guradylan çitçitini ölçeýişlerine, ýylanyň dişini owradyşlaryna gözegçilik edip ýörşüne, gowy görýän okuwçysy Malfoýdan başga ähli kişini tankytlady. Onuň şahly balykgulaklary nähili gowy bugardandygyny aýdyp, Malfoýyň öwgüsini ýetirip başlanam şoldy welin, batly hyşşyldy sesi eşidilip, ýerzeminiň içini awuly gök tozan gaplap aldy. Newile nähilidir bir usul bilen Simusyň gazanyny tanalmaz derejede eretmek başardypdyr, onuň içindäki ergin bolsa ýere dökülip, töweregindäkileriň aýakgaplaryny ýakyp başlady. Sähel salymyň içinde, ähli kişi öz oturgyjynyň üstüne münüp ýetişdi. Gazan ýarylansoň ergini aýyrmak islän Newil agyrysyna çydaman ýatan ýerinden iki ýana urunýardy, onuň elaýagyna gyzyl menekler örüpdi.

—Akmak oglanjyk! — diýip, elindäki taýajygyny bir gezek galgadanda dökülen suwuklygy arassalan Sneýp:

— Gazany otdan aýyrmazyňdan ozal, ýabany kirpiniň iňňesini gardyňmy? — diýip sorady.

Burnunyň üstüne-de gyzyl menekler örüp ugran Newil bir zatlar diýip samrady.

Sneýp:

— Bar, Newili mekdebiň hassahanasyna äkidip gel — diýip, Simusa ýüzlendi. Soňra ol özlerine tabşyrylan ýumuşlary Newiliň gapdalynda ýerine ýetiren Harridir Rona seretdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sen, Potter, näme üçin oňa iňňeleri goşmaly däldigini aýtmadyň? Ýa bolmasa ony ýalňyşdyryp, özüň akylly görünmek islediňmi?! Bu edepsizligiň üçin Griffindordan ýene bir bal aýrylýar.

«Bu adalatsyzlyk bolýar ahyryn» diýip pikirlenen Harriniň garşy çykjak bolup agzyny açanam şoldy welin, Ron böwrüne dürtdi.

— Beladan daşrakda dur. Men Sneýpiň gaharynyň gelen wagty düýbünden rehimsiz adama öwrülýändigini eşidipdim.

Bir sagatdan soň ýerzeminden çykyp, basgançaklardan ýokaryk galyp barýarka, Harriniň pikirleri bulam-bujardy, ruhy bolsa çökgündi. Okuwynyň ilkinji hepdesinde ol Griffindor öýüniň birnäçe balyny ýitirdi. Näme üçin Sneýp ony şeýle ýigrenýärkä?!

Ron:

— Beýdip, gama batyp oturma. Sneýp Fred bilen Jorjuňam bahasyny elmydama kemeldýär. Menem seniň bilen Hagridi görmäge gitsem bolarmy? — diýdi.

Üçe bäş minut galanda, olar köşkden çykyp, Hagridiň çatmasyna tarap gaýtdylar. Hagrid barmasy gadagan edilen tokaýyň edil gapdalynda, agaçdan gurlan çatmada ýaşaýardy. Gapynyň öňünde arbalet bilen birki jübüt galoş bardy.

Gapyny kakansoňlar, Rondur Harri kimdir biriniň gapa golaýlaşandygyny hem itiň üýrendigini eşitdiler.

Birdenkä Hagridiň:

— Yza, Gyýak, yza — diýen sesi ýaňlanyp gitdi.

Ýuwaşjadan açylan gapynyň aňyrsynda Hagridiň tüýlek ýüzi peýda boldy.

Olary içerik salansoň, Hagrid: «Dur, Gyýak, dur» diýip, äpet gara itini ýüpünden çekeläp zordan saklady.

Jaýyň içinde ýekeje otag bolup, üçekden kakadylan sülgünler asylgydy hem-de agaçlaryň gabyklary sallanyşyp durdy, işigiň öňünde bürünç gazan gaýnaýardy, bir burçda bolsa üsti dürli reňkli matalardan tikilen ýorganly äpet krowat bardy.

— Özüňizi edil öýüňizde ýaly duýuň! — diýip, Hagridiň Gyýagyň ýüpüni goýberenine mähetdel, it edil Ronuň gapdalynda çökdi-de, onuň gulagyny ýalap başlady. Gyýak hem edil Hagrid kimin daşyndan gömüşi ýaly gazaply däldi.

— Bu Ron — diýip, Harri ullakan çäýnege gaýnan suwy guýup, äpet kökeleri gaba ýerleşdirip duran Hagridi dosty bilen tanyşdyrdy.

Hagrid:

— Ýene bir Wizlimi, hä? — diýip, onuň ýüzündäki meneklere seretdi. — Ömrümiň ýarysyny seň doganlaryň Fred bilen Jorjy tokaýdan daşrakda saklajak bolup, kowalap geçirdim.

Daş ýaly gaty kökeleri iýjek bolsaň dişiňi kül-owram etjekdi. Ýöne Harridir Ron kökeleri hezil edip iýýän kişi bolup, Hagride özleriniň ilkinji sapaklary barada gürrüň berdiler. Kellesini Harriniň dyzynyň üstünde goýan Gyýak bolsa onuň ýektaýyny hyllykdan doldurypdy.

Olar Hagridiň Filçi «Garry akmak» atlandyryşyna hezil etdiler.

— Onuň pişigi Hanym Norrisi welin, öz itim Gyýak bilen tanyşdyrsammykam diýýän. Her gezek mekdebe baramda yzymdan galman geçäýýär. Ondan dynybam bolanok. Filç elmydama pişiginiň yzyndadyr.

Harri oňa Sneýpiň sapagynda bolup geçen wakalar barada gürrüň berdi. Ol hem Ron ýaly, Harrä alada etmezligi tabşyrdy, onuň hiç bir okuwçynam halap barmaýandygyny aýtdy.

— Ýöne ol meni göz-görtele ýigrenýär ahyryn.

— Biderek zat! Ol seni näme üçin ýigrensin?!

Harriniň göwnüne bolmasa, Hagrid bu sözleri aýdanda özünden gözlerini gizlän ýalydy.

Hagrid:

— Doganyň Çarliniň ýagdaýlary nähili? — diýip, Rondan sorady. — Men ony diýseň gowy görýärdim. Haýwanlaryň dilini tapyp bilýän oglandy.

Harri öz ýanyndan «Hagrid bilgeşleýin gürrüňi başga ýana sowan bolaýmasyn?!» diýip pikirlendi. Ron Hagride dogany Çarliniň aždarhalar bilen işleýşi hakda gürrüň berip otyrka, Harri çäýnek goýulýanyň aşagyndan kagyz bölegini tapdy. Bu «Deýli Profet» gazetinden kesilip alnan bölekdi. Harri ýazgylara göz aýlady.

«Gringotda bolup geçen ogurlyk hakda maglumat.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Iýulyň 31-ine Gringotda bolup geçen ogurlyk bilen baglanyşykly alnyp barylýan barlaglar häzir hem dowam etdirilýär. Bu Gara güýjüň jadygöýleriniň eden işi hasaplanylýar.

Bu gün Gringot goblinleri hiç zadyň ogurlanmandygyny aýdýarlar. Biz diňe döwlen seýfiň edil şol gün ogrulardan has öňräk boşadylandygyny bilýäris.

«Biz size onuň içinde nämäniň saklanandygyny aýdyp biljek däl. Şonuň üçinem başyňyza bela satyn almajak bolsaňyz, özüňize degişli däl zada burnuňyzy sokmajak boluň» diýip, Gringot bankynyň wekilleriniň biri aýdyp geçdi».

Şol pursat Ronuň özüne otluda Gringotda biriniň bir zat ogurlamak isländigini aýtsa-da, şol bolan wakanyň senesini aýtmandygy ýadyna düşdi.

Harri:

— Hagrid! Gringotda ogurlyk edil meniň doglan günüm bolup geçipdir. Belki, ogrularam biz şol ýerdekäk barandyr — diýende, Hagridiň öz gözüne göni seredip bilmeýändigine aňry ýany bilen düşündi.

Hagrid bir zatlar samrady-da, olara ýene köke hödür etdi. Harri: «Biz diňe döwlen seýfiň edil şol gün ogrulardan has öňräk boşadylandygyny bilýäris» diýip, ýaňky habary gaýtadan okap berdi. Hagrid ýedi ýüz on üçünji seýfi edil şol gün, biraz öňräk boşadypdy. «Boşadypdy» diýsegem ýalňyş bolar, ol şol kiçijik düwünçegi alyp gaýdypdy. Belki, ogrularam edil şol düwünçegi ogurlamak isländirler?!

Harridir Ron öýlänlik naharlaryny edinmek üçin köşge dolanyp barýarkalar, olaryň jübüleri Hagridiň hödür-kereminden boýun gaçyryp bilmän iýen bolup gizlän, daş ýaly gatap giden kökelerinden doludy. Öň geçilen hiç bir sapak hem Harrini Hagridlerde çaý başynda edilen gürrüňler ýaly çuň oýa batyrmandy. Diýmek, Hagrid düwünçegi edil wagtynda alyp gaýdypdyr-da?! Şol düwünçek şu wagt niredekä? Belki, Hagridiň Sneýp hakynda Harrä aýtmak islemeýän käbir zatlary bardyr?!

## 9-njy bap: ÝARYGIJEKI DUEL

Harri Drako Malfoýa duşmazyndan ozal Dadlidende ýigrenji adama gabat gelerin öýtmändi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar Slizerinler bilen diňe däri-dermanlar dersini bilelikde okaýandyklary sebäpli, Malfoýa kän bir gabatlaşyp durmaýardylar. Bir gezek Harridir Ron Griffindor öýüniň umumy otagynda asylan bildirişi okaýardylar, onda sübsede uçmak dersiniň Slizerinler bilen bilelikde okadyljakdygy hakynda aýdylýardy.

Harri gaşlaryny çytyp:

— Indi hemme zat düşnükli. Elmydama Malfoýyň öňünde özümi sübsäniň üstünde masgara etmegiň arzuwyndadym — diýip kinaýaly gepledi.

Sübsede uçup görmek onuň köpden bäri arzuw edýän zadydy.

Ron:

— Sen özüňi masgaralajagyňy nireden bilýäň? — diýip sorady. — Malfoý elmydama özüniň kwiddiç oýnuny gaty gowy oýnaýandygyny aýdýar welin, men-ä bu bir boş gürrüňlermikä öýdýän.

Hakykatdan hem, Malfoý sübsede uçmak hakynda gaty köp gürrüň ederdi. Ol elmydama sesine bat berip, birinji ýyl okuwçylarynyň kwiddiç toparyna alynmaýandygyna närazylygyny bildirip, her gezek magllaryň dikuçaryndan zordan gaçyp ýetişendikleri bilen tamamlanýan uzaga çekýän gürrüňleri aýdyp bererdi. Ýöne şunuň ýaly gürrüňleri aýdyp berýän diňe bir Malfoý däldi. Simus Finniganyň aýdyşyna görä, ol çagalyk döwrüniň köp bölegini şäheriň eteklerinde sübsede uçup geçiripdir. Hatda Ronuň hem Çarliniň köne sübsesinde tas uçar bilen çaknyşandygy hakyndaky wakany aýdyp bermek gylygy bardy.

Jadygöýler maşgalasyndan çykanlaryň ählisi elmydama diýen ýaly kwiddiç oýny hakynda gürrüň ederdiler. Ron eýýäm goňşusy Din Tomas bilen futbol oýny sebäpli tersleşip ýetişipdi. Ron ýeke-täk toply oýunçylara uçmak gadagan edilýän oýnuň asla gyzyksyzdygyny aýdyp, gaharlanardy. Harri hatda Ronuň bir gezek Diniň diwarda asylgy duran futbol toparynyň suratyndaky oýunçylary hereketlendirjek bolup, başagaý bolup durandygyny hem görüpdi.

Newil enesiniň rugsat bermändigi sebäpli, ýeke gezek hem sübsä münüp görmändir. Harri Newiliň elmydama nähilidir bir sebäbe görä her dürli betbagtçylyklara sezewar bolýandygy üçin, enesiniň onuň sübsä münmegi gadagan etmegini öz ýanyndan goldapdy.

Germiona Greýnjeriň aljyraýşy Newiliňkiden artyk bolmasa, kem däldi. Synanyşyp görendigine garamazdan, bu dersi adatça edişi ýaly, kitapdan okap hem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
özleşdirip bilmedi. Dördünji gün ertirlik naharynda ol kitaphanadan tapan «Kwiddiç, asyrlaryň jümmüşinde» atly kitapda aýdylýan zatlary gaýtalap, hemme kişiniň ýüregine düşüpdi. Sübsäniň üstünde oturmaga kömek eder umydy bilen, onuň her bir aýdan sözüni ünsli diňlän Newilden başga ähli kişi hatlaryň gelmegi bilen Germionanyň gürrüňiniň arasynyň kesilendigine begendiler.

Harrä Hagridiň iberen hatyndan soň hiç zat gelmedi. Bu ýagdaý baýguşy tarapyndan günde diýen ýaly, öýünden her dürli süýji-kökeler getirilip berilýän Malfoýyň gaty tiz gözüne ildi. Ol süýji-kökeli gaby hemişe Slizerinlileriň stolunyň başynda açardy.

Siwuha baýguşy Newile enesinden iberilen kiçijik bukjany getirdi. Ol bu bukjany tolgunyp açansoň, içinden hozuň ululygyndaky ak tozanly çüýşe şarjagazyny çykardy.

— Bu şarjagaz ýatladyjy. Enem meniň elmydama nämedir bir zady ýatdan çykaryp ýörenimi bilýär. Şarjagaz unudan zadyň bolsa ýatladýar. Ynha, muny şeýdip berk saklanyňda ak tozan gyzyl reňke öwrülse... — diýip, gürrüňe başlan Newiliň birden keýpi gaçdy, sebäbi ýatladyjy gyp-gyzyl bolupdy.

— Sen bir zady-ha ýatdan çykarypsyň...

Newil nämäni ýatdan çykarandygy barada oýlanyp otyrka, Griffindor stolunyň deňinden geçip barýan Drako Malfoý onuň şarjagazyny elinden kakyp aldy.

Malfoý bilen ýakalaşara nähilidir sebäbiň ýüze çykmagyna köpden bäri garaşyp ýören Harridir Ron şobada ýerlerinden galdylar. Ýöne okuwçylary köşeşdirmegi islendik mugallymdan has gowy başarýan professor Makgonagal duýdansyz ýerden olaryň ýanynda peýda boldy.

— Näme boldy?

— Malfoý meniň ýatladyjymy aldy, professor.

— Men-ä ýöne görjek boldum — diýip, it ýylgyryşyny eden Malfoý elindäki şarjagazy stoluň üstünde goýdy. Soň ol Krabdyr Goýl bilen ýoluny dowam etdirdi.

Şol gün öýlän sagat üçüň ýarynda Harri, Ron hem Griffindorlaryň birinji ýyl okuwçylary ilkinji uçuş dersi üçin esasy basgançakdan ylgaşyp, meýdança çykdylar. Bu gün howa şemallydy. Olar gür agaçly, barmasy gadagan edilen tokaýyň gabat

garşysynda ýerleşýän tekiz meýdança alyp gelýän ýap-ýaşyl otlugyň içi bilen aşak indiler.

Slizerinler eýýäm şol ýerde eken. Griffindorlaryň ýerde hatar edilip goýlan ýigrimä golaý sübsä gözleri düşdi. Şol pursat Harriniň Freddir Jorj Wizlileriň mekdep sübseleriniň gaty ýokaryk gitseň titräp başlaýandygy hem-de çep tarapa äkidýändigi hakda zeýrenendikleri ýadyna düşdi.

Olaryň yz ýany bilen ders mugallymy hanym Huç hem geldi. Onuň kelte saçy, baýguşyňky ýaly sap-sary gözleri bardy.

Ol gele-gelmäne:

— Hawa, nämä garaşyp dursuňyz? — diýip, okuwçylara azgyryldy. — Ähliňiz sübsäniň gapdalyna geçiň. Boluň, çaltrak hereket ediň!

Sübsesine göz aýlan Harri onuň köneliginden ýaňa bogunlarynyň sökülip, çöpleriniň dürli tarapa bakyşyp durandygyny gördi.

Olaryň öňüne geçen hanym Huç sesini gataldyp:

— Sübsäňiziň ýokarsyndan eliňizi öňe uzadyp «Ýokaryk» diýiň — diýdi.

Olaryň hemmesi sübselerine ellerini uzadyp:

— Ýokaryk — diýip gygyrdylar.

Harriniň sübsesi bir gezek buýruk berenine mähetdel eline geldi. Ýöne beýtmek diňe az sanly okuwça başartdy. Germiona Greýnjeriň sübsesi eline gelmän, ýerde eýläk-beýläk towlanan bolsa, Newiliňki asla gymyldaýynam diýmedi. Harri öz ýanyndan: «Belki, sübselerem edil atlar ýaly, gorkýan wagtyň duýýandyrlar» diýip pikirlendi. Newiliň sesi titreýärdi. Bu onuň asla sübseli uçasy gelmeýändiginiň alamatydy.

Hanym Huç typyp gaýtmaz ýaly, sübsäniň üstünde oturmagyň usulyny görkezensoň, olaryň sübsäni saklaýyşlaryna gözegçilik edip, eýläk-beýläk gezmeledi. Mugallym Malfoýa sübsäni ýalňyş tutýandygyny aýdanda, Harri bilen Ron bir-birege bakyp ýylgyryşdylar.

— Häzir jürlewük çalaryn welin, ýerden iteklenersiňiz. Sübsäni göni saklaň, iki-üç metr ýokaryk galanyňyzdan soň, biraz öňe eglip, ýere düşüň. Meniň sykylygym boýunça, üç, iki...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne ýerde ýeke özi galaýmakdan gorkup, aladalanan Newil hanym Huç jürlewügi dodagyna degrip-degirmänkä gereginden artyk bat alyp, öňe okduryldy.

Hanym Huçuň:

— Yzyňa dolan, oglanjyk — diýip, gygyrandygyna garamazdan, Newil çüýşeden batly atylyp gaýdan dyky ýaly, dik ýokarlygyna on iki, ýigrimi metr beýiklige çenli uçdy.

Harri onuň gorkudan ýaňa duw ak bolan ýüzüni barha aşakda galýan meýdança tarap öwrüp, uludan dem alandygyny gördi. Birdenkä Newil sübsäniň üstünde saklanyp bilmän aşaklygyna kelemenläp gaýtdy.

Ýakymsyz gürpüldi eşidildi. Ynha-da, Newil ýerde otlugyň üstünde ýüzinligine ýatyr, barha ýokarlygyna galýan sübse bolsa haýaljakdan ugruny üýtgedip, barmasy gadagan edilen tokaýa tarap uçup gitdi-de, sähel salymda gözden gaýyp boldy.

Ýüzi ak tam bolan hanym Huç ysgynsyz ýatan Newiliň üstüne egildi.

Onuň:

— Goşaryňy döwdüripsiň — diýen pyşyrdysy Harriniň gulagyna degdi. — Ýeriňden gal hany, hemme zat gowy, sen diri.

Ol okuwçylara tarap ýüzüni öwürdi.

— Men bu oglanjygy hassahana äkidip gelýänçäm, ýekäňizem ýeriňizden butnaýmaň!. Sübselerem duran ýerinden üýtgedilmesin, ýogsa-da, «Kwiddiç» sözüni aýdyp ýetişmänkäňiz, Hogwartsdan kowlarsyňyz. Ýör, oglanjyk.

Aglamakdan ýaňa ýüzi gyzaran Newil goşaryny gysdy-da, goltugyndan tekge berýän hanym Huçuň gapdaly bilen agsaklap köşge tarap ýöneldi.

Olar daşlaşan batlaryna Malfoý gülüp başlady.

— Ýaňky gorkagyň ýüzüni gördüňizmi? Baý, onuň emelsizdigini?!

Beýleki Slizerinler hem onuň gülküsini alyp göterdi.

— Gapylsana, Malfoý — diýip, Parwati Patil azgyryldy.

Slizerinlerden Pensi Parkinson atly ýüzi agyr gyz:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hä, näme, Loňbottoma gynanaýdyňmy? Men hiç haçan sen aglak çagajyklary halaýansyň öýtmeýärdim, Parwati — diýip içýakgyç gürledi.

— Seret! — diýip, birden öňe eglen Malfoý otuň üstünden bir zat galdyrdy. — Bu Loňbottomyň enesiniň iberen biderek zady.

Ol Günüň ýagtysyna ýalpyldap giden ýatladyjy şarjagazy ýokaryk galdyrdy.

Harri sesini peseldip:

— Eliňdäkini maňa ber, Malfoý — diýdi.

«Indi näme bolarka?» diýip, aňkarylyşyp galan okuwçylaryň hiç haýsysyndan ses çykmady.

Malfoý içýakgyç ýylgyrdy.

— Men muny Loňbottomyň özi tapar ýaly bir ýerlerde gizlärmikäm diýýän. Bagyň depesini nähili görýäň?!

— Bärik ber! — diýip, Harri azmly gepledi.

Ýöne oňa jogap bermedik Malfoý, sübsesine mündi-de, ýokarlygyna uçdy. Ol özüniň gowy uçýandygyny aýdyp, ýöne ýere öwünmeýän eken. Malfoý hakykatdan hem, sübsede gowy uçýardy. Dub agajynyň ýokarky şahalarynyň deňine ýetip saklanan Malfoý:

— Potter, gel hany, al-da — diýdi.

Harri sübsesine ýapyşdy.

Germiona Greýnjer:

— Beýtme! — diýip gygyrdy. — Hanym Huçuň aýdan zatlaryny ýadyňdan çykardyňmy?! Sen biziň başymyzy bela sokarsyň.

Gahardan ýaňa gany gaýnap duran Harri onuň aýdanlaryna üns bermän sübsesine atlandy. Ol ýokaryk göterildigiçe gulagynda ýel şuwlady, ýektaýy bolsa howada galgady. Aňyrdan çogup gaýdan begenç duýgularynyň astynda ol özüniň okadylmasa-da käbir zatlary başarýandygyna akyl ýetirdi. Sübsede uçmak onuň üçin aňsatdy hem gyzyklydy. Has belende uçmak niýeti bilen sübsesini ýokaryk galdyran Harri ýerde

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

duran gyzlaryň el çarpyşmalarynydyr gykylyklaryny, Ronuň bolsa haýran galmakdan ýaňa «Eý-how» diýip gygyrandygyny eşitdi.

Ol islän belentligine galansoň, özünden beýle zada garaşmadyk Malfoýa tarap sübsesini öwürdi.

Harri:

— Ony maňa ber! — diýip gygyrdy. — Ýogsa-da seni sübsäňden agdararyn.

Ýüzünde aljyraňňylyk alamatynyň aç-açan peýda bolandygyna garamazdan, içýakgyç ýylgyran Malfoý:

— Nätdiň-aý! — diýdi.

Harri häzir näme etmelidigini bilýärdi. Ol öňe eglip, iki eli bilen sübsäni berk tutdy, edil zyňlan naýza ýaly Malfoýa okduryldy. Malfoý wagtynda ondan sowlup ýetişdi. Harri öwrüm edip geldi-de, ýene onuň gabadynda saklandy. Aşakda duranlaryň birnäçesi çapak çaldy.

Harri:

— Arkalarynda gizlener ýaly, şu wagt ýanyňda Krab bilen Goýlam ýokdur, Malfoý — diýip gygyrdy.

Malfoý bu söze aljyrady, ol:

— Beýle bolsa, başarsaň, gap — diýip gygyrdy-da, çüýşe şarjagazy bat bilen zyňyp goýberdi. Soň ýere düşdi.

Harri başda ýuwaş-ýuwaşdan ýokaryk galan şarjagazyň aşak gaýdyp başlandygyny gördi.

Ol öňe okduryldy-da, sübsesini aşak gönükdirdi. Bat bilen aşaklygyna gaýdyp, topuň yzyna düşüp barýan Harriniň gulaklarynda ýel şuwlady, deň-duşlarynyň gykylygy ýaňlanyp gitdi. Ýere ýetmäge sähel aralyk galanda oňa elini uzadyp topy tutmak hem-de sübsesini gönülemek başartdy. Elinde berk gysymlan ýatladyjy şarjagazy bilen ol hiç ýerini agyrtmazdan otuň üstüne düşdi.

— Harri Potter!

Duýdansyz çykan bu sese Harriniň zähresi ýaryldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol uly tizlik bilen aşaklygyna gaýdanda-da beýle gorkmandy. Professor Makgonagalyň özüne tarap ylgaşlap gelýändigini gören Harri titräp ýerinden galdy.

— Hiç haçan, hiç haçan, Hogwartsda geçiren uzak döwrümiň dowamynda bir gezegem...

Günüň ýagtysyna äýnekleri lowurdap duran professor Makgonagal:

— Sen beýdip... Bir ýeriňi döwdüräýseň nätjek... — diýip, dili tutulan ýaly zordan gürledi.

— Bu ýerde onuň günäsi ýok, professor...

— Ýuwaş boluň, hanym Patil!

— Ýöne, Malfoý...

— Boldy, jenap Wizli. Potter, häziriň özünde yzyma düş!

Köşge tarap gaýdan professor Makgonagalyň yzyna düşen Harri Malfoýyň, Krabyň hem Goýluň begençli ýüzlerini görüp ýetişdi. Ol indi gürrüňsiz okuwdan çykarylar, çykaryljagam ikuçsuz. Harri özüni aklamak üçin bir zatlar diýmek islesede, dili tutulan ýaly ýeke söz hem aýdyp bilmedi. Ol çalasynlyk bilen ýöräp barýan professor Makgonagalyň yzyndan galmazlyk üçin ylgamaly bolýardy.

Harri öz ýanyndan: «Nädip beýdip bildimkäm?! Okuwym iň bärkisi iki hepdäde çekmedi ahyryn. Men eýýäm on minutyň içinde goşlarymy ýygnap başlaryn. Darslileriň gapysynda peýda bolanymda olar näme diýerlerkä?!» diýip, agyr oýa batdy.

Olar daşky basgançakdan, soňra bolsa içerki mermer basgançakdan ýokaryk galdylar, professor Makgonagal ýeke agyz söz aýtman, ötlem-ötlem gapylary açyşdyrýardy. Onuň yzyndan-da ýüzüni sallap Harri barýardy. Belki, professor Makgonagal ony Dambldoryň ýanyna alyp barýandyr?! Ol şol pursat okuwdan çykarylan, ýöne gözegçi hökmünde galmaga rugsat berlen Hagrid hakynda pikirlendi. Belki, oňa-da Hagridiň kömekçisi hökmünde bu ýerde galmaga rugsat bererler. Ronuňdyr beýleki deň-duşlarynyň jadygöý bolup ýetişişlerini, özüniň bolsa Hagridiň goşlaryny daşap ýörşüni göz öňüne getirende, Harriniň ýüregi sanjyp gitdi.

Bir okuw otagynyň golaýyna gelip saklanan professor Makgonagal gapyny açdy-da, kellesini içerik uzatdy.

— Bagyşlaň, professor Flitwik, Wudy bir pursatlyk çagyrmak mümkinmi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Alasarmyk ýagdaýda galan Harri: «Wudmy? Bu onuň özümi jezalandyranda ulanjak taýagymyka?» diýip pikirlendi.

Ýöne Wud diýilýän taýak däl-de, özi ýaly nämäniň nämedigine düşünmän aljyraňňy ýagdaýda okuw otagyndan çykan bäşinji ýyl okuwçysy eken.

Professor Makgonagal:

— Ikiňizem yzyma düşüň! — diýdi. Olar aýdylyşy ýaly, professoryň yzyna düşdüler. Wud Harrini boýdan-başa synlady.

— Içerik giriň — diýen professor Makgonagal olara içerde diwar tagtasynyň ýüzüne gödek sözleri ýazyp başagaý bolup oturan Piwsden başga hiç kim bolmadyk boş okuw otagynyň gapysyny açyp berdi.

Piwse gözi düşen professor Makgonagal:

— Daşaryk çyk, Piws! — diýip azgyryldy. Bir zatlar diýip hüňürdän Piws elindäki heki ýere taşlady-da, gözden gaýyp boldy. Onuň yzyndan gapyny bat bilen ýapan professor Makgonagal özüne aňkarylyşyp seredýän oglanlara ýüzüni öwürdi.

— Potter, bu Olliwer Wud. Wud, men saňa gapyjyny tapdym.

Wuduň ýüzündäki aljyraňňylyk syryldy-da, şatlyk alamaty peýda boldy.

— Siziň ynamyňyz barmy, professor?

— Aňry ýany bilen — diýip, professor Makgonagal ynamly jogap berdi. — Onuň tebigy başarnygy bar. Men munuň ýaly zady öň görmändim. Birinji gezek sübsä münüp görşüňmi, Potter?

Harri «hawa» diýen manyda baş atdy. Nämeleriň bolup geçýändigine düşünmese-de, okuwdan çykarylmajagyna göz ýetiren Harriniň begenjiniň çägi ýokdy.

— Ol şojagaz zady on bäş metr beýiklikde gapdy — diýip, professor Makgonagal Wuda gürrüň berdi. — Hiç ýerini sypjyrtmadam. Hatda Çarli Wizli hem onuň edenini gaýtalap bilmez.

Wudda häzir ähli arzuwlary hasyl bolan adamynyň keşbi bardy.

— Haçanam bolsa bir wagt kwiddiç oýnuny görüpmidiň?

Professor Makgonagal:

— Wud Griffindor toparynyň kapitany — diýip düşündirdi.

Daşyndan aýlanyp, Harrini gowy synlan Wud:

— Ol gapyjylyk üçin doglupdyr — diýdi. —Akylly, çalasyn oýunçy üçin mynasyp sübsäni tapmaly bolarys, professor. Nimbus — 2000 ýa Klinswip — 7 laýyk bolarmyka diýýän.

— Men professor Dambldor bilen gürleşip, birinji ýyl okuwçylaryny kwiddiç oýnuna gatnaşdyrmazlyk bilen baglanyşykly düzgünden çykmaga rugsat berjeginibermejegini soraýyn. Elbetde, bize geçen ýylkydan has gowy topar gerek. Soňky ýaryşda utulanymyzdan soň, birnäçe hepdeläp Sewerus Sneýpiň ýüzüne seredip bilmedim — diýen professor Makgonagal äýneginiň üstaşyry Harrä bakdy.

— Men ýürekden taýýarlanmagyňy isleýärin, Potter, ýogsa seni jezalandyrmazlyk hakdaky pikirimi üýtgedäýmäýin.

Soň ol duýdansyz ýylgyrdy.

— Kakaň saňa guwanardy. Onuň özi hem ajaýyp kwiddiç oýunçysydy.

— Siz oýun edýänsiňiz-le.

Öýlänki nahar wagty hem ýetip geldi. Harri edil ýaňyja Rona professor Makgonagal bilen meýdançany taşlap gaýdansoň, nämeleriň bolup geçendigini gürrüň berip bolupdy. Haýran galmakdan ýaňa elindäki pudingi düýbünden unudyp, doňup galan Ron:

— «Gapyjy» diýdiňmi? — diýip sorady. — Ýöne birinji ýyl okuwçylaryna hiç haçan... Sen iň ýaş oýunçy bolarsyň, çakyma görä, şu...

— Asyr boýunça — diýip, Harri şekernan iýip oturyşyna onuň sözüni soňlady. Ol şu günüň garaşylmadyk wakasyndan soň diýseň ajygypdy. — Maňa Wud aýtdy.

Ron onuň gürrüňlerinden şeýlebir täsirlenipdi welin, Harriniň ýüzüne seredip, aňkarylyp otyrdy.

Harri:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men indiki hepdeden türgenleşip başlaýaryn. Onsoňam hiç kime hiç zat aýdaýmagyn. Wud meniň gapyjy bolandygymy entek gizlinlikde saklamak isleýär — diýdi.

Şol wagt Uly Jaýa giren Fred hem Jorj Wizlileriň Harrä gözleri düşüp, onuň ýanyna howlukdylar.

Jorj aňyrdan gele-gelmäne pessaý ses bilen:

— Berekella! — diýdi. — Wud bize ähli zady gürrüň berdi. Biz hem toparyň düzüminde, ýagny goragçylar hökmünde.

— Meniň aýdanlaryma ynanaýyň, biz şu ýyl hökman Kwiddiç kubogyny alarys — diýip, Fred onuň sözüniň üstüni ýetirdi. — Çarli mekdebi gutaraly bäri biz ýeke gezegem ýeňmedik. Ýöne toparymyzyň şu ýylky düzümi welin, gürrüňsiz ajaýyp. Sen, hakykatdanam, gowy oýunçysyň, Wud bize sen hakda gürrüň berende, tolgunyp bir ýerde durup bilmedi.

— Bolýar onda, biz gitdik. Li Jordan mekdebiň daşyna äkidýän ýene bir geçelgäni tapypdyr.

— Bu, gürrüňsiz, mekdepde geçiren ilkinji hepdämizde Gregori Smarminiň ýadygärliginiň ýeňsesinde üstünden baran geçelgämizdir.

Fred bilen Jorj gözden ýitip-ýitmänkä, olaryň öňünde iň bir garaşylmadyk oglan, ýagny Malfoý peýda boldy. Hemişekileri ýaly onuň ýanynda Krab bilen Goýl bardy.

— Mekdepde iň soňky gezek naharlanyşyňmy, Potter? Yzyňa, magllara äkidýän otla haçan münýäň?

Harri:

— Sen şu wagt ýeriň üstündekäň, kiçijik dostlaryňam ýanyňdaka, batyrsyran bolýarsyň — diýip sowukganly gepledi. Hakykatda welin, Krab bilen Goýl kiçijik dagy däldiler. Baş stoluň daşy mugallymlardan doly bolansoň, olaryň ikisiniň hem ýüzlerini çytyp, ýumruklaryny düwmekden başga edip bilen zatlary bolmady.

Birden Malfoý:

— Islän wagtym ýekeje özümem hötdäňden gelerin — diýdi. — Şu gije duşaly, jadygöýler duelini gurnaly. Diňe taýajyklar ulanylar, tutluşyk bolmaz. Hä, näme, şu wagta çenli jadygöýler dueli hakda hiç zat eşitmänmidiň?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Elbetde, eşitdi — diýip, Ron öňe çykdy. — Men onuň ikinjisi, seniňki kim?

Krabdyr Goýly synlan Malfoý:

— Krab — diýip jogap berdi. — Ýary gije, bolarmy? Biz size Ýeňişler otagynda garaşarys, şol ýer hiç haçan ýapylmaýar.

Malfoý gidensoň, Rondur Harri biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler.

Harri:

— «Jadygöýleriň dueli» diýmek näme bolýar? Onsoňam «Meniň ikinjim» bolmak nämäni aňladýar? — diýip sorady.

— Aslynda, duele gatnaşýan esasy adam öläýse, ikinji adam dowam etdirmek üçin gerek bolýar — diýip, arkaýyn jogap beren Ron ahyry elindäki sowap giden pudingine seretdi.

Harriniň ýüzüniň üýtgändigini görensoň welin, ol:

— Ýöne adatça hakyky duellerde, ýagny hakyky jadygöýler söweşende adamlar wepat bolýarlar. Malfoý ikiňiziň biri-biriňize şöhlejikleri iberäýmekden başga edip biljek zadyňyz bolmaz. Siziň hiç haýsyňyzam biri-biriňize zyýan ýetirer ýaly, hakyky jadygöýligi bileňzok ahyryn. Hakykatda, ol sen duelden boýun gaçyrarsyň öýdendir — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Taýajygymy galgatsamam, hiç zat bolmasa näme?

Ron:

— Taýajygy zyň-da, burnunyň üstüne ýelmäý — diýip teklip etdi.

— Bagyşlaň.

Olaryň ikisi hem başlaryny galdyrdy. Oglanlaryň öňlerinde Germiona Greýnjer durdy.

Ron:

— Adam bir arkaýyn iýip-içip bilmezmi?! — diýip gaharlandy.

Germiona oňa barmysyňam diýmän, Harrä ýüzlendi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men siziň Malfoý bilen eden gürrüňiňizi eşitmeli boldum.

Ron:

— Elbetde, eşitmän bilesiň ýok-la — diýip pyşyrdady.

— ...Gije mekdepde aýlanyp ýörmek bolmaz. Tutulaýsaňyz Griffindor öýüniň näçe balyny ýitirjegiňiz hakynda oýlanyň, tutuljagyňyz bolsa ikuçsuz. Siz, hakykatdan hem, diňe özüňizi bilýän adamlar!

— Bu bolsa, hakykatdan hem, seniň işiň däl — diýip, Harri oňa gödek jogap berdi.

— Sag boluň! — diýip, Ron elini galgatdy.

Harri gijagşam Dindir Simusyň uklamagyna garaşyp oturyşyna, «Günüm ajaýyp soňlandy diýip biljek däl» diýip pikirlendi (Newil bolsa häzir hem hassahanadan dolanyp gelmändi).

Ron günüň galan bölegini Harrä: «Eger ol saňa gargajak bolaýsa, öňünden sowlup ýetişjek bolgun, men olardan goranmagyň usullaryny bilýän däldirin» diýen ýaly her dürli maslahatlary berip geçirdi. Olaryň hanym Norris we Filç tarapyndan tutulaýmaklary, bir günüň dowamynda ikinji gezek mekdep düzgünini bozmak bilen, Harriniň öz paýyna düşen bagty elinden gideräýmegi mümkindi. Ýöne Malfoýyň göwnüýetmezçilikli ýylgyryşy hem gözüniň öňünden gidenokdy. Şonuň üçin hem ol Malfoý bilen ýüzbe-ýüz durup, ony utulyşa sezewar etmek üçin dörän häzirki mümkinçiligi elden giderip biljek däldi.

Ahyry Ron:

— On biriň ýary. Bize gitmäge wagt boldy — diýip pyşyrdady.

Olar halatlaryny geýip, ellerine taýajyklaryny alansoň, ýuwaşlyk bilen otagdan çykdylar-da, basgançaklaryň üsti bilen Griffindor öýüniň umumy otagyna düşdüler. Buhar pejiniň içinde ähli diwarlary bir topbak uly kölegä öwren käbir közler entek hem gyzaryp durdy. Olaryň çykalga ýakynlaşanam şoldy welin, golaýdaky oturgyçlaryň birinden kimdir biriniň: «Men seniň, hakykatdan hem, gitjegiňe ynanyp bilemok, Harri» diýen sesi eşidilip gitdi.

Çyra ýakyldy. Bu sesiň eýesi gülgüne reňkdäki halatly we gahardan ýaňa ýüzüne hem edil haladynyňky ýaly gülgüne reňk çaýylan Germiona Greýnjerdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Senmi? — diýip, Ron gaharly seslendi. — Bar, git-de, düşegiňe geç!

— Men tas seniň doganyňa aýdypdym — diýip, Germiona käýinip başlady. — Ol toparbaşy, siziň bu etjek bolýan biderekligiňize ýol bermezdi.

Harri onuň şeýle ýüregedüşgünç bolup bilşine haýran galdy.

— Ýör gideli! — diýip, Rony çekelän Harri Dolmuş Aýalyň portretini süýşürdi-de, daşyna çykdy.

— Griffindor öýi azaryňyza-da däl, siz diňe öz aladaňyz bilen ýaşaýaňyz! Men Slizerinleriň öýüň kubogyny eýelemeklerini islämok. Siz bu bolşuňyz bilen professor Makgonagalyň dersinden alan ähli ballarymy ýitirersiňiz.

— Bar git-how!

— Bolýar, men giderin. Ýöne size duýdurandyryn. Ertir otluda öýüňize gaýdyp barýarkaňyz, aýdan sözlerim, baý, ýadyňyza düşer-ä. Siz bir...

Içerik girmek üçin Dolmuş Aýalyň portretine ýüzüni öwren Germiona portretiň ýeriniň boşdugyny gördi. Dolmuş Aýal biriniňkä myhmançylyga gidipdir. Garaňky binada içerik girip bilmän alasarmyk ýagdaýda galan Germiona aljyrap:

— Indi men näme edeýin? — diýdi.

Ron:

— Bu seniň öz işiň — diýip jogap berdi. — Biz-ä gitmeli, ýogsa gijä galarys.

Däliziň soňuna barmankalar, Germiona olaryň yzyndan ýetdi.

— Menem siziň bilen gitjek.

— Ýok, sen gideňok.

— Siz näme, men bu ýerde Filçiň üstümden gelerine garaşyp durar öýdýäňizmi? Eger ol üçimizi hem tutaýsa, oňa hakykaty, ýagny sizi saklajak bolandygymy, ýöne diýenimi etmändigiňizi aýdaryn.

— Ýene-de utanman biziň bilen... — diýip, Ronuň sesine bat berenem şoldy welin, Harri:

— Ikiňizem ýuwaş boluň! — diýdi. — Men bir ses-ä eşidýän.

Hyşşyldy sesi eşidilip gitdi.

— Hanym Norris? — diýip, içini çeken Ron, tümlüge gözüni dikdi.

Ýöne bu hanym Norris däl-de, Newil bolup çykdy. Ýerde ýygrylyp, süýji ukuda ýatan Newil, olar ýakynragyna gelende tisginip oýandy.

— Hudaýa şükür, siz meni tapdyňyz! Men bu ýerde birnäçe sagat bäri ýatyryn. Içerik girmek üçin täze açar sözüni ýadyma salyp bilmedim.

— Ýuwaşrak gürle, Newil. Açar sözümiz «Doňzuň guýrugy», ýöne sen, barybir, şu wagt içerik girip bilmersiň. Dolmuş Aýal bir ýerig-ä gidipdir.

Harri:

— Eliň nähili? — diýip sorady.

— Gowy — diýip, Newil olara elini görkezdi. — Hanym Pomfreý elimi bir minutyň içinde bejerdi.

— Bolýar, seret, Newil biz häzir bir ýere baryp gaýtmaly. Seň bilen soň görşeris.

— Meň ýeke özümi goýup gitmäň! — diýip, Newil hasyr-husur ýerinden galdy. — Ýeke galasym gelenok. Ganly Baron bu ýerden eýýäm iki gezek dagy geçdi.

Sagadyna sereden Ron soňra Germionadyr Newile gaharly nazaryny aýlady.

— Eger siz sebäpli tutulaýsak, Kwirreliň gürrüň beren jadysyny öwrenip, siziň ikiňizem jadylaýançam köşeşmerin.

Germionanyň bir zat diýjek bolup agzyny açanam şoldy welin, (belki, ol şol jadyny ulanmagyň usulyny aýtjak bolandyr) Harri «Ýuwaş bol!» diýýän şekilde «Çüş!» etdi-de, ýöräp başlady.

Olar beýik, giň penjirelerden içerik düşýän Aýyň ýagtysyna ala-mula bolup duran köp sanly geçelgelerden geçdiler, her öwrümde-de Filçe ýa-da hanym Norrise gabat geläýmekden gorkýandyklaryna garamazdan, olaryňky ugruna boldy. Olar ylgaşlap diýen ýaly üçünji gata çykdylar hem-de daraklyklaryna basyp, Ýeňişler otagyna girdiler.

Malfoý bilen Krab dagy heniz gelmändirler. Baýraklar üçin niýetlenen billur tekjeler, olaryň üstünde rejelenip goýlan altyndyr kümüş kuboklar, galkanlar, gaplar,

heýkeljikler Aýyň ýagtysyna şöhle saçýardy. Otagyň her tarapynda ýerleşýän iki gapydan gözlerini aýyrman olar diwara ýaplanyp ýörediler. Harri birden Malfoý öňünden zompa çykyp, üstüne topulaýsa, goranyp ýetişer ýaly taýajygyny çykardy.

Ron:

— Gijä galýar welin, gorkan bolaýmasyn? — diýip pyşyrdady.

Birden hem goňşy otagdan eşidilen duýdansyz goh olaryň dördüsini hem tisginmäge mejbur etdi. Harriniň taýajygyny ýokaryk galdyranam şoldy welin, kimdir biriniň sesi eşidildi. Ýöne bu Malfoýyň däl-de, hanym Norris bilen gürleşýän Filçiň sesidi.

— Ysga, gowuja ysga, meniň gadyrdanym. Olaryň çüňkde bir ýerde gizlenip oturan bolaýmaklary mümkin — diýip, ol gaty gepledi.

Gorkudan ýaňa ýüregi ýarylara gelen Harri ýoldaşlaryna yzyna düşmelidiklerini aňladyp, elini galgatdy. Olar ýuwaşlyk bilen gapa tarap ýöräp, Filçiň sesiniň gelýän ýerinden daşlaşdylar. Newiliň ýektaýyynyň çykalganyň aňyrsynda gizleneni hem şoldy welin, Filçiň Ýeňişler otagyna girip:

— Şu otagyň bir ýerinde gizlenip oturandyrlar — diýip hüňürdändigini eşitdiler.

— Bu tarapa! — diýip, Harri beýlekilere barmagyny çommaltdy. Olar gorkudan ýaňa gözlerini tegeleşip, esgerleriň bir topar harby lybaslary ýerleşdirilen sergi zalynyň içi bilen daraklyklaryna basyp ýöräp başladylar. Filç bolsa barha ýakynlaşýardy. Newil duýdansyz ýerden uly ili bilen gygyryp ylgamaga başlady, ylgap barşyna-da Ronuň biline ýapyşdy. Olaryň ikisi hem esger lybasynyň üstüne ýykyldylar.

Ýaňlanyp giden güpürdi sesi tutuş köşgi oýaryp biljekdi.

Harri:

— Gaçdyk! — diýip gygyrdy. Olaryň dördüsi dört ýerden Filçiň özlerini yzarlaýanyna-da-yzarlamaýanyna-da seretmän, bar güýçleri bilen ylgap başladylar. Olar sütüniň daşyndan aýlanyp, bir dälizden başga bir dälize geçdiler. Iň öňden ylgaýan Harri häzir özleriniň niredediklerindenem, nirä barýandyklaryndanam habarsyzdy. Olar ullakan suratly halynyň aňyrsyna geçip, gizlin geçelgä düşdüler, ýene biraz ylgansoňlar, özleriniň gözbagçylyk dersi geçilýän okuw otagynyň golaýyndadyklaryny aňdylar. Bu okuw otagy bolsa Ýeňişler otagyndan gaty uzakda ýerleşýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Sowuk diwara ýaplanyp, uludan demini alan Harri:

— Ondan sypaýdyk öýdýän — diýip, maňlaý derini syldy.

— Men... size... aýtdym-a — diýip, Germiona demi-demine ýetmän ýakasyny tutdy. — Men... size... aýtdym-a...

Ron:

— Biz Griffindor binasyna dolanyp barmaly — diýdi. — Näçe çalt barsak, şonça gowy.

— Malfoý sizi aldapdyr. Siz şuňa düşünýäňizmi, hä? Onuň siz bilen düýbünden duşuşmak niýeti ýok eken. Filç Ýeňişler otagynda kimdir biriniň boljakdygyny öňünden bilendir. Malfoý oňa aýdan bolmaly — diýip, Germiona Harriniň ýüzüne çiňerilip seretdi.

Harri öz ýanyndan: «Germionanyň aýdýanlary dogry ýaly» diýip pikirlense-de, onuň bilen razylaşýandygyny aýtmak islemedi.

— Ýörüň, gideliň.

Ýöne olara yzlaryna dolanmak beýle bir ýeňil düşmedi. Ýöräp başlanlary hem şoldy welin, okuw otagynyň gapysy jygyldap açyldy-da, ol ýerden kimdir biri atylyp çykdy.

Bu Piwsdi. Olary gören Piws içýakgyç ýylgyrdy.

— Ýuwaş bol, Piws... gaýrat et... ýogsa bizi okuwdan çykararlar.

Piws jykyrdady.

— Gijäň bir wagty, şeýdip, aýlanyşyp ýörsüňizmi, birinji ýyl okuwçyjyklary? Dük, dük, dük, kim aýdylany etmese, şol hem tutulýar.

— Tutulmarys, eger sen bize gitmäge rugsat berseň, Piws, ýalbarýas!

— Men Filçe siz hakda aýtmalymykam diýýän — diýip, ýuwaşja gürlän Piws mekirlik bilen ýylgyrdy. — Men muny diňe siziň bähbidiňiz üçin şeýtmekçi.

— Ýoldan aýryl! — diýip, ahyry onuň bolşuna çydam edip bilmedik Ron hemle urdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onuň beýtmegi uly ýalňyşlyk boldy.

— Okuwçylar düşeklerinde däl! — diýip, Piws sesiniň ýetdiginden gygyryp başlady. — Okuwçylar gözbagçylyk okuw otagynyň golaýynda aýlanyşyp ýörler.

Olar howada galgap duran Piwsiň aşagyndan geçip, öz janlaryny halas etmek üçin däliziň aýagujundaky gapa çenli ylgadylar. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, ol gapy hem ýapykdy.

— Büý-ä tüýs bolaýdy! — diýip, halys näme etjegini bilmedik Ron gapyny itekläp başlady. — Işimiz gaýtdy! Tutuldyk!

Olar Piwsiň sesini eşidip, şol tarapa güýjüniň ýetdiginden ylgap gelýän Filçiň aýak sesine diňşirgendiler.

Germiona:

— Hany, aýrylyň! — diýip gygyrdy-da, Harriniň taýajygyny alyp: «Alahamora» diýdi.

Gulp şakyrdap ýazdy-da, gapy giňden açyldy. Olar derrew içerik girip, gapyny ýapdylar, gulaklaryny gapa ýaplap, üns bilen diňläp başladylar.

Olar Filçiň:

— Olar haýsy tarapa gitdiler, Piws? — diýip sorandygyny eşitdiler. — Derrew jogap ber!

— «Haýyş edýän» diý.

— Meň gaharymy getirme, Piws. Häziriň özünde, olaryň nirä gidendiklerini aýt!

— «Haýyş edýän» diýýänçäň, hiç zat aýtman — diýip, Piws ýüregedüşgünç sesi bilen aýdyma hiňlenip başlady.

— Bolýar, haýyş edýän.

— Hiç zat! Ha-ha-ha! Men saňa: «Haýyş edýän diýmeseň, hiç zat aýtmaryn» diýdim ahyryn. Ha-ha! Haha-ha-ha!

Olar Piwsiň uçup gidendigini, Filçiň bolsa onuň yzyndan garganyp galandygyny aňdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri:

— Ol bu gapy ýapykdyr öýdýär — diýip pyşyrdady.

— Meniň pikirimçe, hemme zat gowy bolar. Aýrylsana, Newil!

Newil soňky bir minutyň dowamynda Harriniň haladynyň ýeňinden çekdi durdy.

— Näme?

Beýlesine öwrülen Harri gözlerine ynanyp bilmedi. Ol gorkunç düýş görýändirin öýtdi. Sebäbi ýaňky bolup geçen zatlara garanyňda bu halys öte geçmek bolýardy.

Olar özleriniň çak edişleri ýaly haýsydyr bir otagda däl-de, üçünji gatdaky barmasy gadagan edilen geçelgedediler. Indi bolsa, olar bu ýere gelmegiň näme üçin gadagan edilendigine düşünip galypdylar.

Olar tutuş otagy dolduran üç kelleli, üç jübüt gyzyl gözli, ysyrganýan üç burunly, dişlerinden akýan hyllyk sebäpli, agyzlary sülekeýlän äpet ite seredip durdular.

Hereketsiz duran bu itiň gözleri edil olaryň içlerinden geçip barýardy. Häzire çenli diridikleriniň ýeketäk sebäbiniň özleriniň bu otagda duýdansyz peýda bolup, iti aljyradandyklarydygyna Harriniň aňry ýany bilen gözi ýetip durdy. Ýöne derrew özüni dürsän it hyrryldap başlady. Onuň hyrryldysynyň nämäni aňladýandygyna bolsa olar bahym düşündiler.

Filç bilen ölümiň aralygyndan Filçi saýlan Harri dessine gapynyň gulpuna ýapyşdy.

Olar äpet itden gözlerini aýyrman, yzlygyna ýöräp daşaryk çykdylar. Harriniň gapyny patladyp ýapanyna mähetdel, olar güýçleriniň ýetdiginden ylgap başladylar, hatda uçdular diýsek, has ýerlikli bolaýjak ýaly. Filç olary başga tarapdan gözlemek niýeti bilen eýýäm bu ýerden giden bolarly, ýolda asla oňa gabat gelmediler. Ýöne şu wagt olaryň Filç ýadyna düşenokdy, bar gaýgylary ýaňky äpet itden çaltrak daşlaşmakdy. Olar ýedinji gatdaky Dolmuş Aýalyň portretiniň öňüne gelýänçäler ylgawlarynyň badyny gowşatmadylar.

Olaryň eginlerinden agyp duran bulam-bujar halatlarynadyr lap-lap gyzaryp garasuw bolan ýüzlerine göz aýlan Dolmuş Aýal:

— Siz nireden gelýäňiz? — diýip sorady.

— Biderek zada kelläňi agyrtmasana. Doňzuň guýrugy, doňzuň guýrugy — diýen Harri haş-haşlap zordan gürledi. Portret ýerinden gozganyp, öňlerinde girelge peýda boldy. Olar emedekläp diýen ýaly umumy otaga gelensoňlar, özlerini kürsüleriň üstüne okladylar-da, uzak wagtlap seslerini çykarman oturdylar. Newiliň ýüz-keşbine seretseň, ol indi gaýdyp gürlemejek ýalydy.

— Olar ýaňky ýaly äpet iti mekdepde saklap, näme, akyllaryndan azaşdylarmyka? — diýip, Ron ahyry dil ýardy. — Haýsydyr bir ite maşk bilen meşgullanmak gerek bolsa, onda ýaňky it, gürrüňsiz, ilkinjileriň hataryndadyr.

Ronuň bu sözlerinden soň doňup duran Germionanyň peýda bolan demi bilen bilelikde onuň erbet häsiýetem gaýdyp geldi.

— Üçüňizden biriňiz syn etmediňizmi, hä? Siz onuň nämäniň üstünde durandygyny görmediňizmi, näme?

Harri:

— Poluň üstünde — diýip jogap berdi. — Meni onuň aýaklaryndan beter kellesi has gyzyklandyrdy.

— Ýok, poluň üstünde däl. Ol bir gizlin girelgäniň agzynda durdy. Bu it bir zady-ha goraýar — diýen Germiona olara gaharly nazaryny aýlady-da, ýerinden galdy.

— Indi-hä ýüregiňiz ynjalan bolsa gerek. Biziň ählimiz ardurja wepat bolmalydyk, tasdanam okuwdan kowulýardyk. Men-ä indi garşy bolmasaňyz, ýerime geçjek.

Onuň yzyndan aňkarylyp, agzyny açyp galan Ron:

— Ýok, biz garşy däl — diýdi. — Munuň bolaýşyna seretsene, biziň özümiz edil ony zor bilen äkiden ýaly.

Ýöne Germionanyň aýdanlary Harrini oýa batyrdy: «Diýmek, it bir zada sakçylyk edýär-dä... Hagrid näme diýipdi? «Gringot gymmatly zadyňy gizlemek üçin iň bir amatly ýer... elbetde, Hogwartsdan soň».

Harri indi ýedi ýüz on üçünji seýfden alnyp gaýdylan kiçijik bukjanyň nirededigini aňýardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# 10-njy bap: HELLOWIN BAÝRAMÇYLYGY

Ertesi gün ýadaw, ýöne diýseň şadyýan görünýän Harriniňdir Ronuň entek hem Hogwartsdadyklaryny gören Malfoý gözlerine ynanyp bilmedi. Hakykatda, Harri bilen Ron ertesi gün üç kelleli it bilen ýüzbe-ýüz bolmagy gyzykly waka hökmünde kabul edip, indiki başdan geçirmelere sabyrsyzlyk bilen garaşyp başlapdylar. Harri eýýäm Rona-da Gringotdan Hogwartsa getirilendir diýip çaklan kiçijik bukjasy hakda gürrüň beripdi. Olar köp wagtlap nähili zadyň beýle berk goralyp biljekdigi barada oýlandylar.

Ron:

— Bu ýa gaty howply, ýa-da gaty gymmatly zat bolmaly — diýdi.

— Ýa-da bularyň ikisem bolmagy ahmal — diýip, Harri Ronuň aýdanlarynyň üstüni ýetirdi.

Şol syrly zadyň bir gysymlyk ululykdadygyny bilseler-de, ýene-de sorag-ideg edip anyklaman, onuň nähili zatdygyny takyk aýdyp boljak däldi.

Newilem, Germiona-da itiň aşagyndaky gizlin gapyda nämäniň saklanýandygyny biljek bolup azara galyp ýörenokdylar. Newiliň bar aladasy gaýdyp itiň golaýyna barmazlykdy.

Germiona bolsa Harridir Ron bilen düýbünden gürleşenokdy. Aslynda olar hemme zada burnuny sokup ýören ýüregedüşgünç gyzjagazyň özleri bilen gürleşmeýänine begenmänem duranokdylar. Olaryň bar arzuwy Malfoýyň gaharyny getirmekdi, bir hepdeden soň bukjanyň gelmegi bilen şeýle mümkinçilik döredi duruberdi.

Baýguşlar adatdakylary ýaly Uly Jaýda eýläk-beýläk uçuşyp başlanlarynda, alty sany sipuh baýguşy tarapyndan göterilip getirilen uzyndan inçe bukja hemme kişiniň ünsüni özüne çekdi. Beýlekiler ýaly, bu bukjanyň içinde nämäniň bardygyny ölemen bilesi gelen Harri iýip oturan naharynyň ýere dökülmegine sebäp boljak bukjany baýguşlar öz öňüne taşlarlar öýtmändi. Bu baýguşlar uçup gitmänkäler, başga bir baýguş bukjanyň üstüne hat oklap goýberdi.

Harri ilki bilen haty açdy. Şeýtmek bilen, ol dogry hereket edipdi. Sebäbi hatda aşakdaky ýazgy bardy:

«BUKJANY STOLUŇ BAŞYNDA AÇMAGYN.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bu bukjanyň içinde ýörite saňa niýetlenilen Nimbus

— 2000 sübsesi bar. Men beýlekileriň sende bu sübsäniň bardygyny bilmegini islämok, ýogsa olar hem şeýle sübse edinmek islärler. Oliwer Wud taýýarlyk geçmek üçin sagat ýedide kwiddiç meýdançasynda garaşar.

Professor Makgonagal».

Haty Rona uzadan Harrä ýüzündäki begenç alamatlaryny gizlemek gaty kyn düşdi.

Ron:

— Nimbus — 2000! — diýip haýran galdy. — Men ömrümde beýle sübsäni elläbem görmändim.

Harridir Ron sapaklar başlamanka, bukjany açyp görmek niýeti bilen Uly Jaýdan çykdylar. Ýöne olar girelgä ýetip-ýetmänkäler, basgançakda Malfoýyň, Krabyň hem-de Goýluň durandygyny gördüler. Harriniň elindäki bukjany siltäp alan Malfoý, ony elleşdirip gördi.

— Bu sübse ýaly-la — diýip, bukjany yzyna oklan Malfoýyň ýüzünde içigaralyk hem gahar alamaty peýda boldy. — Şu gezeg-ä başyňa bela satyn alarsyň, Potter. Birinji ýyl okuwçylaryna sübse edinmek gadagan.

Ron sesini çykarman durup bilmedi.

— Bu ýöne-möne sübse däl-de, Nimbus — 2000. Sende nähili sübse bardy, Kometa — 260-dy öýdýän?! — diýip, Ron Harrä gözüni gypdy. — Kometalar daşyndan erbedem görnenok welin, Nimbusyň ýanynda olar hiç zat.

— Bular ýaly zady sen nireden biljek, Wizli?! Seň sübsäniň ýöne taýajygyny satyn almaga-da güýjüň ýetenok ahyryn. Senem, seniň doganlaryňam sübsäniň her taryny birin-birin ýygnaýan bolaýmaň?! — diýip, Malfoý hondan bärsiräp gürledi.

Ron jogap gaýtaryp ýetişmänkä, Malfoýyň ýanynda professor Flitwik peýda boldy.

— Uruşýan dälsiňiz-dä, oglanlar?! — diýip, professor inçejik sesini beýgeldip gürledi.

Malfoý derrew:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Pottere sübse iberipdirler, professor — diýdi.

— Hawa, hawa, men muny bilýän — diýip, professor Flitwik Harrä ýylgyryp seretdi. — Professor Makgonagal ýüze çykan ýagdaýlar barada aýdyp beripdi, Potter. Onsoň, eliňdäki nähili sübse?

— Nimbus — 2000, jenap — diýip, jogap beren Harri hiç zada düşünmän alasarmyk ýagdaýda duran Malfoýyň ýüzüni görüp, zordan gülmän saklandy. — Men munuň üçin Malfoýa minnetdarlyk bildirmeli — diýip, soň ol sözüniň üstüni ýetirdi.

Aç-açan gaharlanyp duran Malfoýa seredip, gülkülerine zordan erk eden Rondur Harri basgançakdan ýokaryk galdylar.

Basgançagyň soňuna ýetensoňlar Harri:

— Ýöne bu, dogrudanam, şeýle — diýip jykyrdady.

— Eger ol Newiliň ýatladyjysyny ogurlamadyk bolsady, menem topara düşmezdim.

Birdenkä arka tarapdan kimdir biriniň:

— Belki, sen muny düzgünleri bozanyň üçin özüňe berlen baýrakdyr diýip pikir edýänsiň?! — diýen gaharly sesi eşidilip gitdi. Harriniň elindäki bukja närazylyk bilen seredýän Germiona basgançaklar bilen ýokaryk galyp barýardy.

Ony gören Harri:

— Men-ä sen biz bilen gürleşmeýärmikäň öýdýärdim — diýdi.

— Hawa, gürleşmezligiňi ýene dowam et, bolýarmy! — diýip, Ron onuň sözüniň üstüni ýetirdi.

Germiona temegini ýokary tutup, ýoluny dowam etdirdi.

Harrä şol gün sapaklaryny okamak gaty kyn düşdi. Onuň hyýaly umumy ýaşaýyş jaýynda, düşeginiň aşagynda goýan sübsesi bilen şu gün giçlik taýýarlyk geçjek kwiddiç meýdançasynyň arasynda aýlandy ýördi. Bu gün näme iýip, näme goýanyny bilmedik Harri öýlänlik nahardan soň, Nimbus — 2000-li bukjany açmak üçin ahyry Ron bilen ýokarky gata galdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harriniň düşeginiň üstünde daşyna geýdirilen gaby aýrylan sübsäni synlap durşuna Ron:

— Bäý-bä! — diýip seslendi.

Sübseleri tapawutlandyryp bilmeýän Harri hem onuň ajaýypdygy hakda pikirlendi. Gara agaçdan ýasalan tutawaçly, uzyndan gös-göni tarly, ýylmanak, ýalpyldap duran bu sübsäniň ýüzünde altyn harplar bilen ýazylan «Nimbus — 2000» diýen ýazgy bardy.

Agşamara sagat ýedi töwereklerde howa garaňkyrap başlaberende, Harri köşkden çykyp, kwiddiç meýdançasyna tarap ugrady. Öň stadiona ýeke gezek hem gelip görmedik Harri meýdançanyň töweregindäki adamlaryň oýny arkaýyn synlap bilerleri ýaly, ýüzlerçe oturgyçlaryň ýeterlik belentlikde gurlandygyny gördi. Meýdançanyň iki tarapynda üç halkaly diregler bardy. Bu halkalar bäş ýüz metr belentlikde dur diýäýmeseň, Harrä magl çagalarynyň, içinden sabyn köpürjiklerini goýberýän halkajyklaryny ýatladýardy.

Ölemen uçasy gelýän Harri Wuda garaşmaga takady ýetmän, sübsesiniň üstüne mündi-de, öňe ylgady we asmana göterildi. Ol derwezeleriň deňinden eýläk-beýläk uçup, meýdançada aşak-ýokaryk inip ýörşüne täsin duýgulary başdan geçirdi. Nimbus — 2000 sübsesi Harri haýsy tarapa uçmak islese, tutawajyna elini degripdegirmänkä, şol tarapa äkidýärdi.

— Heý, Potter, aşak düş!

Meýdançada peýda bolan Wud ullakan agaç sandygy göterip gelýärdi. Harri onuň edil gapdalynda ýere gondy.

— Gaty gowy! — diýip, Harriniň öwgüsini ýetiren Wuduň gözleri uçganaklap gitdi. — Men indi Makgonagalyň näme diýjek bolandygyna düşünýän. Sen edil sübsäň üstünde dünýä inen ýaly. Bu gün men saňa diňe oýnuň düzgünlerini düşündirmekçi, soň senem hepdede üç gezek görülýän taýýarlyga gatnaşarsyň.

Ol sandygyň agzyny açdy. Onuň içinde dürli ululykdaky dört sany top bardy.

— Hawa, kwiddiç oýnuny oýnamak beýle bir aňsat bolmasa-da, düzgünleri gaty ýeňildir. Her toparda ýedi oýunçy bolup, olaryň üçüsi yzarlaýjy diýlip atlandyrylýar.

— Üç sany yzarlaýjy — diýip, Harri onuň aýdanlaryny gaýtalady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soň Wud adaty futbol topunyň ululygyndaky açyk gyzyl reňkli topy çykardy. — Bu top kafl diýip atlandyrylýar. Yzarlaýjylar kafly biri-birlerine zyňşyp, garşydaş toparyň halkasyndan geçirmäge synanyşýarlar. Kafly halkadan geçirmek başardan topara on bal berilýär. Aýdanlarymy gaýtala, hany.

Harri:

— Yzarlaýjylar kafly zyňyp, bal gazanmak üçin ony halkadan geçirýärler — diýip gaýtalady. — Diýmek, bu basketbol oýnuna meňzeş-dä?!

— Basketbol diýdigiň näme? — diýip, Wud gyzyklandy.

Harri derrew:

— Biderek zat-la — diýip jogap berdi.

— Her toparda saklaýjy diýlip atlandyrylýan ýene bir oýunçy bar. Men Griflfindor toparynyň saklaýjysy. Meniň esasy wezipäm halkalaryň töwereginde uçmak hem garşydaş topar bal gazanmaz ýaly, halkalary goramak bolup durýar.

Ähli düzgünleri gowy ýatda saklamak islän Harri:

— Üç sany yzarlaýjy, birem saklaýjy — diýip gaýtalady. — Olar kafl bilen oýnaýarlar. Boldy, ýatda sakladym. Bular näme üçin gerek? — diýip, Harri sandygyň çep tarapyndaky üç sany topy görkezdi.

— Häzir görkezeýin. Şuny sakla, hany — diýip, Wud beýsbol taýagyna meňzeş kiçiräk taýajygy onuň eline tutdurdy.

— Men saňa bladjerleriň näme iş edýändiklerini görkezmekçi. Ynha, şu iki top bladjerler diýlip atlandyrylýar.

Wud oňa kafldan biraz kiçiräk, iki sany birmeňzeş gara topy görkezdi. Harri olaryň özlerini sandygyň içinde saklaýan daňydan sypjak bolup, dyzaşýandyklaryny gördi.

— Yza süýş! — diýip, Harrä duýduryş beren Wud egildi-de, sandykdaky bladjerleriň birini boşatdy.

Boşadylan dessine bat bilen ýokarlygyna uçan gara top Harrini nyşanalap, göni onuň üstüne gaýtdy. Burnunyň kül-owram ediläýmeginden gorkan Harri elindäki

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
taýagy bilen topy ýelmäp goýberdi. Ýene-de asmana göterilen top bu gezek Wuda tarap gaýtdy. Wuda ony gapyp, ýerde goýmak başartdy.

Elinden sypmaga dyrjaşýan bladjeri sandyga ýerleşdirip, daňysyny berkitjek bolup oturyşyna Wud:

— Gördüň dälmi? — diýdi. — Bladjerler uly tizlik bilen töwerekde aýlanyp, oýunçylary sübseden agdarmaga synanyşýarlar. Şol sebäpli hem toparda her bladjer topy üçin iki goragçy bolýar. Ekiz Wizliler biziň toparymyzyň goragçylary bolup, öz oýunçylarymyzy bladjerden goramak bilen olary garşydaş topara gönükdirmek wezipesini ýerine ýetirýärler. Ähli zada düşündiň gerek?!

— Üç sany yzarlaýjy kafl topuny halkadan geçirip bal gazanýarlar, saklaýjylar halkalary goraýarlar, goraýjylar bolsa bladjerleri oýunçylardan uzagrakda saklaýarlar — diýip, Harri bir demde gaýtalady.

Wud:

— Gaty gowy! — diýip, Harriniň öwgüsini ýetirdi.

— Bladjerler sebäpli adam ölüpmidi? — diýip, soran Harri bada-bat öz ýanyndan ýerliksiz sowal berendigi hakynda oýlandy.

— Hogwartsyň özünde onuň ýaly zat bolmandy. Birki gezek äňimizi döwdürdik diýäýmeseň, gutulgysyz şikes alan ýerimiz ýok. Bolýar, indi, toparyň iň soňky oýunçysy hakda. Ol gapyjy diýlip atlandyrylýar. Biziň gapyjymyz sen. Kafldyr bladjerler seni düýbünden gyzyklandyrmaly däl...

— Kellämi deşýänçälermi?!

— Alada etme, Wizliler bladjerlere hötde geljek derejede çalasyndyrlar. Men olaryň çalasynlygy bladjerleriňkiden kem däl diýjek bolýan.

Elini sandyga uzadan Wud ol ýerden dördünji hem iň soňky topy çykardy. Kafl hem bladjer bilen deňeşdireniňde, bu top gaty kiçijikdi. Ol hozdan kiçi bolmasa, uly däldi. Ýanyp duran sary reňkli bu topuň kümüş ganatlary bardy.

— Muňa altyn sniç diýilýär. Ol toplaryň iň esasysydyr — diýip, Wud gürrüňini dowam etdirdi. — Çalasyn hereket edýändigi, göze kän ilmeýändigi sebäpli, bu topuň yzyndan ýetmek gaty kyndyr. Gapyjynyň wezipesi şu topy tutmak bolup durýar. Sen yzarlaýjylaryň, saklaýjylaryň deňinden geçip, bladjer hem kafl toplaryndan sowlup geçmeli-de, ony garşydaş toparyň gapyjysyndan öňürti eýelejek bolmaly. Sniçi

tutmagy başaran oýunçynyň öz toparyna ýüz elli bal gazandyrýandygy üçin muny başaran topar köplenç ýeňýär. Kwiddiç oýny diňe sniç tutulan wagty tamamlanýar. Gapyjylaryň elmydama ýigrenji bolup galýandygy hem şol sebäplidir. Sniçi tutmak başartmasa, oýun asyrlabam dowam edip biler. Iň uzaga çeken oýun üç aý dowam edipdir öýdýän. Oýunçylar ukularyny alyp biler ýaly, şol gezek oýna täze oýunçylar gatnaşmaly bolupdyr. Ynha, boldy. Düşünmedik zadyň bolsa, sorap bilersiň.

Harri «Sorajak zadym ýok» diýen manyda başyny ýaýkady. Ol öz etmeli işine aňry ýany bilen düşünipdi. Ýöne bar mesele onuň öz işini nähili usul bilen etmelidigini bilmeýänligindedi.

— Biz bu wagt sniç bilen türgenleşmeris — diýip, Wud elindäki topjagazy sandyga saldy. — Häzir gaty giç. Ony ýitiräýmegimiz mümkin. Häzirlikçe men seni şu toplar bilen türgenleşdireýin.

Jübüsinden adaty golf toplaryny çykaran Wud birsalymdan soň, Harri bilen howada eýläk-beýläk uçup başlady. Wud bar güýji bilen golf toplaryny dürli tarapa zyňýardy, Harri ony gapmaga synanyşýardy.

Harriniň ýeke topy hem sypdyrman gapmagy Wudy diýseň begendirdi. Bir ýarym sagatdan soň garaňky gatlyşmagy bilen, olar türgenleşigi tamamlamaly boldular.

Köşge tarap barýarkalar Wud:

— Bu ýyl Kwiddiç kubogynyň ýüzünde biziň adymyz bolar. Drakonlary öwrenmäge gitmedik bolsa, hatda Angliýanyň toparynda hem oýnap biljek derejede üstünlik görkezen Çarli Wizliden sen has ökde oýunçy bolup ýetişseň, geň görmerin — diýip şadyýan gepledi.

Harri özüniň Hogwartsa geleninden bäri eýýäm iki aýyň geçendigine ynanyp bilenokdy. Belki, bir topar öý işleriniň daşyndan hepdede üç gezek kwiddiç türgenleşigine gatnaşmaly bolýandygy sebäpli, wagt indi şeýle tiz geçýändir. Ýöne bu köşgüň onuň gözüne Praýwet Draýwdaky jaýdan has yssy görünýändigi welin anykdy. Esasy öwrenilmeli zatlar geçilip gutarylansoň, dersler hem öňkülere garanyňda has gyzykly geçýärdi.

Hellowin güni olar gaýnadylan kädiniň geçelgelerden gelýän ajaýyp ysyna oýandylar. Professor Flitwigiň gözbagçylyk dersinde jisimleri uçurmaga synanyşyp biljekdiklerini aýtmagy olaryň has hem göwünlerini göterdi. Mugallymyň Newiliň gurbagasyny okuw otagynyň içinde eýläk-beýläk uçuryp görkezeli bäri özlerine-de

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
şeýle mümkinçiligiň berilmegine sabyrsyzlyk bilen garaşyp ýördüler. Professor Flitwik okuwçylary iki-ikiden toparlara böldi. Harriniň ýoldaşy edilip Simus Finnigan bellenildi (Newiliň özünden gözüni aýyrmandygyndan habarly Harri muňa diýseň begendi). Ron bolsa Germiona Greýnjer bilen işleşmeli boldy. Ýöne muňa haýsysynyň has gaharlanýandygyny welin, biler ýaly däldi. Germiona Harrä sübse iberileni bäri olaryň ikisi bilen hem gürleşenokdy.

Adatdakysy ýaly bir topar kitaplaryň üstüne münen professor Flitwik:

— Meniň size eliňizi nähili emaý bilen gymyldatmalydygyňyz hakda aýdanlarymy ýatdan çykarmaň — diýip aldygyna gaýtalaýardy. — Galgatmaly hem çalaja degirmeli, galgatmaly hem çalaja degirmeli. Jadyly sözleriň dogry aýdylmagy hem hökmanydyr. «F» sesiniň deregine «s» diýip, üsti öküzli özüne gelen Jadygöý Baruffiýo hakda aýdanlarymy hiç haçan ýatdan çykarmaň.

Ýelegi uçurmak diýseň kyn boldy. Harri bilen Simusyň mugallymyň aýdyşy ýaly, taýajyklaryny galgadandyklaryna hem çalaja degrendiklerine garamazdan, howada galgamaly ýelek stoluň üstünden gymyldaman ýatyrdy. Ahyry takady ýetmän taýajygy bilen dürten Simus ýelegi ýakyp goýberdi. Harri ony kellesindäki papagy bilen öçürmeli boldy.

Gapdalky stolda oturan Ronuň hem işi oňuna däldi.

— Wingardium Lewioza — diýip batly gygyryp, ol ullakan ellerini edil ýel degirmeni ýaly eýläk-beýläk galgadýardy.

Harri Germionanyň:

— Sen ýalňyş aýdýaň — diýip pyşyrdandygyny eşitdi. — Wing-gar-dium Lewi-o-za bolmaly, «gar» bognuny mylaýymrak hem süýndüribräk aýtjak bol.

Ron:

— Beýle akylly bolýan bolsaň özüň aýdaý — diýip hüňürdedi.

Ýektaýynyň ýeňini epleşdirip, elindäki taýajygyny galgadan Germionanyň:

— Wingardium Lewioza — diýenine mähetdel, ýelek ýokaryk göterildi-de, dört metr çemesi beýiklikde saklandy.

— Berekella! — diýip, professor Flitwik çapak çaldy. — Ähliňiz üns beriň! Hanym Germiona bu işiň hötdesinden gelmegi başardy.

Ders gutaran wagty Ron düýbünden keýpsizdi. Ol Harri bilen okuwçylardan ýaňa hyryn-dykyn okuw otagyndan çykyp barşyna:

— Hiç kimiň ony halamaýandygyny geňem görmeli däl. Ol eýmenç düýşdenem beter, ynanaý — diýdi.

Hümerlenişip duran okuwçylaryň deňinden geçip barýarkalar, kimdir biri Harrini kakyp geçdi. Bu Germionady. Ýüzüne seredip ýetişen Harri onuň aglaýandygyny görüp birhili boldy.

— Aýdanlaryňy eşiden bolaýmasa.

— Eşidende näme?! — diýip, Ron arkaýynlyga salan hem bolsa, onuň birahatlanandygy bildirip durdy.

— Hiç hili dostunyň ýokdugyny özem bilýändir-le.

Germiona indiki derse gelmedi, ol uzynly gün görünmedi diýen ýaly. Hellowin baýramçylygyna bagyşlanyp geçirilýän dabara gatnaşmak üçin Uly Jaýa barýarkalar, Harridir Ron Parwati Patiliň jorasy Lawendera Germionanyň gyzlaryň hajathanasynda aglap oturandygy, hiç kim bilen gürleşesi gelmeýändigi hakda aýdyp berdi. Onuň bu sözlerine Ron özüni başda oňaýsyz duýan hem bolsa, olaryň Hellowin baýramçylygy mynasybetli kaşaň bezelen Uly Jaýa girmegi bilen Germiona hakdaky pikirleriň ählisi ýatdan çykdy.

Müňlerçe ýarganatlar diwardyr üçegiň aralygynda eýläk-beýläk uçuşyp ýören bolsa, ýene şonçasy edil gara bulutlar ýaly, stollaryň depesinde aýlanyşýardylar. Her dürli datly naharlardyr içgiler edil täze okuw ýylynyň başlanmagyna bagyşlanyp geçirilen çäredäki ýaly duýdansyz peýda boldy.

Harriniň gaýnadylan ýeralmasyna elini uzadanam şoldy welin, gapyny giňden açan bulam-bujar selleli, solgun ýüzli professor Kwirrel alňasap içerik girdi.

— Trol... ýerzeminde... siz bilmelimikäňiz diýdim — diýip, özünden giden professor Kwirrele hemmeler aňkarylyp galdylar.

Birden hem Uly Jaýyň içinde okuwçylaryň gykylyk sesi ýaňlanyp gitdi. Olary köşeşdirmek üçin taýagynyň ujundan birnäçe gezek gyrmyzy ýagtylyklary goýbermeli bolan professor Dambldor:

— Toparbaşylar! — diýip, sesini beýgeldip gepledi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Her kim öz öýüniň okuwçylaryny umumy ýaşaýyş jaýlaryna äkitsin.

Dambldor bu sözleri aýdan badyna, olaryň ýanynda Persi peýda boldy.

Ol:

— Meniň yzyma düşüň! Birinji ýyl okuwçylary, ähliňiz bir ýere jemleniň! Eger diýenimi etseňiz, troldan size zyýan ýetmez. Maňa ýakyn duruň! Birinji ýyl okuwçylaryna ýol beriň. Bagyşlaň, men toparbaşy! — diýip çasly gygyrdy.

Persiniň yzyna düşüp, basgançakdan ýokaryk galyp baryşlaryna Harri:

— Trol içerik nädip girdikä? — diýdi.

Ron:

— Bilemok. Aslynda olar körzehin bolýarlar — diýip jogap berdi. — Belki, Piws Hellowin degişmesi hökmünde ony içerik goýberendir.

Olar başga tarapa barýan okuwçylaryň deňine ýetdiler. Griffindorlylar hümerlenişip duran Hafflpafflylaryň aralygyndan geçmek üçin başagaý bolup durkalar, Harri Ronuň elinden tutdy.

— Şu wagt ýadyma düşdi. Germiona!

— Hä, Germiona näme bolupdyr?

— Ol trol hakda hiç zat bilenok ahyryn.

Ron hyrçyny dişledi.

— Bolýar, ýöne Persi bizi görmese gowy bolar.

Olar egildiler-de, başga tarapa barýan Hafflpafflylara goşulyşdylar. Soňra hiç kime bildirmän adamsyz dälize sowlup, gyzlaryň hajathanasyna tarap ylgadylar. Olaryň dälizden sowlanam şoldy welin, arka tarapdan kimdir biriniň aýak sesi eşidildi.

— Persi — diýip, içini çeken Ron Harrini daşdan ýasalan heýkeliň arkasyna çekdi.

Olar duran ýerlerinden yşyklap, aýak sesleriniň Persiniňki däl-de, Sneýpiňkidigine göz ýetirdiler. Ol dälizi kesip geçdi-de, gözden gaýyp boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri:

— Ol bu ýerde näme işläp ýörkä? — diýip pyşyrdady. — Näme üçin beýleki mugallymlar bilen ýerzemine gitmedikä?

— Aňsadrak sorag bersene!

Olar ýuwaşlyk bilen Sneýpiň giden tarapyna süýşdüler.

Harri:

— Üçünji gata barýar — diýdi.

Ýöne Ron:

— Ys alýaňmy? — diýip, onuň elinden tutdy.

Harri ysyrgandy, köne joraplaryňdyr köpden bäri arassalanmadyk umumy hajathananyňka meňzeş ýakymsyz ys onuň burnuna haplap urdy. Birdenem arryldy sesi bilen äpet aýaklaryň tarpyldysy eşidildi. Ron geçelgäniň soňuna, çep tarapa seredip, Harrä ümledi. Äpet bir zat olara tarap golaýlaşyp gelýärdi. Harridir Ron garaňka duwlanyp, bu gelýän mähnet mahlugyň Aýyň ýagtysyna, göze görnerine garaşyp başladylar.

Geçelgede peýda bolan nägehanyň görnüşi elhençdi. Onuň öçügsi çal derisi, äpet lokga bedeni, kokosa meňzäp duran kel kellesi, eliniň uzynlygyndan ýaňa süýräp gelýän uly, gödeňsi agaç degenekli taýagy bardy. Gatap daşa dönen büdür-südür dabanly gysga aýaklary bolsa agaç töňňesine meňzäp durdy.

Gapynyň öňünde saklanyp, otaga göz aýlan trol kiçijik beýnisini işledip, ullakan gulaklaryny ýokaryk galdyrdy-da, ýuwaşlyk bilen içerik girdi.

Harri:

— Gapynyň açary bar ýaly-la — diýip pyşyrdady.

— Daşyndan gulplab-a bilerdik.

— Gowy pikir — diýip, Ron aljyraňňy gepledi.

Agyzlary gurap giden Rondur Harri troluň otagdan çykmazlygyny dileg edip, ýuwaşlyk bilen, açyk gapynyň golaýyna bardylar. Harri çalasynlyk bilen açary eline aldy-da, gapyny patladyp ýapyp, daşyndan gulplady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ur-ra!

Işleri oňuna bolan iki dost begenip, yzlaryna gaýtdylar. Ýöne olaryň geçelgäniň soňuna ýetenlerem şoldy welin, ýüreklerini ýarara getiren çirkin sesi eşitdiler. Bu çirkin, gorkuly ses ýaňyja gapysyny gulplan otaglaryndan gelýärdi.

Ganly Baronyňky ýaly ýüzünde reňk-pet galmadyk Ron:

— Wah, bolmady — diýdi.

— Bu gyzlaryň hajathanasy ahyryn — diýip, Harri içini çekdi.

Hernäçe islemeseler-de, alaçsyz yzlaryna dolanan Ron we Harri gapa ýakynlaşyp, ýuwaşlyk bilen açary towladylar. Bat bilen gapyny açyp, kürsäp içerik girdiler.

Germiona gabat garşydaky diwaryň öňünde gorkudan ýaňa ysgynsyz halda ýygrylyp oturan bolsa, trol elindäki degenekli taýagy bilen diwara berkidilen nowajyklary ýykyşdyryp, oňa ýakynlaşýardy.

Näme etjegini bilmedik Harri Rona:

— Onuň ünsüni sow! — diýip gygyrdy-da, ýerde ýatan gyranty galdyryp, ony bar güýji bilen diwara tarap zyňdy.

Germionadan birki ädim bärde saklanan trol gözlerini açalak-ýumalak edip, gohuň gelýän tarapyna seretdi. Onuň kiçijik gaharly gözleri Harride eglendi. Trol başda säginen ýaly etdi, soňam elindäki degenekli taýagyny galdyryp, Harrä tarap ýöräp başlady.

Otagyň beýleki burçunda duran Ron:

— Eý, paňkelle! — diýip gygyrdy-da, elindäki demir turbany oňa tarap batly zyňyp goýberdi. Trol egnine degen turbanyň zarbyny duýmadyk hem bolsa, Ronuň sesini eşidipdi. Ol bigelşik tumşugyny Rona tarap öwürdi. Bu bolsa Harrä Germionanyň golaýyna barmaga mümkinçilik berdi.

Harri:

— Bol, gaç, gaç — diýip, gyzy çykalga tarap çekdi, ýöne gorkudan ýaňa burça gysylyp oturan Germiona gymyldaýynam diýmedi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gykylyk sesleri troluň halys gaharyny getiren bolmaly, ol gazaply arlady-da, özüne has ýakyn duran, gaçara ýeri bolmadyk Ronuň üstüne ýöneldi.

Birdenem Harri hem mertlik, hem akmaklyk saýyljak hereket etdi. Harrä ýokaryk böküp, bar güýji bilen troluň boýnundan ýapyşmak başartdy. Trol ýaly akmak jandar boýnundan biriniň aslyşyp durandygyny duýmasa-da, burnuna sokulan taýagyň agyrysyny welin duýdy. Harri bökende taýajygy elindedi. Taýajyk bolsa göni troluň burnuna giripdi.

Agyrysyna çydaman uwlan trol demigip hem titräp başlady. Özüni islendik wagty zyňyp, elindäki degenekli taýagy bilen mynjyradyp biljekdigine aňry ýany bilen gözi ýetip duran Harri janhowluna troluň boýnundan has berk ýapyşdy.

Germiona bolsa gorkusyna emedekläp başlady.

Näme etjegini bilmän taýajygyny çykaran Ron, agzyna gelen ilkinji jadyly sözleri aýdyp goýberdi:

— Wingardium Lewioza!

Onuň bu sözleri aýdanyna mähetdel degenekli taýak troluň elinden sypyp, ýokaryk göterildi. Soňra zarp bilen aşak inip, eýesiniň kellesine uruldy. Trol taýagyň degen ýerini tutup, tutuş otagy sarsdyran güpürdi bilen ýüzin ýykyldy.

Harri demi demine ýetmän zordan ýerinden galdy. Ron bolsa ýerde ýatan trola seredip, taýajykly elini entek hem aşak goýbermän durdy.

— Ol öldümi? — diýip, Germiona ilkinji bolup dillendi.

Harri:

— Men-ä ol ýöne özünden gitdimikä öýdýän — diýip çöküne düşdi-de, troluň burnundan taýajygyny çykardy. Onuň taýajygy ýylmanak ýelime meňzeş suwuklyga çyrşalypdy.

— Uw, troluň sümügi! — diýip, Harri taýagyny troluň balagyna süpürdi.

Birdenem gapy batly açyldy-da, aýak sesleri eşidildi. Olaryň üçüsi hem tisginip gitdi. Olar ýap-ýaňyja özleriniň nähili gykylyk turzandyklaryndan bihabardylar. Elbetde, aşakda kimdir biri güpürdinem, troluň arryldy sesinem eşidendir. Şol pursat işikde professor Makgonagal, Sneýp, onuň yz ýany bilen Kwirrel peýda boldy. Trola gözi düşen Kwirrel bir hyklady-da, ýüregini tutup, ýere çökdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Sneýp boýnuny egip, trola seretdi, professor Makgonagal bolsa Ronadyr Harrä bakdy. Harri ony hiç haçan beýle gaharly görmändi. Onuň ýüzi duw akdy. Harriniň Griffindor öýi üçin elli bal gazanmak hakdaky eden umydy puç boldy.

— Hudaýyň haky üçin aýdyň, näme sebäpden beýtdiňiz? — diýip, soran professor Makgonagalyň sesi aşa gaharly çykdy.

Harri entek hem taýajykly elini aşak goýbermän duran Rona göz aýlady.

— Özüňize zat bolmandygyna şükür ediň! Siz näme üçin umumy ýaşaýyş jaýynda däl?

Sneýp Harrä ýiti nazar bilen bakdy. Ýere sereden Harri Ronuň taýajykly elini aşak goýbermegini isledi.

Birdenem Germionanyň:

— Haýyş edýän, professor Makgonagal! Olar bu ýerik meni gözläp geldiler — diýen pessaý sesi eşidildi.

— Hanym Greýnjer!

Germiona ahyrsoňy ýerinden galdy.

— Men troly gözlemäge gitdim... sebäbi men... men, onuň hötdesinden gelerin öýtdüm... men olar hakda gaty köp kitap okamsoň...

Ron taýajygyny ýere taşlady. Ynanar ýaly däl, Germiona Greýnjer mugallyma ýalan sözler aýdýar!

— Entegem olar wagtynda geldiler, ýogsa men bu wagt siziň bilen gürleşip durmazdym. Harri taýajygyny troluň burnuna sokdy, Ron bolsa ony öz taýagy bilen çaşyrdy. Olara kimdir birini kömege çagyrmaga asla wagt bolmady. Kömek gelýänçä, trol meni öldürerdi.

Germionanyň aýdýan sözleri özleri üçin täzelik bolsa-da, Harridir Ron syr bildirmezlige çalyşdylar.

— Bolýar... beýle bolsa... — diýip, professor Makgonagal olaryň üçüsine-de dikanlap seretdi. — Hanym Greýnjer, akmak gyzjagaz, siz dag ýaly troly nädip ýeke özüňiz ýeňerin öýtdüňiz?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Germiona başyny egdi. Dili tutulan Harri aňkarylyp galypdy. Germiona okuw düzgünine garşy gitjek iň soňky adamdy ahyryn. Häzir bolsa ol Harridir Rony beladan dyndarjak bolup, ähli günäni öz boýnuna alyp durdy. Bu bolsa Sneýpiň okuwçylara süýji bermeginiň mümkin däldigi ýaly bolmajak zatdy.

— Hanym Greýnjer, eden bidüzgünçiligiňizi göz öňünde tutup, Griffindor öýünden bäş bal aýyrýan. Hakykatda, men sizden beýle zada garaşmandym. Agyrdan ýeriňiz bolmasa, häziriň özünde Griffindor binasyna dolansaňyz gowy bolar.
Okuwçylar umumy ýaşaýyş jaýynda naharlanyp oturandyrlar.

Germiona gitdi.

Professor Makgonagal Harridir Rona seretdi.

— Men-ä siziň işiňiz ugruna boldumyka diýýän. Hemme birinji ýyl okuwçylaryna dag ýaly troly ýeňmek başardaýanok. Siziň heriňize bäş bal berýän. Professor Dambldora bu hakda habar berler. Indi bolsa gidip bilersiňiz.

Olar ýykan-ýumran edilen hajathanadan howlukmaç çykansoňlar, öz otaglaryna ýetýänçäler biri-birlerine ýeke agyz söz hem aýtmadylar. Olar üçin esasy zat troluň porsy ysyndan daşlaşmakdy.

Ron:

— Biz ondan has köpräk bala mynasypdyk — diýip hüňürdedi.

— Germionadan aýrylan bäş baly göz öňüne tutsak, biziň ballarymyz on dälde, bäş bolýar.

Ron:

— Bizi gorajak bolup, bar günäni öz üstüne alar öýtmändim — diýip boýun aldy. — Ynanar ýaly däl, biz ony halas etdik.

Harri:

— Onuň trol bilen daşyndan gulplamadyk bolsadyk, belki, halas etmeli bolmazdyk — diýip ýatlatdy.

Olar Dolmuş Aýalyň portretiniň öňünde saklandylar-da:

— Doňzuň guýrugy — diýip içerik girdiler.

Umumy otag naharlanyp oturan okuwçylardan ýaňa hyryn-dykyndy. Germiona welin, olara garaşyp duran eken. Oňaýsyz dymyşlykdan soň, biri-birleriniň ýüzüne seredip bilmän, sagbolsun aýtdylar-da, olar garynlaryny doýurmagyň aladasy bilen boldular.

Ýöne şol pursatdan soň, Germiona Greýnjer olaryň hakyky dostlaryna öwrüldi. Durmuşda bilelikde başdan geçirilen käbir wakalardan soň, dostlaşmazlyk asla mümkin däl. Harri, Ron hem Germiona üçin şeýle wakalaryň biri dag ýaly äpet troldan üstün çykmak boldy.

## 11-nji bap: KWIDDIÇ OÝNY

Noýabr aýynyň gelmegi bilen howa diýseň sowady. Mekdebiň töweregindäki daglar çal reňke boýalsa, doňan kölüň ýüzi sowuk polada çalym edýärdi. Her gün irden ýer gyraw bilen örtülýärdi. Ýokarky penjirelerden seretseň, körsyçan possunly, aýagy äpet samyr ädikli Hagridiň kwiddiç meýdançasynda sübseleriň doňuny çözüp, başagaý bolup oturandygyny görmek bolýardy.

Kwiddiç möwsümi hem başlady. Irginsiz türgenleşiklerden soň, şenbe güni Harri ilkinji kwiddiç oýnuny oýnar. Griffindoryň garşydaşy bolup Slizerin çykyş edýärdi. Eger griffindorlylara bu oýunda ýeňmek başardaýsa, olara öýüň kubogy ugrundaky bäsleşikde finala çykmaga mümkinçilik dörejekdi.

Harriniň griffindorlylaryň toparyna saýlanmagyny Wuduň özi syr hökmünde gizlin saklapdy. Şonuň üçinem, deslapky oýna Harriniň gatnaşjagyny hiç kim bilenokdy. Ýöne muňa garamazdan, Harriniň gapyjy bolup çykyş etjekdigi hakdaky gürrüňler ýyldyrym çaltlygynda tutuş mekdebe ýaýrady. Harri özüniň gowy oýnajakdygyna ynanyp gürrüň edýänleriň ýa-da sübseden gaçyp, ýykylan ýagdaýynda aşagyna düşekçe tutjakdyklaryny aýdyp ýaňsylaýan adamlaryň haýsy birine gulak gabartjakdygyny bilenokdy.

Harriniň Germiona bilen dostlaşanam bir gowy zat, ýogsa Wuduň iň soňky pursatda geçiren goşmaça türgenleşikleri zerarly okuwda tabşyrylýan öý işleriniň hötdesinden gelip bilmezdi. Onsoňam Germiona oňa «Kwiddiç — asyrlaryň jümmüşinden» atly kitaby okamaga berdi. Bu kitaby okamak Harri üçin hem gyzykly, hem peýdaly boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri bu kitabyň kömegi bilen oýnuň düzgünini bozmagyň ýedi ýüz usulynyň bardygyny öwrendi hem-de bu usullaryň ählisiniň 1473-nji ýylda geçirilen oýunda ulanylandygy, gapyjylaryň adatça kelte boýly, çalasyn bolýandyklary, olaryň köplenç şikes alýandyklary, kwiddiç oýnunyň ölümsiz gaty seýrek gutarýandygyna garamazdan, eminleriň birden gaýyp bolup, birnäçe aýdan soň Sahara çölünde peýda bolandyklary hakda gyzykly zatlary okady.

Germionanyň trolliden halas edileni bäri okuw düzgünlerine öwrenişip başlamagy, ony öňküsinden has ýakymly görkezýärdi. Kwiddiç oýnunyň geçirilmeli wagtyndan bir gün öň ýany arakesmede üç bolup buz ýaly içerki howla çykanlarynda, Germiona baldan boşan çüýşede saklap bolýan mawy reňkli alaw jadylap berdi. Sneýpiň howlyny kesip geçen wagty olar arkalaryny oda tutup, ýylanyp durdular. Sneýpiň agsaklap ýöremegi Harriniň bada-bat ünsüni çekdi. Arakesme wagty jady ulanmagyň gadagandygyndan habarly Harri, Ron hem Germiona ot görünmez ýaly biri-birlerine gysmyljyrap durdular. Harri dagynyň müýnli ýaly görünýän ýüzlerinden nämedir bir zatlar aňlap ýetişen Sneýp agsaklap, olaryň ýanyna geldi. Ody görmesede, onuň yrsaramak üçin bir bahana gözleýändigi mese-mälim bildirip durdy.

— Eliňdäki näme, Potter?

Onuň elinde Germionanyň okamaga beren «Kwiddiç — asyrlaryň jümmüşinden» atly kitaby bardy. Harri oňa kitaby görkezmeli boldy.

— Okuw kitaplaryny mekdebiň daşyna çykarmagyň gadagandygyny bileňokmy? Getir bärik. Griffindordan bäş bal aýyrýan — diýip, Harriniň elinden kitaby aldyda, ol ýoluny dowam etdirdi.

Sneýpiň agsaklap ýanlaryndan aýrylanyna mähetdel Harri:

— Ýaňky aýdýan düzgünini ol edil şu wagt oýlap tapdy — diýip gaharly hüňürdedi. — Onuň aýagyna näme bolduka?

— Bilemok. Ýöne bijaý ynjydan bolmaly — diýen Ron içiýangynly gepledi.

Şol gün giçlik Griffindor öýüniň umumy otagy alawagyrdydy. Harri, Ron hem Germiona penjiräniň golaýynda otyrdylar. Germiona olaryň gözbagçylyk dersinden öý işlerini barlaýardy. Germiona: «Beýdip hiç zat öwrenmersiňiz» diýip, Rondur Harrä hiç zat göçürtmeýärdi. Emma olar, barybir, Germionanyň uguny ýekeläp, käbir soraglaryň jogabyny oňa aýtdyrýardylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri özüni birahat duýup başlady. Ol ertirki boljak oýundan ünsüni sowar ýaly, «Kwiddiç — asyrlaryň jümmüşinden» atly kitabyny gaýtaryp alasy geldi. «Näme üçin men Sneýpden gorkmalymyşym?!» diýip pikirlenen Harri ýerinden turdy-da, Ronadyr Germiona Sneýpden kitabyny gaýtaryp bermegini haýyş etjekdigini aýtdy.

Olaryň ikisi hem:

— Gowusy, özüň soraýsana! — diýip jogap berdiler.

Harri: «Ýanynda mugallymlar barka sorasam, Sneýp kitaby gaýtaryp bermekden boýun gaçyrmaz» diýip pikirlendi.

Ol mugallymlar otagynyň gapysyny kakdy. Ýöne jogap beren bolmady. Ol ýene bir gezek gapyny kakdy. Bu gezegem ol hiç hili jogap eşitmedi.

«Belki, Sneýp kitaby içerde goýup gidendir. Girip göräýsemmikäm?!» diýip pikirlenen Harri gapyny giňden açyp, içerik göz aýlady. Ýöne onuň aýylganç ahwala gözi düşdi.

Otagda diňe Sneýp bilen Filç bardy. Ýektaýyny dyzyndan ýokaryk galdyran Sneýpiň aýagy ganjaryp durdy. Filç bolsa onuň aýagyna sargy edýärdi.

— A1 kakmyş mahluk. Birwagtda üç kellesiniň üçüsindenem goranmak mümkin däl.

Harri gapyny ýuwaşlyk bilen ýapmakçy bolanda:

— Potter! — diýip, Sneýp çasly gygyrdy.

Aýagyny gizlemek üçin ýektaýyny derrew aşak goýberen Sneýp häzir gahardan ýaňa ýarylarly göründi. Harri ýuwdundy.

— Men kitabymy soramaga gelipdim welin...

— Çyk, güm bol!

Sneýp ýene-de Griffindoryň bahasyny kemeldip ýetişmänkä, ol ýerden ökjesini göteren Harri basgançaklardan ýokaryk galdy.

Ony gören Ron:

— Alyp bildiňmi? — diýip, Harriden sorady. —Näme boldy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri pyşyrdap diýen ýaly olara gören zatlaryny aýdyp berdi.

— Siz munuň nämäni aňladýandygyny bilýäňizmi? — diýip, Harri demi demine ýetmän gürrüňini soňlady. — Ol Hellowin güni üç kelleli itiň deňinden geçmek isläpdir. Bizi gören günem şol ýerik gidip barýardy. Itiň nämäni goraýandygyn-a bilemok welin, Sneýpiň oňa eýe çykmak isleýändigi welin anyk. Men öz sübsämden ant içýän, trollinem başagaýlyk döretmek üçin şol goýberendir.

Germiona gözlerini mölertdi.

— Ýok, ol beýtmez! Hawa, Sneýp ýakymsyz adam, ýöne ol Dambldoryň goraýan zadyny hiç wagt ogurlajak bolmaz.

— Germiona, sen mugallymlara keramatly adamlar hökmünde garaýaňmy nämemi?! — diýip, Ron jibrindi. — Men-ä Harri bilen razylaşýan. Onuň Sneýp hakda aýdanlaryna ant içmese-de ynanýan. Ýöne onuň şeýle ölemen eýe bolmak isleýän zady nämekä? It nämäni goraýarka?

Harri kellesinde at salýan bir topar sowallar bilen öz düşegine geçdi. Newil hor çekip ýatyrdy. Harri welin uklap bilmedi. Ol pikirlerinden aýňalmak isledi, oňa birsellem ukusyny almak gerekdi. Harri hökman uklaýmalydy.

Ýene birnäçe sagatdan ol kwiddiç oýnuna gatnaşmaly ahyryn. Ýöne Harrä Sneýpiň aýagyny gören mahalyndaky ýüz keşbini unutmak welin, birbada ýeňil düşmedi.

Ertesi howa diýseň sowuk boldy. Säher bilen, Uly Jaýdan gowrulan büzmeçleriň tagamly ysy gelýärdi, kwiddiç oýnuna sabyrsyzlyk bilen garaşýan okuwçylaryň wagyrdy sesleri hem eşidilip durdy.

— Sen biraz garbanmaly.

— Meň işdäm ýok.

— Me, şundan birazajyk iýäý! — diýip, Germiona oňa ýalbarmaga durdy.

— Men aç däl.

Ýene birnäçe sagatdan meýdança çykjakdygyny ýadyna salanda, Harri özüni gaty erbet duýdy.

Simus Finnigan:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Harri, saňa güýç toplamak gerek — diýdi. — Garşydaş topardan esasy zyýan çekýän oýunçy gapyjydyr.

Harri onuň büzmeçleriniň üstüne pomidor goýaltmasyny guýşuna syn edip oturyşyna:

— Köşeşdiriji sözleň üçin sag bol, Simus — diýdi.

Sagat on birde tutuş mekdep kwiddiç meýdançasyna ýygnandy. Oturgyçlaryň belentde ýerleşýändigine garamazdan, oýny synlamagyň kynrak düşýändigi sebäpli, okuwçylaryň köpüsiniň ellerinde dürbi bardy.

Rondur Germiona iň ýokarky hatarda oturan Newile, Simusa hem-de Dina goşulyşdylar. Olar Harrä sowgat hökmünde Skabbers tarapyndan eleme deşik edilen ullakan matanyň ýüzüne surat çekipdiler. Onuň ýüzünde «Potter Prezidentlige saýlanmaly» diýen ýazgy bardy. Surat çekmäge ökde Din ýazgynyň edil aşagynda Griffindor arslanyny şekillendiren bolsa, Germiona ony biraz jadylapdy. Şonuň üçin hem surat dürli reňklerde öwşün atýardy.

Şol wagt geýim çalşyrylýan otagda Harridir beýleki oýunçylar symgylt reňkli ýörite kwiddiç eşiklerini geýýärdiler. Slizerinliler ýaşyl reňkli geýimde çykyş etmelidiler.

Wud «Ýuwaş boluň!» diýen manyda: «Ähm-ühm» etdi.

— Hawa, jenaplar!

— Hem hanymlar! — diýip, yzarlaýjy Anjelina Jonson onuň sözüniň üstüni ýetirdi.

— Hem hanymlar — diýip, Wud onuň sözlerini gaýtalady. —Ynha-da...

Fred Wizli:

— Iň aýgytlaýjy... — diýdi.

— Biziň köpden bäri garaşyp ýören pursadymyz...

— diýip, Jorj hem ondan kem galmady.

Fred Harrä:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Biz Oliweriň aýtjak sözleriniň ählisini ýatdan bilýäs — diýdi. — Geçen ýylam biz toparyň oýunçylarydyk.

Wud:

— Ikiňizem gapylyň! — diýdi. — Köp ýyllardan bäri Griffindoryň şular ýaly hemmetaraplaýyn gowy topary bolmandy. Men bilýän, biz hökman ýeňeris.

«Ýa-da ýeňleris» diýen manyda Wud olaryň ählisine birlaý göz aýlady.

— Bolýar, gitmeli wagt boldy. Ähliňize üstünlik arzuw edýän!

Fred bilen Jorjuň yzyna düşen Harri aýaklarynyň ysgynynyň gaçmazlygyny dileg edip, gürrüldili el çarpyşmalaryňdyr ýeňiş arzuwlaýanlaryň gohunyň astynda meýdança çykdy.

Oýna eminlik edýän hanym Huç eli sübseli meýdançanyň ortarasynda oýunçylara garaşyp durdy.

Oýunçylaryň ählisi bir ýere jemlenensoň, hanym Huç:

— Men siziň ähliňizden gowy, adalatly oýna garaşýan — diýdi.

Harrä mugallym bu sözlerini, esasan hem, Slizerin toparynyň kapitany, altynjy ýyl okuwçysy Markus Flinte seredip aýdan ýaly göründi. Ol öz ýanyndan Flintiň damarynda troluň gany aýlanýan adama meňzeşdigi hakynda pikirlendi. Oýny synlamaga gelen adamlaryň depesinde «Potter Prezidentlige saýlanmaly» diýen ýazgynyň galgap durandygyny gözüniň gytagy bilen görüp ýetişen Harriniň ýüregi ýerinden gozganan ýaly boldy. Ol özüni hasam ruhubelent duýdy.

— Sübseleriňize atlanyň!

Harri özüniň täze «Nimbus — 2000» sübsesine mündi.

Hanym Huç kümüş jürlewüginde batly sykylyk çaldy.

On bäş sany sübse barha ýokaryk göterildi. Oýun başlandy.

— Şeýlelikde, Griffindor toparyndan Anjelina Jonson kafly eýelemegi başardy. Bu gyz nähili ajaýyp yzarlaýjy, özem örän görmegeý...

— Jordan!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bagyşlaň, professor!

Ekizler Wizlileriň dosty Li Jordan professor Makgonagalyň berk gözegçiligi astynda alypbaryjynyň wezipesini ýerine ýetirip, oýna düşündiriş berýärdi.

— Onuň çalasyn hereket edäýşini, oňa topy göni Alisiýa Spinnete geçirmek başardýar, ol Oliwer Wuduň taýsyz oýunçysy, geçen ýyl ätiýaçdaky oýunçylaryň hataryndady... yzyna Jonsona geçirilýär... ýok, Slizerinler kafly eýelediler, Slizerinleriň kapitany kafly alýar... edil bürgüt ýaly öňe okdurylýar... ol synanyşýar... ýok bolmady, Griffindorlaryň saklaýjysy Wud çalasyn hereket edip topy alýar... kafl indi Griffindorlarda... bu Grififindorlaryň yzarlaýjysy Keti Bel, oňa Flintiň deňinden aýlanyp geçmek başardýar, halkalara golaýlaşyp gelýär... wah... gaty awunandyr... bladjer onuň edil ýeňsesine degdi... Kafl Slizerinleriň eline geçýär... Adrian Pýusi halkalara tarap haýdaýar, ony haýsysydygyny anyk aýdyp biljek däl, ýöne Fred ýada Jorj Wizli tarapyndan iberilen ikinji bladjer kesip geçýär, kafl ýene-de Jonsonyň elinde, meýdança ýene imisala, ol öňe okdurylýar... ol hakykatda uçýar... bladjerden sowlup ýetişýär... halkalar barha ýakynlaşýar... hany, bolsana, indi, saklaýjy Anjeline Bleçli topy saklajak bolýar... sypdyrýar... GRIFFINDORLAR HASABY AÇÝARLAR!

Şol pursat Griffindorlaryň begençli gykylygy, Slizerinleriň bolsa «ahda-wah!» sesleri göge göterilýär.

— Biraz süýşüň, geçmäge ýol beriň!

— Hagrid!

Rondur Germiona Hagride ýer bermek üçin biri-birlerine gyslyşdylar.

— Oýna külbämden syn edip otyrdym welin... — diýip, Hagrid boýnundaky özi ýaly äpet dürbüsine kakdy. — ...Köpçülik bilen göreniň ýaly däl-dä. Sniç entek görünmedimi?

Ron:

— Ýo... — diýip jogap berdi. — Harrä entek edere iş ýok.

— Beladan daşrakda saklanyp bilmegiň özem bir uly iş — diýip, Hagrid dürbüsini ýokaryk galdyrdy-da, gara tegmiljik ýaly görünýän Harrini synlady.

Hemmelerden has beýikde sniçiň peýda bolaryna garaşyp duran Harri oýnuň gidişine syn edýärdi. Beýtmek Wud ikisiniň düzen oýun meýilnamalarynyň biridi.

— Sniçi görýänçäň oýna goşulyşmagyn — diýip, Wud görkezme beripdi. — Biz saňa wagtyndan öň hüjüm edilmegini islämzok.

Anjelina bal gazanmak başardansoň, begenjine howada birnäçe gezek halka şekilinde aýlaw eden Harri ýene-de sniçiň peýda bolaryna garaşyp başlady. Birden altyn şöhlesine meňzeş ýalpyldy onuň gözüne ilen ýaly boldy. Ýöne bu Wizlileriň biriniň goşar sagadyndan emele gelen şöhle eken. Ýene bir gezek ol edil sapandan sypan ýaly, özüne tarap bat bilen gaýdan bladjeriň öňünden zordan sowlup ýetişdi. Onuň yzy bilen Fred Wizli deňinden geçip gitdi.

Bladjeri Markus Flinte tarap gönükdiren Fred şol aralykda:

— Ýagdaýlaryň gowumy, Harri? — diýip gygyryp ýetişdi.

Li Jordan düşündiriş bermegini dowam etdirýärdi:

— Kafl Slizerinlerde. Yzarlaýjy Pýusi iki bladjerden, Wizlilerden hem yzarlaýjy Belden sowlup ýetişýär... biraz garaşyň hany... bu sniç ýaly-la?!

Märekäniň gowry artdy. Çep gulagynyň düýbünde ýagty saçyp giden altyn sniçi gözden sypdyrmajak bolan Adrian Pýusi tötänden elindäki kafly gaçyrdy.

Harri ony gördi. Ol tutuş süňňüni gaplap alan çäksiz hyjuw bilen altyn sniçe tarap okduryldy. Slizerinleriň gapyjysy Terens Hiks hem sniçi görüp ýetişipdi. Olaryň ikisi egin-egne uçup, sniçiň yzyndan ýetjek bolýardylar. Gapyjylara aňkarylyp galan yzarlaýjy oýunçylaryň ählisi wezipelerini düýbünden unudan ýalydylar.

Harri Higsden has çalasyndy. Ol ganatlaryny pasyrdadyp barýan kiçijik topjagazy aýdyň görüp bilýärdi.

Harri tizligini artdyrdy.

Gümpüldi ýaňlanyp gitdi! Griffindorlar gaharly gygyryşdylar. Markus Flint bilgeşleýinden Harriniň öňüne düşüpdi. Şol sebäpli hem onuň ýykylmazlyk üçin berk ýapyşan sübsesi ugruny üýtgetdi.

Griffindorlaryň ählisi:

— Düzgün bozuldy! — diýip gygyryşdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hanym Huç Flinte gaharly käýindi-de, Slizerinlere tarap jerime urgusyny belledi.

Din Tomas aldygyna:

Çykaryň ony oýundan! Gyzyl petek beriň! — diýip gygyrýardy.

Ron:

— Näme diýdiň? — diýip, geň galyp sorady.

— «Gyzyl petek beriň» diýdim. Futbol oýnunda düzgüni bozan oýunça gyzyl petek berlip, oýundan çykarylýar.

— Bu saňa futbol oýny däl-how.

— Onda olar oýnuň düzgünlerini üýtgetmeli. Flint Harrini tas sübsesinden agdarypdy ahyryn — diýip, Hagrid hem Din bilen razylaşdy.

Li Jordana haýsy hem bolsa bir toparyň tarapyny tutmazlyk gaty kyn düşýärdi.

— Hawa... ýaňky aç-açan hem bihaýa jyzmadan soň...

— Jordan! — diýip, professor Makgonagal onuň sözüni böldi.

— Ýagny, ýaňky göz-görtele, bihaýa düzgün bozmadan soň...

— Jordan, men saňa duýduryan...

— Bolýar, bolýar. Flint Griffindorlaryň gapyjysyny tas öldüripdi. Beýle ýagdaý, elbetde, hemme kişiniň başyndan geçip biler. Şeýlelikde, jerime urgusyny Spinnet amala aşyrýar, oňa topy kynçylyksyz halkadan geçirmek başardýar. Oýun dowam edýär. Top häzir hem Griffindorlarda.

Kellesiniň golaýjagyndan geçip giden bladjerden sowlup ýetişenem şoldy welin, Harriniň sübsesi duýdansyz ýerden bat bilen çaýkanmaga başlady. Bir pursat ol özüni göýä aşaklygyna gaýdan ýaly duýdy. Beýle ýagdaýy ilkinji gezek başdan geçirýän Harri sübsesinden berk ýapyşdy.

Sübse ýene-de çaýkandy. Ol göýä Harrini üstünden agdarmak isleýän ýalydy. Nimbus — 2000 sübsesiniň beýle gylygy bolmaly däl ahyryn. Wuddan arakesme haýyş etmek hakda pikirlenen Harri sübsesini Griffindorlaryň halkalaryna tarap gönükdirmek isledi. Ýöne bu oňa başartmady, ony hiç tarapa öwrüp hem bilmedi. Gaýtam sübse

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
howada egrem-bugram hereketler edip, duýdansyz silkinýärdi. Harri zordan diýen ýaly ýykylman saklanýardy.

— Slizerinler hüjüme geçýär — diýip, Li düşündirişini dowam etdirýärdi. — Kafi Flintiň elinde... ol Spinnete geçirýär... Spinnet Bella geçirýär... bladjer bat bilen onuň ýüzüne degýär... bumuny kül-owram edendir diýip umyt edýän... oýun etdim, professor... Slizerinlere topy halkadan geçirmek başardýar... Wah, bolmady.

Slizerinleriň şatlykly sesi göge göterildi. Harriniň sübsesiniň özüni gaty geň alyp barýandygyny welin, hiç kim görmeýän ýalydy. Sübse silkinip barha ýokaryk göterilip, Harrini oýundan uzagraga äkidip başlady!

Dürbüsi bilen Harrini ünsli synlap duran Hagrid:

— Harriniň bolşy dagy nähili?! — diýip hüňürdedi.

— Ony gowy tanamanlygymda, sübsä diýenini etdirip bilmeýändir öýdüp pikir ederdim... Ýöne bu mümkin däl ahyryn...

Birdenem meýdançadaky adamlaryň ählisi Harrä barmaklaryny çommaldyp seredişdiler. Harriniň berk ýapyşyp duran sübsesi aldygyna aýlaw edýärdi. Zähreleri ýarylan adamlar içlerini çekýärdiler. Birdenem sübse erbet çaýkandy, endamynda ysgyn-mydar galmadyk Harri bu çaýkanma sebäpli ahyrsoňy sübseden syrygyp gaýtdy. Ol indi bir eli bilen sübseden ýapyşyp, aslyşyp durdy.

Din:

— Flintiň häli öňüne düşmegi sübsä täsir eden bolaýmasyn?! — diýip pyşyrdady.

— Ýok, bolup bilmez — diýip, jogap beren Hagridiň sesi titreýärdi. — Diňe çäksiz gara güýç sübse bilen aragatnaşyga girip biler. Her bir öňýeten Nimbus — 2000-e täsir edip bilmez.

Onuň bu sözlerinden soň Germiona eline dürbüni aldy-da, Harrä seretmegiň deregine, oturan mähelläni synlamaga durdy.

Ýüzünde reňk-pet galmadyk Ron:

— Näme edýäň? — diýdi.

— Wah, men şeýledirem öýtdüm-le. Sneýp... seret.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Dürbüni garbap alan Ron edil gabat garşydaky sekiniň orta gürpünde oturan Sneýpiň Harriden gözüni aýyrman, aldygyna bir zatlar samraýandygyny gördi.

Germiona:

— Ol bir zad-a edýär... Harriniň sübsesini jadylaýar — diýdi.

Biz indi näme etsekkäk?

— Bu işi maňa tabşyr — diýen Germiona Ron jogap berip ýetişmänkä gözden gaýyp boldy. Ron dürbüsi bilen ýene Harrini synlamaga durdy. Sübse şeýlebir batly çaýkanýardy welin, Harri uzak saklanyp biljek däldi. Aýaga galan adamlaryň ählisi Wizlileriň Harrini öz sübseleriniň birine geçirjek boluşlaryna gorky bilen syn edýärdiler. Ýöne ýakynlaşdyklaryça, sübsäniň has ýokaryk galmagy bilen olaryň bu niýeti başa barmaýardy. Harri gaçaýan mahalynda gapaýmakdan başga alaçlary galmadyk doganlar eýläk-beýläk aýlanyp, aşagrakda uçup başladylar. Markus Flint bolsa pursatdan peýdalanyp, kafly bäş gezek dagy halkadan geçiripdi.

Sabyr-takady galmadyk Ron:

— Çaltrak bolsana, Germiona! — diýip pyşyrdady.

Eýdip-beýdip Sneýpiň oturan ýerine gelen Germiona onuň arka tarapyndan barmaga synanyşdy. Ol bilmän professor Kwirreli başaşak ýykyp geçende, hatda ötünç soramak üçin hem saklanmady. Howlukmaçlyk bilen Sneýpiň deňine ýetensoň, Germiona onuň edil arka tarapynda çöküne düşüp oturdy-da, taýajygyny çykaryp, bir zatlar diýişdirip pyşyrdady. Onuň taýajygynyň ujundan çykan gyzyl ýalyn Sneýpiň etegine düşdi.

Sneýpe özüniň ýanýandygyna düşünýänçä, bary-ýogy otuz sekunda golaý wagt gerek boldy. Duýdansyz çykan gykylyk sesi Germiona eden işiniň oňuna bolandygyny habar berdi. Ol Sneýpiň etegindäki ýalny jübüsindäki çüýşejigine ýygnady-da, badabat ol ýerden sumat boldy. Sneýp nämeleriň bolup geçendigine düşünip hem ýetişmedi.

Ýöne bu bolup geçen ýagdaý howada galgap duran Harrä gaýtadan sübsesine münmäge mümkinçilik berdi.

Ron:

— Newil, indi seredip bilersiň — diýdi. Newil soňky bäş minutyň dowamynda Hagride ýaplanyp aglap durdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Adamlar Harriniň ýüregi bulanyp, iýenini gaýtarjak bolýan ýaly, elini agzyna ýetirendigini görenlerinde, ol uly tizlik bilen aşaklygyna gaýdypdy. Harri ýüzin ýere düşdi. Ol üsgürdi, birdenem nähilidir bir altyn zat agzyndan çykyp, onuň aýasyna gaçdy.

Mende sniç bar! — diýip, sesiniň ýetdiginden gygyran Harri altyn sniçli elini eýläk-beýläk galgatdy. Şeýlelikde, oýun alasarmyk ýagdaýda tamamlandy.

Flintiň:

— Ol topy tutman, ýuwutdy — diýip, ýigrimi minutlap gygyrandygyna garamazdan, onuň aýdanlaryna üns beren bolmady. Sebäbi Harri hiç hili düzgüni bozmandy.

Li Jordan begençli ýagdaýda oýnuň netijesini habar berip durdy.

— Slizerinler altmyş bal gazanan bolsalar, Griffindorlar ýüz ýetmiş bal gazandylar.

Ýöne Harri bu aýdylanlaryň hiç haýsysyny eşitmändi. Ol şol wagt Hagridiň külbesinde Rondur Germiona bilen ýyljak çaý içip otyrdy.

Ron:

— Bu Sneýpdi — diýip gürrüňe başlady. — Senden gözüni aýyrman, nämedir bir zatlar pyşyrdap, sübsäňi jadylaýşyny Germiona ikimiz öz gözümiz bilen gördük.

— Biderek gürleme — diýip, meýdançada öz töwereginde bolup geçen zatlardan düýbünden bihabar Hagrid onuň sözüni böldi. — Sneýpe beýtmek nämä gerek?

Harri, Ron, Germiona oňa näme diýip jogap berjeklerini bilmän, biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Harri dogrusyny aýtmaly diýen netijä geldi.

— Men Sneýp hakda käbir zatlary bilýän. Ol Hellowin güni üç kelleli itiň deňinden geçjek boldy. It bolsa ony dişledi. Sneýp onuň goraýan zadyny ogurlajak boldumyka öýdýäs.

Onuň bu sözlerini eşidip, Hagrid elindäki çäýnegi ýere gaçyrdy.

— Siz Flaffi nireden bilýäňiz?

— Flaffi diýdiňmi?

— Hawa... Ol meniň itim. Geçen ýyl meýhanada grek ýigidinden satyn aldym... Men ony Dambldora berdim... gorag üçin...

Bilesigelijiligi ýetjek derejesine ýeten Harri:

— Nämäni? — diýip sorady.

Boldy, indi menden hiç zat soramaň. Onuň nämäni goraýandygyny aýdyp biljek däl, bu ullakan syr.

— Ýöne Sneýp ony ogurlajak bolýar ahyryn.

— Bolgusyz gürlemäň. Sneýp Hogwartsyň mugallymy halyna beýle zatlar etmez.

— Onda ol näme üçin Harrini öldürjek boldy? — diýip, Germiona oňa sowal berdi.

Bu günki waka onuň Sneýp hakyndaky pikirlerini düýbünden üýtgeden bolarly.

— Men kimdir birini nähili jadylamalydygyny bilýän, Hagrid! Bu hakda ähli zatlary öwrenipdim. Jadylamak isleýän kişiňden gözüňi aýyrmaly däl. Sneýp bolsa gözüni ýeke gezegem gyrpman Harrä seretdi. Men muny öz gözlerim bilen gördüm! — diýip, Germiona janygyp gepledi.

— Gaýtalap aýdýan, siz ýalňyşýaňyz! — diýip, Hagrid gaharlandy. — Harriniň sübsesine näme bolandygyny bilemok, ýöne Sneýpiň okuwça zyýan etmejegi welin anyk. Indi bolsa üçüňizem meni ünsli diňläň, siz özüňize degişli bolmadyk zada bumuňyzy sokýaňyz. Bu diňe professor Dambldor bilen Nikolas Flameliň arasyndaky mesele...

Harri:

— Ä-hä! — diýdi. — Diýmek, bu ýerde Nikolas Flamel diýen ýene-de biri barda?!

Hagrid oňa näme diýip jogap berjegini bilmedi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

# 12-nji bap: ARZUW AÝNASY

Roždestwo baýramy golaýlaşyp gelýärdi. Dekabr aýynyň ortalarynda daň bilen oýanan okuwçylar Hogwartsyň tutuşlygyna galyň ak gara bürenendigini görüp, haýran galdylar. Kölüň ýüzi doňupdy. Ekizler Wizliler professor Kwirreliň nirä gitse yzyndan galman, sellesiniň daşyndan aýlanýan gartoplaryny jadylandyklary sebäpli käýinç alypdylar. Hagrid, aýazly howada hatlary eýelerine gowşurmak üçin Hogwartsa gelmek başardan hem bolsa erbet syrkawlan baýguşlaryň birnäçesine, göz-gulak bolýardy.

Her kim dynç alyş günleriniň başlanmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Alawlap duran buhar peçli Uly Jaýdyr Griffindor öýüniň umumy otagy ýyljak bolsada, geçelgeler buz ýaly sowukdy, aýazly şemal zerarly okuw otaglarynyň penjireleri sarsyp gidýärdi. Professor Sneýpiň sapak geçýän ýerzemininde asla oturar ýaly däldi. Bu ýeriniň sowuklygyndan ýaňa demleri bug bolup ýokaryk göterilýän okuwçylar azajyk hem bolsa ýylanmak üçin, gaýnap duran gazanlara ýakyn oturýardylar.

Däri-dermanlar dersiniň şunuň ýaly günleriniň birinde Drako Malfoý:

— Men öz öýlerinde güler ýüz bilen garşylanmaýandyklary sebäpli, Roždestwo gününde Hogwartsda galmaly boljak okuwçylara şeýlebir nebsim agyrýar — diýdi.

Ol bu sözlerini Harrä seredip aýdypdy. Krabdyr Goýl pyňkyryşdylar. Ýolbars balygynyň oňurga süňküniň owuntygyny terezide ölçäp oturan Harri oňa barmysyňam diýmedi. Malfoýyň häsiýeti öňem-ä öwerlik däldi welin, kwiddiç oýnundan bäri has hem ýaramazlaşypdy. Slizerinleriň utulandygyna jany ýanyp duran Malfoý indiki oýunda gapyjy hökmünde Harriniň ýerine giň agyzly gurbaganyň oýnajakdygyny aýdyp, okuwçylary güldürmäge synanyşdy. Ýöne Harriniň aldygyna eýläk-beýläk çaýkanan sübsede uzak wagtlap saklanyp bilşine haýran galan okuwçylaryň hiç biriniň öz degişmesine goşulyşmaýandygyny görüp, gahary gelen Malfoý ýene-de Harriniň hakyky maşgalasynyň ýokdugy hakdaky ýaňsyly gürrüňe gaýdyp gelmeli boldy.

Harri, hakykatdan hem, Roždestwo baýramçylygynda daýzalaryna gitmeýärdi. Bir hepde mundan ozal dynç alyş günlerinde mekdepde galmak isleýän okuwçylaryň sanawyny almaga gelen professor Makgonagala Harri ilkinjileriň biri bolup öz adyny belledipdi. Hanymdyr jenap Wizlileriň iň uly ogullary Çarlini görmek üçin Rumyniýa gidýändikleri sebäpli, Ron hem doganlary bilen mekdepde galmaly bolýardy.

Däri-dermanlar sapagy tamamlanansoň, ýerzeminden çykan okuwçylar ullakan arçanyň geçelgäni bekläp durandygyny gördüler. Aşagyndan somalyp görünýän äpet

aýaklar, şeýle-de o tarapdan eşidilýän agyr haşşyldy arçanyň arkasynda Hagridiň durandygyny habar berýärdi.

Şahalaryň arasyndan kellesini uzadan Ron:

— Salam, Hagrid! Kömek gerekmi? — diýip ondan sorady.

— Ýo... özüm bir alajyny taparyn. Sag bol, Ron!

Birdenem Malfoýyň:

— Belki, siz ýoldan aýrylarsyňyz? — diýen gödek sesi eşidildi. — Wizli, näme, biraz pul gazanjak bolýaňmy? Hogwartsy tamamlaňsoň, belki, senem gözegçi bolmak isleýänsiň, hä? Hawa-la, seň maşgalaň ýaşaýan öýi bilen deňeşdireniňde, Hagridiň külbesi duranja köşkdür.

Ron Malfoýa topuldy. Edil şol wagt Sneýp basgançakdan ýokaryk galyp barýardy.

— Wizli!

Ron Malfoýyň ýakasyny goýberdi.

— Malfoýyň özi öjükdirdi, professor Sneýp — diýip, agajyň aňyrsyndan kellesini görkezen Hagrid Ronuň arkasyny aldy. — Malfoý onuň maşgalasyny kemsitdi.

— Elbetde, siziň aýdýanyňyz dogrudyr, ýöne uruşmak okuw düzgünlerine garşy gitmek bolýar, Hagrid— diýip, Sneýp mylakatly gepledi. — Griffindor öýünden bäş bal aýyrýan. Wizli, bäşden köp däldigine-de şükür et. Indi bolsa ähliňiz dagaň!

Içýakgyç ýylgyran Malfoý, Krab hem Goýl arça tikenlerini ýere gaçyryp, agajy kakyp geçdiler.

— Bir gün ol hökman meniň elime düşer — diýip, Ron Malfoýyň yzyndan seredip, dişini gyjap galdy. — Hökman, ol menden almytyny alar...

— Men olaryň ikisinem ýigrenýän — diýip, Harri hem gaharly dillendi. — Malfoýam, Sneýpem.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bolýar-la, biderek zada keýpiňizi bozmaň. Roždestwo baýramçylygy golaýlaşyp gelýär ahyryn. Mende bir gowy pikir bar, geliň, ählimiz bileje Uly Jaýa gideliň. Şu wagt ol ýeri şeýlebir owadan — diýip, Hagrid teklip etdi.

Şeýlelikde, olaryň üçüsi hem eli uly arçaly Hagrid bilen Uly Jaýa geldiler. Professor Makgonagaldyr professor Flitwik bezeg işleri bilen başagaýdylar.

— Hä, Hagrid... ahyry iň soňky arça... aňyrky burçda goýaýgyn, bolýarmy?

Jaýyň içi diýseň ajaýyp görünýärdi. Diwardan uçly ýapraklardan ýasalan girlýandalar hem zerli sapaklar asylan bolsa, jaýyň her ýerinde käbirleri ýüzlerçe şemler, käbirleri bolsa ýalpyldaşýan köpsanly buz şelpejikleri bilen bezelen on iki sany äpet beýik arça howalanyşyp durdy.

Hagrid:

— Dynç alşa çykmaga näçe gün galdy? — diýip sorady.

Germiona:

— Ýekeje gün — diýip jogap berdi. — Bu maňa bir zad-a ýatladýar... hä, Harri, Ron, öýlänki naharyna çenli bir ýarym sagadymyz bar. Biz häziriň özünde kitaphana gitmeli.

— Hawa, dogry aýdýaň — diýen Ron ýaňyja getirilen arça üçin altyn jäjejikleri jadylap duran professor Flitwikden gözüni aýyrdy.

Olaryň yzy bilen Uly Jaýdan çykan Hagrid:

— Kitaphanamy? Dynç alyş günleriniň öň ýany kitaphanada näme işimiz bar. Oýun edýän-ä dälsiňiz? — diýip geň galdy.

— Biz okamak üçin gidemzok — diýip, Harri heşelle kakdy. — Nikolas Flameliň adyny agzanyň bäri, onuň kimdigini biljek bolýas.

— Näme etjek bolýas diýdiň? — diýen Hagridiň gözleri hanasyndan çykarly göründi. — Üçüňizem meni ünsli diňläň. Size özüňize degişli däl zada burnuňyzy sokmaň diýildi ahyryn. Itiň nämäni goraýandygy bilen işiňiz bolmasyn.

Germiona:

— Biz diňe Nikolas Flameliň kimdigini biljek bolýas. Bolany şol — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Belki, sen onuň kimdigini aýdyp, bizi aladadan dyndyrarsyň, hä?! — diýip, Harri onuň sözleriniň üstüni ýetirdi. — Biz ýüzlerçe kitaby gözden geçirdik, ýöne onuň kimdigini welin, bilip bilmedik... Iň bolmanda, nireden gözlemelidigini aýt. Men ol hakda öň bir ýerde okandygymy bilýän.

— Men size hiç zat aýtjak däl — diýip, Hagrid çürt-kesik jogap berdi.

Ron:

— Diýmek, ony özümiz tapmaly bolarys — diýdi.

Soňra olar Hagridi aljyraňňy ýagdaýda goýup, kitaphana tarap gaýtdylar.

Hagrid Flamel hakda dilinden sypdyrany bäri onuň kimdigini biljek bolup, olar hakykatdan hem, kitaphana kän gatnaýardylar. Bu Sneýpiň ogurlajak bolýan zadynyň nämedigini anyklamagyň ýeke-täk ýoludy. Ýöne olar Flameliň adynyň kitaba girer ýaly onuň nähili iş bitirendiginden habarsyzdylar. Şony bilmän ol hakda maglumat edinip boljak däldi. Olar «XX asyryň beýik jadygöýleri», «Döwrümiziň tanalýan atlary», «Häzirki döwrüň wajyp jadyly açyşlary», «Jadygöýlikde bolup geçen soňky ösüşler» ýaly kitaplaryň hiç birinde bu ada gabat gelmediler. Ýüz müňlerçe kitaplarydyr müňlerçe tekjeleri, edil şonça-da aňyrsy-bärsi görünmeýän hatarlary bolan äpet kitaphana bolsa howuňy basýardy.

Ron çem gelen ýerden bir kitaby eline alyp, sahypalaryny agdaryşdyrdy. Germiona okamak gerek diýip hasaplan makalalarynyň sanawyny düzdi. Harri ýapyk bölümiň töwereginde aýlanyp ýörşüne öz ýanyndan «Belki, Flameliň kimdigini şu bölümdäki kitaplardan bilip bolar» diýip oýlandy. Ýöne mugallymlaryň haýsy hem bolsa birinden rugsatnama alman, gadagan edilen bölümdäki kitaplardan peýdalanmaga rugsat berilmeýärdi. Harriniň welin, beýle rugsatnamany alyp bilmejegine aňry ýany bilen gözi ýetip durdy. Bu bölümde Hogwartsda hiç haçan okadylmadyk gara jadygöýlik barada gürrüň berilýän kitaplar bolup, olary diňe «Gara güýçden goranmak sungaty» dersinden goşmaça sapak alýan uly ýaşly okuwçylara okamak bolýardy.

— Näme gözleýäň, oglanjyk? — diýip, kitaphanaçy Pins ondan sorady.

Harri:

— Hiç zat — diýip jogap berdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Beýle bolsa, häziriň özünde şu ýerden garaňy saýla! Çyk daşyna! — diýip, kitaphanaçy Pins elindäki tozan süpürijisini onuň ýüzüne galgatdy.

Nähilidir bir ynandyryjy bahana tapmaga ýetişmändigine gynanan Harri kitaphanadan çykmaly boldy. Olar hanym Pinsiň ýanynda Flameliň adyny agzamazlygy öňden şertleşipdiler. Hanym Pinsiň özlerine gerekli kitaby tapyp berjekdigini bilseler-de, Sneýpiň bu barada eşitmeginden howatyrlanýardylar.

Nähilidir bir maglumatyň tapyljagyna umydy az bolsa-da, Harri hiç ýere gitmän geçelgede dostlaryna garaşdy. Olar eýýäm iki hepde bäri kitaphana gatnaýardylar. Ýöne beýle gysga arakesmeler bilen gerekli maglumaty tapaýmak ýeňil-ýelpaý iş däldi. Olar özlerini gözden salmaýan hanym Pinsiň nazaryndan sypyp, uzak wagtlap kitaphanada dümtünmeli bolýardylar.

Bäş minutdan soň Ron bilen Germiona hem başlaryny ýaýkap, kitaphanadan çykdylar. Olar bilelikde günortanlyk naharlaryny edinmäge gitdiler.

Germiona:

— Men öýe gidemsoňam gözlegleriňizi dowam edersiňiz gerek? — diýip sorady. — Eger bir zatlar tapaýsaňyz, maňa baýguşdan hökman hat iberiň.

Ron:

— Senem eneň-ataňdan hem sorap göräý. Belki, olar Flamel hakda bir zatlar bilýändirler — diýdi.

— Olardan soranymyzyň zyýany ýokdur-a?!

Germiona:

— Hawa-la, men olardan çekinmän soraryn — diýdi.

Dynç alyş günleri başlanandan soň Flamel Rondur Harriniň düýbünden ýatlaryna düşmeýän ýalydy. Umumy ýaşaýyş jaýynda ol ikisinden başga hiç kim galmandy. Umumy otagyň adatdakysyndan has boşdugy sebäpli, olar indi buhar pejiň golaýyndaky iň gowy oturgyçlarda oturýardylar. Olar bu ýerde her dürli kökelerdir süýjüler iýip, Malfoýy okuwdan çykartmagyň ýollaryny gözläp, birnäçe sagatlap kelle döwýärdiler. Niýetleriniň amala aşmajagyny bilseler-de, bu hakda gürleşmek olar üçin diýseň gyzyklydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şeýle hem, Ron Harrä jadyly küşt oýnamagy öwredip başlapdy. Jadyly küştüň magl küştüne gaty meňzeşdigine garamazdan, çöpleriniň diridigi sebäpli, küşt tagtasynyň üsti hakyky söweş meýdançasyny ýatladýardy. Ronuň küşti könedi hem köp çarşenbäni başdan geçirendi. Ähli öý goşlary ýaly, bu küşt hem öň olaryň maşgalasyndakylaryň birine, ýagny atasyna degişli bolupdyr. Ýöne könedigine garamazdan, küştüň kemi ýokdy. Ron küşt çöplerini şeýlebir gowy tanaýardy welin, hiç hili kynçylyksyz olara diýenini etdirip bilýärdi.

Harri Simus Finniganyň goýup giden küşt çöpleri bilen oýnaýardy. Ýöne Harri olara wagty bilen diýenini etdirip bilmedi. Ol bu oýunda öwrenje bolansoň, çöpler: «Meni ol ýere iberme! Sen onuň atyny göreňokmy näme?! Şuny iber, ony ýitirsegem zyýan çekmeris» diýip, gygyryşyp Harriniň başyny-gözüni aýlaýardylar.

Roždestwo gününiň öň ýany ertirki boljak baýramçylygadyr süýji tagamlara sabyrsyzlyk bilen garaşsada, hiç hili sowgada garaşman düşegine geçen Harri ertesi irden oýananda ýanjagazynda goýlan sowgatlara gözi düşüp, haýran galdy.

Harri hasyr-husur haladyny geýip, ýerinden turdy.

— Roždestwo baýramyň gutly bolsun! — diýip, Ron oýaly-ukuly halda Harrini baýramçylygy bilen gutlady.

Harri:

— Seniňkem gutly bolsun! — diýip jogap berdi.

— Seretsene, maňa bir topar sowgat iberilipdir.

— Sen, näme, sowgada garaşmaýarmydyň? — diýip, Ron Harriniňkiden has beýigräk bolan sowgat üýşmegine tarap agdaryldy.

Harri ýüzünde «Hagridden Harrä» diýen egrem-bugram ýazgyly goňur kagyza dolanan iň üstki düwünçegi eline aldy. Onuň içinde gödeňsi ýasalan agaç tüýdüjek bardy. Bu tüýdügi Hagridiň özi ýasan bolarly, Harri üflände, tüýdükden baýguşyňka meňzeş ses çykdy.

Ikinji kiçijik düwünçekde bolsa hat bardy. Harri onuň ýüzündäki ýazgylary okady.

«Bize gutlap hat ýazypsyň, sag bol! Şu sowgady saňa ýollaýarys. Daýyň Wernondan we daýzaň Petunýadan». Hata ellilik şaýy pul ýelmenipdir.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri:

— Gaty ýakymly — diýdi.

Şaýy puly gören Ron:

— Täsindigini — diýip haýran galdy. — Munuň şekiline bir seretsene! Onsoň şu pulmy?

— Me, muny sen alaý — diýen Harri Ronuň çaga ýaly begenişine heziller edip güldi.

— Men hol düwünçegiň kimden iberilendigini bilýän öýdýän — diýip, ýüzi gyzaran Ron daşyna ýygyrt-ýygyrt kagyz dolanan düwünçege barmagyny çommaltdy. — Ejemden. Men oňa seniň hiç hili sowgada garaşmaýandygyňy aýdypdym... Aý, ýoga... Ol saňada Wizli jemperini örüp beripdir.

Harri düwünçekden zümerret ýaşyl reňkli, elde örülen galyň jemper bilen öýde taýýarlanan içi şepbeşik kemputly ullakan guty çykardy.

Ron öz sowgadyny açyp oturyşyna:

— Ejem her ýyl bize jemper sowgat berýär — diýip gürrüň berdi. — Maňa elmydama şugundyr reňklisini örýär.

— Ejeň sowgat ibermesi meň üçinem diýseň ýakymly boldy — diýip, Harri şepbeşik kemputdan dadyp gördi. Kemput diýseň tagamly eken.

Onuň indiki sowgadyndanam süýji çykdy. Germiona oňa ullakan gutuly gurbaga şokoladlaryny iberipdir.

Ahyry Harri iň soňky sowgady açdy.

Ýukajyk hem kümüşsöw çal reňkli nämedir bir zat onuň elinden typyp, ýere gaçdy. Bu zadyň gözüňi gamaşdyryjy ýalpyldysy bardy.

Ony gören Ron içini çekip, Germionanyň özüne iberen dürli tagamly nohutly gutusyny elinden gaçyrdy.

— Men bu barada eşidipdim — diýip, ol zordan gepledi. — Eger meniň çak edişim dogry bolsa... bu diýseň seýrek hem gymmatly zat bolmaly.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri kümüşsöw ýalpyldyly matany ýerden galdyrdy. Ol göýä suwdan tikilen ýalydy.

Ron:

— Bu göze görünmeýän ýapynja — diýip, gözüni tegeläp seretdi.

Harri ýapynjany egnine atdy.

Birdenem Ron:

— Hawa, edil özi. Aşak seretsene! — diýip gygyrdy.

Harri aşak seretdi. Onuň aýaklary bir ýerlerik gürüm-jürüm bolupdyr. Öz keşbini görerin diýen umyt bilen aýnanyň öňüne geçen Harri tutuş göwresiniň gözden gaýyp bolup, diňe kellesiniň howada galgap durandygyny görüp haýran galdy. Ol ýapynjany kellesine çekdi. Harri indi tutuşlygyna ýitirim bolupdy.

Ron:

— Bu ýerde hat bar — diýdi. — Ýapynjadan gaçdy.

Harri ýapynjany aýryp, haty eline aldy. Egrem-bugram edilip ýazylan ýazgyda şeýle sözler bardy:

«Kakaň heniz aýatda dirikä, bu ýapynjany maňa goýup gidipdi. Indi ony saňa gaýtaryp bermegiň wagty geldi. Muny diňe ýagşylyk üçin ulangyn! Baýramyň gutly bolsun!»

Hatyň kimden iberilendigi welin ýazylmandyr. Harri hata aňkarylyp galypdy.

Ýapynja guwanyp bakýan Ron:

— Şunuň ýaly ýapynja edinmek üçin ähli zatdan geçerdim. Eşidýäňmi, ähli zatdan — diýdi. — Saňa näme boldy?

— Hiç zat — diýip, jogap beren Harri häzir täsin duýgulary başdan geçirýärdi. Bu ýapynjany oňa kim iberdikä? Ol, hakykatdan hem, öň kakasyna degişlidimikä?

Ol ýene-de nämedir bir zatlar hakda pikirlenip ýetişmänkä, umumy ýaşaýyş jaýynyň gapysy batly açylyp, Fred bilen Jorj Wizli atylyp içerik girdiler. Harri derrew ýapynjany gizledi. Onuň entek hiç kime ýapynjany görkezesi gelip baranokdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Roždestwo baýramyňyz gutly bolsun!

— Seretsene, Harride-de Wizli jemperi bar.

Freddir Jorjuň eginlerinde biriniň ýüzünde «F», beýlekisiniňkide bolsa «J» ýazgyly gök jemperler bardy.

— Harriniňki biziňkiden has gowy ýaly-la — diýip, jemperi eline alan Fred ony synlamaga durdy. — Ejem öz maşgala agzasy bolmadyk kişilere has köp yhlas siňdirýär öýdýän.

— Ron, sen näme üçin özüňkini geýmänsiň? — diýip, Jorj azgyryldy. — Bol, geý hany! Olar diýseň ajaýyp hem ýyljak ahyryn.

Jemperi kellesinden geçirip bilmän, başagaý bolup duran Ron:

— Men şugundyr reňkini ýigrenýän — diýip, zordan haşşyldap jogap berdi.

Jorj:

— Seniňkide hiç hili harp ýok eken — diýdi. — Belki, ejem seniň öz adyňy ýadyňdan çykarmajagyňy bilýändigi üçin şeýdendir. Ýöne bizem-ä akmak däl... Adymyzyň Freddir Jorjdugyny gaty gowy bilýäs.

— Bu nämäniň gykylygy?

Gapynyň aňyrsynda özlerine gaharly seredýän Persi Wizliniň kellesi göründi. Persi hem eýýäm sowgatlaryny açan bolarly, onuň elinde-de düýrlenen jemper bardy. Fred jemperi bildirmän onuň elinden aldy.

— «P» harpy Persi diýmegi aňladýar. Bol, geý-dä, Persi! Hany, bolsana! Biziň ählimiz öz jemperlerimizi geýdik ahyryn. Hatda Harride-de biri bar.

Persi:

— Men... islämok — diýip, üzül-kesil jogap berse-de, ekizler onuň äýnegini ýere gaçyryp, zor bilen jemperi kellesine sokdular.

Jorj:

— Diýmek, siz bu gün toparbaşylar bolup oturaňzok-da?! — diýip sorady. — Roždestwo — maşgala baýramydyr.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ekizleriň hersi jemperiň bir ýeňinden tutup, Persini çekeläp diýen ýaly otagdan çykardylar.

Harri ömründe şeýle tagamly Roždestwo naharlaryny iýip görmändi. Stoluň üstünde gowrulan ýagly hindi towuklarynyň ýüzlerçesi, nohutlar, gowrulan, gaýnadylan ýeralmalar, byzmykly mejimeler, her kime artygy bilen ýetjek dürli tagamlar hem-de sansyz-sajaksyz paňkyldawaçlar bardy. Olar Darsliletiň köplenç satyn alýan içi kiçijik plastik oýunjakly, gelşiksiz kagyz papajykly adaty magl paňkyldawaçlary däldi-de, üýtgeşik, täsin paňkyldawaçlardy. Harri bilen Fred hersi bir tarapyndan çekelänlerinde, paňkyldawaç ýöne bir paňkyldaman, gümpüldedi-de, daş-töweregi gök tozana gaplady. Onuň içinden bolsa seýrek admiral papagy bilen birnäçe hakyky akja syçanjyklar çykdy. Bu gün çüri papagyny däl-de, gülli papagyny geýen Dambldor baş stoluň aňyrsynda professor Flitwigiň gürrüň berýän degişmesine käýarym ýylgyryp, diňläp otyrdy.

Hindi towugynyň yz ýany bilen saçaga gyzaryp duran pudingler çekildi. Iýip oturan pudinginden çykan kümüş şaýlyk Persiniň dişlerini tas kül-owram edipdi. Şerap içdigiçe ýüzi laplap gyzarýan Hagridiň professor Makgonagalyň ýaňagyndan öpendigine birden Harriniň gözi düşdi. Ýöne Harri gyşaran papagyny düzeden professor Makgonagalyň gaharlanmagyň deregine çym-gyzyl bolup, jykyr-jykyr gülýändigini görüp haýran galdy.

Ahyrsoňy stoluň başyndan turan Harriniň kisesi jadyly paňkyldawaçlardan çykan hiç ýarylmaýan ýylpyldyly şarlar, täze küşt çöpleri ýaly her dürli zatlardan doludy. Ak syçanjyklar bolsa bir ýere gürüm-jürüm bolupdy. Syçanjyklaryň hanym Norrisiň Roždestwo lukmasy hökmünde ömürlerini soňlaýmaklaryndan gorkan Harriniň ynjalygy gaçdy.

Harri günüň galan bölegini Wizliler bilen gartoplaryny zyňşyp geçirdi. Soňra olar demleri demlerine ýetmän, üst-başlary myžžyk halda zordan diýen ýaly, Griffindor binasynyň umumy otagyna gelip, ýylanmak üçin buhar pejiň golaýjagynda çugutdyryp oturdylar. Täze küştleri bilen oýun oýnamak islän Harrini Ron mat edip utdy. Persi kömek etmek niýeti bilen oýna goşulmadyk bolsady, belki, ol utulmasa-da utulmazdy.

Hindi towugyndandyr byzmyklardan, trýufellerdendir şekernandan garynlaryny gerk-gäbe doýrandyklary sebäpli, Harridir Ron düşeklerine geçmezinden ozal, Persiniň öz toparbaşy nyşanyny ogurlan Freddir Jorjuň yzlaryndan kowalaýşyna syn edip oturmakdan başga zada ýaramadylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bu gün ömründe iň gowy Roždestwo baýramçylygy bolandygyna garamazdan, nähilidir bir düşnüksiz duýgy Harrini hiç gününe goýmady. Düşegine geçýänçä onuň öz göze görünmeýän ýapynjasy hem-de ony kimiň iberendigi hakda pikirlenmäge oňly mümkinçiligi hem bolmady.

Garnyny gerk-gäbe doýran, hiç hili aladasy bolmadyk Ron düşegine geçen badyna uka gitdi. Harri ýüzin ýatdy-da, elini uzadyp, düşeginiň aşagyndan ýapynjasyny çykardy.

Kakasynyňky... bu öň kakasynyňky eken. Harri ýüpek ýaly ýumşak, howa ýaly ýeňil matany eliniň aýasy bilen sypalady. «Diňe ýagşylyk üçin ulangyn!» diýlip hatda ýazylgydy. Harriniň ýapynjany ýene-de geýip göresi geldi. Ol ýerinden turdy-da, ýapynjany egnine atdy. Aýagyna sereden Harriniň Aýyň ýagtysyndan hem kölegeden başga hiç zada gözi düşmedi. Bu şeýlebir täsindi.

«Diňe ýagşylyk üçin ulangyn!»

Birdenem Harri özüni edil ukudan oýanan ýaly duýdy. Elinde bu ýapynja barka Hogwartsyň gapylarynyň ählisi onuň üçin açykdy ahyryn. Garaňky hem ümsüm otagda duran Harrini begenç duýgulary gaplap aldy. Ol bu ýapynjada islän ýerine gidip biler, hatda Filç hem onuň nirede, näme işläp ýörendigini aňmaz.

Süýji ukuda ýatan Ron bir zatlar diýip samrady. Harri «Ony oýaraýsammykam?!» diýip pikirlendi. Ýöne nähilidir bir güýç ony saklady. Bu onuň kakasynyňky ahyryn... Onuň bu gezek... Ilkinji gezek... hususy zadyny diňe ýeke özi ulanasy gelýärdi.

Ol umumy ýaşaýyş jaýyndan çykyp, basgançaklardan aşak düşdi. Soňam umumy otagdan geçdi-de, geçelgeden daşaryk çykdy.

Dolmuş Aýal:

— Bu ýerde kim bar? — diýip gygyrdy. Harri hiç zat diýip jogap bermedi. Aýal çalasynlyk bilen ýöräp başlady.

Ol indi nirä gitmeli? Tolgunmadan ýaňa ýüregi ersip giden Harri bu hakda pikirlenmek üçin biraz sägindi. Birdenem kitaphananyň ýapyk bölümi onuň ýadyna düşdi. Ol häzir kitaphanada göwnüniň islän kitabyny okap, Flamel hakda bellibir maglumat tapýança eglenip biljekdi. Ol ýapynja kemsiz dolandy-da, ýoluny dowam etdirdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Kitaphananyň içi tüm garaňkydy, gaty gorkunçdy. Hatar-hatar tekjeleriň arasy bilen ýöräp barýan Harri ýoluny görüp bilmän elindäki çyrajygy ýakmaly boldy. Özüniň saklap durandygyny bilse-de, howada gaýyp barýan çyrany görenin-de ol diýseň gorkdy.

Ýapyk bölüm kitaphananyň aňrybaşynda ýerleşýärdi. Ol bu bölümiň daşyna aýlanan ýüpden ätledi-de, kitap sahypalarynyň ýüzündäki ýazgylary okajak bolup çyrajygy ýokaryk göterdi.

Ýalpyldap hem güberip duran ýylmanak harplar bilmeýän dilindäki sözlere öwrülip, oňa gerekli maglumaty tapmaga päsgel berýärdiler. Olaryň käbirinde düýbünden hiç hili ýazgy ýokdy. Kitaplaryň biriniň ýüzündäki gana meňzeş tegmile gözi düşen Harriniň ini tikenekläp gitdi. Birdenem ol «Gorkana goşa görner» diýlişi ýaly, kitaplaryň göýä bu ýerde kimdir biriniň bardygyny bilýän ýaly, özara pyşyrdaşýandyklaryny eşitdi.

Indi işe girişip başlamalydygy hakda pikirlenen Harri çyrajygyny seresaplylyk bilen ýerde goýdy-da, aşaky tekjelerden daşy üýtgeşik jiltli kitaplary gözlemäge durdy. Birdenem onuň gözi gara çal reňkli kitapda saklandy. Ol agyr kitaby zordan diýen ýaly çekip alyp, dyzynyň üstünde goýdy-da, sahabyny açdy.

Birdenkä, aýylganç ses ümsümligi bozdy — kitap jynssyz gygyrýardy. Harriniň ony bada-bat ýapandygyna garamazdan yzy üzülmeýän ses has uzaklara ýaňlanyp gitdi. Ol yza tesip, bada-bat öçen çyrajygyny agtardy.

Birdenem ol kimdir biriniň barha özüne ýakynlaşyp gelýän aýak sesini eşitdi. Zähresi ýarylan Harri kitaby tekjede goýdy-da, dessine ol ýerden sumat boldy. Gapa ýetiberende bolsa, Harri tas Filç bilen çaknyşypdy. Filçiň solgun, çym gyzyl gözleri göni özüne seredip durdy. Gulagynda häzir hem kitabyň çirkin sesi ýaňlanýan Harri Filçiň gerlip duran gollarynyň aşagyndan eglip, geçelgä çykdy.

Ahyrsoňy ol nöker geýiminiň golaýynda saklandy. Bar aladasy kitaphanadan daşlaşmak bolansoň, nirä ylgap barýandygyna-da üns bermedik Harri töwerekdaşynyň tüm garaňkylygyndanmy nämemi, öz duran ýerini tanamady. Aşhananyň golaýynda-da nöker geýimi bardy welin, ol bu ýerden bäş gat ýokarda ýerleşýärdi.

— Professor, gijäniň bir wagty kimdir biriniň aýlanyp ýörendigini görseň, maňa duýdur diýipdiňiz. Menem edil ýaňyja kitaphananyň ýapyk bölümine kimdir biriniň girendigini size aýtmaga geldim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri ýüzüniň damarlarynyň gatandygyny duýdy. Filç bu ýere alyp gelýän gysga ýoly bilýän bolarly, sebäbi onuň pessaýdan gödek sesi gitdigiçe ýakynlaşýardy.

Birdenem ol Sneýpiň sesini eşitdi.

— Ýapyk bölümde diýdiňizmi? Beýle bolsa, uzaga giden däldirler. Biz olary hökman tutarys.

Onuň tutuş süňňüni gorky gaplap aldy.

Geçelgäniň soňunda peýda bolan Filçedir Sneýpe gözi düşen Harri duran ýerinde doňup galypdy. Olaryň özüni görüp bilmeýändiklerine garamazdan, geçelgäniň gaty dardygy sebäpli, biri-birleri bilen çaknyşjakdyklary ikuçsuzdy. Ýapynja göze görünmeýän etse-de, göwresiz etmeýärdi.

Ol başardygyndan ýuwaşlyk bilen yza süýşdi. Onuň çep tarapynda çala açyk duran gapy bardy. Harriniň şol ýere girmekden başga alajy ýokdy. Ol demini sakladyda, gapa degmejek bolup ýuwaşlyk bilen süýşüp başlady. Oňa sessiz-üýnsüz içerik girmek başartdy. Filçdir Sneýp onuň deňinden geçip gitdiler. Ýeňillik bilen dem alan Harri diwara ýaplanyp, aýak sesleriniň daşlaşyşyna diň saldy. Ýöne olar entegem gaty ýakyndadylar. Ol otaga göz aýlaýança, ýene-de ep-esli wagtlap sesini çykarman oturdy.

Bu ýeri ulanylmaýan okuw otagyna çalym edýärdi. Partalaryňdyr tagtanyň kölegesi diwaryň ýüzüne düşüp durdy. Jaýyň bir burçunda başaşaklygyna goýlan zibil gutusy bardy. Şeýle hem onuň edil gabat garşysynda, diwara ýakyn ýerde ýenede nämedir bir zat bardy. Ol aslynda okuw otagyna degişli bolman, göýä bu ýerde wagtlaýyn goýlan ýalydy.

Onuň öňünde owadan nagyşlar bilen bezelen altyn çarçuwaly, penjä meňzeş iki sany tutawaçly, depesinde bolsa «Erised stra ehru oyt ube eafru oyt on wohsi» diýen ýazgyly ajaýyp aýna somalyp durdy. Filçdir Sneýpiň indi bu ýerden uzakdadyklary sebäpli, ýüregi düşüşen Harri öz keşbini görmek niýeti bilen aýna ýakynlaşdy. Ýöne ol ýene-de öz keşbini görüp bilmedi. Harri aýnanyň öňüne geçdi.

Harri gygyrmazlyk üçin eli bilen agzyny ýapmaly boldy. Derrew arkasyna sereden Harriniň ýüregi häzir kitabyň çirkin gygyrandakysyndan hem has batly urýardy. Sebäbi ol aýnada diňe bir özüni däl-de, eýsem yzynda duran ýene-de bir topar adamlary görüpdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hakykatda welin, otagda özünden başga hiç kim ýokdy. Uludan demini alan Harri ýene-de ýuwaşlyk bilen aýna tarap öwrüldi.

Ynha, aýnada gorkudan ýaňa ýüzi duw ak bolan öz keşbi, arka tarapynda bolsa iň azyndan ona golaý adam durdy. Harri egnaşyr yzyna seretdi. Ýöne hiç kimi görmedi. Belki, olar hem edil özleri ýaly göze görünýän däldirler. Belki, ol göze görünmeýän adamlardan doly otagdadyr, aýna-da göze görünse-görünmese, barybir, ähli kişini görkezýändir.

Ýene-de aýna bakan Harri edil arkasynda özüne seredip ýylgyryp duran bir zenanyň aldygyna elini galgadýandygyny gördi. Harri oňa tarap elini uzatdy. Eger bu zenan, hakykatdan hem, arkasynda duran bolsa, hökman oňa eli degerdi. Olaryň keşpleri biri-birlerine şeýle ýakyn durdular ahyryn. Ýöne onuň eline galtaşan zat bolmady. Diýmek, zenan hem, beýleki adamlar hem otagda däl-de, aýnadadylar.

Ýakynjagynda duran bu zenan şeýlebir owadandy. Onuň goýy gyzyl saçlary bardy... Aýna has ýakynlaşan Harri «Gözleri bolsa... gözleri bolsa meniňkä meňzäp dur... Bu gök gözler... şeýlebir meňzeş» diýip pikirlendi. Birdenem Harri zenanyň gülýändigini, şol bir wagtda hem aglaýandygyny gördi. Gapdalynda duran uzyndan hortaň hem gara saçly bir adam bolsa ony gujaklady. Bu erkek kişiniň hüžžerip duran saçlary, gözünde äýnegi bardy. Onuň saçynyň yza gaňrylyşy edil Harriniňki ýalydy.

Aýna has ýakynlaşyp, burnuny öz keşbine degren Harri:

— Eje, kaka, bu sizmi? — diýip pyşyrdady.

Olar Harrä seredip ýylgyryşdylar. Aýnadaky beýleki adamlary hem synlamaga duran Harriniň ýene-de edil özüniňki ýaly jübüt gök gözleredir burunlara, aýaklarynyň dyzlary edil özüniňki ýaly öňe çykyp duran garryja adama gözi düşdi. Ol öz maşgalasyny ömründe ilkinji gezek görýärdi.

Potterleriň ählisi ýylgyryşyp, ellerini galgatdylar. Harri göýä içine girip gidäýjek ýaly aýna ýaplandy-da, teşnelik bilen olary synlamaga durdy. Onuň tutuş süňňüni begenç hem gynanç duýgulary gaplap aldy.

Ol özüniň bu ýerde näçe wagtlap durandygyny bilenokdy. Aýnadaky keşpler hem ýitmändi. Harri uzakdan eşidilen duýdansyz sese özüne gelýänçä, olary gaýta gaýta synlady. Ol bu ýerde mundan artyk galyp biljek däldi. Oňa häziriň özünde umumy ýaşaýyş jaýyna dolanmak gerekdi. Harri ejesinden zordan diýen ýaly gözüni aýyrdy-da: «Men ýene gelerin» diýip pyşyrdady. Soň howlukmaçlyk bilen otagdan çykyp gitdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harriniň aýdyp beren gürrüňini uly gyzyklanma bilen diňlän Ron:

— Meni oýaraýmaly ekeniň-dä — diýip gaharly gepledi.

— Şu gün meň bilen gidip bilersiň. Men ýene baryp gaýtmakçy. Saňa şol aýnany görkezmek isleýän.

— Ejeň bilen kakaňy gaty göresim gelýär — diýip, Ron boýun aldy.

— Menem seniň maşgalaňy, ýagny ähli Wizlileri göresim gelýär. Maňa beýleki doganlaryňam, hatda hemme dogan-garyndaşlaryňam görkezip bilersiň.

— Sen olary islän wagtyň görüp bilersiň. Şu tomus biziň öýümize gelseň bolýar. Onsoňam seniň gürrüň berýän aýnaň diňe merhumlary görkezýän bolaýmasyn?! Flamel hakda häzire çenli hiç hili maglumat tapyp bilmändigimize-de ynanyp bilemok. Näme üçin sen hiç zat iýeňok? Beýdip oturma-da, bir zatlar iýdä.

Harriniň häzir hiç zat iýesi gelenokdy. Ol öz ene-atasyny görüpdi. Harri olary şu gün hem görer. Ol Flameli düýbünden unudypdy. Indi Flamel hakda maglumat tapmak onuň üçin beýle bir wajyp hem däldi. Üç kelleli itiň nämäni goraýandygy bilen kimiň näme işi bar, diýsene? Sneýpiň şol zady ogurlany bilen üýtgän zat bolmaz.

Ron:

— Ýagdaýlaryň gowumy, Harri? — diýip sorady.

— Bu gün seň özüňi alyp barşyň gaty geň.

Harri aýnaly otagy gaýdyp tapmaryn öýdüp aladalanýardy. Iki dost ýapynja dolanyp baryşlaryna haýaljakdan ýöremeli bolýardylar. Olar Harriniň düýnki geçen ýoluny kitaphananyň üsti bilen gaýtalamaga synanyşdylar.

Bir ýarym sagatlap ýöränsoňlar, Ron:

— Wah, doňdum-la! Gel şu işi goýbolsun edip, yzymyza dolanaly-la! — diýdi.

Harri:

— Ýok — diýip pyşyrdady. — Onuň şu ýerlerdedigini men anyk bilýän. Olar ýolda uzyn boýly jadygöý aýalyň ruhundan başga hiç kime gabat gelmediler.

Aýaklarynyň buz ýaly doňandygyny aýdyp, Ronuň iňirdäp başlanam şoldy welin, düýnki esger geýimine Harriniň gözi düşdi.

— Ynha, şu ýerde... şujagaz ýerde... ahyry tapdym!

Olar gapyny açdylar. Harri egnindäki ýapynjany ýere oklady-da, aýnanyň öňüne barmaga howlukdy.

Kakasydyr ejesi oňa aýnadan ýylgyryşyp durdular.

Harri:

— Görýäňmi? — diýip pyşyrdady.

— Ýok, men hiç zat göremok.

— Seret! Seretsene olara! Olar bir topar ahyryn.

— Men diňe seni görýän.

— Gowuja seret. Gel, meniň duran ýerime geç!

Harri bir gyra çekildi-de, öz ýerini Rona berdi. Ýöne ol indi öz maşgalasyny däl-de, gijeki geýimli Rony görýärdi.

Ron welin öz aýnadaky keşbine aňkarylyp galypdy.

Birdenem ol:

— Seretsene maňa! — diýdi.

— Senem öz maşgalaňy görýäňmi?

— Ýok... meniň ýeke özüm... ýöne häzirkimden üýtgeşik... ýaşym uly... özümem iň öňdebaryjy okuwçy!

— Näme?

— Meniň... meniň edil Biliňki ýaly nyşanjygym bar... elimde bolsa Kwiddiç kubogyny saklap durun... özümem kwiddiç kapitany.

Ron aýnadaky ajaýyp keşbinden zordan diýen ýaly gözüni aýyrdy-da, Harrä ýylgyryp seretdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Belki, bu aýna geljegi görkezýändir, hä?!

— Nädip?! Meniň ýakynlarymyň ählisi öldi ahyryn... men ýene bir gezek seredip göreýin-le.

— Sen düýn uzynly gije aýnaň öňünde durupsyň. Maňa-da biraz wagt ber ahyryn.

— Eli Kwiddiç kubokly keşbiňi synlamagyň nämesi gyzykly diýsene?! Meniň bolsa öz enem-atamy göresim gelýär.

— Itme-how!

Geçelgeden gelen duýdansyz ses olaryň jedelleriniň soňuna sogan ekdi. Olar özleriniň nähili gaty gürleşendiklerine diňe şonda düşünip galdylar.

— Bol bahym!

Olaryň ýapynjany kellelerine atanam şoldy welin, gapyda hanym Norrisiň ýanyp duran gözleri peýda boldy. Harridir Ronuň ikisi hem bu ýapynjanyň pişiklere täsir edýändigi ýa-da etmeýändigi hakda aladaly oýlanyp, seslerini çykarman durdular. Pişik yzyna öwrülip, esli wagtlap otagdan çykman durdy.

— Bu ýerde galmak gaty howply. Onuň Filçiň yzyndan giden bolmagam mümkin. Gürrüňsiz, pişik ähli zady eşidendir. Ýör, gideli! — diýip, Ron Harrini çekeläp diýen ýaly otagdan çykardy.

Ýeriň ýüzüni örten akja gar ertesi hem eremändi.

— Küşt oýnasyň gelyärmi, Harri? — diýip sorady.

— Ýok.

— Belki, biz bu gün Hagridi görüp gaýdarys?!

— Ýok... özüň gidiber...

— Men seniň näme hakda pikir edýäniňi gaty gowy bilýän, Harri. Şol aýnaly otaga gaýdyp gitmegin.

— Näme üçin?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bilemok. Ýöne bu maňa ýaranok. Onsoňam ol ýere dolanyp barmak gaty howply. Filç, Sneýp, hanym Norris dagy elmydama daş-töwerekde aýlanyşyp ýörler ahyryn. Hiç kim meni görenok diýibem arkaýyn bolma! Birden olar bilen çaknyşaýsaň ýa-da bilmän bir zady süsäýseň näme?

— Sen edil Germiona ýaly dowulço-ow.

— Çynymy aýdýan, Harri, gitme!

Ýöne häzir diňe aýnanyň öňüne dolanyp barmak hakda pikir edýän Harrini hatda Ron hem saklap biljek däldi,

Bu gün ol otaga äkidýän ýoly has aňsat tapdy. Onuň çalasyn ädýän ädimlerinden ýaňa ýapynjasy pasyrdap galgap gidýärdi. Bolsa-da, ol ýolda hiç kime gabat gelmedi.

Ynha, ejesidir kakasy oňa ýylgyryşyp seredýärdiler, atasy bolsa aldygyna elini galgadýardy. Ol aýnanyň öňünde ýere çökdi. Oňa bu gün bu ýerde bütin gije galmaga hiç kim, hiç zat päsgel berip bilmez.

Diňe...

— Şeýlelikde... sen ýene dolanyp gelipsiň-dä, Harri?!

Harri tutuş süňňüniň gagşap gidendigini duýdy. Ol yzyna öwrülende, diwara ýakyn partalaryň birinde Albus Dambldoryň oturandygyny gördi. Harri aýnanyň öňüne barmaga howlugyp, ony görmän geçip giden bolarly.

— ...Men sizi görmändirin, jenap.

Dambldor:

— Göze görünmezlik seni gaty perwaýsyz edipdir, o Harri — diýdi. Onuň ýylgyrandygyny gören Harriniň ýüki ýeňläp gitdi.

— Şeýlelikde... — diýip, Dambldor ýerinden turdyda, Harriniň gapdalyna geçip oturdy. — ...Senem edil özüňden öňküler ýaly, Arzuw aýnasynyň özüne çekiji çäksiz güýjiniň täsirine düşüpsiň-dä?!

— Men onuň Arzuw aýnasydygyny bilemokdym, jenap.

— Onuň näme edýändigine welin düşünensiň-le?!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ol... ýagny... maňa öz maşgalamy görkezýär.

— Dostuň Rony bolsa ol öňdebaryjy okuwçy hökmünde görkezdi.

— Siz muny nireden bil...?

— Maňa göze görünmezlik üçin ýapynja gerek däl — diýip, Dambldor mylaýym gepledi. — Belki, sen indi mana Arzuw aýnasynyň nämeler edýändigini aýdyp berersiň?!

Harri «Ýok» diýen manyda başyny ýaýkady.

— Beýle bolsa men saňa düşündireýin. Dünýäde iň bir bagtly adam Arzuw aýnasyny adaty aýna hökmünde ulanyp biler, ýagny oňa seredende, özüni hakyky keşbinde görer. Indi düşündiňmi?

Harri pikirlendi. Soňam:

— Ol bize isleýän zadymyzy görkezýär... näme islesek, şony hem görkezýär — diýip, pessaý ses bilen jogap berdi, Dambldor:

— Edil beýle-de däl — diýdi. — Aýna bizm ýüregimiziň jümmüşinde ýerleşýän, ýöne hiç wagt amala aşmajak isleglerimizi görkezýär. Ol saňa, ýagny ömründe iň bolmanda ýeke gezek hem maşgalasyny görmedik kişä, hossarlarynyň ýanynda durandygyny görkezýär. Doganlarynyň iň kiçisi Ronald Wizli aýnada ýeke özüniň durandygyny, doganlarynyň içinde iň gowusydygyny gördi. Ýöne bu aýna bize ne bilim berýär, ne-de hakykaty aýan edýär. Aýnanyn öňünden turup bilmän, ömürlerini biderek geçiren adamlar hem bolupdy. Ertir aýna başga bir ýere geçiriler. Harri, men seniň aýnany gaýdyp gözlemezligiňi, oňa seretmäge höwesek bolmazlygyňy isleýän. Ýöne, bardy-geldi, bu aýna gabat geläýseňem, ähli zada taýýar bol. Hakyky durmuşy ýatdan çykan  arzuwlarda ýaşamagyň soňy gowulyk bilen gutarýan däldir. Indi bolsa şol ajaýyp ýapynjaňy egniňe at-da, yzyňa dolanyp bar we düşegiňe geçip ýat.

— Jenap... professor Dambldor, sizden bir zat sorasam bolarmy?

— Aslynda sen maňa eýýäm bir sowal berdiň — diýip, Dambldor ýylgyrdy. — Ýöne sen maňa ýene bir sowal berip bilersiň.

— Aýnada siziň özüňiz näme görýäňiz?

— Menmi? Men özümiň galyň jübüt jorap saklap durandygymy görýän.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri oňa aňkarylyp seretdi.

— Hiç haçan ile meňzeş jorabym bolmandy. Ynha, ýene bir Roždestwo baýramçylygy geçdi. Maňa bolsa ýekeje adamam jorap bermedi. Maňa elmydama kitap sowgat berýärler.

Harri diňe düşegine geçen badyna Dambldoryň dogrusyny aýtmandygy hakda oýlandy. Onsoňam ol Skabbersi ýassygynyň üstünden kowup oturyşyna, bu sowalynyň artykmaç bolandygyna düşündi.

## 13-nji bap: NIKOLAS FLAMEL

Harri Dambldor bilen gürrüňdeş bolanyndan soň, Arzuw aýnasynyň ýanyna gaýdyp bannaly däldigine aňry ýany bilen düşünipdi. Şeýlelikde, göze görünmeýän ýapynjasy dynç alyş günlen tamamlanýança, goş-golamlarynyň arasyndan çykarylmady, Ýöne her gije ene-atasynyň çasly gülkiniňdir gök ýagtylygyn astynda gözden gaýyp boluşlary hakdaky gorkunç düýşleri görüp başlan Harrä Arzuw aýnasyny bada-bat unudaýmak ýeňil düşmedi.

Harri bu düýşlerini gürrüň berende, Ron:

— Gördüň dälmi, Dambldor dogry aýdypdyr. Ol aýna seni däliredibem bilerdi — diýip käýinýärdi.

Okuw başlamazyndan bir gün öň mekdebe gelen Germiona bolan zatlara başgaça garady. Ol, birinjiden, Harriniň üç gijeläp mekdepde eýläk-beýläk aýlanandygyny diňläp, «Filçe gabat geläýen bolsaň näderdiň?!» diýip gaharlanan bolsa, ikinjiden, Nikolas Flameliň kimdigini häzire çenli anyklap bilmändiklerine gynandy.

Harriniň bu ady öň nirededir bir ýerde okandygyny bilse-de, olaryň Flameli okuw kitaplarynyň birinden tapmak umytlary gitdigiçe öçüp barýardy. Ýöne olar okuw başlanan badyna on minutlyk arakesmeleriň dowamynda kitaplary gözden geçirmeklerini dowam etdiler. Kwiddiç oýnunyň türgenleşikleriniň başlanmagy bilen Harriniň boş wagty has hem azalypdy.

Wud topary dözümli türgenleşdirýärdi. Hatda garyň ornuny eýelän dynuwsyz ýagyş hem onuň badyny gowşatmandy. Wizliler Wuduň öte geçýändigini aýdyp zeýrenýärdiler, Harri bolsa elmydama Wuduň tarapyny tutýardy. Sebäbi Hafflpaffa

garşy oýnaljak oýunda olara ýeňmek başardaýsa, öý kubogy ugrundaky bäsleşikde ýedi ýylyň içinde ilkinji gezek Slizerinden öňe saýlanmaga mümkinçilik dörejekdi. Galyberse-de, surnukdyryjy türgenleşiklerden soň, Haniniň aýylganç düýşleri görmäge eli hem degenokdy.

Şunuň ýaly ýagyşly, palçykly türgenleşik günleriniň birinde Wud ýaramaz habar getirdi. Onuň dik aşaklygyna uçup, sübseden gaýdan bolýan Wizlilere gaty gahary geldi.

Ol:

— Biderek zat bilen meşgullanmaňyzy goýuň-da, meni diňläň?! Biz elmydama şunuň ýaly manysyz henekler sebäpli utulýas — diýip igençli gepledi. — Bu gezek oýna Sneýp eminlik edýär. Ol Griffindoryň bahasyny kemeltmek üçin bahana baryny gözlär.

Onuň bu sözlerini eşiden Jori Wizli, hakykatdan hem, sübsesinden düşdi.

— Sneýp eminlik edýär diýdiňmi? — diýip, ol agzyna giren palçygy tüýkürip goýberdi. — Haçandan bäri ol kwiddiç oýnuna eminlik edip başlady, hä?! Slizerinleri utup başlaýsak dagy ol bize düýbünden adalatsyz daraşar.

Toparyň beýleki oýunçylary hem gaharlanyşyp, Jorjuň gapdalynda gondular.

Wud:

— Bu meniň günäm däl ahyryn. Sneýp bahamyzy kemeldip bilmez ýaly biz gaty seresap oýnamaly bolarys — diýdi.

«Gaty gowy» diýip pikirlenen Harriniň kwiddiç oýny oýnalanda Sneýpiň edil öz gapdalynda bolmagyny islemeýäniniň başga bir sebäbi bardy.

Türgenleşikden soň beýleki oýunçylar gürleşmek üçin adatdakylary ýaly meýdançada galan bolsalar, Harri Griffindoryň umumy otagyna howlukdy. Ron bilen Germiona küşt oýnap oturan ekenler. Küşt Germionanyň utulýan ýeke-täk oýnudy. Bu bolsa, Harridir Ronuň pikiriçe, onuň üçin gaty peýdalydy.

Harri Ronuň gapdalyna geçip oturdy.

— Maňa häzir hiç zat diýme. Ünsümi bir ýere jemlemeli...

Ron soňra Harriniň ýüzüne seretdi;

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Saňa näme boldy? Gaty aladaly görünýäň-le?

Harri olaryň gulagyna çawuş çakyp. Sneýpiň oýna eminlik etjekdigini aýtdy.

Germiona bada-bat:

— Oýnama — diýdi Ron:

— Ýaramok diýäý — diýip maslahat berdi.

— Aýagymy agyrtdym diýäý — diýip, Germiona-da öz teklibini orta atdy.

Ron:

— Hakykatdanam, aýagyňy döwdürseň nähili bolarka?! — diýdi,

— Beýdip bilmen. Toparyň menden başga gapyjysy ýok ahyryn. Eger oýnamakdan boýun gaçyraýsam, griffindorlylar asla oýna gatnaşyp bilmezler.

Edil şol wagt umumy otagyň gapysynda peýda bolan Newil ýüzin ýere ýykyldy. Onuň aýaklary jadylanyp birleşdirilen eken. Newiliň beýle halda portret geçelgesinden nädip geçendigini diňe çaklaýmak galdy. Griffindor binasyna çenli bolsa, ol edil towşan ýaly towsaklap gelen bolarly.

Derrew golaýyna baryp, Newili jadydan açan Germionadan başga ähli kişi gözlerini ýaşardyp onuň üstünden güldüler. Newil aýaklary açylansoň, titir-titir edip, zordan diýen ýaly ýerinden galdy.

Harridir Ronuň ýanynda oturan Germiona:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Näme boldy? — diýip ondan sorady.

— Malfoý... — diýende, Newiliň sesi sandyrap gitdi. — Men oňa kitaphananyň öňünde gabat geldim. Ol şonda bu jadyny barlap görmek üçin birini gözläp ýörendigini aýtdy.

Germiona:

— Professor Makgonagalyň ýanyna git! Oňa arz et!

— diýdi.

Newil başyny ýaýkady.

— Maňa artykmaç alada gerek däl.

Ron:

— Sen oňa garşy çykmaly, Newil — diýdi. — Ol her kimi aýak astyna atmaga öwrenişen adam, ýöne ony başyna goýbenneli däl ahyry.

— Maňa bu zatlary düşündirip oturmagyň geregi ýok. Griffindor öýünde okar ýaly men beýle bir batyram däl. Malfoý eýýäm meniň üstümden depeläp geçdi.

Harri ýektaýynyň jübülerini sermeşdirip, Germionanyň Roždestwo baýramynda özüne sowgat beren gurbaga şokoladynyň soükujasyny çykardy-da, ony aglamjyrap oturan Newile uzatdy.

— Seniň ýeke özüň Malfoýyň ýigrimi sanysyna degýäň. Saýlaýjy papagyň özi seni Griffindorda ýerleşdirmedimi näme?! Malfoýyň düşen ýerine-de seret. Aňkap duran Slizerin.

Gurbaga şokoladynyň gabygyny aýryp oturan Newil onuň bu sözlerine çalaja ýylgyrdy.

— Sag bol, Harri... Men-ä indi düşegime geçjek...Bu kartam özüň alaý. Sen olary ýygnaýaň öýdýän, şeýle dälmi?

Newil gidensoň, Harri elindäki karta göz aýlady.

— Ýene-de Dambldor. Ol meniň ilkinji kartlarymyň...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol içini çekip, kartyn arka ýüzündäki ýazgyny okamaga durdy. Soňra Harri Rondur Germiona seretdi-de:

Men ony tapdym — diýip pyşyrdady. — Men Flameli tapdym. Bu ady öň bir ýerde okapdym diýdim ahyryn. Men bu ady otluda gelýärkäm, kartdaky ýazgydan okadym. Ynha, diňläň: «Ol, esasan hem, 1945-nji ýylda gara jadygöý Grindelwaldy ýeňendigi, aždarhanyň ganyny ulanmagyň on iki usulyny tapandygy, öz kärdeşi Nikolas Flamel bilen bilelikde alhimiýa ugrunda bitiren ägirt uly işleri bilen tanalýandyr».

Germiona tarsa ýerinden turdy. Ol ilkinji oňat bahasyny alan gününde-de, häzirkisi ýaly şadyýan görünmändi.

— Şu ýerde garaşyň — diýip, ol gyzlaryň umumy ýaşaýyş jaýyna eltýän basgançaklaryň üsti bilen ylgaşlap diýen ýaly ýokaryk galdy.

Harridir Ron aňk-taňk bolup, geň galyjylykly nazarlaryny biri-birlerine dikip ýetişmänkäler, Germiona eli 10 sany köne, galyň kitaply dolanyp geldi.

— Şu ýerden gözlemek kelläme-de gelmändir — diýip, ol şadyýan pyşyrdady. — Men bu kitaby ýöne göz gezdirmek üçin birnäçe hepde mundan ozal kitaphanadan alypdym.

Ron:

— Göz gezdirmek üçin diýdiňmi? — diýip, geň galyp sorady. Ýöne Germiona oňa gözleýän zadyny tapýança ýuwaş bolmagyny tabşyrdy-da, öz ýanyndan bir zatlar samrap, çalasynlyk bilen sahypalary agdaryp başlady.

Ahyry ol gözleýän zadynyň üstünden bardy.

— Men bilýärdim! Men şeýledirem öýdýärdim!

Ron:

— Bize gürlemek bolýarmy? — diýip hüňürdedi.

Ýöne Germiona oňa üns bermän:

— Nikolas Flamel — diýip gopbamsy pyşyrdady.

— Jadygöýiň daşynyň ýeke-täk ýasaýjysy hökmünde tanalýar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne Germionanyň aýdanlary onuň garaşan netijesi bermedi.

Gaýtam Harridir Ron:

— Näme diýdiň? — diýip, geň galyşyp soradylar.

Siz näme, düýbünden kitap okaňzokmy? Serediň... şu ýerini okaň — diýip, Germiona kitaby olara tarap süýşürdi.

Harri bilen Ron okamaga durdular:

«Gadymy alhimiýa ylmy özünde çäksiz güýji jemleýän Jadygöýiň daşyny döretmäge gönükdirilendir. Daş islendik zady arassa gyzyla öwürýär. Şeýle hem, bu daşyň kömegi bilen bakylyk suwuny taýýarlap bolýar.

Asyrlaryň dowamynda Jadygöýiň daşy barada her dürli gürrüňler aýdylyp gelindi, ýöne häzirki wagtda bar bolan ýeke-täk daş öňdebaryjy alhimik, operanyň muşdagy jenap Nikolas Flamele degişlidir. Geçen ýyl özüniň alty ýüz altmyş bäş ýaşyny bellän jenap Flamel häzirki wagtda özüniň alty ýüz elli sekiz ýaşly aýaly Parenel bilen Dewonda ýaşaýar».

Olar bu ýazgylary okap bolanlanlaryndan soň Germiona:

— Gördüňiz dälmi?! — diýdi. — It Flameliň jadyly daşyny goraýan bolmaly. Flamelem öz dosty Dambldordan ony saklap bermegi haýyş edendir. Onsoňam Flamel kimdir biriniň ony ogurlajak bolýandygyny aňandyr. Ynha, şol sebäplem daş Gringotdan alnyp gaýdylandyr.

Harri:

— Gyzyl döredýän hem ölümsiz edýän daş! — diýdi.

— Sneýpiň ony ogurlajak bolýandygyny geňem görmeli däl. Hemme kişem munuň ýaly daşy edinmek islärdi.

— Flameli näme üçin «Jadygöýlikde bolup geçen soňky ösüşler» diýen kitapdan tapyp bilmändigimize indi düşünýän — diýip, Ron hem gürrüňe goşuldy. — Eger ol alty ýüz altmyş bäş ýaşynda bolsa oňa soňky döwrüň adamsy diýip bolmaz.

Harridir Ron daşy tapaýan ýagdaýlarynda ony nähili ulanjakdyklary hakdaky gürrüňlerini ertesi gün irden «Gara güýçden goranmak» dersinde möjek dişlemesinden saplanmagyň dürli usullaryny depderlerine belleşdirip otyrkalar hem dowam etdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ron özüne kwiddiç toparyny satyn almak isleýändigini aýdyp, Harrä Sneýspiň adyny agzap, deslapky oýun barada ýatlatmadyk bolsady, bu gürrüň gaty uzaga çekerdi.

Harri Ron bilen Germiona özüniň kwiddiç oýnunda oýnamakçydygyny aýtdy.

Eger men oýnamasam, Slizerinleriň ählisi maňa Sneýp bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan gorkýandyryn öýderler. Men olaryň gözlerine görkezerin. Eger biz ýeňäýsek, olaryň ýüzlerindäki ýylgyryşdan nam-nyşan galmaz.

Germiona:

— Meýdança girseň, senden nam-nyşan galmaýmasa? — diýdi.

Rondur Germionanyň ýanynda hernäçe batyrgaý geplän hem bolsa, kwiddiç oýny ýakynlaşdygyça, Harriniň barha ynjalygy gaçýardy. Toparyň beýleki oýunçylary hem gaty aljyraňňy görünýärdiler. Öý kubogynyň bäsleşiginde Slizerinden öňe geçmek pikiri diýseň ajaýypdy, ýöne Sneýp ýaly emin bilen olara ýeňiji bolmak başardarmyka?

Harriniň göwnüne bolmasa, ol soňky wagtlar elmydama Sneýp bilen pete-pet gelýän ýalydy. Kämahallar bolsa «Ol meniň ýeke wagtyma gabat gelmek isleýän bolaýmasyn» diýen pikir Harriniň kellesine gelmän duranokdy. Sneýp ony şeýlebir köseýärdi welin, däri-dermanlar sapagy hakyky jebir-süteme dönüpdi. Belki, Sneýp olaryň Jadygöýiň daşy barada ähli zatlary bilýändiklerini aňýandyr. Harri munuň mümkin däldigine ynansa-da, kämahallar onda Sneýpiň oý-pikirleri okamak başarnygy bar bolaýmasyn diýen pikir hem döremän duranokdy.

Ertesi irden eşik çalşyrylýan otagyň gapysynda üstünlik arzuw edýän Rondur Germionanyň şol bir wagtda özüni gaýdyp diri görüp-görmejekdikleri hakda-da pikirlenýändiklerine Harri aňry ýany bilen düşünip durdy. Bu bolsa onuň has hem sussuny basýardy. Ol özüniň ýörite geýimini geýip, Nimbus — 2000 sübsesini eline alyp oturyşyna Wuduň berýän tabşyryklarynyň ýeke sözüni hem eşitmeýärdi.

Şol aralykda Rondur Germiona Newiliň gapdalyndaky boş ýerlere geçip oturdylar. Newil bolsa näme sebäpden olaryň beýle aladaly, keýpsiz görünýändiklerine, näme üçin taýajyklaryny ýanlary bilen alyp gaýdandyklaryna düşünip bilmedi. Harri hem olaryň gizlinlikde aýak birleşdirýän jadyny öwrenendiklerinden habarsyzdy. Malfoý Newili jadylansoň, olar bu jadyny öwrenmeli diýen netijä gelipdiler, Sneýp Harrä nähilidir bir zeper ýetirjek bolaýsa, olar hem bu jadyny ulanjakdylar.

Ron köýneginiň ýeňinden taýajygyny çykaran badyna Germiona:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Seret, ýalňyşaýmagyn! «Lokomotor Mortis» diýmelidir — diýip pyşyrdady.

Ron:

Bilýän — diýip närazy gepledi. — Ýürege düşme!

Eşik çalşyrylýan jaýda Wud Harrini bir gapdala çekdi.

— Meň saňa agram salmak niýetim-ä ýok welin,.. Potter, ýöne sen sniçi näçe ir tutsaň, şonça gowy bolar. Sneýp toparymyza kän zyýan edip ýetişmänkä, oýny tamamlajak bol.

Fred Wizli gapydan jyklap durşuna:

— Bu ýere tutuş mekdep ýygnanypdyr — diýdi. — Hatda... ynanar ýaly däl... Dambldoram oýny synlamaga gelipdir.

Onuň soňky sözleri Harrini tisgindirdi.

— Dambldor diýdiňmi? — diýip, ol gapa tarap ylgady. Fred ýalňyşmandyr. Ol çal sakgaly asla hiç kim bilen çalşyryp boljak däldi.

Özüne indi hiç hili howp abanmajakdygyna begenen Harriniň häzir uly sesi bilen gülesi gelip durdy. Dambldor bu ýerdekä, Sneýp özüne zeper ýetirmäge milt edip biljek däldi.

Toparlar meýdança çykanda Sneýpiň ýüzüniň gamaşyp durandygy, belki, şol sebäplidir. Onuň gaty gaharly görünýändigi Ronuň hem gözüne ilipdi.

— Men Sneýpi häzire çenli şeýle gazaply görmändim. Seret, olar meýdança... Eý-wäk!

Kimdir biri onuň kellesine pitikläpdi. Bu Malfoý eken.

— Wiý, bagyşla, Wizli. Men sem görmändirin — diýip, ol Krab bilen Goýla ýylgyryp seretdi.

— Potter bu gezek sübsede näçe wagtlap saklanyp bilerkä? Jedel etmek isleýäniňiz barny? Sen näme diýersiň, Wizli?

Ron hiç zat diýip jogap bermedi. Jorj Wizliniň bladjeri özüne tarap gönükdireni üçin Sneýp Hafflpaffa jerime urgusyny belledi. Ellerini jübüsine salyp, orta barmagyny

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
süýem barmagy bilen birleşdiren Germiona bolsa sniçi gözläp, meýdançanyň depesinde edil bürgüt ýaly pelpelläp ýören Harriden gözüni aýranokdy.

— Griffindorlar öz toparlaryna nähili adamlary alýarlar diýsene... — diýip, Malfoý birsalymdan soň sesine bat berdi. Şol wagt Sneýp Hafflpafflara hiç bir sebäpsiz ýene bir jerime urgusyny belläpdi.

...Halys dözmeýän adamlaryny şol topara alýarlar. Ynha, Potteriň ene-atasy ýok, Wizlileriň bolsa hiç hili puly... Loňbottom, senem topara goşulyşmalymykaň diýýän... seniňem beýniň ýok.

Ýüzi çym-gyzyl bolan Newil oturan ýerinden yzyna öwrüldi-de:

— Meň ýeke özürn seň ýalyň ýigrimisine degýän, Malfoý — diýip gaharly gepledi.

Malfoý, Krab hem Goýl dagy onuň bu sözlerine içlerini tutup güldüler.

Ron bolsa oýundan gözüni aýryp bilmän oturyşyna:

— Aýt olara, Newil, çekinme-de aýdyber — diýip, Newile gop berdi.

— Loňbottom, eger beýni gyzyldan ýasalan bolsady, onda sen Wizlidenem has beter garyp bolardyň. Bu bolsa bir zad-a aňladýar — diýip, Malfoý ýaňsyly sözlerini dowam etdi.

Harri hakda aladalanmakdan ýaňa ozal hem kejebesi daralyp duran Ron:

— Men saňa duýduryan, Malfoý... ýene ýekeje artykmaç söz aýdaýsaň...

Birdenem Germiona:

— Ron, Harri... — diýip gygyrdy.

— Näme? Nirede?

Harri duýdansyz ýerden dik aşaklygyna gaýdypdy. Onuň bu hereketine zähresi ýarylan mähelläniň içinden gykylyk sesleri eşidilip gitdi. Harri edil sapançadan atylan ok ýaly bat bilen aşaklygyna gaýdanda birleşdiren barmaklaryny dodagyna ýetiren Germiona tarsa ýerinden turdy.

Malfoý:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu gün seniňki şowuna boldy, Wizli. Potteriň ýerde ýatan köpüge gözi düşdi öýdýän — diýdi.

Ahyry sabyr käsesi dolan Ron nämäniň nämedigine düşünip ýetişmedik Malfoýyň üstüne böküp, ony ýere ýykdy-da, ýumruklap başlady. Başda säginen ýaly eden Newil hem soň oturgyçlardan böküp, Rona kömege ýetişdi.

— Bolsana, Harri — diýip, Sneýpe tarap bat bilen uçup barýan Harrini görmek üçin oturgyjyň üstüne münen Germiona edil şu wagt ne-hä aýak astynda eýläk-beýläk togalanyp ýören Malfoýyňdyr Ronuň galmagalyna, ne-de biri-birleri bilen ýumruklaşýan Newiliň, Krabyň hem Goýluň gohlaryna üns berýärdi.

Wagtynda öwrülip ýetişen Sneýp edil gapdaljygyndan nähilidir bir gyrmyzy zadyň bat bilen geçip gidendigini görüp galdy. Göz açyp ýumasy salymyň içinde Harri al-asmana göterilip, sniçi berk gysyp duran goluny ýokaryk galdyrdy.

Muny gören mähelläniň şatlykly sesi meýdançanyň içine ýaňlanyp gitdi. Bu hakyky üstünlikdi. Şu wagta çenli sniçi hiç bir oýunça şeýle tiz eýelemek başartmandy.

— Ron! Ron! Sen nirede? Oýun gutardy! Harri ýeňdi! Griffindor öňe saýlandy! — diýip, sesiniň ýetdiginden gygyryp, oturgyjyň üstünde bökjekleýän Germiona begenjinden ýaňa öňdäki setirde oturan Parwati Patili gujaklady. Harri ýere ýakynlaşan badyna sübsesinden böküp düşdi. Ol bolýan zatlara ynanyp bilenokdy. Oňa oýny bary-ýogy bäş minutyň içinde tamamlamak başartdy. Griffindorlaryň ählisi meýdança tarap okduryldylar. Harri ýuwlan köne esgi ýaly solgun ýüzli, dodaklary titir-titir edýän Sneýpiň edil gapdalynda gonan pursady egnine kimdir biriniň elini goýandygyny duýdy. Harri başyny galdyrdy. Dambldor özüne seredip ýylgyryp durdy.

— Berekella! — diýip, Dambldor diňe Harri eşider ýaly pessaý gepledi. — Indi aýna zerarly tukatlanmaýandygyňy görmek meniň üçin diýseň ýakymly... Başga işler bilen meşgullanypsyň... gaty gowy.

Sneýp gahar bilen ýere tüýkürip goýberdi.

Birsalymdan Nimbus — 2000 sübsesini ammara äkitmek üçin geýim çalşyrylýan jaýdan çykan Harri özüni diýseň bagtly duýýardy. Özüne guwanyp biljek derejede iş bitiren halyna näme üçin bagtly bolmasyn diýsene?! Mundan beýläk her kimiň oňa gözi gider.

Agşam şemaly edil häzirkisi ýaly ýakymly öwüsmändi. Ol çyg otlaryň üstünden ýöräp barşyna oýnuň soňky pursatlaryny, ýagny şatlykly gygyryşmalarydyr özüni

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýokaryk götermek üçin ylgaşlap gelýän Griffindorlary, burnunyň gyzyl gana boýalandygyna garamazdan, ýylgyryp gelýän Ronudyr aldygyna bökjekleýän Germionany ýadyna saldy.

Harri öz pikirlerine gümra bolup barşyna sübse saklanýan jaýa nädip ýetenini hem duýman galdy. Ol agaç gapa ýaplanyp duran ýerinden, ýaşyp barýan Günüň öçügsi ýagtysyna aýnalaň şöhle saçýan Hogwartsa göz aýlady. Griffindorlar öňe saýlandy... ol başardy... Sneýpiň gözüne gör...

Sneýp barada aýtsak...

Birdenem gara ýapynjaly kimdir biriniň köşgüň esasy gapysyndan çykandygyna Harriniň gözi düşdi. Çalasyn ýöreýşinden çen tutsaň, ol hiç kime görünmek islemeýän bolarly. Ony gözden salmaýan Harriniň ýeňiş hakdaky pikirleri birden gürüm-jürüm boldy. Ol saldamly ýöreýişli bu adamyň kimdigini bada-bat tanady. Sneýp her kim garbanyp otyrka, barmasy gadagan edilen tokaýa tarap alňasap barýardy. Ýeri, indi bu nämäniň alamatyka?

Harri ýene sübsesine mündi-de, ýokaryk göterildi. Ol ýuwaşlyk bilen köşgüň depesinden uçup barşyna Sneýpiň ylgap diýen ýaly tokaýa girendigini gördi.

Gür tokaýlygyň içinde gizlenen Sneýpiň haýsy tarapa gidendigini anyklamak Harrä gaty kyn düşdi. Ol birnäçe gezek aýlaw etdi-de, aşaklap başlady. Indi onuň sübsesi agajyň ýokarky şahalaryna degip geçýärdi. Birdenem Harri kimdir biriniň sesini eşitdi. Ol ýuwaşlyk bilen buk agajynyň üstüne gondy. Aşakda kölegede Sneýp durdy, ýöne ol ýeke däldi. Onuň ýanynda Kwirrelem bardy. Harri Kwirreliň ýüzüni görüp bilmese-de, onuň adatdakysyndan hem beter sakawlaýandygyny eşidýärdi. Harri olaryň gürrüňlerini diňlemek üçin has ýakynlaryna baryp, boýnuny uzatdy.

— S-s-seniň näme üçin ş-şu ýerde g-g-görüşmek isländigiňe d-d-düşünýän däldirin, S-Sewerus...

— Men-ä muny hiç kim bilmeli däldir öýdýärdim— diýip, Sneýp sowukganly gepledi. — Okuwçylar Jadygöýiň daşy barada hiç zat bilenoklar ahyryn, şeýle dälmi?!

Harri öňe egildi. Kwirrel bir zatlar wazzyk-wuzzuk etdi.

— Hagridiň nägehanynyň hötdesinden gelmegiň ýoluny tapan-a dälsiň?! — diýip, Sneýp onuň sözüni böldi.

— Y-ýöne Sewerus, men...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Özüňe men ýaly duşman gazanmak isleýän dälsiňle, Kwirrel?! — diýip, Sneýp oňa tarap bir ädim ätdi.

— M-men seniň näme d-diý...

— Sen meniň näme diýjek bolýanymy gaty gowy bilýäň.

Baýguşyň duýdansyz çykan duýduryş sesine Harri tas şahadan ýykylypdy. Şahalaryň birinden ýapyşyp ýetişen Harri Sneýpiň:

— ...Seniň uly bolmadyk hokus-pokusyň. Men garaşýan — diýendigini eşidip ýetişdi.

—Ý-ýöne m-men b-bilemok...

— Gaty gowy — diýip, Sneýp oňa ýeň bermedi. — Ýakynda aramyzda ýenede kiçeňräk söhbetdeşlik bolar. Oňa çenli seniň ähli zady ölçerip-dökmäge hem-de haýsy tarapa gulluk edýändigiňi anyklamaga ýeterlik wagtyň bar.

Ol şeýle diýdi-de, ýapynjasyny başyna çekip, gözden gaýyp boldy. Häzir howanyň gowy garaňkyrandygyna garamazdan, Kwirreliň edil heýkel ýaly doňup galandygyny Harri aýyl-saýyl görüp bilýärdi.

Soň Harri yzyna dolandy.

Ony gören badyna Germiona:

— Harri, sen nirede bolduň? — diýip iňirdäp başlady.

— Biz ýeňdik! Sen ýeňdiň! Biz ýeňdik! — diýip, Ron onuň arkasyna kakdy. — Menem Malfoýyň gözüni gögertdim. Newiliň ýekeje özi Krabyňdyr Goýluň garşysyna çykdy. Ol häzir hem özüne gelip bilmän ýatyr. Ýöne hanym Pomfreý onuň bahym gowulaşjakdygyny aýtdy... Biz Slizerinleriň gözlerine görkezdik. Saňa hemme kişi umumy otagda garaşýar. Biz kiçeňräk şagalaň gurnaýas. Fred bilen Jorj hiç kime bildirmän aşhanadan az-owlak süýji-kökedir nahar alyp gaýdypdyrlar.

— Häzir has wajyp zatlar hakda pikir etsek, gowy bolar — diýip, Harri demidemine ýetmän zordan gepledi — Geliň, gowusy, boş otag tapalyň. Meniň size aýdyp bermeli şeýlebir zatlam bar welin...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri otagda Piwsiň ýokdugyna göz ýetirensoň, gapyny ýapdy. Soňra ol Ronadyr Germiona gören-eşiden zatlary barada gürrüň berdi.

— Jadygöýiň daşy barada biz ýalňyşmandyrys. Sneýp Kwirreli özüne kömek bermäge mejbur etjek bolýar. Ol Flaffiniň deňinden nädip geçmelidigini sorady... şeýle hem, Kwirreliň hokus-pokusy barada-da bir zatlar aýtdy... daşy Flaffiden başgada goraýan zatlar bar bolmaly. Belki, jadydyr, biljek däl. Ýöne Kwirreliň Sneýpiň gara güýjüne garşy onuň hötdesinden gelip bilmeýän goragyny döreden bolmagy ähtimäl...

— Diýmek, daş Kwirrel Sneýpe garşylyk görkezip bilýänçä goragda-da?! — diýip, Germiona howsalaly gepledi.

Ron:

— Beýle bolsa, öňümizdäki sişenbe gününe çenli ähli zat belli bolar — diýdi.

## 14-nji bap: NORBERT — NORWEG KÜÝKÜSI

Kwirrel olaryň çak edişinden has batyr bolup çykdy. Geçen birnäçe hepdäniň dowamynda horlanyp, tapdan düşen ýaly görünse-de, ol kimdir birine boýun bolana meňzänokdy.

Her gezek üçünji gatdaky geçelgeden geçenlerinde Flaffiniň hyrryldy sesini eşitjek bolup Harri, Ron hem Germiona gulaklaryny gapa tutup, diňşirgenýärdiler. Sneýp edil öňküleri ýaly keýpsiz halda aýlanar ýörerdi. Bu bolsa Jadygöýiň daşynyň entek hem öz ýerindediginden habar berýärdi. Soňky wagtlarda Harri Kwirrele gabat gelen islendik pursadynda oňa ýylgyryp seretse, Ron okuwçylara onuň sakawlygynyň üstünden gülmeli däldiklerini aýdardy.

Germionanyň Jadygöýiň daşyndan başga-da aladasy ýetikdi. Ol synaglara taýýarlyk görmek üçin ýörite meýilnama düzüp, bahalaryny bolsa her dürli reňkdäki galamlar bilen reňkläp başlapdy. Harridir Ron muňa garşam bolup durmazdylar welin, Germiona olaryň hem synaglara taýýarlyk görüp başlamalydyklaryny ýatladyp, gün bermeýärdi.

— Germiona, synaglara çenli entek wagt kän ahyryn.

— On hepdejik galdy. Nikolas Flamel üçin on hepde uzak wagt däl-de, bir pursat ýaly.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ron:

— Ýöne biziň alty ýüz ýaşymyzda däldigimizi ýatdan çykarmaweri — diýdi. — Onsoňam älili zady ýatdan bilýän halyňa, seň näme üçin okaýandygyňa düşünýän däldirin.

— «Näme üçin okaýaň» diýmäň näme? Akylyňdan azaşdyňmy, hä? Indiki ýyla geçmek üçin synaglary üstünlikli tabşyrmalydygymyzdan habaryň beri barmy? Bu gaty wajyp ahyryn, men entegem bir aý mundan ozal okap başlamandygyma ökünýän. Wah, wagtymy biderejik geçiripdirin. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, mugallymlar hem Germiona bilen pikirdeşdi. Tabşyrylýan öý işleri şeýlebir köpdi welin, olaryň Roždestwo baýramçylygyndaky ýaly, Pasha baýramçylygynda-da dynç almaga mümkinçilikleri hem bolmady. Onsoňam gapdalyňda Germiona ýaly biri aždarhanyň ganyny ulanmagyň on iki usulyny öwrenip, taýak galgatmagyň ýollaryny gaýtalap otyrka, dynç alyp bolýarmy näme?! Harridir Ron, islese-islemese, goşmaça öý işleri sebäpli, boş wagtlarynyň köpüsini diýen ýaly, Germiona bilen kitaphanada geçirmeli bolýardylar.

— Men bulary hiç haçanam öwrenip bilmen — diýip, ahyry takady ýetmedik Ron galamyny zyňdy-da, gaýgyly halda kitaphananyň penjiresinden daşaryny synlamaga durdy. Geçen birnäçe aýyň dowamynda howanyň ilkinji gezek açylyp durşudy. Dury gök asman tomsuň ýakynlaşyp gelýändiginden habar berýärdi.

Birdenem Ron:

— Hagrid, sen bu ýerde näme işleýäň? — diýdi.

Muny eşiden Harri jadyly kömelekleriň seriniň adyny gözläp oturan «Bir müň ot-çöplerdir kömelekler» kitabyndan başyny galdyrmaly boldy.

Hagrid olaryň ýanyna geldi. Ol arkasynda nämedir bir zat gizläp durdy. Egni körsyçan possunly Hagrid kitaphana kitap okamaga gelene düýbünden meňzänokdy,

— Ýöne geläýdim — diýip, jogap beren Hagridiň aldaýandygyny olar bada-bat aňdylar.

— Siz bu ýerde näme işleýäňiz? — diýip, Hagrid olara şübheli seretdi — Entegem Nikolas Flameliň kimdigini biljek bolýaňyzmy?

— Biz onuň kimdigini birmahal bildik — diýip, Ron şadyýan gepledi. — Itiň nämäni goraýandygynam aýdyp biljek, Jadygöýiň daş...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Çüş!

Hagrid kimdir biri diňleýän bolaýmasyn diýen şekilde hüşgärlik bilen töweregine göz aýlady.

— Beýle zatlar hakda gaty ses bilen gepleşilýän däldir. Size näme bolýar, hä?

Harri:

—Aslynda-ha biziň senden soramaly zatlarymyz bardy — diýdi. — Daşy Flaffiden başga näme goraýarka?

Hagrid ýene-de:

— Çüş — diýdi. — Siz soňrak meniň ýanyma baryň. Bilesiňiz gelýän zadyňyzy doly aýdyp bererin diýib-ä biljek däl, ýöne beýdip kitaplary dörüşdirip ýörmegem bolmaz! Okuwçylardan biri muny aňaýsa näme? Onsoň, her kim men aýdandyr öýder...

Harri:

— Beýle bolsa, görüşýänçäk! — diýdi.

Hagrid gitdi.

Germiona:

— Oň arkasynda gizläp duran zady nämedikä? — diýip gyzyklanyp sorady.

— Belki, daş bilen baglanyşykly bir zatdyr, hä?

Okamakdan halys bolan Ron:

— Men onuň haýsy bölümde bolandygyny bilip geleýin — diýdi. Birsalymdan ol eli bir topar kitaply dolanyp geldi. Ol elindäki kitaplary patladyp stoluň üstünde goýdy-da:

— Aždarhalar — diýip pyşyrdady, — Hagrid aždarhalar barada maglumat gözläpdir. Seretsene bu kitaplara, «Beýik Britaniýanyň hem Irlandiýanyň aždarhalary». «Ýumurtgadan dowzaha», «Aždarha ösdürip ýetişdirýänler üçin gollanma».

Harri:

— Onuň elmydama aždarha edinesi gelýärdi — diýdi, — Hagrid maňa bu barada özi bilen tanşan günüm aýdypdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ron:

— Ýöne bu kanuna garşy gitmek bolýar ahyryn — diýdi — Jadygöýleriň 1709njy ýyldaky şertnamasyna laýyklykda, aždarha saklamak gadagan. Muny hemme kişi bilýär. Eger jadygöýler olary howlularynda saklasa, magllar görmez öýdýäňmi? Onsoňam aždarhalary eldekileşdirmek ýenil-ýelpaý iş däl, olar gaty howply.

Rumyniýadaky ýyrtyjy aždarhalaryň Çarliniň endam-janyny nädendigini bir görsediň.

Harri:

— Angliýada ýyrtyjy aždarhalar ýokmy? — diýip sorady.

Ron:

— Elbetde, bar — diýip jogap berdi. —Ýaşyl weller hem Gara gebridler bar. Bu aždarhalaryň hötdesinden gelmek üçin Jadygöýlik ministrliginiň näçe güýç sarp edendiginem aýdyp biljek men size. Olar aždarhalary gören magllaryň ählisini jadylamaly boldular.

Germiona:

— Hagrid näme etjek bolýarka? — diýdi.

Ýöne onuň soragy jogapsyz galdy.

Bir sagatdan soň gözegçi külbesiniň gapysyny kakan Harri, Ron hem Germiona dagy ähli tutularyň ýapylandygyny görüp haýran galdylar. Hagrid gapyny açmazynyň öň ýany: «Daşarda kim bar?» diýip soran bolsa, olary içerik salansoň, çalasynlyk bilen gapyny ýapdy.

Içeri şeýlebir gyzgyndy welin, çydar ýaly däldi. Bu gün howanyň maýyldygyna garamazdan, buhar peji alawlap durdy. Hagrid olara çaý berdi, heňläp giden köke hödür etdi. Olar kökeden boýun gaçyrdylar.

— Onsoň... siz menden bir zatlar soramak isleýän ýalydyňyz-la?!

Gümmi-sümmä urup oturmak manysyzdy. Şonuň üçin hem Harri:

— Hawa — diýip, gönümel jogap berdi. — Belki, sen bize Jadygöýiň daşyny Flaffiden başga kimiň goraýandygyny aýdarsyň?!

Hagrid olara gaşyny çytyp seretdi.

— Elbetde, aýtman. Birinjiden-ä, meň özüm hiç zat bilemok, ikmjidenem, siz eýýäm gaty köp zatdan habarly ýaly. Onsoňam men nämedir bir zatlar biläýenimdede, barybir, size aýtmazdym. Jadygöýiň daşy käbir sebäplere görä şu ýerde saklanýar. Ol Gringotdan tas ogurlanypdy. Aslynda-ha siziň bu hakynda-da habaryňyz bardyr. Flaffi barada nireden habaryňyzyň bolandygyna welin, häzire çenli düşünip bilýän däldirin.

— Bolýa-la, Hagrid. Seniň bize hiç zat aýdasyň gelmeýän bolmagy mümkin. Ýöne sen ähli zady bilýäň ahyryn. Sen şu ýerde bolup geçýän zatlaň ählisinden habarly — diýip, Germiona ýaranjaňlyk bilen gepledi.

Olar sakgaly titräp giden Hagridiň ýylgyrýandygyna bada-bat düşündiler.

— Men çynymy aýdýan, biziň diňe goragy kimiň amala aşyrandygyny bilesimiz gelýär — diýip, Germiona şelaýynlyk bilen geplemegini dowam etdirdi. — Biziň diňe Dambldoryň senden başga kime ynanýandygyny bilesimiz gelýär.

Onuň bu sözlerine Hagrid döşüni gaýşartdy. Harridir Ron Germiona seredip ýylgyryşdylar.

— Hawa, meniň saňa käbir zatlary aýdanym bilen hiç zat bolasy ýok-la... hany göreli... ol menden Flaffini aldy... soňra mugallymlaryň käbiri gorag jadysyny döretdiler... professor Sprut... professor Flitwik... professor Makgonagal... — diýip, Hagrid barmaklaryny basyp sanap başlady. — Professor Kwirrel... elbetde, Dambldoryň özem bir zatlar etdi. Garaşyň hany, men ýene birini aýtmagy unudypdyryn. Wiý hawa-la, professor Sneýp.

— Sneýpmi?

— Hawa... ýogsa siz entegem şol öňki heňiňize tutduryp oturyşyňyzmy? Ol daşy goramaga kömek etdi. Sneýp ony ogurlajak bolmaz.

Harri Ron bilen Germionanyň hem edil özi ýaly, iňkise gidendiklerini bilýärdi. Eger Sneýp daşy goramaga gatnaşanlaryň biri bolsa, onda oňa beýleki mugallymlaryň nähili jady ulanandyklaryny anyklamak kyn düşmez. Belki, ol Kwirreliň jadysyndan hem Flaffiniň öz deňinden geçiş usulyndan başga ähli zadyň eýýäm anygyna ýetendir.

Harri aladalandy. Soňra ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Flaffiniň deňinden nädip geçmelidigini diňe sen bilýänsiň, şeýle dälmi, Hagrid?! — diýip sorady. — Onsoň sen bu hakda hiç kime, hatda mugallymlara-da aýtmarsyň gerek?!

— Menden hem Dambldordan başga ýeke kişem bilenok — diýip, Hagrid hondan bärsiräp gepledi.

Dostlaryna sereden Harri:

— Bolýa-la — diýip hüňürdedi. — Hagrid, aýnany açsak bolmazmy? Ýogsa bu ýeri bişirip barýar.

— Bagyşla, açmak bolanok.

Harri onuň oda göz aýlandygyny gördi. Ol hem şol tarapa seretdi.

— Hagrid... ol ýerde näme bar?

Ýöne Harri ol ýerde nämäniň bardygyny eýýäm görüp ýetişipdi. Oduň üstünde, çäýnegiň bolsa edil aşagynda ullakan gara ýumurtga durdy.

— Wah! — diýip, Hagrid aljyraňňy halda sakgalyny sypalady. — Bu...

— Sen muny nireden aldyň, Hagrid? — diýip, Ron ýumurtgany ýakyndan synlamak üçin oda golaýlaşdy.

— Bu gaty gymmatdyr.

— Men ony utdum. Geçen gije birki bulgur çakyr içmek üçin oba gitdim, ol ýerde-de nätanyş biri bilen kart oýnadym. Çynymy aýtsam, ol adam ýumurtgadan dynanyna gaty begendi.

Germiona:

— Ýumurtga ýarylansoň näme etmekçi? — diýip sorady.

— Men bu hakda käbir zatlary okadym — diýip, Hagrid ýassygynyň aşagyndan ullakan kitap çykardy.

— Men muny kitaphanadan aldym... «Lezzet we bähbit üçin aždarhany iýmitlendirmek»... Kitap, elbetde, köneräk, ýöne onda-da hemme zat ýazylypdyr. Ynha, diňläň: «Ýumurtgany otda saklaň. Sebäbi enesi onuň üstüne alawly demim pürkýär. Ýumurtga ýarylansoň, aždarha çagasyny her bir ýarym sagatdan brendi içgisi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bilen towuk ganyndan taýýarlanan garyndy bilen iýmitlendirip duruň». Ynha, bu ýerde-de... ýumurtgalary tapawutlandyryp bilmegiň usullary ýazylypdyr. Meniňki Norweg küýküsi. Bu aždarhalaryň gaty seýrek duş gelýän gömüşi.

Hagrid häzir gaty göwnühoş görünýärdi.

— Hagrid, sen agaç jaýda ýaşaýaň ahyryn — diýen Germiona welin, gaharlanýan ýalydy.

Ýöne Hagrid oňa diýýämisiňem diýmän, aýdyma hiňlenip oturyşyna aldygyna buhar pejine odun salýardy.

* * *

Indi olarda ýene bir alada peýda boldy. Kimdir biri Hagridiň öz öýünde aždarhany bikanun saklaýandygyny biläýse, näme bolarka?

Her gün diýen ýaly goşmaça öý işlerinden halys bizar bolan Ron:

— Bizem haçanam bolsa bir gün arkaýyn durmuşda ýaşarmykak? — diýip uludan demini aldy.

Synaglara taýýarlanyp ýetişerleri ýaly, Germiona olar üçin hem okuw meýilnamasyny düzüp başlady. Bu bolsa ozalam okamakdan bizar bolan Harrinidir Rony has-da gaharlandyrýardy.

Bir gezek ertirlik nahary wagtynda Harrä Hagridden hat geldi. Hatyň ýüzünde diňe iki sany söz bardy: «Ýarylyp başlady».

Ron gerbologiýa sapagyny sypdyryp, göni Hagridiň külbesine gitmekçi boldy. Ýöne Germiona ony diňlemek hem islemedi.

— Germona, indi bize haçan aždarhanyn ýumurtgadan çykyşyny görmek nesip eder, hä?

— Häzir biziň sapaklarymyz bar. Erbetligiň üstünden barjak bolma. Hagridiň näme işläp ýörendigi bilnäýse, ol erbetligiň beterindenem beterine sataşar.

Harri:

— Ýuwaş bol! — diýip pyşyrdady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Beýleräkde Malfoý durdy, özi hem göz-görtele olaryň gürrüňlerini diňleýärdi. «Näme eşitdikä?» diýip, aladalanan Harrä Malfoýyň ýüz-keşbi düýbünden ýaramady.

Ron gerbologiýa sapagyna gidip barýarkalar hem, Germiona bilen jedelleşmegini bes etmedi. Ahyrsoňy irdenki arakesmede Germiona olar bilen Hagridiňkä gitmäge kaýyl boldy. Jaň kakylan badyna olar sebetlerini taşlap, barmasy gadagan edilen tokaýyň edil gapdalynda ýerleşýän külbä tarap ylgadylar.

— Çykdy diýen ýaly — diýip, güler ýüz bilen garşylan Hagrid diýseň şadyýan görünýärdi.

Içerik giren batlaryna stoluň üstünde duran ýumurtga olaryň gözleri düşdi. Ýumurtgada uly jaýryklar emele gelipdir. Içinde nämedir bir zadyň gymyldaýandygy bildirip duran ýumurtgadan gülkünç şakyrdy sesi eşidilýärdi.

Olar oturgyçlaryny stola ýakynlaşdyryp, demlerini alman diýen ýaly, ýumurtganyň ýarylaryna garaşyp başladylar.

Birdenem ýumurtga şakyrdady-da, ikä bölündi. Stoluň üstünde aždarha çagasy peýda boldy. Ol şeýlebir bedroýjady welin, Harri onuň ýemşerdilen gara saýawana meňzeşdigi hakda pikirlendi. Gowşajyk ganatlary göwresinden ep-esli uly bolan bu aždarhanyň uzyn burnudyr ullakan burun deşikleri, kiçijik buýnuzjyklardyr peträp duran mämişi gözleri bardy.

Birdenem aždarha çagasy asgyrdy. Onuň agzyndan ot uçgunjyklary çykdy.

Hagrid:

— Nähili ajaýyp. şeýle dälmi?! — diýip elini uzatdy-da, onuň kellesini sypalady. Yiti dişlerini görkezip hyňranan aždarhajyk tas onuň elim dişläpdi. — Sabyr et! Seret, ol öz ejesini tanady — diýip, Hagrid oňa guwanyp seretdi, Germiona:

— Hagrid, Norweg küýküsi näçeräk wagtyň içinde ösýär? — diýip sorady.

Jogap berjek bolup agzyny açanam şoldy welin, ýüzünde reňk-pet galmadyk Hagrid tarsa ýerinden turup, penjirä tarap ylgady.

— Näme boldy?

— Kimdir biri tutularyň arasyndaky açyk ýerden jyklap durdy... oglanjyk... ol köşge tarap ylgap barýar.

Harri gapyny açyp, daşaryk seretdi. Eýýäm uzakdadygyna garamazdan, köşge tarap ylgap barýan oglany Harri bada-bat tanady. Ol Malfoýdy.

Malfoý aždarhany görüpdi.

Malfoýyň köp manyly bakyşlarydyr ýaňsyly ýylgyryşlary sebäpli, soňky hepdäniň dowamynda özlerini diýseň oňaýsyz hem aljyraňňy duýan Harri, Ron hem Germiona Hagridi aždarhany öýünde saklamak pikirinden dändirmek üçin boş wagtlarynyň köpüsini diýen ýaly, onuň garaňky külbesinde geçirerdiler.

— Ony goýber — diýip, Harri ýalbardy. — Goý, gitsin!

— Ýok, başarman. Ol entek şeýlebir kiçijik. Häzir goýbersem, öler-dä.

Olaryň üçüsi hem aždarha seretdiler. Ýekeje hepdäniň dowamynda öňküsinden üç esse dagy ulalyp ýetişen aždarhanyň burnundan bug çykýardy. Bar wagtyny aždarha sarp edýän Hagrid bolsa gözegçi wezipesini düýbünden unudypdy. Jaýyň içi her ýerde pytrap ýatan brendi içgisiniň çüýşelerindendir towuk ýeleklerinden doludy.

— Men onuň adyna Norbert goýdum — diýip, Hagrid mähirden ýaňa aždarha gözlerini ýaşardyp seretdi.

— Seret, ol indi meni tanaýar. Norbert! Norbert! Hany seniň ejeň?

Ron:

— Ol halys akylyndan azaşypdyr öýdýän — diýip, Harrä pyşyrdap aýtdy.

— Hagrid, ýene iki hepdeden Norbert öýüňe sygmajak derejede ulalar. Malfoý bolsa islendik wagt Dambldora şugullap biler — diýen Harri ahyry egri oturyp dogry gürleşmeli boldy.

Dodagyny dişläp oturan Hagrid:

— Men... men ony bu ýerde hemişelik saklajak diýemok ahyryn... ýöne ony taşlabam biljek däl... ýok, başaramok — diýip, ýene şumjaryp başlady.

Birdenem Harri:

— Çarli — diýip, Rona seretdi.

— Senem akylyňdan azaşyp başlapsyň öýdýän. Meniň adym Ron, ýadyňdan çykaraýdyňmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýok... Çarli... seniň doganyň. Rumyniýada aždarhalary öwrenýär diýipdiň. Biz Norberti onuň ýanyna ibersek näme?! Çarli oňa göz-gulak bolar, soňam erkinlige goýberer

Ron:

— Ajaýyp pikir — diýdi, — Sen bu hakda näme diýersiň, Hagrid?

Ahyry Hagrid Çarlä hat ibermeli diýen pikir bilen razylaşdy.

Ýene bir hepde geçdi. Çarşenbe güni gije ähli kişiniň düşegine geçen wagty Harridir Germiona umumy otagda otyrdylar. Diwardaky sagadyň on ikini görkezenem şoldy welin, portretiň arkasyndaky geçelge açylyp, Harriniň göze görünmeýän ýapynjasyny egninden aýran Ron olaryň ýanynda peýda boldy. Ron öli syçanlary iýip başlan Norbertiň garnyny doýurmaga kömekleşmek üçin Hagridiňkä gidipdi.

Ron:

— Ol meni dişledi! — diýip elini görkezdi. Onuň eline saralan ýaglyk gara gan bolupdyr.

— Bir hepdeläp diýen ýaly hat ýazyp bilmezmikäm diýýän. Aždarhalar ömrümde gören jandarlarymyň iň elhenji welin, Hagrid-ä edil akja towşanjyga ideg edýändirin öýdýär. Elimi dişlände aždarhany gorkuzandygymy aýdyp, oňa däl-de, gaýta maňa käýindi. Ol ýerden gaýdamda bolsa ony hüwdüläp otyrdy.

Äpişge tyrkyldady.

— Bu Hedwig! — diýip. Harri çalasynlyk bilen penjiräni açdy. — Çarliden hat getiripdir.

Olaryň üçüsi hem haty okamaga durdular.

«Gadyrdan Ron,

Ýagdaýlaryň nähili? Hatyň üçin sag bol... Men Norweg küýküsini uly höwes bilen kabul ederdim welin, ony bn ýere getirmek gaty kyn düşer. Siziň ýanyňyza öňümizdäki hepde meniňkä myhmançylyga geljek dostlarymy ibersem gowy bolar. Ýöne hiç kim olaryň aždarhany alyp gaýdýandygyny bilmeli däl.

Siz ony şenbe güni ýarygije köşgüň iň beýik binasyna getirjek bolnň. Olar size şol ýerde garaşar, soňam aždarhany alyp gaýdarlar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hatyň jogabyny tizräk iberjek bol.

Hormatlamak bilen,

Çarli».

Olar biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler.

Harri:

— Biziň göze görünmeýän ýapynjamyz bar ahyryn

— diýdi. — Şonuň üçinem Norberti binanyň depesine eltmek beýle bir kyn bolmaz... Ýapynja biziň ikimiziňem. Norbertiňem üstüni örtermikä diýýän.

Ronuňdyr Germionanyň Harri bilen bada-bat razylaşmalary olaryň geçen hepdäniň dowamynda gören görgülerinden habar berýärdi. Olaryň Norbert bilen Malfoýdan bahymrak dynaslary gelýärdi.

Ronuň eliniň ertire çenli güp ýaly çişmegi sebäpli, olarda ýene bir alada peýda boldy. Ýöne Ron hanym Pomfreýiň ýanyna barmak babatda birbada ikirjiňlendi. Onuň öz elini aždarhanyň dişländigini biläýmegi mümkindi. Barybir, öýläne çenli Rona hassahana gidäýmekden başga alaç galmady. Norbertiň dişleri awulymynämemi, Ronuň ehndäki ýara gyzaryp, iriňläp başlady.

Agşamara Harridir Germionanyň howlukmaç hassahana baran wagtlary Ronuň ýagdaýy has hem erbetleşipdi.

Ron:

— Men elimiň bardygyny duýamok. Ol göýä gopaýjak ýaly — diýip pyşyrdady. — Malfoý hanym Pomfreýe menden kitap almalydygyny aýdyp, ýanyma

geldi. Hezil edip üstümden gülensoň, «Hanym Pomfreýe eliňi hakykatda nämäniň dişländigini aýtjak» diýip haýbatam atdy... Men oňa: «It dişledi» diýdim welin, ynanmady öýdýän... Malfoýy kwiddiç oýnunda urmaly  däl ekenim. Ol şeýdip menden ar aljak bolýar.

Harridir Germiona ony köşeşdirjek bolup ellerinde baryny etdiler.

Germiona:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şenbe gününe çenli gaýrat etjek bol. Şol gün ýarygije ähli zat tamamlanar — diýdi.

Ýöne Ron köşeşerli däldi. Gaýta ol garasuw bolup, düşeginde dim-dik oturdyda:

— Şenbe güni ýarygijemi?! — diýip gorkuly gepledi — Aý, ýok... meň diňe şu wagt ýadyma düşdi... Çarliniň haty Malfoýyň alyp giden kitabynyň içindedi.

Ol indi biziň Norbertden dynjak bolýandygymyz hakda ähli zady bilýändir.

Oňa nämedir bir zatlar diýip jogap berip ýetişmänkäler, hanym Pomfreý hassanyň dynç almalydygyny aýdyp, olary otagdan çykardy.

Harri:

— Biziň meýilnamany üýtgedere düýbünden wagtymyz ýok — diýip, Germiona seretdi. — Çarlä ýene bir hat iberip ýetişmeris. Belki, bu biziň Norbertden dynyp biljek ýeke-täk miünkinçiligimizdir. Töwekgellige ýüz uraýmakdan başga alajymyz ýok. Onsoňam bizde göze görünmeýän ýapynja bar ahyryn. Malfoý bolsa bu barada hiç zat bilenok.

Olar bolup geçen zatlar barada gürrüň bermek üçin Hagridiň külbesine gelenlerinde guýrugy sargyly Gyýagyň daşarda oturandygyny görüp haýran galdylar.

Hagrid olar bilen penjireden gepleşdi.

— Men size häzir içerik girmäge mgsat berip biljek däl. Norbert bu gün gaty gaharly görünýär... men ony köşeşdirip bilemok.

Çarliniň haty barada aýdyp berenlerinde Hagridiň gözlerine ýaş iýndi. Ýöne onuň gözleri Norbertiň edil ýaňyja aýagyndan dişlemegi sebäpli hem ýaşaran bolmagy mümkindi

— Eý-wäk! Hemme zat gowy. Onuň dişi ädigimden geçmedi... Oýun eden bolýar... entek çagajyk-da.

Hagridiň aýdyşy ýaly bu «çagajyk» guýrugyny diwara uranda, penjiräniň aýnalary sarsyp gidýärdi. Harridir Germiona köşge dolanyp barýarkalar, şenbe gününe çenli wagtyň gaty köpdügi hakda oýlandylar.

Ahyry Hagridiň Norbert bilen hoşlaşmaly pursady hem gelip ýetdi. Olar birsalymdan Norbert bilen aýra düşjekdigi üçin aglamjyrap duran Hagride üns hem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bermediler. Asmanyn ýüzi bulutly bolansoň, daşary diýseň garaňkydy. Girelge jaýynda öz-özi bilen tennis oýnan Piwsiň ýoldan aýrylmagyna ep-esli wagtlap garaşmaly bolandyklary sebäpli, Hagridiň külbesine biraz gijä galyp gelipdiler. Hagrid Norberti ullakan sandyga salypdyr.

— Ýolda ajykmaz ýaly, bir topar syçan hem birazajyk brendi goýdum — diýip, Hagrid uludan demini aldy. — Ýüregi gysmaz ýaly, gapdalyna oýnawaç aýyjygam goşdum.

Sandygyň içinden nämedir bir zadyň ýyrtylýandygy eşidildi. Harriniň göwnüne bolmasa, Norbert aýyjygyň kellesini goparan ýalydy.

Harridir Germionanyň gutyny göze görünmeýän ýapynja bilen örtüşlerini synlap duran Hagrid:

— Hoş sag bol, Norbert! — diýip aglamjyrady. — Ejeň seni hiç haçan unutmaz.

Gutyny köşge getirmegi başarandyklaryna Harridir Germionanyň özleri hem haýran galýardylar. Olar Norberti mermer basgançakdan ýokaryk galdyryp, uzyn geçelgeler bilen äkidip barýardylar. Bellenilen wagt barha ýakynlaşýardy. Eýdipbeýdip bir basgançakdan ýokaryk galmak başartsa, öňlerinde ýene bir basgançak peýda bolýardy. Harriniň gysga ýol bilen gitmegi hem olaryň işini kynlaşdyrmasa aňsatlaşdyrmady.

Köşgüň iň beýik binasyna eltýän geçelgä ýetenlerinde, Harri:

— Ýene azajyk ýol galdy — diýdi

Birdenem olar kimdir biriniň gykylyk sesini eşitdiler. Zähreleri ýarylan Harridir Germiona tas gutyny ellerinden gaçyrypdylar. Olar özleriniň şonsuzam göze görünmeýändiklerini unudyp, garaňkylyga duwlandylar. Biri-birlerine ýakyn duran iki sany göwre olara tarap ýakynlaşyp gelýärdi. Birden çyra ýandy.

Egni gözenek çyzmyklary bolan halatly, saçy bolsa ýygnalgy professor Makgonagal Malfoýyň gulagyndan çekip durdy.

— Men siziň gözüňize görkezerin — diýip, ol gaharly gepledi. — Slizerinden ýigrimi bal aýyrýan. Gijäniň birwagty şeýdip aýlanyp ýörmek bolarmy. Siz nädip milt edip bil...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Siz hiç zada düşüneňzok, professor. Häzir bu ýere Harri Potter geler... onuň ýanynda bolsa aždarha bar.

— Nähili biderek gürrüň. Siz nädip beýle ýalan sözläp bilýäňiz?! Men sizi professor Sneýpin ýanyna eltmesem boljak däl Malfoý.

Ähli görlen görgülerden soň, gutyny beýik binanyň üçegine eltýän aýlawly basgançakdan ýokaryk çykarmak olar üçin şeýlebir ýeňil göründi. Ahyrsoňy olar üçege ýetdiler, üstlerinden ýapynjany aýryp, arassa howadan dem aldylar.

Germiona:

— Malfoýa temmi berdiler. Ynanyp bilemok — diýip, begenjinden ýaňa bökjekläp başlady.

Harri oňa ýylgyryp seretdi: —

Wagtyndan ir begenme.

Olar Malfoýyň üstünden gülşüp, Çarliniň dostlarynyň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşyp başladylar. Norbert bolsa gutynyň içinde aldygyna eýläk-beýläk gorsanýardy. On minut töweregi wagt geçensoň garaňkylygy böwsüp çykan dört sany sübse olaryň öňünde peýda boldy.

Çarliniň dostlary örän şadyýan oglanlar eken. Olar Germionadyr Harrä sübselere berk daňlan tirkegi görkezdiler. Olaryň ählisi bilelikde Norberti şol tirkege ýerleşdirdiler. Harridir Germiona ellerini gysyp, minnetdarlyk bildirensoň, olar ýola düşdüler.

Norbert olardan daşlaşyp başlady, ahyrsoňy hem gözden gaýyp boldy.

Norbertden sag-aman dynyp, ýüreklerine ýeňillik aralaşan Germiona hem Harri aýlawly basgançakdan aşak düşüp başladylar. Indi hiç hili aždarha ýok... Malfoýa temmi berildi... Dünýäde nähili zat olaryň keýpini bozup biler diýsene?

Bu sowalyň jogaby basgançagyň soňunda garaşyp durdy. Geçelgä aýak basanlaram şoldy welin. duýdansyz ýerden Filçiň garaňkylykda has hem aýylganç görünýän göwresi olary ň öňünde peýda boldy.

— Şeýle-şeýle... Siziňki bu gezek paşmady öýdýän.

Harridir Germiona göze görünmeýän ýapynjany üçekde unudypdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## 15-nji bap: BARMASY GADAGAN EDILEN TOKAÝ

Mundan beter näme bolsun?!

Filç olary professor Makgonagalyň birinji gatda ýerleşýän iş otagyna alyp geldi. Olar bu ýerde biri-birlerine ýeke agyz söz aýtman, ep-esli wagtlap oturdylar.
Germiona gorkudan ýaňa titir-titir edýärdi. Harriniň kellesinde özlerini aklamak üçin hakykatdan daş düşýän, biri-birinden tutaryksyz düşündirişlerdir deliller at salýardy. Ol hemäçe kelle döwse-de, bu çörňeşikden gutulmagyň ýoluny tapyp bilmedi. Olaryň hiç hili çykalgasy galmandy. Harri ýapynjany üçekde unudar ýaly şeýle akmak bolup bilişlerine öz ýanyndan haýran galýardy. Gijäniň içinde ýatman syňsyraklaşyp ýörmegiň hem-de sapakdan başga wagt girmäge rugsat edilmeýän astronomiýa binasyna barmagyň sebäbini professor Makgonagala asla düşündirip boljak däldi.
Bularyň üstline Norbertli wakany we unudylan göze görünmeýän ýapynjany hem sanasaň, olar eýýämden goşlaryny ýygnabermelidiler.

Wakalar Harriniň pikir edişi ýaly özgermedi. Aňyrdan gelýän professor Makgonagalyň ýanynda Newiliň hem bardygyny gören Harriniň üstünden gaýnag suw guýlan ýaly boldy.

Olary gören badyna Newil:

— Harri — diýip gygyrdy. — Men size duýdurjak boldum. Malfoýyň sizi ele saljak bolup ýörendigini tötänlikde eşitdim. Ol sizde aždar... Harri «Mundan artyk gepleme» diýen manyda bat bilen kellesini ýaýkady. Ýöne onuň bu hereketini görüp ýetişen professor Makgonagal olaryň üçüsine-de käýemäge durdy.

— Men sizden beýle zatlara garaşmandym. Jenap Filç siziň astronomiýa binasynda bolandygyňyzy aýtdy.

Bu wagt gije sagat bir ahyryn. Belki, siz bu hereketiňiziň sebäbini düşündirersiňiz, hä?!

Germiona ömründe ilkinji gezek mugallymyň sowalyna jogap berip bilmedi. Ol edil heýkel ýaly doňup durşuna, öz şypbygyndan gözüni aýranokdy.

Professor Makgonagal:

— Siz aýtmasaňyzam bu ýerde nämeleriň bolup geçýändigini aňýan — diýdi. — Muňa düşünmek üçin oňa akylly bolmak hökman däl. Okuwyna zyýan ýetirmek üçin nähilidir bir aždarha baradaky bolgusyz gürrüňleri toslap, Drako Malfoýyň gulagyny gandyrypsyňyz. Ony-ha men eýýäm ele saldym. Loňbottomyňam bu gürrüňlere ynanmagy siziň gülkiňizi tutdurandyr, şeýle gerek?!

Harri professor Makgonagalyň bu sözlerinden soň gaty kineli hem nägile görünýän Newiliň ýüzüne seredip, hakykatda ähli zadyň beýle däldigini oňa üm bilen düşündüjek boldy. Wah, görgüli Newil! Garaňkyda özlerini gözlemäge gitmek üçin onuň nämelere döz gelmeli bolandygyna Harri düşünip durdy.

— Wah, meniň şeýlebir gaharym gelýär — diýen professor Makgonagal olaryň üçüsini hem gözleri bilen iýäýjek boldy. — Gijäniň birwagty dört sany okuwçynyň mekdepde aýlanyp ýörmegi. heý, görlüp-eşidilen zatmydyr?! Hanym Greýnjer, men sizden beýle zatlara garaşmandym. Ýeri, siziňki näme, jenap Potter? Griffindor öýüniň abraýy siziň üçin şunuň ýaly biderek zatlardan has wajypmyka öýdýärdim. Siziň üçüňize-de temmi berler. Hawa, Loňbottom, size-de temmi garaşýar. Hiç kimiň gijäniň birwagty umumy ýaşaýyş jaýyndan çykmaga haky ýok. Esasanam şu günlerde bu örän howply. Şonuň üçinem Griffindor öýünden elli bal aýrylýar.

— Ellimi? — diýip, Harri ör-gökden geldi.

Beýle bolsa olar öňdeligi giderip, soňky kwiddiç oýnunda gazanan ballarynyň ählisini hem ýitirýärdi.

— Heriňizden elli bal — diýip, professor Makgonagal uzyn, jüýk bumy bilen uludan dem aldy.

— Professor... haýyş edýäs. Siz beýdip bilmersiňiz

— Maňa näme edip-etmeli däldigimi öwretmäň, Potter. Indi bolsa, baryň, ýeriňize geçip ýatyň. Griffindor okuwçylary sebäpli henize çenli ýüzümiň beýle gyzaran ýeri ýokdur.

Olar ýüz elli bal ýitirdiler. Diýmek, Griffindorlar öý kubogy ugrundaky bäsleşikde iň soňky ýere geçýärdiler. Olar sähel pursadyň içinde Griffindor öýüniň kuboga eýe bolmak mümkinçiligini elden giderdiler. Harriniň göwnüne onuň dünýäsi ýykan-ýumran bolan ýalydy. Olar indi bu ýagdaýdan nädip baş alyp çykarkalar?!

Harri uzyn gijesini çirim etmän geçirdi. Newiliň ýüzüni ýassyga berip, esli salym horkuldap aglandygyny eşitse-de, ony nähili köşeşdirjegini bilmedi. Ol Newiliň hem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
edil özi ýaly öz-özüne gahar edýändigine düşünip durdy. Griffindor öýüniň okuwçylary olaryň nämeler edendigini biläýseler, nähili bolarka?

Ertesi Griffindor okuwçylarynyn öýleriň ballaryny görkezýän ullakan gum sagadyna gözleri düşende, olar nähilidir bir ýalňyşlyk ýüze çykandyr öýtdüler. Bir günüň içinde olaryň nädip ýüz elli baly kemelip bilýär?!

Şeýlelikde, tanymal Harri Potter, ýagny kwiddiç oýnunyň gahrymany bolan Harri Potter hem-de birki sany birinji ýyl gögele okuwçy zerarly Griffindor öýüniň ýüz elli bal ýitirendigi hakdaky gürrüňler ýyldyrym çaltlygynda tutuş mekdebe ýaýrady.

Harri ýekeje günüň içinde iň tanymal, iň eý görülýän okuwçylaryň biri bolmakdan iň halanylmaýan okuwça öwrüldi duruberdi. Hatda Rowenklowdyr Haffipaff öýleriniň okuwçylary hem ony duşman okundylar. Sebäbi öýleriň arasyndaky kubok ugrundaky bäsleşikde hemmeler Slizerinleriň ýeňilmegini isläpdi. Harri nirä barsa-da barmak çommaldylyp gaty ses bilen özi hakda aýdylýan ýakymsyz gürrüňleri eşitdi durdy. Slizerinler bolsa onuň deňinden geçenlerinde: «Sag bol, Potter! Bu eden ýagşylygyňy hiç haçan unutmarys!» diýip gygyryşýardylar.

Ron Harrä göwünlik berýän ýeke-täk adamdy,

— Olar birki hepdeden ähli zady unudarlar. Fred bilen Jorjuň şu ýerde okap başlanlary bäri bal ýitirmedik günleri ýok ahyry. Şonda-da olary her kim gowy görýär.

— Olar bir günde ýüz elli bal ýitiren däldirler-ä, şeýle gerek? — diýip, Harri keýpsiz dillendi.

— Dogrymy aýtsam-a. şeýle — diýip, Ron hem alaçsyz boýun almaly boldy, Bimeme gijräk hem bolsa, Harri dagy-duwara kesekiniň işine burnuny sokmazlyk barada öz-özüne kasam etdi. Töwerekde aýlanyp, özüňe degişli däl zatlara goşulyşyp ýörmegiň näme manysy bar diýsene?! Onuň indi ile çykarlygy hem galmandy. Şonuň üçinem Harri Wuda özüniň kwiddiç toparyndan çykjakdygyny aýtdy,

Wud:

— Topardan çykjak diýýäňmi? — diýip ör-gökden geldi. — Beýtmek bolmaz. Ýitiren ballarymyzyň öwezini dolmak üçin, kwiddiç oýnunda ýeňiş gazanmaly bolarys.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýöne Harri üçin indi kwiddiç oýnunyňam gyzygy gaçypdy. Oýunçylar türgenleşik wagtynda onuň bilen düýbünden gepleşmeýärdiler, öz aralarynda ony «gapyjy» diýip atlandyrýardylar.

Germionadyr Newil hem Harri bilen deň derejede ejir çekýärdi. Ýagdaýlary edil Harriniňki ýaly ýaramaz bolmasa-da, olar bilen hem hiç kim gepleşenokdy. Germiona indi öňküleri ýaly beýlekileriň ünsüni kän bir özüne çekip durman, sapaklarda sessiz oturýardy, kitapdan başyny galdyranokdy.

Harri synaglaryň barha ýakynlaşýandygyna begenmänem duranokdy. Ol kitaplara gümra bolup, ähli aladasyny unudýardy. Harri, Ron hem Germiona çylşyrymly däri-dermanlaryň düzümini, her dürli jadylarydyr gözbagçylyklary jadyly açyşlaryň hem goblinleriň turzan gozgalaňlarynyň senelerini ýatdan öwrenmek üçin her gün gijagşama çenli kitap okamak bilen meşgullanýardylar.

Synaglara bir hepde wagt galyberende, Harri özüne degişli däl zatlara goşulyşmazlyk baradaky lebzini atanlykda ýuwutmaly boldy. Bir gün ol giçlik kitaphanadan dolanyp gelýärkä, golaýdaky okuw otaglarynyň birinden hykgyldy sesini eşitdi. Harri ýakynraga baranda, Kwirreliň sesini tanady.

— Ýok... ýok... ýok... indi bir beýtme...

Kwirrel göýä kimdir birinden gorkýan ýalydy. Harri daraklygyna basyp, sesiň gelýän tarapyna ýöneldi.

Kwirreliň aglamjyraýan sesi eşidildi.

— Bolýar... bolýar...

Birdenem Kwirrel sellesini düzedişdirip, okuw otagyndan atylyp çykdy. Onuň ýüzünde gan-pet ýokdy, özem möňňürip aglabererli görünýärdi. Ol bada-bat gözden gaýyp boldy. Harriniň göwnüne bolmasa, ol özüm görmedik ýalydy. Kwirreliň aýak sesleri daşlaşansoň, Harri otagyň içine göz aýlady. Içerde hiç kim ýokdy. ýöne otagyň beýleki tarapyndaky gapy welin, açykdy. Gapa tarap ýöräp başlany hem şoldy welin, özüne degişli däl zatlara goşulyşmazlyk hakdaky ähdi birden onuň ýadyna düşdi.

Ýöne şonda-da Harri gabat garşydaky gapydan edil ýaňyja Sneýpiň çykyp gidendigine Jadygöýiň daşynyň on iki sanysyndan ant içip biljekdi. Onsoňam eşidilenlerden çen tutsaň, Kwirrel Sneýpe boýun bolan ýalydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri kitaphana dolandy. Germiona Ronuň astronomiýa dersinden synaglara taýýarlygyny barlap oturan eken. Harri olara eşidenleri barada aýdyp berdi.

Ron:

— Diýmek, Sneýp ahyry maksadyna ýetipdir-dä — diýdi. — Birden Kwirrel oňa gara güýje garşy edilen gorag jadysyna hötde gelmegiň ýoluny aýdan bolaýsa.

— Ýöne ol entek Flaffiniň deňinden nädip geçmelidigim bilenok ahyryn — diýip, Germiona arkaýyn gepledi.

Daş-töweregindäki müňlerçe kitaplara göz aýlan Ron:

— Belki, oňa Hagridden soramagam gerek däldir — diýdi. — Şu kitaplaryň haýsam bolsa birinde üç kellelli äpet itiň deňinden nädip geçmelidigi barada ýazylan bolmagy mümkin. Indi näme ederis, Harri?

Ronuň gözlerinde täze başdan geçirmelere bolan isleg uçgunjyklary ýaldyrap durdy. Onuň sowalyna Harriden öň Germiona jogap berdi.

— Göni Dambldoryň ýanyna barmaly. Biz birmahal şeýtmelidik. Eger bu gezegem özbaşdak hereket etjek bolsak, biz hökman okuwdan kowlarys.

Harri:

— Ýöne bizde hiç hili subutnama ýok — diýdi. — Kwirrel-ä arkamyzda durardan gaty gorkak. Sneýpe-de Hellowin gününde troluň nädip içerik girendiginden habarsyzdygyny hem-de şol gün asla üçünji gata barmandygyny aýtsa ýeterlik... onsoň olar kime ynanarlar öýdýäň, bizemi ýa oňa? Sneýpi ýigrenýändigimizem hemme kişi bilýär. Dambldor biz ony mekdepden kowdurtmak üçin ähli zady özümiz oýlap tapandyrys öýder. Filç bolsa bize hiç haçan kömek etmez. Ol soňky döwürlerde Sneýp bilen gaty içgin gatnaşýar. Mekdepden näçe köp okuwçy çykarylsa, Filç şonça-da şat. Onsoňam biziň Jadygöýiň daşyndan hem Flaffiden habarlydygymyz bilnäýse, özümizi aklamak üçin hiç bir delil ýeterlik bolmaz.

Harriniň aýdanlary bilen Germiona razylaşsa-da, Ron aňsat-aňsat yrylmady.

— Töwerek-daşdan sorag-ideg edip görsek näme?

— Ýok — diýip, Harri çürt-kesik jogap berdi. — Biz onsuzam sorag-ideg edip bildik-le.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri planetalaryň kartasyny çykaryp, Ýupiteriň hemralarynyň atlaryny öwrenmäge başlady.

Ertesi ertirlik nahary wagtynda Harrä, Germiona hem Newile hat geldi. Hatlaň üçüsinde hem birmeňzeş ýazgylar bardy:

«Size bellenilen temmi şu gün gije sagat on birde amala aşyrlar. Jenap Filç size Girelge jaýynda garaşar.

Professor Makgonagal».

Ýüz elli baly ýitirendiklerine gynanyp ýörşüne, Harri özlerine temmi berlendigini tas unudan eken. Harri bolmanda Germiona-ha temmi barada nägileligini bildirip,

«Synaga taýýarlanylýan döwür temmi nämä gerek?» diýer öýtdi. Emma Germiona sesini çykannan otyrdy.

Ol hem edil Harri ýaly özüni temmä mynasyp saýýardy.

Gije sagat on birde olar Ron bilen hoşlaşyp, Newil bilen bilelikde Girelge jaýyna bardylar. Filç eýýäm olara garaşyp duran eken. Onuň ýanynda Malfoý hem bardy. Malfoýy görende oňa-da temmi berlendigi Harriniň ýadyna düşdi.

Filç elindäki çyrajygyny ýakyp:

— Ýörüň — diýdi-de, olary yzyna düşürip daşaryk çykdy.

— Mundan beýläk okuw düzgünlerini bozmakdan, baý, çekinersiňiz-ä — diýip, Filç olara gaharly seretdi. — Hawa, adama agyr iş etdirseň ýa-da erbet jebir çekdirseň, bahym ýola gelýär. Wah, arman, köne temmi usullary indi ulanyşdan galaýdy-da. Öňler bidüzgünçilik edenleriň gollaryny gandallap, birnäçe günläp üçekden asyp goýardylar. Şol gandallary men entegem ýygnap ýörün, birden gerek bolaýmasyn diýip elmydama ýaglap durýan... Ynha-da, geldik. Öňünden duýdurýan, gaçmak hakda pikir edibem oturmaň. Eger gaçaýsaňyz, özüňize öňküdenem beter zyýan edersiňiz.

Olar tüm garaňkylygyň içinde ep-esli ýol geçdiler. Newil ýol boýy aglap gelýärdi, Harri bolsa beriljek temmi barada pikir edýärdi. Elbetde, olara agyr jeza berlendir, ýogsam Filç beýle şatlanmazdy.

Şöhle saçyp duran Aýyň öňüni gara bulutlar tutupdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şol sebäpli hem daşary diýseň garaňkydy. Öňde Hagridiň külbesiniň ýagtylyp duran penjireleri göründi.

Birdenem uzakdan gelýän ses eşidildi

— Filç, bu senmi? Bahym bol! Ýola düşmäge wagt boldy.

Hagridiň sesini eşidip, ýüregi düşüşen Harriniň arkasyndan agyr ýük aýrylan ýaly boldy. Eger olar Hagrid bilen işleşmeli bolsalar, gorkup oturasy zat ýokdy. Harri begenjini ýüzüne çykaran bolarly, sebäbi Filç:

— Sen näme şu akmak bilen gidýäniňe begenen bolýaňmy? Men seni gynandyrmaly boljak, siz tokaýa barýaňyz. Ol ýerden sag-salamat gaýdyp gelerin öýdýän bolsaňam, gaty ýalňyşýaň — diýdi.

Onuň bu sözlerine Newil gorkujygyndan ýaňa iňňildedi, Malfoý bolsa sakga aýak çekdi-de:

— Tokaýamy? — diýdi.

Onuň sesinde gedemlik duýulmaýardy.

— Gijäň birwagty tokaýa gitmek bolarmy?! Ol ýercr de her dürli howply jandarlar... gurt-adamlar barmyşyn.

Harriniň ýektaýynyň ýeňinden ýapyşan Newil şumjardy.

Filç:

— Be, munuň gürlän bolşuny — diýip ýaňsyly ýylgyrdy. — Gurt-adamlardan gorkýan bolsaň, okuw düzgünini bozmaly däl ekeniň.

Hagrid Gyýak atly iti bilen olaryň ýanlarynda peýda boldy. Onuň elinde arbaleti, egninde bolsa ýaýy bilen bir topar okly sagdagy bardy.

Aňyrdan gele-gelmäne Hagrid:

— Gaty gijä galdyňyz-la — diýdi. — Men size bir ýarym sagat bäri garaşyp durun. Harri, Germiona, ýagdaýlaryňyz gowumy?

— Men-ä seň ýeriňde bolsam bular bilen beýle mylakatly gepleşmezdim, Hagrid — diýip, Filç äwmezlige saldy. — Olara temmi berilmelidigini unutma.

— Seň näme üçin gijä galandygyňa indi düşünýän — diýende, Hagridiň sesi gaty gaharly çykdy. — Ýol boýy olara takal baryny okansyň. Sen öz etmeli işiňi etdiň dälmi, indi maňa päsgel berme.

— Men daňdan gelerin. Olaryň parçalanan jesetlerim ýygnamak üçin gelerin — diýip, Filç awusyny pürkdide, çyrajygyny iki ýana galgadyp, köşge dolandy.

Malfoý Hagride seretdi.

— Men tokaýa gitjek däl.

Harri onuň sesiniň gorkudan ýaňa sandyraýandygyny duýdy. Ol muňa begenmänem durmady.

— Hogwartsda okamak isleýän bolsaň gidersiň — diýip, Hagrid oňa çürt-kesik jogap berdi. — Eliň bilen edeniňi, egniň bilen çekmeli bolarsyň.

— Ýöne beýle agyr jeza okuwçylara däl-de, işgärlere berilýär ahyry. Bize welin, ýazgylary täzeden göçürmek ýaly ýumuşlar tabşyrlar öýdýärdim. Eger kakam meň näme işläp ýörenimi biläýse, ol...

— Men saňa Hogwartsda işleriň nähili alnyp barylýandygny düşündireýin — diýen Hagridiň sesi azmly çykdy. — Köpräk öýe iş tabşyraýmaly ekenler-dä!

— Öýe iş diýdiňmi? Ýazgylary göçürmekden netije barmy, hä? Sen ýa peýdaly iş bilen meşgullanarsyň, ýa-da okuwdan garaňy saýlarsyň. Eger kakaň üçin sen okuwdan kowulmaga kaýyl bolsaň, köşge dolanyp, häziriň özünde goşlaryňy ýygnap bilersiň. Bar, gidiber.

Malfoý ýerinden gozganmady. Ol başda Hagride gahar bilen seredenem bolsa, soň boýnegijilik bilen aşak bakdy.

— Bolýar onda. Meni ünslüje diňläň. Biziň şu gijeki etmeli işimiz gaty howply. Men bolsa siziň töwekgellik etmegiňizi islämok. Birsalym yzyma düşüň.

Hagrid olary tokaýyň gyrasyna eltdi, çyrajygyny ýokaryk galdyryp, gür agaçlaryň arasynda ýitip gidýän inçejik ýodajygy görkezdi. Garaňky tokaýa göz aýlanlarynda adaja şemal olaryň saçlaryny ýelpäp geçdi.

Birdenem Hagrid:

— Bärik serediň! — diýdi, — Hanha, ýerdäki ýalpyldap duran kümüşsöw suwuklygy görýäňizmi?! Bu bir buýnuzly atyň gany. Nämedir bir zat ony erbet ýaralapdyr. Şu hepdäň içinde men eýýäm ikinji gezek gan yzlaryna gabat gelýän. Geçen çarşenbe güni atlaryň birini halas etmek maňa başartmady. Ýöne indi welin, beýle zat gaýtalanmaz. Biz ol görgüli janawary hökman tapmaly. Belki, oňa kömegimiz deger.

— Birden aty ýaralan zada gabat geläýsek näme? — diýip soran Malfoýyň sesi sandyrap çykdy.

— Ýanyňyzda Gyýak ýa-da men barkam, tokaýdaky hiç bir jandar size zeper ýetirip bilmez. Ýodajykdan çykmajak boluň. Häzir biz ikä bölünip, dürli tarapa gideris. Töwerek-daşymyz gan yzlaryndan doly. Öten agşamdan bäri bir ýerde durman, aýlanyp ýören bolarly, janawar!

Gyýagyň syh-syh dişlerine göz aýlan Malfoý:

— Men Gyýagy ýanyma aljak — diýdi.

Hagrid:

— Bolýar, ýöne öňünden duýduryan, ol gaty gorkakdyr — diýdi. — Häzir men, Harri, Germiona dagymyz bir tarapa gideris, Drako, Newil siz Gyýak bilen beýleki tarapa gidersiňiz. Birden buýnuzly ata gabat geläýsek, gök uçgunjyklary goýbereris .Taýajyklaryňyzy çykaryp, meň aýdyşym ýaly edip görkeziň hany . Örän gowy. Üstümize howp abansa welin, gyrmyzy uçgunjyklary goýbereris. Şonda biziň ählimiz bada-bat biri-birimize kömege ýetişeris... gaty seresap boluň... Onda işimize başlalyň.

Tokaýyň içi garaňky hem asudady. Olar bilelikde biraz ýörediler, soňra ýodajyk ikä bölündi. Harri, Germiona, Hagrid çep ýodajygy, Malfoý, Newil, Gyýak bolsa sag ýodajygy yzarlap gitdiler.

Olar ýere seredip, ümsüm ýöräp barýardylar. Ýerde ýatan ýapraklaryň üstüne daman kümüşsöw gan yzlaryna çendan ýarym şahalaryň arasyndan syrygýan Aýyň ýagtysy düşýärdi.

Hagridi gaty aladaly gören Harri:

— Bir buýnuzly aty gurt-adam öldürip bilermi?! — diýip sorady.

Hagrid:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gurt-adamlar beýle bir çalasynam däl — diýip jogap berdi. — Bir buýnuzly atyň yzyndan ýetmek gaty kyndyr. Olar ýyndam jandarlar. Men olara zeper ýetirilýändigini ilkinji gezek görýän.

Olar haşal otlar bilen basyrylgy tööňäniň deňinden geçip gitdiler. Golaýda çeşmejik akýan bolarly, Harri suwuň şaggyldysyny eşitdi. Olar ýodajygyň egrelýän ýerinde-de gan yzlaryna gabat geldiler.

Hagrid:

— Germiona, ýagdaýyň gowumy? — diýip pyşyrdady. — Alada etme, ýaraly halyna uzaga giden däldir. Biz ony hökman... Gizleniň!

Ol Harridir Germionany beýik dub agajynyň arkasyna çekdi.

Hagrid sagdakdan çekip alan peýkamyny ýaýa baglap, atmaga häzirlendi. Olaryň üçüsi hem diňşirgendiler, etegi ýerden süýrenýän ýektaýyň çykarýan sesine meňzeş nämedir bir zadyň gury ýapraklaryň üstünden süýşenekläp gelýändigi eşidildi. Hagrid gözüni süzüp garaňkylyga seretdi, ýöne eýýäm ýaňky ses galypdy.

Hagrid:

— Wah, men bilýärdim-le. Tokaýda bolmasyz bir zadyň bardygyny bilýärdimle — diýip janykdy.

Harri:

— Gurt-adam bolaýmasyn?! — diýip çaklady.

— Ýok, ýaňky gurt-adamam däldir, buýnuzly atam — diýip, Hagrid gaýgyly dillendi. — Bolýar, yzymdan galmaň. Özüňizem gaty seresap boluň!

Olar indi sähel sese diňşirgenişip, daraklyklaryna basyp ýöräp başladylar. Birdenem agaçlaryň arasyndaky yşgalaňda nämedir bir zat gymyldan ýaly boldy.

Hagrid:

— Ol ýerde kim bar? — diýip gygyrdy. — Ýagta çyk. Men ýaraglydyryn. Birdenkä olaryn öňünde bir geň-taň jandar peýda boldy. Ol at diýseň at däl, adam diýseň adam däl. Onuň bilinden ýokarsy çypar saçly hem sakgally adamyňky bolsa, bilinden aşagy ýalpyldap duran goňur bedenli, çypar guýrukly atyňkydy. Ony görüp Harridir Germiona agyzlaryny açyp, aňkandyşyp galdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Wah, Ronan, bu senmi? Ýagdaýlaryň gowumy? — diýip, ýeňillik bilen dem alan Hagrid kentawryň elini gysdy.

Ronan:

— Salam, Hagrid! — diýdi. Onuň ýogyndan gussaly sesi bardy. — Sen näme, meni atjak bolduňmy?

— Bagyşla, soňky döwürler seresabrak bolmasak bolanok — diýip, Hagrid arbaletli elini aşak goýberdi.

— Tokaýa nähilidir bir ýaramaz zat aralaşypdyr. Ynha, bular biziň okuwçylarymyz Harri Potter bilen Germiona Greýnjer.

Hagrid soňra Harridir Germiona ýüzlendi:

— Bu bolsa, Ronan. Ol kentawr.

— Görüp durus — diýip, Germiona pyşyrdady.

— Agşamyňyz haýyrly bolsun! Diýmek, siz okuwçylar-da?! Onsoň, gowy okaýaňyzmy?

— Neme...

— Erbet däl — diýip, Germiona çekinjeň jogap berdi.

— «Erbet däl» diýdiňmi? Bolýar-da, bu ýokdan-a gowy — diýip, Ronan uludan demini aldy.

Soň ol asmana seredip, ýyldyzlary synlamaga durdy.

— Bu gije Mars planetasy täsin nur saçýar.

Ronan ýaly asmana seredip duran Hagrid:

— Hawa — diýdi — Aslynda saňa gabat gelenimiz gowy bolaýdy, Ronan... bir buýnuzly at ýaralanypdyr welin... heý, bir zatlar gören-ä dälsiň?!

Ronan ýyldyzlary synlap durşuna wagty bilen jogap bermedi. Ahyrsoňy ol uludan dem aldy-da:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Elmydama ilki bigünäler pida bolýar. Bu elmydama şeýledi, indem şeýle bolar— diýdi.

— Hawa, ýöne seň nähilidir bir üýtgeşik zada gözüň düşmedimi, hä?!

— Mars bu gün täsin nur saçýar — diýip, Ronan ýene-de tekrarlady. Sowalyna jogap alyp bilmedik Hagrid oňa gaharly seretdi.

— Hawa, ol-a şeýle welin... men: «Şu töwereklerde üýtgeşik zada gözüň düşmedimi?» diýip soraýan. Belki bir zatlar görensiň?!

Ronan bu gezek hem oňa jogap bennäge howlukmady.

— Tokaý öz goýnunda gaty köp syrlary gizleýär — diýip, ara birsellem wagt düşensoň, ol ahyry dil ýardy.

Birdenem Ronanyň edil arkasyndaky agajyň şahalary ygşyldap gitdi, Hagrid bada-bat arbaletini ýokaryk galdyryp çenedi. Bu gezek hem gara saçly, gara bedenli, daşyndan seretseň Ronandan has wagşy görünýän ýene bir kentawr olaryň ýanlarynda peýda boldy.

Ony gören Hagrid:

— Salam, Beýn! Ýagdaýlaryň gowumy? — diýdi.

— Agşamyň haýyrly bolsun, Hagrid! Seniňem ýagdaýlaryň nähili?

— Erbet däl. Beýn, men şu wagt Ronandan bu ýerlerde nähilidir bir täsin zatlary görüp-görmändigi barada sorap durdum. Bir buýnuzly at ýaralanypdyr welin... belki sen, bir zatlar bilýänsiň?

Berlen soraga jogap bermegiň deregine Ronanyň gapdalyna geçip, asmana sereden Beýn:

— Bu gün Mars täsin nur saçýar — diýdi.

— Biz Marsyň täsin nur saçýandygy barada eýýäm eşitdik — diýip, Hagrid gaharly gepledi. — Bolýar, eger geň bir zat gözüňize ildigi, derrew maňa habar edeweriň! Biz-ä onda gitdik.

Hagridiň yzyna düşüp baryşlaryna Hanidir Germiona Ronany hem Beýni agaçlaryň aňyrsynda gözden ýitýänçäler egnaşyr synladylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şu kentawrlaryň ugruna düşer ýaly däl — diýip, Hagrid içiýangynly dillendi. A1 kakmyş müneçjimler diýsänim. Aýdan bärdäki zatlar olaryň piňlerine-de däl-ä.

— Onsoň, olar köplükmi? — diýip, Germiona gyzyklanyp sorady.

— Beýle bir köpem däl... Olar, esasan, bir-birleri bilen gatnaşýarlar. Ýöne başga kişiler bilenem gürleşmän duranoklar. Kentawrlar gaty akylly jandarlar. Olar gaty köp zatlardan habarly welin... agyzlaryndan söz alyp bolanok.

Harri:

— Hälki eşiden sesimiz kentawryňkymydy? — diýip sorady.

— Seň pikiriňçe şol ses toýnagyň dükürdisine meňzeýärmidi? Ýok... düýbünden meňzänokdy. Ol buýnuzly atyň ganyny içýän zadyň sesidi. Şu wagta çenli beýle eýmenç sesi eşiden däldirin.

Olar gür agaçlaryň arasy bilen ýöräp barýardylar. Harriniň göwnüne bolmasa kimdir biri özlerini yzarlaýan ýalydy. Ol aldygyna töweregine garanjaklap barşyna Hagridiň arbaletini ýany bilen alyp gaýdandygyna tüýs ýürekden begendi. Ýodajykdan öwrüm edenlerem şoldy welin, Germiona Hagridiň eline ýapyşdy.

— Hagrid! Seret! Gyzyl şöhlejikler. Beýlekiler betbagtlyga uçrapdyrlar.

Hagrid:

— Siziň ikiňiz şu ýerde garaşyň — diýip gygyrdy.

— Ýodajykdan çykmaň! Men bahym dolanyp gelerin.

Gyrymsy agaçlaryň aralygy bilen alňasap ýöräp giden Hagridiň aýak sesleri kesilýänçä Harridir Germiona biri-birleriniň ýüzlerine gorky bilen seredişdiler. Häzir töwerekde ýapraklaryň ygşyldysyndan başga hiç zat eşidilenokdy.

Germiona:

— Olara hiç zat bolan däldir-le, şeýle gerek? — diýip pyşyrdady.

— Malfoýa näme bolsa şol bolsun, ýöne Newile bir zat bolaýsa... Ol biz sebäpli şu ýerde ahyry.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Wagt diýseň haýal geçýärdi. Olar diňşirgenip, töwerege ser salýardylar. «Näme bolduka? Olar niredekä?» diýip içini gepledýän Harriniňem ýüregine dowul düşýärdi.

Duýdansyz çykan galmagal sesi Hagridiň dolanyp gelendigini habar berdi. Gahardan ýaňa çym gyzyl bolan Hagrid Malfoýy, Newili hem Gyýagy öz ýany bilen alyp gaýdypdyr. Onuň beýle gaharly görünmegi ýöne ýere däl eken. Malfoý oýun etjek bolup Newiliň arkasyndan gelipdir-de, ýeňsesinden ýapyşypdyr. Newil hem howsala düşüp, gyzyl şöhleleri goýberipdir.

— Siziň ikiňiziň turzan gohuňyz sebäpli, indi nämedir bir zatlar tutup bileris öýdemok. Bolýar, toparyň düzümini üýtgedýäs. Newil, Germiona, siz meň bilen gidersiňiz, sen bolsa Harri, Gyýagam ýanyňa alyp. şu akmak bilen gidersiň. Bagyşla!

Soňra Hagrid:

— Seni gorkuzmak oňa kyn düşer. Onsoňam biz bu işi şu gün hökman bitiräýmeli — diýip, Harriniň gulagyna pyşyrdady.

Şeýlelikde, Harri Malfoý hem Gyýak bilen ýola düşdi. Olar bir ýarym sagatlap ýol söküp tokaýyň jümmüşine aralaşdylar. Agaçlaryň barha gürelmegi sebäpli, soňabaka olara ýodajygy yzarlamak hem kyn düşdi, Harriniň göwnüne bolmasa gan yzlary hasam köpelýän ýalydy. Görgüli janawar agyrysyna çydaman iki ýana urnan bolarly, agaçlaryň düýpleri syçran gan yzlaryndan doludy. Harri garry dub agajynyň biri-birlerine çolaşan şahalarynyň aralygyndan seredende, öňlerinde açyk meýdanyň bardygyny gördi.

Ol:

— Dur! — diýip pyşyrdady-da, Malfoýy saklamak üçin elini uzatdy.

Aýyň ýagtysyna hamy ýalpyldap duran nähilidir bir jandar ýerde süýnüp ýatyrdy.

Has ýakynraga baranlarynda onuň buýnuzly atdygyna, özüniň hem eýýäm ölüdigine göz ýetirdiler. Harri henize deňiç beýle owadan jandar görmändi. Buýnuzly atyň inçeden uzyn aýaklarynyň geň ýagdaýda egrelip, zümerret kimin öwşün atýan ýalnyň bolsa guran ýapraklaryň üstünde ýaýylyp ýatyşy Harriniň ýüregini gyýymgyýym etdi.

Harriniň buýnuzly ata tarap ädim ädenem şoldy welin, nämedir bir zadyň süýşenekläp gelýän sesi ony duran ýerinde doňup galmaga mejbur etdi. Açyk

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
meýdanyň gutarýan ýerinde ýerleşýän agaçlar ygşyldady. Birdenem, boýdan-başa ýapynja bürenen bir göwre garaňkylykdan çykyp, awy oňan ýyrtyjy haýwan ýaly buýnuzly ata tarap alňasap gaýtdy. Harri, Malfoý hem Gyýak gymyldaman durdular. Ýapynjaly göwre buýnuzly atyň deňine ýetdi-de, onuň ýarasynyň üstüne eglip, ganyny sormaga durdy.

Güýjüniň ýetdiginden gygyran Malfoý gorkusyna ol ýerden bada-bat ökjäni göterdi, Gyýagam onuň yzyndan ylgady. Kellesini galdyran ýapynjaly göwre agzyndan gan akdyryp ýerinden galdy-da, gorkudan ýaňa aýagynda ysgyn-mydar galmadyk Harriniň ýanyna golaýlaşdy.

Oňa gözi düşende, Harriniň kellesinde biçak erbet agyry peýda boldy. Bu agyry şeýle güýçlüdi welin. Harri özüniň çapygyň yzy galan maňlaýynyň ot bolup ýanýandygyny hem duýdy. Soň onuň gözleri garaňkyrady. Harri özüniň nädip çiň arkan gaýdanyny bilenokdy. Ýöne ol ýerde ýatyrka toýnak seslerini eşidipdi. Nämedir bir zat onuň üstünden böklip, ýapynjaly göwrä topulypdy.

Harrä özüni dürseýänçä ep-esli wagt gerek boldy. Kellesini galdyranda ýapynjaly göwre eýýäm gözden gaýyp bolupdy. Janyny halas eden kentawr bolsa Harriniň üstüne eglip durdy, ýöne ol Ronanam däldi, Beýnem. Bu kentawr olaryň ikisinden has ýaş görünýärdi. Onuň tylla reňkli saçydyr goňrumtyl bedeni bardy.

— Ýagdaýlaryň gowumy? — diýip, kentawr Harrä turmaga kömek etdi.

— Hawa... sag boluň... ýaňky zat nämedi?

Zümerret daşyna çalymdaş owadan gök gözlen bolan bu kentawr onuň sowalyny jogapsyz goýdy. Harrä ünsli sereden kentawryň nazary onuň maňlaýyndaky ýara yzynda saklandy.

— Sen Potteriň ogly dälmi?! Häziriň özünde Hagridiň ýanyna dolansaň gowy bolar. Şu wagt tokaý gaty howply... esasanam, seň üçin. At çapyp bilýäňmi? Arkama münseň barmaly ýerimize bahym ýeteris.

Harrini arkasyna mündürmek üçin iki öň aýagyny eplän kentawr:

— Meň adym Faýrenz — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Şol pursat açyk meýdanyň beýleki tarapyndan toýnak sesleri eşidildi. Endamlary derden ýaňa suw bolan Ronan hem Beýn haşlaşyp agaçlaryň arasyndan atylyp çykdylar.

Aňyrdan gele-gelmäne Beýn:

— Faýrenz! Edýäniň näme? Arkaňa adam mündürmekden utanaňokmy? Sen, näme, adaty atmy? — diýip azgyryldy.

— Sen munuň kimdigim bir bilýäňmi? Bu Potteriň ogly. Ol tokaýy näçe çalt terk etse, şonça-da gowy.

— Sen oňa näme aýtdyň? — diýip, Beýn azgyrylyp geplemegini dowam etdirdi. — Faýrenz, biziň ýazgyda garşylyk görkezmeli däldigimizi unutmagyn. Planetalaryň hereketine görä, nämäniň ýakynlaşyp gelýändiginden seň özüňem habarlysyň.

Toýnaklaryny haýbat bilen ýere urup duran Ronan:

— Meniň pikirimçe, Faýrenz ýagşylyk etjek bolandyr — diýdi.

Köşeşmegiň deregine has hem gaharlanan Beýn artky aýaklary bilen ýeri peşedi.

— Ýagşylyk etjek bolandyr diýýäňmi? Ýöne munuň bize näme dahyly bar? Kentawrlary diňe öňünden görlenler gyzyklandyrmalydyr. Tokaýymyzda azaşan adamlaryň töwereginde eşek ýaly aýlanyp ýörmek bize galmandyr.

Onuň bu sözlerine galian gelen Faýrenz çarpaýa galdy. Harri ýykylmazlyk üçin onuň boýnundan ýapyşmaly boldy.

— Sen bu görgüli janawary göreňokmy? — diýen Faýrenziň sesi haýbatly çykdy. — Onuň näme sebäpden öldürilendigine düşünmediňmi? Belki, planetalar saňa bu syryň üstüni açyp beren däldir?! Berk belle, Beýn, şu tokaýda gizlenýän zady menem, adamlaram halaýan däldir.

Ol şeýle diýdi-de, boýnundan berk ýapyşyp duran Harri bilen bilelikde tokaýlygyň içine sümüldi . Olar Ronan bilen Beýni yzda goýup, öňe okdurylyp barýardylar.

Nämeleriň bolup geçýändigine düýbünden düşünip bilmeýän Harri:

— Näme üçin Beýn beýle gaharlanýar? — diýip sorady. — Onsoňam meni nämeden halas etdiňiz?

Faýrenz badyny gowşadyp, Harrä şahalardan goranmak üçin kellesini egse gowy boljakdygyny aýtsa-da, onuň sowalyna jogap bermedi. Olar biri-birlerine söz gatman ep-esli ýol geçdiler. Harriniň göwnüne bolmasa, Faýrenz özi bilen gepleşmek

islemeýän ýalydy. Olaryň gür agaçlygyň deňinden geçenlerem şoldy welin, Faýrenz sakga aýak çekdi.

— Harri Potter, sen bir buýnuzly atyň ganynyň nirelerde ulanylýandygyny bilýäňmi?

— Ýok — diýip jogap beren Harri onuň duýdansyz sowalyndan eýmenmän durmady. — Biz däri-dermanlar sapagynda onuň diňe buýnuzyndan we ýalnyň taryndan peýdalanýas.

Faýrenz:

— Bir buýnuzly aty öldürmek erbet günädir — diýdi. — Diňe şu dünýäde ýitirere hiç zady bolman, älili zady eýelemek isleýän kişi şeýle agyr günä gazanyp biler. Ölümiň bäri ýanynda ýatanam bolsaň, buýnuzly atyň gany seni ölümden halas eder, ýöne beýle peşgeşiň bahasy ummasyzdyr. Sen öz janyňy aýap saklamak üçin päk hem bigünä jandary öldürýäň. Şonuň üçinem dodagyň buýnuzly atyň ganyna galtaşan pursady ýarym ömre, ýagny, gargyş siňen ömre eýe bolarsyň.

Aýyň kümüşsöw şöhlesi Faýrenziň ýeňsesine düşýärdi. Onuň ýeke sözüni sypdyrman diňläp barşyna Harri:

— Wah, her hili bagtygara bar-da — diýenini duýman galdy. — Gargyş siňen ömri ýaşanyňdan öleniň gowy dälmi näme?

— Elbetde, gowy. Eger-de seni gaýtadan kuwwata getirýän, saňa dirilik eçilýän aby-haýat suwuny içip bilmän armanly ötüp gidesiň gelýän bolsa... Jenap Potter, mekdebiňizde nämäniň gizlenip saklanýandygyndan habaryňyz bardyr-la?!

— Jadygöýiň daşy bolaýmasa. Elbetde, olam kimdir birine gerekdir-dä.

— Ýaşamak üçin janyny ähli zatdan ileri görýän, öz ýitiren güýjüni gaýtaryp almagyň arzuwynda ýaşaýan biri bar. Siz ony tanaňzokmy?

Şol pursat Hagrid bilen tanyş bolan ilkinji gijesi: «Käbirleri oň wepat bolandygyny aýdýarlar. Ýöne men-ä muňa ynanamok. Adamçylykdan nam-nyşan galmadyk kişi nähili ölsün diýsene?!» diýip, onuň aýdan sözleü gulagynda ýaňlanyp giden Harriniň ýüregi iňňe sanjylan dek jigläp gitdi.

— Diýmek... — diýip, Harri sakyndy — ...ýaňky onda Wol...

— Harri! Harri, ýagdaýlaryň gowumy?

Germiona olara tarap ylgaşlap gelýärdi, onuň gapdalynda haşlap dem alýan Hagrid hem bardy.

— Ähli zat gowy — diýip, Harri zordan gepledi. — Hagrid, buýnuzly at öli. Ol yzda, açyk meýdanda ýatyr.

Hagrid buýnuzly atyň ölüp-ölmändigini anyklamak üçin Harriniň görkezen tarapyna alňasap giden badyna Faýrenz:

— Men seni şu ýerde goýup gidýän — diýdi. — Indi saňa hiç hili howp abananok.

Harri onuň gerşinden düşdi.

— Işiň oňuna bolsun, Harrii Potter! Planetalaryň hereketiniň öňem ýalňyş ýorlan gezekleri bolupdy, hatda kentawrlar tarapyndanam... Ýene-de şeýle ýalňyşlyk goýberilendir diýip umyt edýän.

Gorkudan ýaňa entegem sandyrap duran Harri onuň öňürdikläp tokaýa siňip gidenini arkadan görüp galdy.

Harri dagynyň tokaýdan dolanyp gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşan Ron umumy otagda uklap galypdy, özi hem oýnuň düzgüniniň bozulandygyny aýdyp basyrganýardy. Harri ony silkeläp oýardy. Ol tokaýda bolup geçen wakalar barada aýdyp başlanda, ýap-ýaňyja-da ukudan açylyp bilmän oturan Ronuň gözleri hanasyndan çykarly göründi.

Harri bir ýerde durup bilenokdy. Ol saňňyl-saňňyl edip, iki ýana ýöreýärdi.

— Sneýp Jadygöýiň daşyny ogurlap, Woldemorta berjek bolýar... Woldemort oňa tokaýda garaşyp ýatyr.

Biz bolsa, şu wagta çenli Sneýp ýöne baýamak isleýändir öýdüpdiris...

Ron hamala Woldemort özleriniň gürrüňlerini eşidýän ýaly pyşyrdap:

— Onuň adyny tutmasana! — diýdi.

Harri oňa diýýämisiňem diýmän, gürrüňini dowam etdirdi.

— Faýrenz meni halas etdi. ýöne aslynda oňa beýtmek buýrulmaýan eken... Beýn gaty gaharlandy. Ol planetalaryň hereketine seredip, gelejekde amala aşjak işi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

bileniňden soň, muňa garşy gidilmeli däldigini ýaňzytdy... Olar Woldemortyň gaýdyp gelýändigini bilen bolmaly... Beýniň pikiriçe Faýrenz Woldemortyň meni öldürmegine päsgel bermeli däldi. Belki, ýyldyzlar Woldemortyň meni öldürmek isländigini habar berendirler.

— Belki, sen onuň adyny tutmagyňy bes edersiň, hä?! — diýip, Ron igendi. — Onda, Sneýp haçan daşy ogurlarka diýip garaşyp oturmakdan başga alaç ýok-da. Şondan soň, Woldemort bu ýere gelip, meniň bellimi eder. Aý, näme, iň bolmanda, Beýn-ä begener.

Germiona gaty gorkanam bolsa, Harrini köşeşdimiegiň alajyny tapdy.

— Harri, her kim Ady tutulmaýanyň ýeke-täk Dambldordan çekinýändigini aýdýar. Dambldor ýanyňdaka ol saňa barmagynam batyryp bilmez. Onsoňam kentawrlaryň ýalňyşmaýandygyny sen nireden bilýäň, hä?! Olaram, näme, pal atýandyrlar-da?! Professor Dambldoryň aýtmagyna görä, pal diýlen zat jadygöýligiň iň bir nätakyk ugrudyr. Olar gürrüňe gyzygyp, nädip daňyň atanyny hem duýman galdylar. Düşeklerine geçenlerinde öler ýaly ýadawdylar, agyzlary bolsa kepäp durdy. Ýöne bu gijeki garaşylmadyk wakalar entek doly tamamlanmady.

Harri ýorganyny üstüne çekende, göze görünmeýän ýapynjasynyň öz düşeginiň üstünde emaý bilen eplenilip goýlandygyny gördi. Oňa berkidilen hatjagazyň ýüzünde bolsa: «Birden gerek bolaýmasyn» diýen sözler ýazylgydy.

## 16-njy bap: GIZLIN GAPY

Ýeneki ýyllarda, Harri Woldemortyň islendik wagt gapydan kürsäp giräýmeginiň gorkusy bilen ýaşan döwürlerinde nädip synaglardan üstünlikli geçendigini ýadyndan çykarsa gerek. Günler kerwen gurap geçip durdy. Ýapyk gapynyň aňyrsyndaky Flaffiniň bolsa, diridigi hakda hiç hili şek-şübhe ýokdy.

Howa diýseň petişdi, esasan-da, olaryň ýazuw synaglaryny tabşyrýan giň okuw otaglarynda yssydan ýaňa oturar ýaly däldi. Synag wagtynda özgeden göçürmez ýaly olara ýörite jadylanan döwet-galam paýlanylyp berlipdi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar tejribe synaglaryny hem tabşyrypdylar. Professor Flitwik okuwçylary birbirden ýanyna çagytyp: «Ananasa partaň üstünde çeçýotka(Çeçýotka — aýagyňy ýere batly urup, saza goşulyp edilýän tans) tansyny etdiriň!» diýen bolsa, professor Makgonagal syçany oturgyja öwürmegi talap edipdi. Syçany owadan oturgyja öwürmegi başarana gowy baha goýulýardy, ýok, eger-de oturgyçda syçanyň murty galaýsa, aljak bahaň pes bolýardy. Okuwçylar Unudaganlyk jadysynyň nädip amala aşyrylyşyňy ýatlaryna saljak bolup durkalar, professor Sneýp ýeňselerinden aýrylman, olary aljyradýardy.

Harri tokaýa baryp gaýdanyndan bäri maňlaýyndaky ýara yzynda peýda bolan ýiti agyra üns bermejek bolýardy. Üstesine, ol gijelerine ibaly uklap hem bilenokdy. Newil bolsa, Harri synaglary alada edýäni üçin  biynjalyk bolýandyr öýdýärdi. Hakykatda welin, ony gijelerine gara basýardy. Üsti-başy gana boýalan bir alOl bassy düýşüne girip, Harrini hopukdyryp oýary ardy.

Belkem, Harriniň tokaýda nämäni başdan geçirendigini bilmänsoňlar, onsoňam olaryň maňlaýynda zol-zol sanjyp duran ýara yzy bolmansoň, Ron bilen Germiona Jadygöýiň daşy barada beýle alada galýan hem däldirler. Olar Woldemortdan öler ýaly gorksalar-da, ol edil Harriniňki ýaly düýşlerine girip durmansoň, özleriniň synaglaryna taýýarlanmak bilen başagaýdylar. Şonuň üçin olaryň Sneýp ýa-da başga biri barada pikirlenmäge düýbünden wagtlary hem ýokdy.

Olaryň iň soňky synagy Jadygöýligiň taryhy dersinden boldy. Özi bulaýan gazanjyklary oýlap tapan telbe jadygöýler baradaky sowallara bir sagadyň dowamynda jogap ýazdyklary, synagyň netijeleri belli bolýança, olar bir hepdelik erkinlige çykyp bilýärdiler. Professor Binsiň ruhy döwet galamy goýup, synag kagyzlaryny tabşyrmaklaryny soranda Harri okuwçylary ň şatlykly el çarpyşmalaryna goşulman durup bilmedi.

Arassa howadan dem almak üçin köşgüň daşyna — güneşli gök meýdança tarap barýan mähellä goşulyşanlarynda Germiona:

— Ahli zat meniň pikir edişimden has aňsat boldy — diýdi. — Ýarym möjek adamlarynyň 1637-nji ýyldaky özlerini alyp baryş kodeksi bilen Elfrik Gujurlynyň gozgalaňyny öwrenmesemem boljak eken.

Germionanyň her synagdan soň, berlen jogaplaryň dogrudygyny ýa nädogrudygyny barlamak gylygy bardy, ýöne bu gezek Ron beýtmegiň özüne ýakmaýandygyny aýdansoň, olar kölüň gyrasyna baryp, agajyň düýbüne çökdüler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Ekiz Wizliler bilen Li Jordan Güne çoýunmak üçin ýalpaklyga çykan äpet kalmary tutup, onuň murtyndan çekişip oturan ekenler.

— Indi okuw ýok — diýen Ron uludan dem alyp, otuň üstüne gyşardy. — Harri, sen nämä begeneňok? Synaglarymyzy erbet ýa gowy tabşyrandygymyzy bilýänçäk ylaýyk bir hepde bar. Şoňa çenli hiç zady gaýgy etme!

Harri zol-zol maňlaýyny sypalaýardy.

— Bu nämäniň alamatyka? — diýip, ol gaharly dillendi. — Maňlaýymyň çapyk ýeri ýöne agyryp dur. Öňlerem-ä agyrýardy welin, ýöne häzirki ýaly azar berip durmazdy.

Germiona oňa hanym Pomfreýe görünmegi maslahat berdi. Harri:

— Men ýarawsyz däl. Ýaramyň agyrmasy ýöne ýere däldir. Nähilidir bir erbetlik ýakynlaşyp gelýän bolmaly — diýip jogap berdi.

Ron biderek zada kellesini agyrtmak islemedi, şonsuzam jokrama yssy onuň janyna hoş ýakyp baranokdy.

— Harri, köşeşsene. Germiona dogry aýdýar. Dambldor barka Jadygöýiň daşyny hiç kim ogurlap bilmez. Sneýpiň Flaffiniň deňinden nädip geçmelidigini anyklap-anyklamandygynam entek bilemzok ahyry. Geçen gezek ol tas aýaksyz galypdy, men-ä Sneýpiň ýene-de töwekgelçilik etmäge bogny ysar öýdemok.

Hagridem Dambldora hyýanat edýänçä, Newil Angliýanyň milli Kwiddiç toparynda oýnar.

Harri baş atyp, Ronuň aýdanlaryny oňlasa-da, nähilidir bir zady ýatdan çykaran ýaly alasarmyk duýgulardan aýňalyp bilmedi. Ol özüniň şu ýagdaýyny dostlaryna düşündirmekçi bolanda, Germiona:

— Muňa synaglar günäkär. Menem geçen gije nädip oýananymam bilmändirin. Bir görsem, keşp üýtgetmek dersiniň synagyna taýýarlanyp otyryn. Bu dersiň synagynyň eýýäm geçendigi soň ýadyma düşäýdi — diýdi

Şonda-da Harri bu düşnüksiz duýgynyň synaglar bilen baglanşykly däldigine anry ýany bilen düşünip durdy. Çüňküne hat gysdyrylan bir baýguşuň köşge tarap uçup barýandygyna gözi düşen Harri oýa batdy. Oňa diňe Hagrid hat ýazýardy. Hagrid hiç

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

haçan Dambldora hyýanat etmez. Hagrid Flaffiniň deňinden nädip geçmelidigini hiç kime aýtmaz. Hiç haçan... ýöne...

Ol laňňa ýerinden galdy.

Ron ýarym ukuly halda ondan:

— Sen nirä barýaň? — diýip sorady.

— Meň bir zat ýadyma düşdi — diýip jogap berende Harriniň ýüzi duw akdy. — Biz häziriň özünde Hagridi görmeli.

Onuň yzyndan galmajak bolup alňasap baiýan Germionanyň demi demine ýetenokdy.

— Näme üçin?

— Size birneme geňräk dälmi näme?.. — diýen Harri eýýäm ýapgytdan aşaklygyna ýöräp barýardy.

— Hagrid çagalykdan aždarhaly bolmagy arzuw edýär eken. Birdenkä, ol nätanyş biriniň üstünden baraar. Nätanşyňam jübüsinden aždarhanyn ýumurtgasy çykýar. Bu otarylan erteki size geň dälmi? Siz, heý, jübüsinde aždarhanyň ýumurtgasyny göterip ýören adama gabat geldiňizmi, hä?! Onsoňam beýtmek kanuna-da garşy! Hagrid hem, gel-gel, şolar ýaly birine duşaýmalymy diýsene. Men bu hakda näme üçin öň pikirlenmedimkäm?

Ron:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Sen nämeler aýdyp dursuň? — diýdi. Emma tokaýa tarap haýdap barýan Harri onuň sowalyny jogapsyz goýdy.

Balagydyr köýneginiň ýeňi çermelen Hagrid öýüň daşyndaky kürsüde oturyp ullakan jamyň içindäki nohutlary arassalaýardy.

Hagrid olary gören badyna:

— Salam! — diýip ýylgyrdy — Synaglaryňyz gutardymy? Belki, biraz çaý içersiňiz?!

— Elbetde...

Harri bada-bat Ronuň sözüni böldi.

— Ýok, biz howlugýas. Hagrid, men senden bir zat soramaly. Norberti utan gijäň ýadyňa düşýärmi? Seň bilen kart oýnan nätanşyň keşbi nähilidi?

— Bilemok — diýip, Hagrid perwaýsyz jogap berdi

— Ol başyndaky ýapynjasyny ýeke gezegem aýyrmady.

Olaryň üçüsiniňem özüne haýran galyp seredişýändiklerini gören Hagrid gaşyny çytdy.

— Bu ýerde geň görüp oturasy zat ýok. Obanyň «Ýekegapan kelle» atly meýhanasy bar. Oňa her hili täsin adamlar üýşýär. Ol aždarha söwdagäri bolup bilerä, şeýle dälmi?! Men onuň ýapynjasyndan ýaňa ýüzüni görüp bilmedim.

Harri nohutly jamyň gapdalyna çökdi.

— Sen oň bilen näme hakda gepleşdiň? Hogwarts hakda, heý, bir zatlar aýtdyňmy?

— Mümkin — diýip, ýadyna salmaga synanyşan Hagrid seňrigini ýygyrdy. — Hawa, hawa. Ol menden name bilen meşgullanýandygymy sorady. Menem oňa bu ýerde gözegçi bolup işleýändigimi aýtdym. Nähili haýwanlara göz-gulak bolýandygymy sorady, onsoň menem jogap berdim. Men oňa aždarha edinmek arzuwymyň barlygyny aýtdym, sonar bolsa... Ýadymdan çykyşypdyr-da...

Ol maňa içgi hödür etdi. Hany, ýadyma saljak bolaýyn...

Hawa, soňra ol özünde aždarha ýumurtgasynyň bardygyny, eger kartda utsam ony berjekdigini aýtdy. Ýöne ol meniň aždarha esewan bolup biljekdigime göz ýetirmelidi. Ýumurtgany her öňýetene bermek islemeýändigini duýdurdy. Şonuň üçin men: «Flaffa gözegçilik edýärkäm, aždarha seretmek itiň aňsady-la» diýdim.

Harri tolgunsa-da, özüni parahat alyp barjak bolýardy.

— Onsoň, ol: «Flaffi kim?» diýibem soradymy?

— Hawa. Sorady. Günde üç kelleli ite gabat gelnip durmy näme, hatda Hogwartsyň töwereginde-de ony gören az-azdyr. Onsoň men oňa: «Köşeşdirmegiň ugruny tapsaň, Flaffi edil mumly ýüplüge dönýär. Oňa biraz saz çalyp berseň, tapba uka gidäýer» diýdim...

Birdenem Hagridiň zähresi ýarylan ýaly boldy.

— Wah, meň dilim gursun-la! Bu zatlary size aýtmaly däldim-ä men. Aramyzdaky gürrüňi ýatdan çykaryň! Ýogsa-da, siz nirä barýaňyz?

Harri, Ron we Germiona dagy güneşli howada bir salym gezim edenlerinden soň, göwünlerine öňküden has sowuk hem garaňky ýaly bolup görnen köşgüň girelgesine ýetýänçäler, biri-birlerine ýeke agyz sözem aýtmadylar.

Ahyrsoňy Harri:

— Biz häziriň özünde Dambldoryň ýanyna gitmeli — diýdi. — Hagrid şol nätanşa Flaffiniň deňinden nädip geçmelidigini aýdypdyr. Ýüzüni gizlän şol nätanşam ýa Sneýpdir ýa-da Woldemortdyr. Içirip lül-gammar edensoň, Hagridi gepletmek oňa gaty ýeňil düşendir. Dambldor bize ynanar. Beýn böwet bolmasa, Faýrenzem bize arka çykardy. Dambldoryň iş otagy niredekä?

Hamala kimdir birinden haraý gözleýän ýaly töwerege garanjaklaýan bu üç dostuň hijisem şu wagta çenli «Dambldor pylan ýerde ýaşaýarmyş» diýip eşitmändiler. Olar Damldoryň ýanyna ugradylan okuwçynyň barlygynam, ýoklugynam bilenokdylar.

— Biz häzir... — diýip, Harriniň gepe başlanam şoldy welin, girelgede kimdir biriniň sesi ýaňlanyp gitdi.

— Siz bu ýerde näme işleýäňiz?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol professor Makgonagal eken. Onuň elmde bir topar kitap bardy.

Germiona:

Biz professor Dambldory görmeli — diýip, bada-bat jogap berdi. Harridir Ron onuň beýle ýürekli bolup bilşine haýran galdylar.

Professor Makgonagal hamala gulagynyň eşidýänine ynanmaýan ýaly:

— Professor Dambldory görmeli — diýip, Germionanyň aýdan sözlerini gaýtalady. — Näme üçin?

Harri näme diýip jogap berjegini bilmän ýuwdunyp, çalajadan dillendi:

— Bu bir gizlin syr.

Professor Makgonagalyň uzyn hem jüýk burnundan dem alşynyň ýygjamlaşanyny aňanynda Harri özüniň beren jogabyna ökündi.

— Professor Dambldoryň gidenine on minut boldy

— diýip, Professor Makgonagal göwünli-göwünsiz jogap berdi. — Baýguş oňa Jadygöýlik ministrliginden möhüm hat getirdi. Şonuň üçinem ol Londona uçmaly boldy.

— Ol gitdimi? — diýip, Harri ör-gökden geldi. — Şu wagtmy?

— Professor Dambldor beýik jadygöý, Potter, onuň wagty örän çäkli.

— Ýöne biz oňa möhüm bir zady aýtmalydyk-da.

— Seniň aýtmaly zadyň Jadygöýlik ministrliginiň çakylygyndanam wajypmy, Potter?

Harri gümmi-sümmi edip oturmagy uslyp bilmän:

— Diňläň! Professor! Gürrüň Jadygöýiň daşy barada gidýär — diýdi.

Professor Makgonagal beýle jogaby eşiderin diýip asyl oýuna-da getirmändi. Elindäki kitaplar ýere gaçanynda, ol birhili, ukudan oýanan ýaly bolup gitdi-de:

— Sen nädip bilýäň? — diýip, Harrä alaryldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Professor, men... men... Kimdir biri Daşy ogurlajak bolýarmyka öýdýän, ýok öýdemok, anyk bilýän. Şonuň üçinem men professor Dambldory göräýmeli.

Professor Makgonagal olara haýran galyjylyk hem ynamsyzlyk bilen seretdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Professor Dambldor ertir dolanyp geler — diýip, ol ahyrsoňy dil ýardy. — Siziň Jadygöýiň daşy barada näme eşidendigiňiz-ä bilemok welin, ýöne ondan gaty arkaýyn bolaýyň. Daşy hiç kim ogurlap bilmez, ol berk gorag astynda.

— Professor, ýöne...

— Potter, men näme aýdýanymy gowy bilýän — diýip, professor Makgonagal Harriniň sözüni böldi-de, kitaplary galdyrmaga durdy. — Daşaryk çykyp birsellem arassa howadan dem alsaňyz nädýär?! Şeýtseňiz,hemme zat düzeler.

Emma olar duran ýerlerinden butnamadylaram.

Professor Makgonagalyň sesýetim aralykdan daşlaşandygyna göz ýetiren badyna Harri:

— Şu gije — diýip pyşyrdady. — Sneýp şu gije gizlin gapydan geçmekçi bolýar. Ol özüne gerek bolan zatlaryň ählisini bildi, Dambldoram aradan aýyrdy. Şol

hatam onuň özi iberendir. Jadygöýlik ministrligindäki işgärleriň Dambldory görüp, «Bu näme üçin geldikä?» diýşip haýran galjakdyklaryna men islendik zatdan ant içip biljek.

— Ýöne biziň elimizden gelýän...

Germiona sözüniň soňuny aýdyp bilmän, uludan dem aldy. Harridir Ron derrew yzlaryna öwrüldiler.

Olaryň ýeňse tarapynda Sneýp durdy.

— Gündiziňiz haýyrly bolsun! — diýip, ol çylkasyzlyk bilen habar gatdy.

Olaryň üçüsi hem Sneýpe aňkarylyşyp durdular. Soň Sneýp:

— Şeýle ajaýyp günde daş çyksaňyz bolmaýarmy? — diýip, ýasama hem ýaňsyly ýylgyrdy.

— Biz ýöne bir...

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Siz seresap bolaweriň! Beýdip kaňkaşyp ýörseňiz, il-gün siz bir zadyň küýüne düşensiňiz öýder. Griffindor öýüniň bolsa indi bal ýitirerlik ýagdaýy ýok bolsa gerek, şeýle dälmi?!

Harriniň ýüzi gahardan ýaňa çym gyzyl boldy. Daşaryk çykjak bolup durkalar, Sneýp olary yzyna çagyrdy.

Saňa duýdurýan, Potter. Ýene-de ýekeje gezek gije aýlanyp ýöreniňi göräýsem, seni okuwdan kowman goýmaryn. Onda, baryn ötägidiň!

Sneýp mugallymlar otagyna tarap ýöneldi.

Daşky basgançaga çykanlarynda Harri haýal etmän dostlaryna ýüzlendi.

— Bolýar, häzirki etmeli zatlarymyz şulardan ybarat. Biziň haýsam bolsa birimiz Sneypi yzarlamaga gitmeli. Mugallymlar otagynyň daşynda garaşyp, ol nirä gitse yzyna düşmeli. Germiona, muny sen oňarmykaň diýýärin.

— Näme üçin men?

Ron:

— Näme üçindigi düşnükli ahyryn — diýdi. — Sen professor Flitwige garaşan bol-da duruber.

Ron sesini gyzyňka meňzedip, ýene-de sözüniň üstüni ýetirdi.

— Professor Flitwik, men 14-nji soraga ýalňyş jogap berdimmikäm diýip şeýlebir gaýgy edýärin...

Germiona:

— Gapylsana! — diýip, Rona hemle uranam bolsa, özüne tabşyrylan ýumşy bitirmäge razylaşdy. Soň, Harri Rona ýüzlendi:

— Ýör, bizem üçünji gatdaky geçelgäni garawullasak gowy bolar!

Arman, olaryň bu niýetleri başa barmady. Flaffini mekdebiň beýleki böleginden aýyrýan gapa ýetenlerem şoldy welin, olar ýene-de professor Makgonagala gabat geldiler. Bu gezek ol gazap atyna atlandy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Daşy goramak üçin ummasyz jady ulanylýar ahyryn. Siz indi şolardan has güýçli bolduňyzmy? Samsyklygyňyzy bes ediň! Eger şu töwereklerde aýlanyp ýörendigiňizi eşidäýsem, Griffindordan ýene elli bal aýraryn. Hawa, Wizli, öz ýolbaşçylyk edýän öýümden.

Olaryň umumy otaga dolanaýmakdan başga alaçlary galmandy. Harriniň: «Bolsa-da, Germiona Sneýpiň yzyna düşüp ýör» diýenem şoldy welin, Dolmuş Aýalyň portreti süýşüp, içerde Germiona peýda boldy. Germiona:

— Meni bagyşla, Harri! — diýip ýalbarmaga durdy.

Sneýp otagdan çykyp, meň bu ýerde näme işleýändigimi sorady. Oňa Flitwige garaşyp durandygymy aýtdym. Sneýpem yzyna girip, ony çagyryp berdi. Men diňe şu wagt boşadym. Sneýpiň nirä gidendigini bilýän däldirin.

— Diýmek, indi başga alajymyz ýok-da?! — diýip, Harri uludan demini aldy.

Harriniň ýüzünde reňk-pet galmandy. Rondur Germiona bolsa, onuň yşnakly gözleriniň içine seredýärdiler.

— Men şu gije gitmekçi. Daşy ele salmaga synanyşjak.

Ron:

— Akyiyňdan azaşdyňmy? — diýdi.

— Beýtmek bolmaz — diýip, Germiona-da ör-gökden geldi. — Makgonagal bilen Sneýpden eşitmelimizi eşitmedikmi näme?! Seni okuwdan çykararlar, ahyryn.

— Goý, çykarsynlar! — diýende Harriniň sesi batly çykdy. — Siz näme hiç zada düşüneňzokmy? Sneýp daşy eline aldygy, Woldemort dolanyp geler. Ol öňem bir gezek ýurda gan çaýkapdy ahyry. Siz näme şony bileňzokmy? Eger şol pajyga ýene bir gezek gaýtalanaýsa, onda Hogwartsam bolmaz, zadam bolmaz. Onsoň, okuwdan çykjak diýseňizem siziň mekdebiňiz bolmaz. Ol Hogwartsy ýer bilen ýegsan eder ýa-da ony Gara Jadygöýlik mekdebine öwrer. Ana, şonda bal ýygnamak diýen düşünje-de galmaz. Griffindorlar öý kubogyny eýeleseler, ol sizi, siziň maşgalaňyzy gününe goýar öýdýäňizmi? Eger daşa ýetmezimden ozal ele düşäýsem, onda, näme, Darslilere dolanyp bararyn-da «Woldemort haçan janymy alarka?» diýip, garaşyp ýatmaly bolaryn. Sebäbi men hiç wagt gara güýje boýun egmerin. Men şu gün hökman gizlin

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gapydan geçerin, siz bolsa näme diýseňizem meni saklap bilmersiňiz. Woldemort meň enem-atamy öldürrdi, ýa siz eýýäm muny unudaýdyňyzmy?

Harri olara çiňerilip seretdi.

— Sen dogry aýdýaň, Harri — diýip, Germiona pessaý ses bilen dillendi.

— Men göze görünmeýän ýapynjany peýdalanaryn. Ony yzyna getirenleri hem bir gowy zat.

Ron:

— Ýöne ol biziň üçümiziňem üstümizi örtmäge ýetennikä? diýdi.

Üçümiziň... üçümiziňem diýdiňmi?

— Goýsana, biz näme seň ýeke özüňi goýbereris öýtdüňmi?

— Elbetde, ýok — diýip, Germiona bada-bat onuň sözüni alyp göterdi. — Sen daşy bir özüň tapyp bilerin öýdýäňmi?! Men gidip, kitaplara göz gezdireýin. Peýdaly zatlaryň üstünden baraýmagym mümkin...

— Birden ele düşäýsek, siziň ikiňizem okuwdan çykararlar ahyryn.

Germiona:

— Çykarybam görsünler — diýip, pert jogap berdi,

— Flitwik maňa synagdan ýüz ýigrimi göterim netije alandygymy buşlady. Şonuň üçinem olar meni okuwdan çykaryp bilmezler.

Agşam naharyndan soň, olar üç bolup, aljyraňňy halda, umumy otagyň bir çetine geçip oturdylar. Olaryň towugyna tok diýýän ýokdy. Aslynda, baýaky wakadan soň, griffindorlylaryň hiç haýsysy Harri bilen gepleşenokdylaram. Munuň şeýle bolmagyny Harri ilkinji sapar özüne bähbit saýypdy. Germiona aldygyna bellikler depderine göz gezdirýärdi. Ol gorag jadylaryndan geçmäge ýardam berjek maslahatlaryň üstünden bararyn öýdýärdi Harri bilen Rondan welin ses-üýn çykanokdy. Olaryň ikisi hem özlerine nämeleriň garaşýandygy hakda pikirlenýärdiler.

Okuwçylaryň düşeklerine geçip başlamagy bilen umumy otag dura-bara boşady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Li Jordan gernip hem pallap, otagdan iň soňky bolup çykyp gideninden soň Ron:

— Sen ýapynjaňy alyp gelseň gowy bolar — diýip pyşyrdady.

Harri basgançaga ylgap çykdy-da, garaňky otaglaryna bardy. Egin-eşikleriniň arasyndan ýapynjasyny alanda, Hagridiň Roždestw o baýramçylygynda özüne sowgat beren tüýdüjegine gözi düşdi. Flaffa çalyp bermek niýeti bilen ony jübüsine saldy. Onuň bu wagt saz çalmaga höwesi ýokdy.

Soňra Harri umumy otaga dolanyp geldi.

— Ýapynjanyň üçümiziň üstümizi örtüp, örtmeýändigini şu wagt barlaýalyň. Eger Filç aýaklarymyzyň üstünde göwrämiziň ýoklugyny göräýse...

Birdenem otagyň bir burçundan kimdir biriniň:

— Siz bu ýerde näme işleýäňiz? — diýen sesi eşidildi. Bu kürsiniň aňyrsyndan peýda bolan Newiliň sesidi.

Ol özüniň gollaryndan sypjak bolup urunýan Trewor atly gurbagasyny gujagyna gysyp durdy.

— Hiç zat Newil, hiç zat — diýip, Harri elindäki ýapynjasyny bada-bat arkasynda gizledi.

Newil olaryň müýnli görünýän ýüzlerine çiňenlip seretdi.

— Siz ýene-de daşaryk çykmakçy bolýaňyz gerek?!

Germiona:

— Ýok, ýok — diýdi. — Ýok, biz hiç ýerigem gitjek bolamzok. Newil, sen düşegiňe geçseň nädýär?!

Harri gapynyň golaýynda duran köne sagada göz aýlady. Olar mundan artyk wagt ýitirip biljek däldiler.

Edil häzir Sneýpiň Flaffini uklatmak üçin saz çalyp duran bolmagy-da ähtimaldy.

Newil:

— Siz daşaryk çykmarsyňyz — diýip, pert jogap berdi. — Ele düşäýseňiz, ýene-de Griffindor öýüne zyýan ýetirersiňiz.

— Sen hiç zada düşüneňok — diýip, Harri oňa gep düşündimiäge synanyşdy. — Bu gaty wajyp.

Newil olary saklamak üçin hiç zatdan gaýtmajaga meňzeýärdi.

— Men sizi goýbermen — diýip, ol gapynyň agzyna geçdi. — Men siziň bilen urşaryn.

Ronuň sabyr käsesi dolupdy.

— Newil, akmak bolma-da, ýoldan aýryl, şu ýerden garaňy saýla!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Maňa akmak diýme. Men-ä siz tertip-düzgüni bozmasaňyz gowy görýärin. Onsoňam «gerek ýerinde adama gaýtawul bermegi başarmaly» diýýän özüň dälmidiň?!

— Hawa mendim. Ýöne sen bize garşy çykmaly däl — diýip Ron janyýangynly seslendi. — Newil, sen näme edýäniňi bileňok.

Ol öňe bir ädim ätdi, Newil elindäki gurbagasyny ýere oklady. Berk gollardan sypan Trewor derrew gözden gaýyp boldy.

— Bol, gel, meni ur hany — diýip, Newil ýumruklatyny düwdi. — Men taýýar.

Harri Germiona seretdi.

— Munuň bir alajyny tapmasag-a boljak däl!

Germiona öňe süýşdi.

— Newil, meni bagyşla, meň beýdesim-ä gelenokdy welin...

Germiona taýajygyny ýokaryk göterdi-de, ony Newile gönükdirip:

— Petrifikus Totalus — diýdi.

Newiliň elleri iki tarapyna gysyldy, aýaklary bolsa biri-birine ýelmeşdi. Onuň tutuş bedeni doňup galypdy.

Ol duran ýerinde iki ýana çaýkanyp, düýbünden çapylan agaç dek ýüzinligine ýykyldy.

Germiona ylgap baryp, ony beýlesine öwürdi. Onuň agzy hem doňup galypdy. Şonuň üçin Newil gürläbem bilenokdy. Ol gözlerini elek-çelek edip, gymyldaman ýatyrdy.

Harri:

— Sen oňa näme etdiň? — diýip pyşyrdap sorady.

— Muňa «Tutuşlygyna doňdurmak» jadysy diýilýär

— diýip, Germiona gussaly dillendi. — Wah, Newil, meni bagyşla!

Harri:

Başga çykalgamyzam ýokdy, düşündirmäge-de wagtymyz hem bolmady —

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

diýdi.

Newiliň üstünden ätläp, göze görünmeýän ýapynjany eginlerine atyp durkalar, Ron:

— Soň sen bar zada düşünersiň — diýdi.

Elbetde, Newili beýdip taşlap gitmek dogry däldi. Emma olar muňa mejbur boldular. «Gorkana goşa görner» diýlişi ýaly, ýolda duşan heýkelleriň kölegesi olaryň gözüne Filç bolup görünýärdi. Şemal birsyhly şuwwuldanynda bolsa, olaryň göwnüne garaňkylykdan Piws atylyp çykjak ýalydy. Basgançagyň deňine ýetenlerinde, hanym Norrisiň ýokarda aýlanyp ýörendigini gördüler.

— Ýör, ony depeli-le, iň bolmanda şu gezejik — diýip, Ron Harriniň gulagyna pyşyrdady. Harri «Ýok» diýen manyda başyny ýaýkady. Olar ýuwaşlyk bilen pişigiň deňinden geçdiler. Hanym Norris ýanyp duran gözleri bilen olara dikanlap seredenem bolsa, hiç zat aňmady.

Üçünji gata eltýän basgançaga ýetýänçäler, olar hiç kime gabat gelmediler. Ynha-da, Piws «üstünden basan ýykylsyn» diýip basgançaga berkidilen halyny ortarasyndan gowşadyp dur.

Olar ýokaryk galyp başlanlaryna mähetdel Piws:

— Bu ýerde kim bar? — diýip seslendi. Ol eýmenç gara gözlerini süztibräk seretdi. — Seni görmesemem, şu ýerdedigiňi bilýän. Sen jynmy, arwahmy ýa-da garagol okuwçyjykmy?

Piws ýokaryk göterilip, howada gaýyp ýörşüne olardan gözüm aýyrmady.

— Filçi çagyraýsammykam? Kimdir biri göze görünmän töwerekde aýlanyp ýören bolsa, Filçi çagyraýmakdan başga alaç galanok.

Birden Harriniň kellesine bir pikir geldi.

— Piws! — diýip, ol gyryljyk sesi bilen pyşyrdady.

— Ganly Baronyň göze görünmezliginiň özüne ýetesi sebäbi bar.

Zähresi ýarlara gelen Piws tas aşak gaýdypdy. Her näme-de bolsa, ol basgançaga patlap düşmänkä saklanyp ýetişdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Meni bagyşlaň, siziň aly hezretleriňiz, jenap Baron! — diýen Piwsiň sesi bu sapar aşa sypaýy eşidildi. — Men günäkär, şeýlebir günäkär. Men sizi gönnändirin. Elbetde, görmedim. Siz göze görneňzok ahyryn. Görgüli Piwsiň bu ýerliksiz degişmesini bagyşlaň, jenap!

— Meň bu ýerde işim bar, Piws — diýip, Harri boguk sesine bat berdi — Şu gije sen bärde görünme.

Piws ýene-de ýokaryk göterildi.

— Bolýar jenap, siziň aýdyşyňyz ýaly ederin. Işleriňiz ugruna bolar diýip umyt edýän, Baron. Men sizi bimaza etmen.

Ol dessine gözden gaýyp boldy.

Ron:

— Berekella, Harri — diýip pyşyrdady.

Birsalymdan olar üçünji gatyň geçelgesiniň öňüne bardylar. Kimdir biri eýýäm içerik girip, gapyny açyk goýupdyr.

— Ynha, geldik — diýip, Harri çalaja dillendi: — Sneýp eýýäm Flaffiniň deňinden geçipdir.

Açyk duran gapy olaryň sussuny basmak bilen birlikde öňde howpuň garaşýandygyny hem duýdurýardy. Harri ýapynjanyň aşagyndan dostlaryna garady.

— Yzyňyza dolanasyňyz gelse, men garşy bolman. Ýapynjanam äkidip bilersiňiz. Ol indi maňa gerek däl.

Ron:

— Biderek gürrüň etme! — diýdi.

— Bizem yzyňdan galmarys — diýip, Germiona onuň sözüni tassyklady.

Harri sähel açylgy gapyny itdi.

Gapy jygyldap giňden açylan badyna, güňleç hyrryldy eşidildi. It paşşyldap dem alýan üç sany temegini öňe tutup, olary göýä görýän dek ysyrganýardy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Onuň aýagynyň ýanynda bir zad-a dur! — diýip, Germiona çalaja pyşyrdady.

Arfa ýaly-la. Ony Sneýp goýup gidendir.

Harri:

— Saz çalmagyny goýan badyňa it oýanýan bolmaly — diýdi. — Başladyk onda...

Ol tüýdüjegi agzyna ýetirip üfledi. Ondan çykýan saz meniňki bolsun diýer ýaly däl hem bolsa, owaz eşidilen badyna itiň gözleri ýumlup ugrady. Çalmakdan ýaňa demi gutarara gelse-de, Harriniň sazy bes etmäge bogny ysanokdy. Ýuwaşýuwaşdan itiň hyrryldysy ýatdy, ol aýak üstünde durup bilmän, garysyna ýassanyp, süýji uka gitdi.

Üstlerinden ýapynjany aýryp, gizlin gapa tarap süýşenekläp başlanlarynda, Ron:

— Saz çalmagyňy bes edäýmegin — diýip, Harrini habardar etdi.

Itiň äpet kelleleriniň deňine ýetenlerinde, onuň aňkap duran gyzgyn demi ýüzlerine haplap urdy.

Ron:

— Gapyny açyp bolarmyka? — diýip, itiň arkasyna äňetdi. — Germiona, belki, sen ilki gidersiň?!

— Ýok, gitmen.

— Bolýar-da.

Ron hyrçyny dişläp, seresaplylyk bilen itiň aýagynyň üstünden ätledi, eglip, gapynyň halka şekilli ullakan tutawajyndan çekdi. Gapy giňden açyldy.

Germiona sabyrsyzlyk bilen:

— Näme görýäň? — diýip sorady.

— Hiç zat göremok. Bäri garaňky. Bu ýerde aşak düşer ýaly basgançagam ýok, bökmeli bolaýmasak.

Entegem saz çalyp duran Harri elini galgadyp, üm bilen Rona bir zatlar düşündirmekçi boldy. Ron Harrä garap:

— Iň öňden özüň gidesiň gelýärmi? Bolýar-da. Ýöne men bu ýeriň näçeräk çuňdugyny bilýän däldirin. It oýanmaz ýaly tüýdügi Germiona geçiräý.

Harri tüýdügi Germiona uzatdy. Şojagaz pursatda it hyňranyp, aýaklaryny däbşenekledip ýetişipdi, ýöne Germionanyň saz çalyp başlamagy bilen it ýene süýji uka gitdi.

Harri itiň üstünden ätläp geçdi-de, dik aşaklygyna gidýän geçelgä boýnuny uzadyp seretdi. Onuň düýbi görnenokdy.

Harri deşigiň erňeginden ýapyşyp, göwresini aşak goýberdi. Çukuryň içine sallanyp durşuna başyny galdyryp Rona seretdi.

— Eger maňa bir zat bolaýsa, bökmäň. Baýguş saklanýan jaýa gidiň-de, Hedwigi göni Dambldoryň ýanyna iberiň. Bolýarmy?

— Bolýar.

Harri: «Nesip bolsa, ýene görşeris» diýdi-de elini goýberdi, Onuň gulagynda sowuk hem dymyk howa şuwlaýardy. Ol bolsa şol aşaklygyna gaýyp barÝardy. Birdenem ol birgeňsi tutuk ses edip, nähilidir bir ýumşak zadyň üstüne düşdi. Harri ýerinden galyp, daş-töweregini sermemäge durdy. Garaňkyda hiç zady saýgarar ýaly däldi. Ol göýä nähilidir bir ýumşak ösümligiň üstünde duran ýalydy,

— Ähli zat gowy! — diýip, Harri ýokarda çalarak görünýän ýagtylyga seredip gygyrdy. — Bu ýeri ýumşak. Arkaýyn böküberiň.

Ron bökdi. Ol Harriniň gapdalyna düşdi.

Ron ýere düşüp-düşmänkä: "Aýagymyzyň aşagyndaky näme?» diýip sorady.

— Bilemok. Osümlige meňzeýär öz-ä. Ýokardan bökeňde aňsat bolar ýaly ýörite goýan bolaýmasalar. Germiona, bol, senem bök.

Uzakdan eşidilýän sazyň sesi kesildi. It jabjynyp başlanam bolsa, Germiona aşak böküp ýetişdi. Ol Harriniň bir gapdalyna düşdi-de:

— Biz mekdebiň encеme mil aşagynda bolaýmasak— diýdi.

Ron:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bagtymyza bir zadyň üstüne-hä düşäýdik — diýip dillendi. Birdenkä Germiona:

— Bagtymyza diýdiňmi? — diýip çirkin gygyrdy. — Özüňize serediň ahyryn.

Germiona tarsa ýerinden turdy-da, çyg çeken diwara ýetmäge howlukdy. Ol, hakykatdanam, bar güýji bilen öňe dyzady. Sebäbi üstüne düşenine mähetdel ösümlik özüniň ýylan dek baldaklary bilen onuň aýaklary na çyrmaşyp başlapdy. Harridir Ronuň aýaklary bolsa eýýäm duşalgydy. Olar muny hatda aňmandyrlaram.

Ösümlik elinidir aýagyny berk baglap ýetişmänkä, Germiona ondan sypmagy başardy. Ol indi ösümligiň girisinden gutuljak bolup urunýan iki oglana gorkuly gözleri bilen garaýardy, ýöne çabalandyklary saýyn ösümligem çalasynlyk bilen olary gysyp alyp barýardy.

— Gymyldamaň — diýip, Germiona buýruk beriji äheňde seslendi. — Men munuň nämedigini bilýän. Bu Şeýtan Duzagy.

Ron:

— Munuň adyn-a bilýän ekeniň, tüweleme. Bize gaty uly kömek etdiň — diýip azgyryldy. Ösümlik boýnuna oralmaz ýaly ol arkanlygyna gaýyşdy.

— Gapylsana. Men mundan dynmagyň tilsimini ýadyma saljak bolýan.

— Bahymrak bol. Men dem alyp bilemok — diýip, Harri döşüni gysyp başlan baldaklary ýumruklap durşuna demi demine ýetmän zordan dillendi.

— Şeýtan Duzagy, Şeýtan Duzagy. Professor Sprut bu hakda näme diýip-dä?!. Ol garaňkylygy hem çyglylygy halaýar...

Harri eýýäm demigip başlapdy.

— Beýle bolsa, ot ýak.

Germiona ellerini owkalap durşuna:

— Dogry. Şeýtmeli. Ýöne mende odun ýok ahyryn — diýip gygyrdy.

Ron janyýangynyna:

— Akylyňdan azaşdyňmy? — diýip gygyrdy. — Sen — jadygöými ýa ýok?!

— Wiý, hawa-la — diýip, Germiona taýajygyny çykardy. Ony iki ýana galgadyp, jadyly sözleri pyşyrdady. Bimagtlar Sneýpe ulanandakysy ýaly taýajygynyň ujunda gök ýalynjygy emele getirip, ösümlige tarap gönükdirdi. Eýýäm şol pursat oglanlar ýagtylykdan hem ýylylykdan gizlenip başlan ösümligiň öz gysajyny gowşadýandygyny duýdular. Baldaklar towlanjyrap hem silkinjiräp, bedenlerinden syrylyp başlansoň, oglanlar çolaşykdan çykmagy başardylar.

Harri diwara ýaplanyp duran Germionanyň ýanyna baryp, ýüzüniň derini syldy.

— Seniň gerbologiýany okanyňam bir gowy zat, Germiona.

Ron:

— Hawa — diýdi. — Bolsa-da, Harri sen ýaly özüni ýitirmedi. «Odun ýok» diýdiňmi?! Ynanar ýaly däl.

— Bärik geliň — diýip, Harri daşdan ýasalan ýeketäk geçelgäni görkezdi.

Olar öz aýak seslerinden başga diňe diwaryň ýüzünden syrygyp akýan suwuň pessaýja şyrryldysyny eşidýärdiler. Geçelge birden aşaklygyna gaýtdy, bu Harrä Gringotyň garaňky ýerasty geçelgelerini ýatlatdy, Jadyly bankyň ýokary derejeli seýflerini goraýan aždarhalar ýadyna düşende, onuň ýüregine howul düşdi. Birden olar aždarhalara, hakykatdan hem, äpet aždarhalara gabat geläýseler näme?!
Norbertiň ýeke özi olara hupbat baryny beripdi ahyry.

Ron:

— Eşidýäňizmi? — diýip pyşyrdady.

Harri gulak saldy. Ýokardan we öňden bir zatlaryň şagyrdaýan hem pasyrdaýan sesleri eşidilýärdi.

— Ol ýerde ruh bar bolaýmasyn?!

— Bilemok. Göwnüme bolmasa, ganatyň sesine meňzeýär.

— Öňümizde ýagtylyk bar. Men nämedir bir zadyň gymyldaýandygyny görýän.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar geçelgäniň soňuna ýetdiler, öňlerinde ýaý berip duran beýik üçekli ýagty otag peýda boldy. Bu otagyň içi çyrpynyp ganat kakýan ýelekleri her dürli öwüşginli kiçijik guşjagazlardan doludy. Olaryň gabat garşysynda agyr agaç gapy bardy.

— Sen nähili pikir edýäň, otagyň beýleki tarapyna geçsek, guşlar üstümize topulaýarlarmyka?! — diýip, Ron Harrä ýüzlendi.

— Topulmazlyklaram ahmal. Olar daşyndan-ha adama degjege meňzänok. Birdenem, çozaýsalar näme? Aý, barybir, alajymyz ýok. Men onda gitdim.

Harri uludan demini aldy. Elleri bilen ýüzüni ýapyp, otagyň beýleki tarapyna ylgady. Haýdap barşyna ýiti çüňkleriňdir dyrnakly penjeleriň özüni ýolum-ýolum etjekdigi hakda oýlandy, ýöne hiç zat bolmady. Ol gapa sag-salamat ýetdi. Tutawajy çekip gördi, gapy ýapyk eken.

Rondur Germiona ylgaşlap Harriniň ýanyna bardylar. Gapyny çekibem gördüler, itibem, ýöne gapa hiç zat, hatda Gemüonanyň Alohomora jadysy hem täsir etmedi.

Ron:

— Indi näme etmeli? — diýip sorady.

Germiona guşlara göz aýlady.

— Bu guşlary bärik ýöne ýere gabap goýan däldirler.

Olaryň üçüsi hem guşlary synladylar. Howada pasyrdaşyp ýören bu guşlar biçak üýtgeşik öwşün atýardylar.

Birdenem Harri:

— Olar guş däl! — diýdi. — Olar açarlar, ganatly açarlar! Ünslüje serediň. Diýmek, bu nämäni aňladýar..

Ron bilen Germiona bir süri açarlardan gözlerini aýryp bilmän durkalar, Harri otaga göz aýlady.

— Ynha, serediň! Uçýan sübseler dur! Biz gapyny açjak açary tapmaly.

— Ýöne olaryň sany-sajagy ýok ahyryn.

Ron gapynyň gulpuny gözden geçirdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bize ullakan gadymy açar gerek. Gapynyň tutawajy ýaly kümüşden ýasalan bolmagam mümkin.

Olaryň hersi bir sübsäni garbap alaga-da, ýokarda wag berýän açarjyklaryň deňine galdylar. Ýöne jadylanan açarlar bir aşak, bir ýokaryk uçup, şeýlebir çalasyn hereket edýärdiler welin, olary tutmak asla tnümkin däldi.

Harri ýöne ýere asyryň iň ýaş oýunçysy adyny almandy. Onuň beýleki adamlaryň gözüne ilmejek zatlary görmäge ukyby bardy, Aldygyna pasyrdaşýan älemgoşar ganatly açarlaryň arasynda birsalym aýlanansoň, birden onuň gözi ýaraly ganatly açara düşäýdi. Açar göýä eýýäm tutulyp, zor bilen gulpa salnan ýalydy.

Harri:

— Hanha, hol açar — diýip gygyrdy. — Ullakany, ho-ol ýerde. Ýok, ýok, beýlede, hanha, ýelegi açyk gök reňkde. Bir ganatynyň ýelekleri hem somalyşyp çykyp durandyr.

Ron Harriniň görkezen tarapyna bat bilen uçdy, ýöne üçegi süsüp, tas sübseden agypdy.

— Ony bir burça gabamak gerek — diýip, Harri ýaraty ganatly açardan gözüni aýyrman gygyrdy. — Ron, sen ýokardan bar. Germiona, sen bolsa aşakdan goýbermän sakla, menem ony tutjak bolaýyn. Başladyk!

Ron dik aşaklygyna gaytdy, Germiona ýokaryk göterildi, açar olaryň ikisinden hem sowlup ýetişdi. Harri onuň yzyndan okduryldy. Açar welin diwara tarap ýelk ýasady. Harri biraz öňe egildi-de, açary eli bilen diwara kakyp goýberdi. Ondan ýakymsyz şyrkyldy eşidilip gitdi. Rondur Germionanyň şatlykly el çarpyşmalary otagyň içine ýaň saldy.

Olar bada-bat ýere gondular. Harri elinde iki ýana urunýan açary zordan saklap, gapa tarap ylgady. Ol açary gulpa dykdy-da towlady. Olar gerek açary tutupdyrlar. Gulp şakyrdap açylan badyna açar ýene-de ýokaryk uçdy. Yzly-yzyna iki gezek tutulansoň, onuň ganatlary mürşerilip durdy.

— Taýýarmysyňyz? — diýip, Harri gapynyň tutawajyna elini ýetirdi.

Olar baş atdylar. Harri gapyny açdy.

Indiki otag şeýlebir garaňkydy welm, hiç zat gömenokdy. Ýöne işikden ätlän batlaryna otagyň içi ýagtylyp gitdi. Olaryň öňünde ajaýyp gömüş peýda boldy.

Olar äpet küşt tagtasynyň bir gyrasynda, öz boýlaryndan hem uzyn, gara daşdan oýulyp ýasalana meňzeş küşt mallarynyň edil ýeňsesinde durdular. Olaryň gabat garşysynda, ýagny otagyň beýleki tarapynda bolsa ak mallar hatara düzülgidi. Harri, Ron hem Germiona dagynyň endamy jümşüldäp gitdi. Äpet ak küşt mallarynyň ählisi ýüzsüzdi.

Harri:

— Indi biz näme etmeli? — diýip pyşyrdady.

— Näme etmelidigimiz düşnükli ahyryn. Otagyň beýleki tarapyna diňe küşt oýnap geçmeli.

Ak küşt çöpleriniň arkasynda ýene bir gapy gömüp durdy.

Germiona Ronuň ýüzüne aljyraňňy garady.

— Ýöne nädip?

— Küşt mallaryna öwrülmeli bolaýmasak.

Ron gara atyň ýakynyna baryp, oňa elini degirdi. Birdenem hälki jansyz gara daşa jan girdi duruberdi. At ýeri debsiläp başlasa, onuň üstünde oturan tuwulgaly serkerde Rona seretdi.

— Biz otagyň beýleki tarapyna geçjek bolsak, siz bilen bile küşt oýnamalymy?

Gara pyýada baş atdy. Ron dostlaryna tarap öwrüldi:

— Beýle bolsa, oýlanyşaly hany! Biz haýsy hem bolsa üç sany çöpüň ornuna geçmelimikäk diýýän.

Ron oýa batdy. Seslerini çykarman duran Harridir Germiona ondan gözlerini aýryp bilenokdylar. Ahyry Ron dillendi.

— Gaty görmäň welin, siz küşde edil men ýal-a ökde däl...

— Ýok, biz gaty göremzok — diýip, Harri bada-bat jogap gaýtardy. — Bize näme etmelidigimizi aýtsaň bolýar.

— Beýle bolsa, Harri, sen şu piliň ýerine geç, Germiona, sen bolsa oň gapdalynda, ruhuň ýerinde dur.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sen näme?

— Men at boljak.

Mallar olaryň gürrüňlerim diňläp duran bolara çemeli, çünki Ronuň ýaňky sözleri aýdanyna mähetdel at, pil hem-de ruh beýleki mallara arkalaryny öwürdilerde, küşt tagtasyndan düşdüler. Olaryň ýerlerini Ron, Harri hem Germiona eýeledi.

— Aklar elmydama ilki başlaýar — diýip, Ron tagtanyň beýleki tarapyna ümledi. — Hawa, serediň!

Şol pursat ak pyýada iki öýjük öňe süýşdi.

Ron gara mallara buýruk berip başlady. Olar nirä aýdylsa şol ýere hem ýuwaşlyk bilen süýşýärdiler. Harriniň aýaklary sandyraýardy. Birden utulaýsalar, nähili bolarka?

— Harri, gyýalygyna dört öýjük saga süýş!

Ikinji atlaryny aldyranlarynda olaryň zähreleri ýaryldy. Ak perzi aty bat bilen urup, ýere ýykdy-da, süýräp küşt tagtasynyň üstünden düşürdi. At şol ýerde ýüzin düşüp ýatdy.

Ron gaty howsalaly görünýärdi. — Şeýle göçüm etmeli boldum-da. Bu bize pili almaga mümkinçilik berdi. Bol, hany, Germiona!

Her gezek bir malyny ýitirenlerinde aklar hasam rehimsiz daraşýardylar. Sähel salymda diwaryň dört tarapy hem hereketsiz ýatan gara mallardan doldy. Germionanyň hem Harriniň üstüne iki gezek howp abananynda-da Ron olary soňky pursatda halas edipdi. Onuň özi bolsa küşt tagtasynyň üstünde eýläk-beýläk göçüm edip, mallarynyň näçesini ýitiren bolsa, ak mallaryň hem şonçasyny pürreledi.

Birdenem Ron:

— Ýetip barýas — diýip hüňürdedi. — Gowuja pikirlen, gowuja pikirlen.

Ak perzi ýüzsüz kellesini Rona öwürdi.

— Hawa. Diňe bir ýol bar. Men alynmaly bolýan.

Harridir Germiona:

— Ýok — diýşip gygyryşdylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu küşt oýny. Nämedir bir zady hökman pida etmeli bolýar. Men öňe göçüm ederin, ol bolsa meni alar.

Bu saňa şahy mat etmäge mümkinçilik berer, Harri.

— Ýöne...

— Seniň Sneýpi saklasyň gelýärmi ýa-da ýok?!

— Ron...

— Diňle, eger sen tijenmeseň, Sneýp daşy eýelär.

Olaryň, hakykatdan hem, başga çykalgalary ýokdy.

— Taýýarmysyňyz?

Ronuň ýüzi solgundy, ýöne onuň belli bir karara gelendigi welin ikuçsuzdy.

— Men gidýän. Siz garşydaşyňyzy ýeňeniňizden soň, bu ýerde sähelçe-de eglenäýmäň.

Ronuň öňe ädim ädenem şoldy welin, ak perzi üstüne hüjüm edip, daşdan ýasalan eli bilen onuň kellesine ýelmedi. Ron ýere ýykyldy. Germiona çirkin gygyrsada, ýerinden butnap bilmedi. Ak perzi Rony süýräp, bir gyra çykardy. Ron göýä özünden giden ýalydy.

Harri sandyraklap, üç öýjük çepe süýşdi.

Ak şa başyndaky täjini çykardy-da, ony Harriniň öňüne oklady. Bu olaryň ýeňendigini alamatlandyrýardy.

Küşt çöpleri yza çekilip, gapynyň öňünden aýryldylar. Ýerde süýnüp ýatan Rona soňky gezek umytsyz bakan Harri hem Germiona gapyny açyp, indiki geçelgäniň bosagasyndan ätlediler.

— Birden ol...

— Oňa hiç zat bolan däldir — diýip, Harri hem özüni, hem Germionany köşeşdirmäge çalyşdy.

— Bize ýene nämeler garaşýarka?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Biz eýýäm Spruduň duzagyndan geçdik. Ol Şeýtan Duzagydy, Flitwik açarlary jadylandyr, Makgonagal küştlere jan berendir, diýmek, indi Kwirrel bilen Sneýp öz oýunlaryny görkezmeli-dä.

Olar indiki gapa ýetdiler.

Harri gapynyň tutawajyna elini ýetirdi.

— Gitdik onda.

Ol gapyny giňden açdy.

Otagyň içinde şeýlebir ýakymsyz ys bardy welin,  olar ýektaýlaryny nädip burunlaryna ýetirenlerini duýman galdylar. Bu aýylganç ysa olaryň gözleri ýaşaryp gitdi. Birdenem olar öňki söweşen trollaryndan-da äpet bir troluň ýerde çäşerip ýatandygyny gördüler. Onuň kellesinde bolsa ganjaryp duran çiş bardy.

- Şunuň bilen uruşmaly bolmandygymyza men diýseň şat — diýip, Harri onuň äpet aýagynyň üstünden ätledi.

— Ýör, gideli. Bu ýerde dem alar ýaly däl.

Olar nobatdaky duzak bilen ýüzbe-ýüz gelmekden eýmenip, indiki otagyň işiginden ätlediler, ýöne bu ýerde hiç hili aýylganç zat ýokdy. Otagda stol durdy. Onuň üstünde bolsa, ýedi sany dürli şekildäki çüýşejiklen bir setire düzüp goýupdyrlar.

Harri:

— Ynha-da, Sneýpiň oýny — diýdi. — Indi näme etmelikä?

Otaga aýak basanlaryna mähetdel, olaryň arkalarynda ot alawlady. Gapyny baglan bu ot ýöne-möne ot däldi, ol melewşe reňkdedi. Şol pursat otagyň beýleki tarapyndaky gapynyň öňünde-de gara ot ýokaryk götenldi. Olar duzaga düşüpdiler.

— Seret! — diýip, Germiona çüýşejikleriň gapdalynda goýlan kagyz bölegini garbap aldy. Harri onuň ýeňsesinden seredip, kagyzyň ýüzündäki ýazgyny okady:

Ynha, howp seň öňüňde, yzyňda howpsuz döwrim, Ikimiz kömek berýäs, ýöne özüň et öwrüm. Ýedimizden birimiz alyp gideris öňe, Galan altymyz bolsa yza çekýäris diňe.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Iki sanymyz biziň — krapiwa çakyrly, Üçimiz

—jan alyjy, içgidiris zäherli.

Kimde-kim islemese bärde galmagy baky,

Dört sany aňlatmany biler sözlerimdäki. Birinjiden, zäher dur birýerlere dykylan,

Krapiwa çakyrnyň çep ýanynda bukulan.

Iki gyra ünsli bol, edäýme soň puşmany, Aralykdan ýöreseň, görersiň sen duşmany, Üçünjiden, boýlary deň däl, seret geçeňde, Girdenegiň, äpetiň ölüm ýokdur içinde.

Iň ahyrky hataryň öňündäki duranlar,

Dürli ýaly bolsa-da, meňzeş tagam bererler.

Germiona uludan demmi aldy. Harri onuň ýylgyrýandygyny görüp geň galdy, çünki onuň häzir ýyrşarara ýagdaýy ýokdy.

Germiona:

— Ajaýyp! diýip şadyýan seslendi, Bu jady däl. Bu matal. Beýik jadygöýleň köpüsi pikirlenmegi başarmaýar. Olar bu mataly çözüp bilmän, bärde ömürlik galardylar.

— Biz näme, galmarysmy?!

— Elbetde, galmarys. Şu kagyzyň ýüzünde bar zat aýyl-saýyl bolup dur. Ýedi sany çüýşäniň üçüsinde awy, ikisinde çakyr bar, olaryň biri gara ýalnyň lçinden geçmäge, beýlekisi bolsa melewşe ýalyndan geçmäge kömek eder.

— Ýöne haýsysyny içmelidigini nädip bileris?

— Biraz pikirlenmäge maý ber, hany.

Germiona ýazgyny gaýta-gaýta okap çykdy. Ol çüýşejikleriň deňinden bir eýläk, bir beýläk ýöredi, olara barmagyny çommaldyp, öz ýanyndan nämedir bir zatlar samrady

Ahyrsoňy Germiona:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Tapdym! — diýip elini çarpdy. — Çüýşeleň iň kiçisi bizi gara otdan geçirer. Daşa barýan ýoly görkezer.

Harri kiçijik çüýşä göz aýlady.

— Bu biziň birimize ýetse zor boldugy. Bir owurtlyk bardyr ýa ýokdur.

Olar biri-birlerimň ýüzlerine seredişdiler.

— Bularyň haýsysy seni melewşe otdan geçirer?

Germiona iň sagda duran tegelek çüýşejigi görkezdi.

— Sen şony iç! Meni diňle. Yzyňa dolanyp, bu ýerden Rony çykar. Uçýan açarlaryň otagyndaky sübseleri al! Olar sizi Flaffiden geçirer. Baýguş saklanýan jaýa baryň-da, Hedwigi göni Dambldoryň ýanyna iberiň. Ol bize gaty gerek. Belki, maňa Sneýpi biraz saklamak başardar. Emma ol menden has güýçli.

— Harri, birden oň ýanynda Ady tutulmaýan bar bolaýsa näme?! — Beýle bolsa... Meňki öň bir gezek ugruna-ha bolupdy, şeýle dälmi?! — diýip, Harri ýarayzyna elini degirdi. — Belki, bu gezegem şeýle bolar.

Germionanyň dodaklary müňküldeýärdi. Birdenem ol ylgap baryp, Harriniň boýnundan gujaklady.

— Germiona!

— Harri! Bilýäňmi, sen beýik jadygöý!

Germiona boýnundan gollaryny goýberensoň, Harri uýaljyrap:

— Edil sençe-hä däldirin — diýdi.

— Menmi?! Köp okamakdan, köp bilmekden has wajyp zatlaram bar ahyry! Dostluk hem batyrgaýlyk. Wah, Harri, seresap bol!

Harri:

— Ilki sen iç! — diýdi. — Dogry çüýşejigi saýlansyň-da, hernä?

— Elbetde — diýip, Germiona tegelek çüýşejikdäki suwuklygy başyna çekdi. Çüýşejigiň düýbünde zat goýman içensoň, onuň süňňi gagşap gitdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Harri:

— Awy däl gerek? — diýip, gorky bilen sorady.

— Ýok. Ýöne buz ýaly eken.

— Bol, täsiri ýitmänkä git.

— Ýol bolsun! Sag-aman yzyňa dolanyp bar!

— Git, onda!

Germiona yzyna öwrüldi-de, melewşe ýalnyň içine girip gitdi.

Harri ýüregini bire baglap, kiçijik çüýşäni eline aldy. Ol ýüzüni gara ýalna tarap öwürdi-de:

— Men barýan! — diýip, çüýşejigi gulkudyp goýberdi.

Onuň tutuş bedeni, hakykatdan hem, buza öwrülip doňan ýaly boldy. Ol çüýşejigi stolda goýup, öňe ýöredi. Ruhuny belent tutup barşyna Harri gara ýalnyň tenine galtaşýandygyny gördi. ýöne ol hiç zat duýmady. Belli birwagt onuň gara otdan başga gören zady bolmady. Birdenem ol beýleki tarapa — iň soňky otaga ýetdi.

Bu ýerde eýýäm kimdir biri bardy. Ýöne ol Sneýpem däldi, Woldemordam.

## 17-nji bap: IKIÝÜZLI ADAM

Ol Kwirrel eken.

— Sizmi? — diýip, Harri içini çekdi

Kwirrel ýylgyrdy. Onuň ýüzüniň hamy öňküleri ýaly dartylyp duranokdy.

— Hawa, men — diýip, ol parahat seslendi. — Saňa bu ýerde duşarmykam diýip oýlaýardymam, Potter.

— Ýöne men... Sneýp —

Sewerusmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Kwirrel güldi, ýöne bu onuň adaty sandyrawuk kikirdisi däldi. Onuň gülküsinde kinaýa duýulýardy.

— Hawa, Sewerus şonuň ýaly adama meňzeş, şeýle dälmi? Onuň bikär entäp ýörmegi meniň üçin bähbit boldy. Ol barka görgüli, sakaw professora kim müňkürlik eder.

Harri muňa ynanyp bilenokdy. «Beýle bolup bilmez, bu beýle däldir» diýip, ol içini gepletdi.

— Ýöne Sneýp meni öldürjek boldy ahyryn.

— Ýok, ýok. Seni, aslynda, men öldürjek boldum. Hanym Greýnjer Sneýpe ot çawlamakçy bolup, meni kakandygyny duýman galdy. Ol şeýdip meniň ünsümi sowdy. Ýogsam, ýene-de sähel salymlyk hiç kim päsgel bermedik bolanda, men seni sübseden agdarýardym. Eger Sneýp garşydaş jadysy bilen ara sokulmadyk bolsady, seniň belliňi has öňräk ederdim.

— Sneýp meni halas etjek boldumy?

— Elbetde — diýip, Kwirrel dilujundan jogap berdi. — Ol ýöne ýere oýna eminlik etmek isländir öýdýäňmi? Ätiýajy elden bermejek boldy. Onuň bolup ýörşüne gülkim tutýar. Beýdip azara galmak nämä gerek diýsene?! Dambldoryň gözüniň alnynda men hiç zat edip bilmerin-ä. Mugallymlaryň bary Sneýp Griffindoryň ýeňmegini islemeýändir öýtdüler, şeýdip, ol diňe abraýdan gaçdy. Aslynda, ol wagtyny biderek ýere sarp etdi, barybir, men seni şu gün öldürerin.

Kwirrel barmaklaryny şykgyldatdy. Birdenem howada uzyn ýüpler peýda bolup, Harriniň daşyna berk oraldylar.

— Köp zada burnuňy sokýandygyň üçin, senden näçe çalt dynsam, şonça gowy. Mekdepde bikär aýlanyp ýörmekden başga oňarýan zadyň ýok. Ynha, Hellowinde meň daşyň nähili goraglarynyň bardygyny anyklamaga gidendigimi sen gören bolmaly.

— Troly siz içerik saldyňyzmy?

— Elbetde. Men trollar bilen gowy dil tapyşýan. Yzdaky otaglaň birinde troly nädendigimi gördüň gerek?! Mekdepde her kim ony tapyp bilmän başagaý bolup ýörkä, elmydama maňa müňkürlik edýän Sneýp menden öňürtmek üçin göni üçünji gata çykdy. Meniň trolum seň merkiňi bermegi başarmady, şol üç kelleli it bolsa Sneýpiň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
hatda aýagynam goparyp bilmedi, Indi biraz garaş, Potter. Maňa şu täsin aýnany gözden geçirmek gerek.

Harri Kwirreliň gapdalynda duran zadyň nämedigine diňe häzir düşündi. Bu Arzuw aýnasydy.

Kwirrel çarçuwanyň daşyndan aýlanyp durşuna:

— Bu aýna daşy tapmagyň ýeke-täk açary — diýip hüňürdedi. — Şunuň ýaly zady Dambldora ynanýaň, olam Londonda gezip ýörse nätjek? Ol dolanyp gelýänçä, men bu ýerden gaty uzaklarda bolaryn.

Harriniň Kwirrel bilen gepleşip, onuň ünsüni aýnadan sowmaly diýen pikire geldi.

— Men siz bilen Sneýpi tokaýda gördüm...

Kwirrel aýnanyň arka tarapyna geçip, içi güjükli gürrüňini dowam etdi:

— Hawa. Ol meniň näme bilýändigimi anyklamak üçin yzyma kän düşdi. Maňa elmydama müňkürlik etdi. Mem gorkuzjak boldy. Ýöne başarmady. Lord Woldemort hemişe meň ýanymda ahyryn...

Kwirrel ýene-de aýnanyň öňüne geçdi.

— Men aýnada daşy görýän. Ana, ony öz halypama gowşuryp durun. Ýöne ol nirede?

Harri ýüpden boşanmaga synanyşdy, ýöne bu oňa başartmady. Ol her edip, hesip edip, Kwirreliň ünsüni aýnadan sowmalydy.

— Ýöne Sneýp hemişe meni ýigrenýän ýalydy.

— Hawa, ýigrenýär, asman şaýatdyr, ol seni, hakykatdanam, ýigrenýär. Sneýpiň kakaň bilen Hogwartsda bile okandygyny sen bileňokmydyň?! Olar it-depişik bolup geçipdirler. Ýöne Sneýp hiç haçan seň ölmüňi islemändi.

— Birnäçe gün mundan ozal siziň horkuldap aglaýşyňyzy eşidipdim. Şonda Sneýp size azar beripdi gerek?!

Şol pursat Kwirreliň ýüzüne gorky alamaty çaýylyp giden ýaly boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Kämahallar halypamyň möhümmi bitirmek maňa kyn düşýär. Ol beýik jadygöý, men bolsa ejiz...

— Asyl şol wagt ol siziň ýanyňyzdamydy?! — diýip, Harri gözlerini tegeledi.

— Ol meniň ýanymdan asla galmasa näme?! — diýip, Kwirrel pyşyrdap jogap berdi. — Oňa ýer ýüzüne syýahat edip ýörkäm duşdum. Men ol wagtlar ýagşylyk hem ýamanlyk hakynda pelsepe otarýan akmak ýigitdim. Lord Woldemort meň gözümi açdy. Dünýäde ýagşylyk hem ýamanlyk diýlen zat ýok eken, diňe güýç we oňa garşylyk görkezerden ejiz biçäreler bar eken. Şondan bärem men oňa ak ýürekden hyzmat edip gelýän, ýöne ony ýüzügara eden pursatlarymam az bolmady. Ol meniň bilen ýowuz daraşmaly boldy.

Birdenem Kwirrel sandyrap gitdi.

— Ol ýalňyşýany aňsat-aňsat bagyşlaýanok. Gringotdan daşy ogurlap bilmändigim üçin menden gaty nägile boldy. Ol meni jezalandyrdy. Meni gözden salmaly däl diýen karara geldi.

Harri Kwirreliň sesini eşidenokdy. Ol gyýalap gidýän köçedäki gezelenjmi ýadyna saldy. Ol nädip şeýle akmak bolup bildikä?! Şol gün Kwirreli görüpdem, meýhanada onuň bilen elleşipdem, emma hiç zat aňmaýşyny diýsene?!

Kwirrel özbaşyna käýindi.

— Men hiç zada düşünemok. Daş aýnaň içindemikä? Ony döwäýsemmikäm?! Harriniň kellesinde her hili pikirler at salyp başlady. Ol böwrüne diň salyp durdy «Men häzir ähli zatdan beter daşy Kwirrelden öň tapmak isleýän. Şonuň üçinem, aýna seretsem, ony tapýandygymy görerin. Şeýdibem, onuň nirede gizlenendiginem bilerin. Ýöne Kwirrele duýdurmazdan, aýna nädip seredip bolarka?!»

Ol aýnanyň öňüne geçmek üçin çepe süýşmäge synanyşdy. Ýöne aýaklary berk duşalgy bolansoň, ýere ýykylanyny duýman galdy. Hernä Kwirrel oňa üns bermedi. Ol entegem öz-özi bilen gepleşýärdi.

— Bu aýna näme üçin gerekkä?! Ony nädip ulanmaly? Halypam, maňa kömek ediň!

Harriniň zähresi ýaryldy. Kimdir biri eýmenç sesi bilen oňa jogap berýärdi, özem bu ses Kwirreliň agzyndan çykýan ýalydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Oglanjykdan haraý gözle! Oglanjykdan haraý gözle!

Kwirrel Harrä tarap öwrüldi.

— Hawa, Potter! Gel bärik!

Ol çapak çaldy welin, Harriniň eli-aýagy çöşlendi. Harri ýuwaşlyk bilen aýaga galdy.

Kwirrel:

— Gel bärik! — diýip gaýtalady. — Aýna seretde, maňa näme görýändigiňi aýt.

Harri oňa tarap ýöräp barşyna «Men aldamaly. Aýnadan görýänlerimi oňa aýtmaryn. Aldaryn» diýip içini gürledýärdi.

Kwirrel edil alkymyna gelip duranda, Harri onuň sellesinden gelýän täsin ysy duýdy. Harri gözüni ýumdy, aýna golaý barybam açdy.

Harri başda öz ýüzüni gördi. Onuň ýüzi gorkudan ýaňa duw akdy. Ýöne sähel salymdan soň, onuň aýnadaky keşbi özüne ýylgyryp seretdi. Onsoň, Harri aýnada öz kisesinden goýy gyzyl reňkli daşy çykarýandygyny, gözüni gyrpybam şony yzyna salýandygyny gördi. Şol pursat, hakykatdanam, Harriniň jübüsinde bir zat bar ýaly boldy. Nähihdir bir akyla sygmajak ýagdaýda ol daşa eýe bolupdy.

— Onsoň? — diýip, Kwirrel sabyrsyzlyk bilen seslendi. — Ol ýerde näme görýäň?

Harri özüni rastlap:

— Men Dambldoryň elimi gysýandygymy görýän — diýip toslamaga durdy. — Men... men ýaryşda ýeňip, Griffindorlara öýüň kubogyny alyp berýän.

Kwirrel ýene-de gargynmaga durdy.

— Aýryl öňümden!

Harri ýerinden gozgananda, Jadygöýiň daşynyň jübüsine agram salýandygyny duýdy. Birden ony ýere gaçyraýsa?!

Ol bäş ädim ädip-ätmänkä, ýene-de ýaňky ýakymsyz ses eşidildi, ýöne Kwirreliň dodaklary welin gymyldanokdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ol aldaýar. Ol aldaýar.

Kwirrel:

— Potter, yzyňa dolan! — diýip gygyrdy. — Maňa dogryňy aýt! Sen edil ýaňyja näme gördüň?

Ýene-de ýaňky ses ýaňlandy.

— Onuň bilen men gepleşeýin. Ýüzbe-ýüz.

— Halypam, ýöne siz entek ýeterlik güýçli däl ahyryn.

— Muňa meň güýjüm ýeter.

Harri ýene-de özüni Şeýtan Duzagyna düşen ýaly duýdy. Ol gymyldap bilenokdy. Kwirrel elini sellesine ýetirip, ony çöşlemäge durdy. Harri doňňaradaşa dönüpdi. Bu nämäniň alamatyka? Selle ýere gaçdy. Sellesiz ýagdaýda Kwirreliň kellesi aşa kiçi görünýärdi Soňra ol ýuwaşlyk bilen yzyna öwrüldi.

Harri tas gygyrypdy, ýöne onuň bokurdagyndan ses çykmady. Kwirreliň ýeňsesiniň bolmaly ýerinde ýüz bardy, Harri ömründe beýle aýylganç ahwalat görmändi. Çym gyzyl gözleň hem-de burun deşiklerine derek edil ýylanyňky ýaly iki sany kiçijik dilikler bolan bu ýüz edil hek ýaly ap-akdy.

Ol:

— Harri Potter — diýip pyşyrdady.

Harri yza ädim ätmek lsledi, ýöne aýaklary diýenini etmedi.

Bu aýylganç ýüz:

— Meň nämä öwrülendigimi görýäňmi? — diýip seslendi. — Adaty bir kölegä, tüssä öwrüldim. Men diňe kimdir biriniň synasyny paýlaşyp, bedenli bolup bilýän. Ýöne meni öz ýüreginiň hem akylynyň törüne goýbermäge höwesekler hemişe-de bolupdy. Bir buýnuzly atyň gany maňa güýç berdi. Soňky birnäçe hepdäniň dowamynda, wepadar syrdaşym Kwirreliň tokaýda meň üçin gan içendigini özüň gördüň. Ýöne dirilik suwuna eýe bolan badyma men özüme beden edinip bilerin. Indi, belki, sen jübüňdäki daşy maňa berersiň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Diýmek, ol bilýär eken. Harriniň aýaklaryna badabat ysgyn gaýdyp geldi. Ol yza tesdi.

Aýylganç ýüz:

— Akmak bolma! — diýip azgyryldy. — Gowusy, meň tarapymy tut-da, öz janyňy gutaranyňy bil. Ýogsam, eneň-ataň ýaly saňa-da ajal donuny geýdirin. Olar menden aman diläp ölüpdiler.

Birdenem Harri:

— Ýalançy! — diýip gygyrdy.

Woldemortyň görmegi üçin Kwirrel Harrä ýeňsesini öwrüp ýöredi. Indi aýylganç ýüz ýylgyrýardy.

— Nähili täsin! — diýip, ol ýylan ýaly hyşşyldap seslendi, —Men edermenleri elmydama-da hormatlaýardym. Hawa, oglanjyk, seň eneň-ataň edermen adamlardy. Ilki men seň kakaňy öldüripdim. Ol gaýduwsyz söweşdi. Ýöne ejeň welin diri galyp bilerdi.

Ol seni gorajak boldy. Indi bolsa daşy maňa ber, ýogsa ejeň seniň üçin janyndan geçeni haýp bolar.

— Şu daş-ha saňa ýok!

Harri alawlap duran çykalga tarap ylgady. Ýöne Woldemort: «Sypdyrma ony» diýip gygyran badyna Kwirrel onuň golundan berk ýapyşyp ýetişdi. Şol pursat Harriniň ýarasynda ýiti agyry peýda boldy. Onuň kellesi agyrydan ýaňa ýarylara gehpdi. Harri Kwirreliň elinden sypjak bolup urundy, uly sesi bilen gygyrdy. Geň göräýmeli, birden Kwirrel ony goýberäýdi. Maňlaýyndaky agyry gaýdyşdy. Ol Kwirreliň nirä ýitirim bolandygyny görmek üçin gorkuly gözleri bilen daş-töweregine garanjaklady. Kwirrel eliniň aýasyny tutup, agyrysyna çydaman bükülip ýatyrdy.
Onuň barmaklary gözüniň alnynda pakgarýardy.

Woldemort:

— Tut ony! Tut ony! — diýip, ýene-de gygyrmaga başlady.

Kwirrel Harrä topulyp, ony ýere ýykdy, boýnuna ýapyşyp, bogmaga durdy. Maňlaýyndaky ýara yzynda dörän ýiti agyrydan ýaňa Harrmiň gözleriniň öňi ümezläp başlady, ýöne ol Kwirreliň hem erbet awunýandygyny görüp ýetişdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Halypam! Men ony saklap bilemok. Meň ellerim. Ellerim!

Kwirrel Harrini dyzy bilen basyp duran ýerinden, onuň boýnundan çekip alan ellerine aňk-taňk bolup seredýärdi. Kwirreliň eli ýanyp, pakgaryp, barha gyzyl etjik bolup barýardy

Ýene-de Woldemortyň azmly sesi eşidildi:

— Onda öldür ony, akmak, onsoň bolany.

Kwirrel ölüm jadysyny aýtmak üçin gollaryny ýokalyk göterdi, emma Harri bada-bat onuň ýüzüne ýapyşdy.

— Wa-a-a-ah!

Kwirrel Harrini pyzyp goýberdi Onuň ýüzüniň hem pakgaryp başlandygyny gören Harri Kwirreliň öz bedenini elläp bilmeýändigine, elläýeninde-de ezýet baryny çekýändigine düşündi. Harri Kwirreliň jadysyndan aman sypmak üçin, oňa berk ýapyşmalydy. Şeýdip, jadyny aýtmaz ýaly etmelidi.

Harri ýerinden böküp turdy-da, Kwirreliň elinden ýapyşdy. Bar güýji bilen ondan aslyşdy. Kwirrel janhowluna bagyryp, Harriden sypmaga synanyşdy. Harrini bolsa maňlaýyndaky ýarasy heläk edip barýardy. Harri hiç zat görenokdy. Diňe Kwirreliň aýylganç dat-perýadyny hem-de Woldemortyň aldygyna «Öldür ony! Öldür ony!» diýip gygyrýandygyny eşidýärdi, göwnüne bolmasa gulagynda «Harri! Harri!» diýip, özüni çagyrýan sesler hem ýaňlanýan ýalydy.

Harri Kwirreliň elini sogrup alandygyny duýdy, şol pursat ol öz soňunyň gelendigine düşündi hem-de garaňkylyga duwlandy, ol aşaklygyna, barha aşaklygyna gaýtdy.

Onuň edil depesinde nähilidir bir zat ýalpyldap giden ýaly boldy. Sniç! Harri ony tutmaga synanyşdy, ýöne gollary ýokary galdyrardan aşa agyr geldi.

Harri gözüni gyrpdy. Ýok, bu düýbünden sniç däldi. Bu äýnekdi. Geň galaýmaly?!

Ol gözlerini ýene bir gezek gyrpanyndan soň, depesinde Albus Dambldoryň ýylgyryp duran ýüzi peýda boldy.

— Gündiziň haýyrly bolsun, Harri!

Harri oňa aňkarylyp seretdi. Birdenem ähli zat onuň ýadyna düşdi.

— Jenap! Daş! Bu Kwirreldi! Daş onda! Jenap, çalt...

— Biraz köşeş, oglanjyk, sen soňky wakalardan düýbünden habarsyz ahyryn. Daş Kwirrelde däl.

— Onda ol kimde? Jenap, men...

— Harri, biraz köşeşjek bol, ýogsa hanym Pomfreý meni bu ýerden kowar.

Harri ýuwdunyp, daş-töweregine göz aýlady, öz ýanyndan «Mekdebiň hassahanasynda ýatan bolaýmasam» diýip oýlandy. Ol üsti zygyr mata bilen örtülen düşekçede ýatyrdy, gapdalyndaky beýik stoluň üsti bolsa süýji dükanynyň harytlarynyň ýarysy getirilip goýlan ýaly, her dürli süýji-kökelerden doludy.

— Dostlaňdan hem muşdaklaňdan gelen sowgatlar — diýip, Dambldor şadyýan seslendi. — Ýerastynda Kwirrel bilen araňyzda bolup geçen wakanyň bütinleý gizlin syrdygyna garamazdan mekdepdäkileriň ählisi mundan habarly. Dostlaryň —jenaplar Fred bilen Jorj Wizliler saňa hajathananyň oturgyjyny iberjek boldular. Gürrüňsiz, olar bu seň göwnüňi açar öýdendirler. Ýöne hanym Pomfreý hassahananyň arassaçylyk talaplaryna laýyk gelmeýändigmi aýdyp, ony ellerinden aldy.

— Men bu ýerde näçeräk ýatdymkam?

— Üç gün. Jenap Ronald Wizli bilen hanym Greýnjer dagy seň özüňe gelendigiňi bilseler, gaty begenerler. Olar seni şeýlebir gaýgy edýärler.

— Ýöne jenap, daş...

— Görýän welin, sen köşeşjek däl öýdýän. Daşa hiç zat bolmady. Professor Kwirrel ony senden alyp bilmedi. Bolsa-da, men wagtynda ýetişdim, ýöne sen mensizem onuň hakyndan çykypsyň-la.

— Siz ol ýere bardyňyzmy? Germionanyň baýguşuny aldyňyzmy?

— Howada onuň bilen ýolumyz aýry düşen bolmagy mümkin. Londona baran badyma, yzymy taşlap gaýdyp ýalňyşandygyma göz ýetirdim. Bolsa-da, Kwirreli wagtynda üstüňden aýryp ýetişäýdim.

— Şol sizmidiňiz?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men gijä galandyryn öýdüp gorkdum..

— Siz tasdanam gijä galypdyňyz, sebäbi meniň şol pursat daşy gorara güýjüm galmandy.

— Bu ýerde mesele daşda däl-de, sende, oglanjyk. Aşa köp güýç sarp edip, tas özüňi heläkläpdiň. Men, esasan, şondan gorkdum. Daş hakda aýtsak welin, ol ýok edildi.

— Ýok edildimi? — diýip, Harri perwaýsyz seslendi. — Ýöne dostuňyz... Nikolas Flamel... Dambldor:

— Ä-hä, diýmek, sen Nikolasyň kimdigini bilýäň-dä? — diýip, oňa haýran galyjylyk bilen garady.

— Herekete geçmänkäň ähli zadyň änigine-şänigine ýetipsiň-ow?! Biz Nikolas bilen gürleşdik, şeýtsek gowy bolar diýen netijä geldik.

— Ýöne onuň özem, aýalam öler ahyryn, şeýle dälmi?

— Işlerini bir ýüzli edýänçäler, olaryň ýeterlik dirilik suwlary bar. Soňra bolsa, olar amanatlaryny tabşyrarlar.

Harriniň özüne geň galyp seredýändigini görüp, Dambldor ýylgyrdy.

— Seniň ýaly ýaş oglana meniň bu aýdýanlarym, elbetde, gaty geň gömer. Ýöne Nikolasdyr onuň aýaly Parenel üçin ölüm, örän-örän uzaga çeken günden soň uka giden ýalydyr. Aslynda, kämil ruh üçin ölüm bu ýene bir uzak syýahata gidilen ýaly bir zatdyr. Bilýäňmi, bu daş, aslynda, beýle bir üýtgeşik zadam däl. Näçe isleseň, ynha, ol saňa pul hem ömür eçilýär! Şu iki zady adamlar ähli zatdan ýokarda goýýarlar. Bu ýerde esasy mesele, adamyň tebigatynda hut özüne iň bir zyýanly zady islemek häsiýetiniň barlygynda.

Harri aýdara söz tapmaýan ýaly sesini çykarman ýatyrdy. Ýuwaşjadan hiňlenip oturan Dambldor bolsa ýylgyryp, üçege seredýärdi.

— Jenap, men şeýle pikir edýärin: daş ýok edilenem bolaýanynda, «Wol...», ýagny Ady tutulmaýan.

— Oňa «Woldemort» diý, Harri. Her bir zadyň öz adyny tut! Ada bolan gorky, şol zadyň özüne bolan gorkyny güýçlendirýär.

— Hawa, jenap! Woldemort gaýdyp gelmegiň başga ýollaryny agtaryp başlar, şeýle dälmi?! Ondan hemişelik dynan däldiris diýjek bolýan?!

— Ýok, dynmadyk. Ol bir ýerlerde ýaşap ýörendir, belki ornaşara başga bir beden gözleýändir. Hakykatda diri bolmadyk kişini öldürmek mümkin däl.

Ol Kwirreli ajalyň eline tabşyrdy. Bu bolsa onuň duşmanlaryna bolşy ýaly, öz yzyna eýerijilere-de rehimsizdigini aňladýar. Ýöne Harri sen onuň dolanyp gelmegine päsgel berdiň, ýeneki ýyllarda-da kimdir biri çykaga-da oňa berk gaýtawul berse we şeýdilip Woldemortyň ähli synanyşyklary puja çykarylsa, onda belkem, ol hiç haçan gaýdyp gelmez.

Harri «Hawa» diýen manyda baş atjak boldy, ýöne kellesinde ýiti agyrynyň döremegi bilen bada-bat bu pikirinden dändi.

— Jenap, meniň ýene-de bilesim gelýän zatlarym bar. Elbetde, eger siz jogap bermäge razy bolsaňyz. Meniň hakykaty bilesim gelýär.

— Hakykatymy?! — diýip, Dambldor uludan demini aldy. — Hakykaty aýtmak hem aňsat, hem kyn. Şonuň üçinem, seresap bolmak gerek. Eger düýpli sebäpler döräýmese, men seň sowallaryňa jogap bererin. Birden jogap bermesem-de, sen aýyplaşma. Men aldamagy halamok.

— Bolýar. Woldemortyň aýtmagyna görä, onuň özi meni öldürmekçi bolupdyr. Muňa-da päsgel berem üçin, Woldemort ejemi öldünpdir. Ýöne meni öldürmek onuň nämesine gerek bolduka?!

Dambldor bu gezek gaty uludan dem aldy

— Gynansak-da, men seň bu sowalyňa jogap berip biljek däl. Bolmanda, bu gün jogap berip bilmerin. Bir gün sen älili zada düşünersiň... Häzir bolsa beýle zatlara kelläňi agyrtma. Harri, sen ulalaňda, şeý diýseler halamaýandygyňy bilýän, hakykaty bilmäge taýýar bolaňda, ana, şonda ähli zady bilersiň.

Harri jedelleşip oturmagy uslyp bilmedi.

— Näme üçin Kwirrel maňa elini degrip bilmedi?

— Ejeň sem halas etmek üçin özüni gurban etdi. Eger Woldemortyň akyl ýetirip bilmeýän nämedir bir zady bar bolsa, ol hem söýgüdir. Ejeň saňa bolan söýgüsi ýaly güýçli söýginiň basyp giden tagmasyny hiç haçan bozup bolmaýandygyna ol düşünmedi. Ol tagma ýara yzy hem däl, göze gömüp duran belligem däl. Şeýle çyn

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýürekden söýülýän adamyň penakäri heläk bolaýanda-da, ol hemişelik goraga eýe bolýar. Bu gorag bolsa seniň öz bedeniňde ýerleşýär. Gaharyna, husytlygyna hem-de gara nebsine berlip, öz bedenini Woldemort bilen paýlaşan
Kwirrel saňa diňe şol sebäpden degip bilmedi. Söýgiň şeýle täsin güýji siňen kişi bilen tutluşmaga onuň gaýraty çatmady.

Dambldor penjiräniň öňüne gonan guşjagaza göz aýlady, pursatdan peýdalanyp Harri hem gözüniň ýaşyny düşekçä süpürip ýetişdi. Harri özüni dürsäp:

— Göze görünmeýän ýapynjany maňa kimiň iberendigini bilýäňizmi? — diýip sorady.

— Hä-ä! Kakaň ony maňa goýup gidipdi, menem ol seň göwnüňden turar öýtdüm.

Dambldor gözüni gyrpdy.

— Gaty peýdaly zat. Kakaň şu ýerde okaýan döwri ony, esasanam, aşhanadan iýmit ogurlamak üçin ulanardy.

— Ýene bir soragym bar.

— Aýdyber.

— Kwirrel Sneýpiň...

— Harri, Sneýp däl, «Professor Sneýp».

— Hawa, şol. Näme, ol kakam bilen oňuşmandygy üçin meni ýigrenýärmikä? Kwirrel şeýle diýdi. Bu dogrumy?

— Hawa, olar biri-birlerini halanokdylar. Seniň jenap Malfoý bilen mäşiň bişişmeýşi ýaly. Soňam, kakaň Sneýpiň hiç haçan bagyşlap bilmejek işini etdi.

— Näme?

— Kakaň onuň janyny halas etdi.

— Näme?

— Hawa — diýip, Dambldor gussaly dillendi. — Adam diýeniňe düşer ýaly däl-dä. Professor Sneýp kakaňa bergili bolup ýaşamak islemedi. Ol seni goramak üçin hiç

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
zatdan gaýtmady, belki ol özüçe şeýdip kakaň ýagşylygyny yzyna gaýtardym edendir. Şondan soň, ol seň kakaňy ýigrenmegini arkaýyn dowam etdirip biljekdi...

Harri muňa paýhas etjek bolup oýa batdy, ýöne kellesi güwläp başlansoň, ol pikirlenmegini bes etdi.

— Jenap, ýene bir soragym bar.

— Iň soňkydyr-a?

— Men nädip aýnadan daşy alyp bildim?

— Hä, ahyrsoňy soradyň-ow. Men bu sowala häliden bäri garaşýardym. Bu meniň ajaýyp pikirlerimiň biri, onsoňam, sen ikimiziň aramyzda nähilidir bir baglanyşygyň bardygyny aňan bolsaň gerek?! Hawa, daşy ulanmak isleýän däl-de, diňe tapmak isleýän kişi tapýar, ýogsam daşyň hyrydary aýnada öz keşbini gyzyl öndürýän we gudratly içgini içýän halda görýär. Kämahallar kelläme şeýle ajaýyp pikirleriň nädip gelýändigine özümem haýran galýaryn... Indi bolsa, soraglary bes edeli. Sen şu süýjülere bir sered-ä. Ah, Betti Botuň dürli tagamly nohutlary! Ýaşlykda, gynansamam, olar meniň ýüregimi bulapdy, şondan bärem men olary halamok. Ýöne, ynha, şu daşy owadanja gaýmakly şepbejik kemputy iýsem, hiç zat bolmazmyka diýýän.

Dambldor şeýle diýip ýylgyrdy-da, tylla goňur reňkli nohutjygy agzyna atdy. Ýöne şobada ýüzi çytylyp gitdi.

— Ýürek bulanjydygyny, iýer ýaly däl eken.

Mekdep hassahanasynyň baş lukmany hanym Pomfreý ýumşak zenandy, ýöne öte talabedijidi.

Harri:

— Bary-ýogy bäş minutjyk — diýip, aýak diräp durdy.

— Düýbünden bolanok.

— Professor Dambldory goýberdiňiz-ä...

— Bu düýbünden başga gürrüň, ol mekdep müdiri ahyryn. Saňa dynjyňy almak gerek.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men dynjymy alýan-a. Serediň, ýatmaly wagty ýatýan, garaz, diýeniňizden çykamok. Bolýa-la, hanym Pomfreý...

— Bolýar onda — diýip, ol ahyry boýun boldy. — Ýöne diňe bäş minut wagt berýän.

Ol Ron bilen Germiona içerik girmäge rugsat berdi.

— Harri!

Germionanyň Harrini ýene-de gujaklaýasy geldi, ýöne ol beýtmekden saklandy. Kellesi agyryp duran hem bolsa, Harri ony görüp begenmän bilmedi.

— Wah, Harri, sen bizi gaty gorkuzdyň. Dambldor şeýlebir alada galdy.

Ron:

— Mekdepde diňe seniň gürrüňiň edilýär — diýdi.

— Hakykatdanam, näme bold-aý?!

Wakany iliň agzyndan eşitmek bir başga, hut gözi-başly şaýadyňdan diňlemek bir başga. Ynha, häzir Ron daga hakykaty bilmäge şeýle amatly pursat döräpdi.. Harri olara ähli wakalary, ýagny Kwirrel, aýna, daş hem-de Woldemort bilen bagly bolup geçen zatlary ýekän-ýekän gürrüň berdi. Ron bilen Germiona agyzlaryny açyp diňläp otyrdylar. Olar tolgunan ýerlerinde ah-wahlaşýardylar, Harri Kwirreliň sellesiniň aşagynda kimiň gizlenendigini aýdanda, Germiona çirkin sesi bilen gygyrdam.

— Diýmek, daş indi ýok-da? — diýip, Ron gürrüňiň soňunda sowal berdi. — Onsoň Flamel ölmeli bolýarmy?!

— Menem şeýlemikä öýdüpdim, ýöne Dambldor başgaça pikir edýär. Ol näme diýd-ä. Hawa, «Kämil ruh üçin ölüm — bu ýene bir uzak syýahata gidilen ýaly bir zatdyr» diýdi.

— Onuň akylyndan azaşandygyny öňdenem-ä bilýärdmi welin — diýen Ron, öz muşdagynyň kemakylrakdygyna guwanman duranokdy.

Harri:

— Ýeri, siz nätdiňiz? — diýip sorady.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Men yzyma dolandym — diýip, Germiona gürrüň bermäge durdy. — Ýolugra Ronam alyp geçdim.

Bu biraz wagtymy aldy. Onsoň biz Dambldor bilen habarlaşar ýaly baýguş saklanýan külbä eňdik, ýöne Girelge jaýynda oňa gabat geldik. Ol eýýäm ähli zady bilýän eken. Bizi gören badyna: «Harri onuň yzyndan gitdi gerek» diýip, üçünji gata ylgady.

— Sen nähili pikir edýäň, ol seniň şeýtmegiňi isledimikä? Göze görünmeýän ýapynjany hem, belki, şonuň üçin lberendir?!

Germiona gaharyna bäs gelip bilmän:

— Ol muny ýörite gurnaýdymyka? Biçak aýylganç. Olar seni öldüren bolsa, nätjekdikä? — diýdi.

Harri:

— Ýok-la — diýdi. — Dambldor gaty täsin adam.

Ol maňa mümkinçilik bermek islän bolmaly. Bu ýerde bolup geçýän ähli zatlardan diýen ýaly onuň habary ýok däldir. Biziň nämäniň küýündedigimizem ol bilendir. Emma ol bizi ýolumyzdan saklamady, diňe öwüt berdi hem kömek etdi. Ol maňa aýnanyň gurluşynam ýöne ýere öwreden däldir. Päsgelçiliklerden geçip Woldemort bilen tutluşmagyma ol garşy bolan däldir.

— Hawa, Dambldor, hakykatdanam, akylyndan azaşypdyr — diýip, Ron buýsançly seslendi. — Wiý, ertir okuw ýylynyň tamamlanmagyna bagyşlanyp geçirilýän baýramçylyga sen hökman gatnaşaýmaly. Ballaryň jemi boýunça ýeňiji yglan edildi. Elbetde, Slizerin birinji boldy. Kwiddiçiň soňky ýaryşynda keselläp ýatdyň, Rowenklow bizi derbi-dagyn etdi. Baýramçylykda süýji tagamlar-a bişirerler.

Şol pursat hanym Pomfreý içerik kürsäp girdi.

— Siziň bu ýerde oturanyňyza eýýäm on bäş minut boldy, häziriň özünde çykyň! — diýip, ol gaharly seslendi.

Gije gowy ukusyny alansoň, ertesi gün Harri özüni has oňat duýup başlady.

— Meniňem baýramçylyga gidesim gelýär — diýip, ol gapdalyndaky stoljugyň üstündäki zatlary tertipleşdirip duran hanym Pomfreýe ýüzlendi. — Gitsem bolýar gerek, ýa bolanokmy?!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hanym Pomfreý saglygyň baýramçylykdan has möhümdigine düşünmeýändigi üçin professor Dambldora nägilelik bildirýän ýaly äheňde:

— Professor Dambldor saňa gitmäge rugsat berlendigini aýtdy — diýip, perwaýsyz jogap berdi. — Onsoňam yzyňdan ýene-de biri gelipdir.

— Gowudygyny. Kim ol?

Gapyda Hagrid peýda boldy. Içerdekä, ol hemişekisi ýaly jaýa sygmajak derejede äpet görünýärdi. Ol Harriniň gapdalyna geçip oturdy. Harrä gabagynyň astyndan garady-da, birdenem, elleri bilen ýüzüni ýapyp möňňürmäge başlady.

— Bu zatlaryň ählisi men sebäpli boldy! Bir betpäl kişä Flaffiniň deňinden nädip geçmelidigini aýtdym! Oňa öz dilim bilenjik aýtdym! Ol diňe şony bilmän ýören eken, menem aýtdym! Seniň öläýmegiň mümkindi ahyryn. Aždarhanyň ýumurtgasyny başyňa ýapjakmy diýsene? Şol sebäpli boldy bar zat. Mundan beýläk aragyň ýeke damjasynam datman! Meni bu ýerden kowup, maglaryň ýanyna ugratmaly!

Hagridiň ökünçden hem gaýgy-gamdan ýaňa saňňyldap oturyşyna haýran galan Harri:

— Hagrid! — diýdi. Onuň sakgalyndan ullakan ýaş damjalary syrygyp gaýdýardy. — Hagrid, ol barybir bilerdi, oňa Woldemort diýýärler. Ol muny sen aýtmadyk bolsaňam anyklardy.

— Ýöne sen heläk bolup bilerdiň ahyry — diýip, Hagrid sojamagyny dowam etdirdi. — Onsoňam, onuň adyny tutma!

Harri:

— Woldemort — diýip gygyrdy.

Aňkarylyp galan Hagrid agysyny tapba kesdi.

— Men ony gördüm, oňa öz ady bilen ýüzlendim. Özüňi günäläp ýörmegiňi bes et, Hagrid! Biz daşy ele saldyk. Ähli zat tamam boldy. Ol indi daşy ulanyp bilmez. Me, al, gurbaga şokoladyndan iý, süýji mende gaty köp.

Hagrid eliniň tersi bilen ýüzüni süpürdi

— Hä, ýatladanyň gowy bolaýdy. Men saňa sowgat getiripdim ahyryn

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ol gatan çörek däl gerek?! — diýip, Harri onuň bilen degişdi. Ahyrsoňy Hagrid çalaja ýylgyrdy.

— Ýok-la. Muny taýýarlar ýaly Dambldor düýn maňa işden rugsat berdi. Aslynda ol meni gowuja ýençmelidi welin, aý, bolýar-da, me, al!

Bu gaýyş jiltli owadan kitaba meňzeýärdi. Harri bilesigelijilik bilen onuň sahabyny açanda, içiniň jadyly suratlardan doludygyny gördi. Kitabyň her sahypasynda ejesidir kakasynyň özüne ellerini galgadyp seredýän suratlary bardy.

— Ejeň hem kakaň ähli dostlaryna baýguş iberdim, surat ibermeklerini haýyş etdim. Sende ýokdugyny bilýärdim. Haladyňmy?

Harriniň bogazy dolup gürläp bilmedi. Hagrid şu wagt onuň nähili duýgulary başdan geçirýändigini az-kem çaklap bilýärdi.

Bu gije Harri okuw ýylynyň tamamlanmagyna bagyşlanyp geçirilýän baýramçylyga ýeke özi gitmeli boldy. Hanym Pomfreý soňky gezek barlagdan geçirmek isläp, ony wagtynda goýbermändi. Ol gelende Uly Jaýyň içi adamlardan doludy. Slizerinler öýüň kubogyna eýýäm yzly-yzyna, ýedinji gezek eýe bolansoňlar, jaýyň içi olaryň baýdaklarynyň ýaşyl hem çal reňklen bilen bezelendi. Beýik stoluň arkasyndaky diwarda Slizerinleriň ýüzi ýylan şekilli, ullakan baýdagy asylgy durdy.

Harri girende, birbada içerdäkileriň sesine suw sepilen ýaly bolsa-da, soň olaryň wagyrdysy ýene-de güýçlendi. Ol Griffindor stolunyň başynda oturan Ron bilen Germionanyň arasyndaky boş oturgyja çökdi hem-de köp kişiniň ýerlerinden turup, özüne seredişýändigine üns bermejek boldy.

Bolsa-da, bahym Dambldor hem geldi. Adamlaryň gowry bada-bat ýatdy.

— Ýene bir okuw ýyly tamamlandy! — diýip, Dambldor şadyýan seslendi. — Örän tagamly naharlary iýip başlamankaňyz, men size bimeme takal okamakçy bolýaryn. Bu örän täsin ýyl boldy! Akyl käsäňize azajyk hem bolsa bir zatlar damandyr diýip umyt edýän. Öňüňiz tomus. Käseleriňizi täze okuw ýylyna çenli boşadyp, arassalap goýmaga maý boljak.

— Çakym çak bolsa, öýüň kubogyny gowşurmak wagty gelip ýetdi. Ballar, ynha, şeýleräk: üç ýüz on iki bal bilen Griffmdor dördünji ýerde durýar, üç ýüz elli iki bal bilen Hafflpaff üçünji, dört ýüz ýigrimi alty bal bilen Rowenklow ikinji ýeri eýeleýärler, dört ýüz ýetmiş iki bal bilen Slizerin birinjiligi alýar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Slizerinleriň stolunyň başynda oturan okuwçylaryň şatlykly gykylyklarydyr el çarpyşmalaiy jaýyň içine ýaňlanyp gitdi. Drako Malfoýyň elindäki pyýalany gahar bilen stola urýandygyny gören Harriniň oňa nebsi agyrdy.

Dambldor ýene-de okuwçylaryň ünsüni çekip:

— Hawa, hawa, berekella, Slizerin! Ýöne bolup geçen soňky wakalary hem göz öňünde tutmak gerek — diýdi.

Jaýyň içine ümsümlik aralaşdy. Slizerinleriň ýylgyryp duran ýüzleri gamaşdy.

Dambldor ardynjyrap, söze başlady: — Meniň elimde häzir, soňky pursatda gowşuryljak ballar bar. Hany göreliň. Hawa!

— Birinjiden. Jenap Ronald Wizli!

Ronuň ýüzi erbet gyzaryp gitdi.

— Hogwartsda şu çaka çenli görlüp-eşidilmedik ajaýyp küşt oýnunda ýeňiş gazanandygy üçin Griffindor öýüni elli bal bilen sylaglaýan.

Griffindorlaryň şatlykly gykylyklary jadyly üçegi sarsdyryp gitdi, onuň ýüzündäki ýyldyzlar bolsa tasdanam ýere gaçypdy. Gohuň arasynda Persiniň beýleki toparbaşylara: «Bilýäňizmi, bu meniň jigim! Meniň körpe jigim! Ol hut Makgonagalyň jadylan küşdüni ýeňipdir» diýip gygyrýandygy eşidilýärdi.

Jaýyň içine ýene-de ümsümlik aralaşdy.

— Ikinjiden, hanym Germiona Greýnjer! Onuň alawlap duran oduň öňünde sowukganlylygy saklamagy başarandygy üçin Griffindor öýüni elli bal bilen sylaglaýan.

Germiona eli bilen ýüzüni ýapdy. Harri onuň horkuldap aglaýandygyny badabat aňdy. Stoluň başynda bökjekleşýän griffindorlylar begençden ýaňa näme edýändiklermi bilenokdylar. Olar ýüz bal gazanypdylar.

Dambldor:

— Üçünjiden, Harri Potter! — diýdi. Hemmeler gulaga öwrülip, professory dmleýärdiler. — Edermenligi hem-de görlüp-eşidilmedik gaýduwsyzlygy üçin Griffindor öýüni altmyş bal bilen sylaglaýan.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Jaýyň içinde ýaňlanan gümmürdi gulagyňy gapyp barýardy. Şol bir wagtyň özünde hem hasaplamagy başarýan okuwçylara Griffindoryň balynyň dört ýüz ýetmişe ýetendigini, ýagny Slizerinler bilen deňleşendigini bilmek kyn düşmedik bolsa gerek. Eger Dambldor Harrä iň bolmanda birje baly artyk beren bolsady, onda olar öýüň kubogy ugrundaky bäsleşikde ýeňiji bolardylar.

Dambldor elini galdyrdy. Okuwçylar galmagaly bes etdiler.

— Gaýduwsyzlygyňam her dürli görnüşi bolýar — diýip, ol köpmanyly ýylgyrdy. — Duşmanlaryňa garşy durmak üçin näçe batyrlyk talap edilýän bolsa, öz dostlaryňa garşy durmak üçinem şonça batyrlyk gerek. Şonuň üçinem, Newil Loňbottama on bal berilýär.

Uly Jaýyň daşynda duranyň biri, içerde nämedir bir zat partladymyka öýderdi, çünki Griffindorlaryň gykylygy biçak batly ýaňlandy. Newiliň ýüzi duw ak bolupdy. Harri, Ron hem Germiona dagy dik durup, onuň üçin çapak çaldylar. Her kim Newili gujaklajak bolýardy. Daşyndaky adamlardan ýaňa ol gözede llenokdy. Newil henize deňeç beýle köp bal gazanmandy. Entegem çapak çalyp duran Harri Ronuň böwrüne dürtüp, «Tutuşlygyna doňdurmak» jadysyna duçar bolan dek haýran galmakdan ýaňa gymyldaman duran Malfoýy görkezdi.

Diňe bir griffindorlylar däl, eýsem Rowenklowdyr Hafflpaff öýlerinm okuwçylary hem Slizerinleriň ýeňlişine şatlanýandyklary üçin içerde ses-üýn alşar ýaly däldi. Dambldor:

— Bu bolsa... — diýip, gygyryp gürlemeli boldy.

— Bu bolsa jaýyň bezelişiniň üýtgedilmelidigini aňladýar.

Dambldor elini çarpdy. Şol pursat bezeg üçin asylan matalaryň ählisi öz ýaşyl reňkini melewşe reňk bilen çalyşdy, çal reňkiň ornuny tylla reňk eýeledi, äpet baýdagyň ýüzündäki Slizerin ýylany bolsa Griffindorlaryň çarpaýa galyp duran arslanyna öwrüldi.

Sneýp zoraýakdan ýylgyryp, professor Makgonagalyň elini gysdy. Onuň bilen gözi kaklyşanda Harri Sneýpiň özüne bolan garaýşynyň düýbünden üýtgemändigine düşündi. Ýöne ol bu hakda aladalanyp durmady. Onuň göwnüne bolmasa, geljek ýyl Hogwartsa kadaly durmuş dolanaýjak ýalydy.

Harri üçin bu agşam durmuşyndaky iň ajaýyp, hatda kwiddiç ýeňşindenem, Roždestwo günündenem ýa bolmasa äpet trolliden üstün çykyşyndanam has täsirli

hem-de hiç haçan ýatdan çykmajak pursatlaryň birine öwrüldi. Ol bu agşamy hiç haçan, hawa, hiç haçan unutmaz.

Harri synag netijeleri hakda düýbünden unudypdy, ýöne bahym olar hem belli boldy. Rondur Harri synaglaryny gowy bahalar bilen tabşyrandyklaryny görüp haýran galdylar. Germiona, elbetde, öz ýyly boýunça birinjiligi eýeledi. Synaglardan hatda Newil hem geçipdi. Onuň gerbologiýadan alan gowy bahasy däri-dermanlar sapagyndan alan pes bahasynyň öwezim dolupdy. Olar şeýlebir akmak bolan äpet Goýluň synaglardan ýykylmagyny isläpdiler, ýöne ol hem geçipdir. Olar muňa gaty gynandylar, Ronuň aýdyşy ýaly, durmuşda her isläniň boluberenok.

Birdenem olar özleriniň geýim saklanýan jaýjagazlarynyň boşap galandygyny, goşlarynyň bolsa eýýäm ýygnalandygyny gördüler. Hajathanalaryň birinden Newiliň gurbagasy hem tapyldy. Okuwçylaryň ählisiniň ellerine dynç alyş döwründe jady ulanmagyň gadagandygyny görkezýän hatjagazlar gowşuryldy («Şu hatjagazy her gezek unudaýarlarmyka diýýän welin...» diýip, Fred Wizli gynançly seslendi). Hagrid olary gaýyjaklara mündürip, kölden geçirdi. Soňra olaryň ählisi Hogwarts ekspres otlusyna ýerleşdiler. Okuwçylar gülüşýärdiler, biri-birleri bilen gürrüň edýärdiler, penjiräniň aňyrsyndaky gömüş bolsa barha gözelleşýärdi. Olar Betti Botuň dürli tagamly nohutjyklaryny iýip, magl şäherjikleriniň deňinden geçip barýardylar. Ýektaýlaryny çykaryp, adaty eginbaşlaryny geýýärdiler, otly bolsa Kings Kros demir ýol menziliniň dokuz hem dörtden üç platformasyna ýakynlaşýardy.

Platformadan okuwçylaryň ählisi çykýança, ep-esli wagt geçipdi. Diwaryň ýanynda duran goja gözegçi hiç kimiň ünsüni çekmezleri ýaly olary ikiden-üçden goýberýärdi, ýogsam olaryň diwardan toparlanyşyp çykaga-da magllaryň zährelerini ýaraýmaklary mümkmdi.

Ron Harrä seretdi.

— Sen şu tomus bize hökman myhmançylyga geläýmeli. Ikiňizem. Men size baýguşumy ibererin.

Harri:

— Sag bol! — diýdi. — Öňümde nähilidir bir ýakymly zadyň bardygyny bilmek üýtgeşik duýgy. Olar biri-birlerini itekleşip, Magl dünýäsine eltýän geçelgä ýakynlaşdylar.

Okuwçylaryň köpüsi oňa: «Sag bol, Harri! Ýene görüşýänçäk!» diýişdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Seni tanamaýan ýok-how! — diýip, Ron oňa ýylgyryp seretdi.

— Ol diňe bärde şeýle. Barýan ýerimde bolsa, men hiç kim.

Harri, Ron hem Germiona diwardan bileje geçdiler.

— Eje, hanha, ol! Seretsene oňa!

Bu Ron Wizliniň körpe gyz jigisi Jinni Wizlidi. Ýöne onuň görkezýän kişisi Ron däldi.

Ol:

— Harri Potter! — diýip gygyrdy. — Eje, seret! Men ony gördüm.

— Ýuwaş bol, Jinni! Barmagyňy uzadyp görkezmek gelşiksiz ahyry.

Hanym Wizli olary güler ýüz bilen garşylady.

— Okuw ýylyňyz başagaý geçipdir öýdýän?

Harri:

— Örän — diýip jogap berdi. — Iberen jemperiňiz we kemputlaryňyz üçin taňryýalkasyn!

— Bile ýalkasyn, balam!

— Hawa, taýýarmyň onsoň?

Harri Wernon daýysynyň sesini bada-bat tanady. Onuň ýüzi edil öňküsi ýaly gyzaryp, murtunyň uçlary bolsa towlanyp durdy. Harrini görende onuň edil öňküleri ýaly jyny atlandy. Daýysynyň ýanynda Petunýa daýzasydyr özüne gorky bilen garaýan Dadli durdy.

Hanym Wizli:

— Siz Harriniň hossarlary bolmaly! — diýdi.

— Şeý diýseňem boljak. Çalt bol, ýigit, biz gaty howlugýas — diýip, Wernon daýysy aňyrlygyna ýöredi.

Harri Rondur Germiona bilen hoşlaşmak üçin yzyna öwrüldi.

— Täze okuw ýylynda görşeris onda.

Germiona Harriniň Wernon daýysyna seredip:

— Tomsuna gowy dynç aljak-da onda! — diýip, gowuşgynsyz dillendi. Germiona ömründe şeýle göhert adama gabat gelmändi.

Ýoldaşlary Harriniň ýylgyrýandygyny görüp, geň galdylar.

— Gaty gowy dynç alaryn. Daýym dagy bize jadyny öýde ulanmagyň gadagan edilendigini bilenok ahyryn. Şu tomus men Dadli bilen heziller edip dynç alaryn...

***Birinji kitabyň soňy. Iňlis dilinden terjime eden Timar MÄMMETGURBANOWA.***

**HARRI POTTER HEM-DE JADYGÖÝÜŇ DAŞY romany,**
line-daky @kitaphana akkaundy tarapyndan taýýarlanyldy
LINE: https://www.line.me/R/ti/p/%40kitaphana